# B E R D I   Ý A B Y .

## GOJAMDAN AÝLANAÝYN!

Otur-turumyňdyr girim-çykymyň, saldam garmagyňdyr ýylgyr ýakymyň bilen göwünlerini görüp, ynamyna girdiňmi? Onsaň nämedendigini aňmasaňam, olaň bakysy-ýakysy sensiň. Zägewli çaýyň düýbüni käsäňe syrkyşlaryna, äwmän-alňasaman, geýrewe towuny ýetirip ugradyklaram hyrçyňy dişleýşiňe «Wah, biziň biweçligimizi diýsene! Bu perişde kimin ýaşulylaň gazet-gatydyr kitap kökenine girmedik gyzylly şaý kibi goýazy gürrüşleri, gör, nähili täsin! Olar terbiýetli taryhymyza toý tapylmaz goşandam bolup biljek. Emma biz welin, bu günki işimizi ertä goýup, owarrama urşumyza, olaryň soňuna galyp ýöris, aglaba diýip, özüňi syhlan başlaýaň.

Hawa aksakgallarymyzyň hikmetli dünýäsi çak edişiňden özboluşly. Eger olaň bar bilýänleri edil Edrek akgaň doňuz perderi doldyrşy ýaly ekedi-nokady bile ýazga geçirilse, dog-a bar onsoň türkmen taryhynyň gurdunyň gündiz uwladygy bordy.

Aslyýetinde taryhy maglumatlary ýiti yzlan ýaly soraglamak, ýygnamak eşreti kysmy eý görşüňe, süňňin syntgalama bilen emlägine öwürmek diýseň möhüm mesele. Çünki öz halkymyzyň gowgaly geçmişini eki-köki bilen hakydasyna galyplap, taryhyň hupbatly tejribesinden ugur alýan metda şahsy her neneň dürt-dürt etseňem, çakjabaşlyga ýetirip, topuldyrmarsyň ganybir garyndaşynyň üstüne. Asyl akymy gözündedir. Säwmegi tötänlikdir, ötürik dümäýse-de.

Onuň tersine, eždatlarynyň ömür ulgamyna parhsyz garaýan, geldi-geçer gamyşbaşy elhegi bolsa, goltugyna garpyz gysdyryp, sen-sen bile, sähel hekgertdigiň, eýýäm haçan, gany çalşyrylan ýaly, yzakdan çykyşyna, oýlanyşykly ýalňyşa sokulyp, işini gaýraky atyza geçirendir.

Bu ýerden tohum berlen ýaly pytraňňylyga ýeten taryhy medeni mirasymyzy, edil gyzylyň gyryndysy ýaly apalap, jemlemäň gaýra goýulmaz borçdygy, onda-da hut kanuny borçdygy subutsyz akmama.

Mundan (öň) on-onki ýyl ozal maňa tanymal türkmen akyldary, meşhur magaryflandyryjy, eziz agam Muhammetdurdy Annagurdow bile söhbetdeş bolma bagty ýetirdi. Şonda ýaşuly «Ümür ini, sen gaty geň adam ekeniň. Bir süri çagaň bardygyna garamazdan, uniwersitetem gowy gutarypsyň, gaýybana, indem öýüňden elli bizar, ondan-oňa selpäp, ýaban ýatyşyna il taryhynylygyny ýygnaýaň, jan-jedel, şeýdibem, uly iş edýäň.

Bilşiň ýaly menem, şeýle müti, şeýle bilesigeliji adam. Ýöne Maryň etegindäki obam Merjenli Perreňiň gelip çykyşyny taryhylygymy seň makalaňy okamsoň bilip galdym-a. (Aslyýetinde, Merjen gajar basgysynda marylylary garpykdyrmak üçin sürnüp gelen Hemze Mürzäň Siga-wagtlaýyn nika aýaly ekeni. Ýöne masgaraçylykly ýeňlişe dahyl getirilen Hemze-Mürze gaçmazmy azzat-damazzat, daraýgözli Merjen hany taşlap. Ine, şeýdibem Han geçeniň eteginde ýeke

öýli oturan ýurduna onuň ady galýar. Haçanda şa bolup bijesi atylanda-da perreňlere düşübem o taýlary «Merjenli kerreň» atlandyrylyp ugraldy.

Şeýle-de, seň ot-elek bolup, bitirýän bitelikleňňi görüp, özümiň gaty bärden gaýdandygyma göz ýetirdim turuwbaşdan eger men ýigriminji ýyllaň aýagyndan gurhan ýaly gojalaň, Epdek kibi ejemiň gowurdakly gürrüňlerine gulak gerip, seňki ýalak, il mirasyny ýygnamagy kesp edinen bolsamdym, onda biz, gör, nähili bimöçber baýlygy beýlämize geçirdik.

Men bolsa, «Ederine bilmeze ýagy hajatlyga» ýetip, kyrk-elli ýyl soňrak başyna barlanda-da, seniňmi zelem goýmajak metbugat taryhymyzy öwrenmäge ulaşypdyryn. Şeýdibem, edil gapdalymdaky gory gowzamaz gaznalary goldan gidiripdirin-dä, ar-durja-diýip, başyny ýaýkady.

Hawa, biz etmeli, nesip etmeli öz taryhymyzyň küýze döwük jäjelleri ýaly pyteraňňylyga ýeten peseňli parçalaryny ýygnamalay. Galyberse-de, Klara Setkin pahyryň «Biz ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda duşdan geçirilen zatlaryň yzyndan ýetmäge çalyşmalydyrys» diýendigini huşumyza galyklap, diýseň dogumly deprenmeli. Türkmen taryhyna hepagaly goşant bolup onuň ak tegmilli sahypalaryny dokunar derejelere ýetirip biljek ýekeje närsänäm gyrada galdyrman, bu işe hut gögümiz geçip barýan ýaly otlukly topulmaly.

Şeýle-de, gep gerdişe gelende, ermeni doganlarymyzyň milli mirasa nägiňsi gadyr goýýandyklaryny ýatlamagam zelele goýar öýdemok özüm-ä. Olar müňýyllyklaryň dowamynda diş-dyrnak bolup, jemlenen golýazmalar känini, ýagy dökülende buljumly dag gowaklarynda gizläp, asyrlardan aňyrdy.

Olaň Seljuklaň goşunynda talaňa salnan on müň man uskripti gaýtadan dikelmek üçin gören görgüleri,  çeken hunabalary, golýazmadan goparylan ýeke sahypa üçin ýer ýykyp, dünýä derejesinde gözleg geçirişleri, galybersede şeýle mukaddes mirasyň hataryna üstümizdäki asyryň ýigriminji ýyllarynda öz elipbiýini täzelik teklibine «he-hawa» bermändiklerinem hut bilip goýaýmaly.

Hawa, halkymyzy ruhy gangynlyga, ruhy sagdynlyna, ryhy kämillige ýetirip, mährem mekany milli messep, milli guwanç, milli buýsanç bile has düýpli, has düşünjeli söýmäge alyp barjak taryhy mirasy ýadawsyz ýygnamaly.

Bizem şeýle garaýyşlardan ugur alşymyza iň bir ujypsyz mümkinçiligem duşdan geçirmezlige çalşyp, edil gözümize gurt düşen ýaly gözleg geçirdik. Onsoň näme, «Otuz bölek, ýüz süri», «Ýüzdeý ýüwrük çykar, müňden tulpar» diýilşi ýaly, assaň işi biterlerine bardy-da, mungusyz miras jemlendi.

Ana, şolaryň birem Berdi ýaby baradaky gürrüňleriň tapgyry. Berdi ýaby-ol gaýypdan gurnalan haýdar howaýylaň kabylasyndan däl. Ol ýüregi tamdyr ýaly garadan gaýtmazlaryň biri. Özem Watan, il-ulus bähbidini mäşirlik ýaly gara kelleden has ileri tutubilýän gylyçly garahmetleriň iň çorba çykary.

Huşy Metde agam Nurgeldi Abam ogly «Baý-bow! Ümir inim, oňa ýadamaz-ýorulmazlykda ýakasyny tanadyp, daýawlaryň daýawyny poh iýdirensoň «Muň özi at, özi ýaby» diýlibem, «Berdi ýaby» lakamy galypdyr. Onuň ogluna-da «Allaberdi ýaby» diýerdiler. Gögeleräkkäm göräýdimem öýdýän ony, sypatdyr şekili, sarmakdyr akyly barada alyça alarlykly pylan zeýilli zadyny aňşyrmadygam bolsam. Ýaňkyň oglam Çolluk Allaberdi. Ho, Tagtabazara häkim bolup ýören daýaw Baýramyň kakasy. Çoluk aga atly-abraýly başlyk bolup köp gezdi. Ol Baýar

Öwez, Jumaguly Mährem, Guwanç Oraz, Agaýusup Aly, Orazgeldi Ärsary, Allaberdi Atagarry, Rejepguly Ata, Mykgy Lorsy, Hüdük Myrat, Hurana Gurbanmyrat, Hyrslan Juma, Akgurban Jumamyrat, Gaýyp Öküz, Sapar Demir, Gyzylgül Annamuhammet, Kerim Ahmetýar, Müsür Ýusup, Meret Muhat, Gurban Hanja, Sapyş Çerkez, Myratberdi sopy,

...ýaly şöhrady çawuk ýolbaşçylaň sapynda durşuna, baý, halkyna nan berendir-ä. Ýöne onuň garry atasy Berdi Ýabam il-halkyny ugursyz gowy görýän ynsaby täretlileňňem iň naýbaşysy ekeni. Ine, bir gezegem «Hi, halypalar! Başy boşuňyz ýokm-aý! Meň-ä, dulluk hadys maýymy alyp, şorumy depäme çykarandyr. Goldawly goluňyzy aýlasaňyz-a» diýip, Gurban han atly gözi höwlümli bir tekesirän, olaň obasyna gatnaý-gatnaý çykarmazmy bizar-peteňlerini. Onsoň her neneň süňk sypaýçylygyny etselerem, ahyry paltalary daşa galtap, degnamalaryna degilme, kemi galmadyk adamlaram, näme, «Şu bedasyly başymyzdan sowup, bir müçükdirsene, merkini berde» diýip, towakga etmezlermi Berdi ýabydan.

Şeýdibem «Algyt-salgyt, galyňly ýolgut» diýägetdin, obaň keleňter kişileri hälki berebekgeý peläketden tolaý zady urup, geçirenler beýlesine. Sähedini bellän günlerem oň alaşasynyň ardyna çekip goýbermezlermi bezelip, beslenip, oral aýal derejesine ýetirilen Berdi ýabyny.

Garasyny syrtyna çekip, alaň aşan «mäşbürünç jahylam» özüňe belli. Dylym- dylym edişine, howsalaly oýkanjyrama bile egninden garasa, burny öwhägiň tirsegi ýaly, ýalawyň duzy deý garaýagyz ýüzüne polat suwy urlan bir pyýada aýal bolan bolşuna, otyr-da omrakaý ýaşynyp.

Ana, şo taýda tutluşyp, atdan agyşlaryna olar bir salkyn dagy geýdirilşi mezmi, ahyram, soňky söwda-da mahmal jyklap hezil edinmekçi görgüli gaçmazmy höküdikläp, ulagdyr beýlekisini taşlyşyna.

Hawa, Berdi ýaby il namysyny öz namysyndan ileri tutuşyna, «Ojak başym sag bolsa, özge dünýä ot alsyn» diýýanleriň tersine, edil Mämmet şyh ýaly ähli türkmen bähbitlerini goraglapdyr.

1884-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda ozalky Ahal hany Nurberdi Döwletýar baý oglunyň (1826-1880) Marynyň Gadyrýap diýen ýeriniň Han obasynda oturýan üçünji aýaly Güljemal hanyň (1837-1922) işiginde uly Geňeşe çagyrylýar.

Şoňa Baba şahyryň:

Aşgabatdan gaýtdyň aýdym-saz bile,
Bir näçäni ýakdyň han owaz bile,
Otly arabaň geldi gürji gyz bile,
Sansyz şäherleri aldyň, Allahan.

Ýüz müň otag saldyň tomaşa toýly.
Ýüz müň gürji gyzyň esbaby şaýly,
Munda Ýeleň Serdar, garahmet Maýly,
Duşmanyň boýnundan ildiň, Allyhan.

Çar tarapa dilip boldy duzagyň,
Sowulmaz nobatyň geldi gezegiň,
Öňüňde ot sowyr atly gazagyň,
Köp-köp şäherleri aldyň, Alyhan—

—diýen setirlerinde ýatlanýan Amhanow—Awarskiniň geljekdigi gulaga kaklyşan Berdi ýaby ugramazmy ot gapyp, oraz Kirşi (Hajy), Annanepes Serdar Kuwat Şyh (?) ýaly ençeme hepdemi bile.

Çünki şondan gyrba-gyrat alty ýyl ozal (1878) A. Awarskiý Bogsaklydyr (Inçäň) egrijäň (ýagny, Murgap derýasynyň ugry bilen Mara aralaşypdy, türkmenistany özüne birikdirmekçi Russiýanyň jansyz-içalysy hökmünde, söwdaýy-derwüş terzi bilen. Ol Alyhan mülhit ady bile hangeçen bazarynda «Abu huda! diýşine, sowuk suw satan bolup ýörse-de, tersa pygly Maryly tekeleriň nogtabaşysy Gowşut hanyň başyna ýetip, Russiýanyň geljekki basybalyjylykly ýörelgesine täsgenç döretmez ýaly, assyrynlyk bile ony aradan aýyrmakdy.

Şeýdip, Maryda eýeli bolan Alyhan mülhit ýaýlymly ýygynçaklarda Gowşudyň köwşüni goltuklap ýaramsaklyk edişine, ony kemsiz öwrenýär. Sepini syzdyrman, oňa-muňa sorag-samnyna, hanyň «Iliň agyr garamaşyny boýnuma çekip ýörkäm, birden-bire zäherläýmesinler» howatyyr bile, üç ýarym adamy öldürmek awy atmaga werziş bolandygyna-da göz ýetiýär.

Şeýderkä-şeýderkä, bir gün daň atar-atmazda, amatyny salybam, şaltaňdan aýbygadym gyznaza Gowşudyň aýaly Umsa baýyň üstüne ot-köz dilemäge ýollan bolubam, hanyň hokgasyna iýäji çaldyrýar.

Ine, bun bolsa, pisit pirimi arkaly aždarha ýaly agyzly Gowşudyň tenbedenini okan şo mülhit, şo hunhor gelýä-de gaýtadan. Alabeder soýkasyny syparyna bile aňylman-tanalman öýdüp, Mara Hekim bolmaga.

heý, şeýdip, Gowşudy han ýaly il bähbidi üçin örtünen merdi-merdanyň gandary üstüňe gelensoň, hakyňy alybilmän, gaýyň gandallyga salasyňa, eliňi owkalap durmak görülmedik bigaýratlyga bilene.

Ine, şeýle niýet bile bir çukura tüýküren Bedi ýaby dagy bolmazmy Güljemal hanyň işigindäki desgaly geňeş. Ýöne ojar odunyň aýawly şuglasyna olaň biriniň egnindäki donuň ýartmajyndan görünmezmi kössäň lowurdyly ujy. Edl şo halatam biri azymly ardynjyran ýaly edýän welin, çalawuntla atly gazaklap basýar-da gübürdedip olaň Oraz kireşeden özgesini.

Oraz kireşe bolsa, üstüne okdurulanlaň hersini bir ýere zyňşyna, towsumly üçürdikleme bile böküşine şeýle bir gaçypdyr welin, ertesi ölçäp görseler, onuň her badalma aralygy aday ädimiň on bir ýarymyna golaýlaberen ekeni.

Şeýdip, ele düşen Berdi ýabydyr Annanepes müjewür dagyny ertesi irden serkaby zarňyldyly äheňňiriň ýanyna eltenler. Olaň goşarlaryna urlan işgil bulawyň bir ujuny dyzlarynyň ýokarsyndaky halka berçinläbem, sürgüläberenler «Niredesiň Aşgabat?» diýip, ýanlaryna ýigrimi esgerli ebeer bile azyk-suwlukly furgon goşa getdik.

Ýol bolsa agyr. Çaklyşyňdanam hupbatly. Şonda-da ýöräýmeli. başyňy belent tutuşyňa, sepiňi bildirmän. Kesäňden kikirdisini käneldip, üstüňden güljekleň agzyna gum atyşyňa. Ýöne bilekleri buda bendiwanlap bu tershalkalaň ýürege düşgünç jyňňyrdysyny diýsene! Wah! Olam owarram-la! Aýt! Aýt! Işgilli golaňňy gorkardyp ýol ýörämäni aýtsana! Onda-da, ýagyrnyň gözüne gezelgi naýzalaň öňünde. Elleňňi hallanladyşyňa, emin-erkin ýol ýöremek dagy janyň ujy eken-ow, asyl bilene.

Şeýle oýlara gaplanan Berdi ýaby haýdaşlap oturyşyna, öňe saýlanyp, ýeke çykybereninem aňanok. Oňynça-da, gyjyrdyklap gelen ebser ellerini kelemenledip, ber-başagaý, asyl. Barmagyny çommaldyşyna, şonda «Bor-bor» diýşine, başyny atan Berdi ýaby ýaňy bir omuzlaryny gerimlendirip ugraýar welin, titrekläp, dälilik hetdine ýeteňkirlän hälki esber eslem-tas bolup gelýär-de, ezeneginden aslyşyp, agzyna öýkünip ugramazmy Berdi ýabyň.

Ana, şonda birden-bire goýazy gaýraty gaýnagly gaharyň ýerdabyna goplanan Berdi ýabyň gözi daraýy ýaly bolýar. Ol eginlerini silkeläp, çeňses bir haýkylyk bile towsaklan ýaly edýärem welin, ebser gitmezmi tüwdürilip. Onsoň küdüň kysmy aýagyny, çalnyp ýatan ebseriň bokurdagyna goýan Berdi ýaby düwünli bakanyna bir agram salan ýaly edýärem welin, gör-ä, Dartylyp-düýrügen ebser görgüliň ýazyp ýatyberen-dä boýun oňurgasy.

Şeýdip, bertebesi peseldilensoň, sabyr käsesi püre-pürlenip, gandarlyk derejesine dahyl gelen Berdi ýabyň günine it aglasyn indi! Onynça-da, nämäň-nämedigine göz ýetirip hasanaklaşyp gelen soldatlary diýsene! Olar gyzyl ary ýaly daşyna üýşüp, göz açyp ýumasy salymda ganyny gotura derman edäýjekler Berdi ýabyň.

Ýöne, eýgörmüş, köpügören bir gartmajrak soldat tapylýar-da, eýýäm haçan, endam jany naýza bile pers-ala edişine, ölüm pillesine ýetirilen Berdi ýabyň üstüne bolmazmy howala. Şeýdip usurgyşyna, esli ýatan Berdi ýaby ahyry saň-suň edip, ýerinden galşyna ugramazmy ertir.

Aşgabada baran batlaryna-da, ony, desbidähel, etmezlermi generalyň huzyryna. «Her diýen garaýşa eýeren general ýalan güles-ýala» arkaly ony öz gullugyna goýmak üçin näçe çytraşsa-da, eger-eger. kesmek baglan ýaralarynyň gany jyzlaşyp dursa-da, Berdi ýabyň şo bir ýasawy, şo bir kakuwy. Öljek-ýitjek, ýöne gylçylyk ediuşine, elaman diläp, jan aga!!! diýjeklerden däl.

Onsoň, turşumtyl ýylgyran general bir tabada esli bulamak getirdişine, oňa batyrtmazmy Berdi ýabyň ekez gamyş ýaly murtuny. Şeýdip, onuň gözüne kölge salyp duran sargowsy murtuny küsserdip, aşak sallan general «Gördüňmi, başbermezek boýny ýogyny nädiberýändigimizi? Şoň» üçin gedemligiňi goýda, eşegiňi ýola gat. Ýogsa, boýuňa, başyňa deňäp ýören göze gelimli murtuň düşen gününi görýäň-ä!! diýşine, her näçe içýakgyçlygyna tutsa-da, Berdi ýabyň şo doňňaradaşlygy. Gepläýin beýlekem diýenok. Şo gözüni agdaryp oturyşy.

Ine, birdenem ol owlak ýatan ýaly gaşlaryny gerjeşdirip, saldar alyp duran kellesini silkip goýberdi, yzyndanam çekge damarlaryny dartymlandyryşyna, gaýzygan çöwlümli dodagyny bir mülküldeden ýaly etdi welin, o-how-how! Gör ahyryn! Ilki bi tar murty bulamagyny silke- silke goýmazmy göge. Soňam ýene biri...Ine, şeýdibem, içgi harasady towlamly tüweleý turzansoň, murty öňki ýaly syh-syhlyga ýeten Berdi ýaby başyny ahmyrly talawladanda general dodagyny dişlemezmi. Şonda ol «Bo-hjow! Bu möjegi ömürylla-ňa hezil bermez bize. Gör-ä murtuny bulamaga bulak, masgara edişimi, üstünden güljek bolsamam, göwni bir ýaly. Içki ýigrenjine basalyk berşine. Şoň üçinem, «Gurt çagasyndan ekdi bolmazlaryndan» ugur alagetdin, muny howla çykdygy «Gaçjak boldy» bahanasy bile, tüpeňledeýin ýeňse çukuryndan» diýip, içini gepledensoňam, Berdi ýaby aksaň ýoguna ýanylýar.

Soňam gözi hamlanan Gajar han topaza goşluşdyrylan Annanepes müjewür dagy Sibirden çykarylýar. Annanepes müjewür müň muşakgat bile Sibirden gelenem bolsa, Çary Gurbangylyçdyr Annamuhammet Innäneden ýazylyp alnan!

Ýüzleri näzenin, güllerden aýly,
Manyda hökümli, Ahalda taýly,
Binamys, bigaýrat bolduň-la Maýly,
Elden gitdi, Gowşut hanym gelmedi.
«Ýol», diýip ýöredim, öňüm köl boldy,
«Bemt» diýip tutanym orsa ýol boldy,
Gajar han Sibirlik, Maýly il boldy,
Elden gitdi, Gowşut hanym gelmedi.
Dor aty galandyr öýünde,
Gezdiler ganym
Görmedim Mary oýunda,
Iliň Gajar hany gitdi.
Duşman boldy dumly-duşy,
Söküp gitdi, dagy-duşy,
Ýanyndadyr syýapaşy,
Iliň Gajar hany gitdi—

—diýen bentler Gajar hanyň Sibirde galandygyny äşgäre getirýär.

Ejem Agoraz hekim gyzy bolsa, Gajar hanyň Annanepes müjewir bile Sibirden gelýäärkä Annanepes müjewür bile Sibirden gelýärkä ejdatlammyzyň atam mwritinde ýaşan köne ýurdunyň golaýynda, görmäge göz gerek owadan bir dagyň düýbünde düşländigini ýatlardy.

— Annanepes akga! Bu dag gaty göze geliumli welin...

—Sen, Gajar beg, beýdip, düşme ýürege-bagra. Däliden dogry habar. Seni goýberjekgä, şo kaşaň kysym dagyň (düýbünde düşländigini ýatlardy.

— Annanepes akga! Bu dag gaty göze geliumli welin...) üstüne.

—O näme üçin, Annanepes akga?

—Öňkülemmiz gürrüň ederdi. Ir eýýäm, biziňkiler bu jemgaýlarda oturanda bir kuh bar ekeni,  Ýylgyrdaky diýip. Ana, şoň üstüne münen—dyrmaşan kişi kimin bolsa bolaýsyn, bärisine bakyp, ýylgyryşyna, eňiber ekeni aňyrlygyna, gözüne urlan ýaly. Şo zerarlam, gorkym bar, Gajar beg, şu dagam şo myka diýýän. Şo sebäpläm, seň aýagyňam sekdirjekdäl, şu tagap.

—Annanepes akga! Eger bu şo ýylgyr dagy bolsa-da, geň edýän, men saňa! O ýeri bir synlap, öňki adamlaň nämeüçin ýylgyryp, aňyrlygyna ýeňselerini el ýaly ediberýändikleriniň sebäbini bilsemem bolany. Meň başga zat derkaryma däl. Onsoň yzyma dolanmasam bolmadygym. Galyberse-de, men gepi-gep, sözi-söz Gajar han topaz-a! Şoň üçinem, oň aňyrsy her neneň gülüstanly ýaýla bolsa-da gidibermen-ä, jan ýaly ýoldaşymy taşlap.

—Her näme diýseňem, bu özüň ýaly ýüzläp Gajardyr, Bejeri ýylgyrdyp ýygnansoň, alan bolaýmasyn ýylgyrdagy adyny?

—Aý, oň ýaly däldir-le, Annanepes akga?!

—diýen Gajar han topaz töwella-tagsyra bakman, ahyry ugramazmy daga tarap. Onuň üstüne çykyşyna-da, Annanepes akga ýylgyryp bokagetdin dükürdä.

Soňky gözlegler ýylgyrdagynda ýoldaşyny aldyryp, ahyry ulusyna gowşan Annanepes müjewüriň umgur çölde öri garawuly bolup gezendigini ýüze çykardy.

Tejen Annasöýündir Tüýli Sapar ýaly danyşmentleriň aýdyp beren:

Söwdagär agalar kaýdan geler siz?
Haýsy hanyň ilatyndan bolar siz?
Berdiniň halyndan sorsak biler siz?
Beg nökeri berdi handan aýryldyk.

Söwdagäriň kisesinde pul bolar,
Işiginde gyrnak bolar, gul bolar.
Tüýs bidöwlet orta ýaşda dul bolar,
Beg nökeri Berdi handan aýryldyk.

Tähranda tutular balamyň ady,
Ýagmyr bilen sönmez synamyň ady,
Göwnümiň kuwwady, ýüregmiň şady,
Beg nökeri Berdi jandan aýryldyk.

Goşun serkerdesi alaman başy,
Berdi janyň heserdeşi deňdeşi,
Ýetişipdi ýaňy kyrky-kyrk bäşi,
Berdi ýaby, Gajar handan aýryldyk.

Mundan gitse gara dagy awlardy,
Çeşmelerden birin-birin suwlardy,
Ýalňyz özi duşmanyny kowlardy
Göwre mende galdy, Başdan aýryldyk—

—diýen şygry bolsa, Berdi ýabyň ejesiniň il namysy üçin baş goýan jigerbendine bagyşlanan matamly ekeni.

Hawa, biz şeýdip, hysyrdysyndan gaýpynman, öz taryhymyzy dikeltmeli. Öz taryhyny dikeldip, taryhy tejribä ser salşyna öňe barýan halkyň nazarýetiniň jöwherli gazanjynyň göwherli boljakdygam fakt.

## BEGMYRAT GÖDEK .

**Babadaýhanly aşnam Atamyrat Gatakara bagyşlanýar.**

### Garaşahyryň (Pidaýynyň) Dowam bilen aýdyşygynyň:

Mele bir haýrandyr oturan ödek,
Hojanepes burkaz ol hem bir madyk,
Täç gök serdar bilen Begmyrat gödek,
Sygmaza baş bolup, Käbilden geçsin—

—diýen bendinde ýatlanýan taryhy şahslary anyklamak üçin Ata Köpekmergen, Çary Gurbangylyç, Mäti Köse, Han Körbaba, Baýmuhammet Garry, Sahy Jepbar, Mommat Salyk, Nazar Gulla, Kakajan Ata, Nury Atda, Tagan Söhbet, Allaberdi

Oraztagan, Oraz Ýazym, Akmuhammet Aşyr, Gutjan Laýmy, Hojaguly Baba, Geldi Wekil, Kadyr Rahman, Nurgözel Gurtja, Tejen Annasöýün, Orazgeldi Abdy, Hümmet Gully Sony, Rozy bagşy, Öweazmyýaz Bekmyrat, Atdan Berdi, Öwez Dowan, Ata Kary Muhammet Döwlet Ata, Orazgeldi Amanberdi, Jumamyrat Atabaý, Orazmuhammet, Ata Juwaz, Tüýli Sapar, Bibinäzik Täte, Weýis Nurýajy...ýaly ediýawly ýüzlerçe ýüwrük bilgä sala saldyk.

Şeýdibem, mele haýranyň depseň yranmaz döwlet bolan belli baýdagy, eýran-türkmen dostlugyna rowaçly gerimlenmeler girizen sahabatly Allanazar Weli Batmanlar bilen guda düwündigi, Dowzah çukur (Hanhowuz)-sarahs aralygynda onuň adyna oturan ýeri bilen baglanyşykly bir depäniň bardygy ýüze çykaryldy.

Hojanepes bukaz hem ýüzi ýalawyň duzy ýaly garadan gaýtmaz batyr ekeni. Ol gajar basgasynda (1860-1861) bäş ýüz şem halka baş bolup ýeňiş tebliniň kakyrmagy üçin güýç gaýgyrmandyr. Onuň ogly Oramet burkazam öz döwrüniň atlydan agyzly adamsy hasaplanypdyr. 1916-njy ýylda Oramediň haly horjunynda Körmollanyň kakasy Öwezberdiniň ýagny Sakar mollanyň Taryhy «Tekenamasy» görlüpdir. (Maryly gojalaryň haýyşy boýunça asly ýerligi Sakar bolup Abdulla işanyň elinde tälim alan Sakarmolla tarapyndan döredilen ol eseri hernäçe agtarsagam, häzire çenl-ä, ele salmak başardanok).

Täç gök serdar bolsa, ilimiň söwer ogly Gaýgysyz Atabaýyň kakasy. Ol Mary-Hangeçen jeňinde gözsüz batyrlygy bilen ýigitleri uly ruhlanmalara ýetiren şahs. Ýöne geçen asyryň 70-80-nji ýyllarynda ýüze çykan çapraz düşmeler zerarly, onuň Mäne-Çäçe göçendigi, ol ýerde-de, owgan-türkmen hyzmatdaşlygyna nepaganyň ilerlemegine ýetirendigi nygtaýmaly hakykat.

Şygyrda ýatlanýan Begmyrat gödek dogrysyndaky maglumatlary bolsa, türkmen taryhynyň gözli gaznasy, agzaly agam Edrek Atajan äşgäre getirdi.

—Aslyýetinde Begmyrat aga gödek lakamyny göterse-de, ol ýüregi ýuka, bir dözmez bolansoň, mydama il-ulusy bilen deňdeş dem alypdyr. Ine, biri, çyzykdan çykyp, gyz süýrär. Ýa öridir guýyň, ýa bir gulak suwdur bimesrep agryň üstünde iki syrgyn jark bolmaň bäri ýanyndadyr. Ýa «Ýekä pyçak, ikä taýak» edilende, birewiň bagty taýagetdik aragan düşendir. Şonda gandar taraň töwella-tagsyryny aldyryp, ölen üçin hun tölejekdir. Sen, Ümür jan, hunam azym «Küjüm zatdyr öýdäýmegin. Eýläk ýatsaňam, beýläk ýatsaňam oňa geçiräýmelisiň, iki gyzyň bakasyny, Ýöne ganly gapdalam. «Ýok! Ýok! Biz gana-gan alarys. Hun däl-de» diýşine, dyzanyp durandyr, gylyç gemrişine.

Ana, şeýle halatlarda Begmyrat ýaşuly ýanyna günäli-gandary alşyna, sen-men ýok, baragetdin gan algyşlaň işigijnde çöker, ekeni dyza, guşagyny boýnuna atyşyna. Onsoň bildiginden aýat okap oturşyna, tä mytdapyk-momurlyga ýetilinçä gowsunyp-gozganaýsa nädersiň.

Ine, şeýdibem, ol işan-molla inderilmeýän töňňeli tersalygy ýazylgançylyga ýetirip ýörşüne, kemin-keminden adygýar. Hatyrasy artyp, hemmeleriň hormatlanýan il agasyna-da öwrülýär.

Şeýdip, söz ýykylman, islendik meselede geňeş salynýan Begmyrat akgaň ýanyna bir gün gelmezmi obadaşlary.

—Aga, ajygyp ugrandyrys, biz-ä, çykdan, özüň bir ýagdaý edäýmeseň.

—Ondan-a habarym bar.

—Habaryň bolsa, jan aga, öte ýatyşyna, adamlaryň çiş ýöräp ugrandyr. Bi döwletli maslahat tapaýmasaňyz. Görşüň ýaly bişşeçilige-de är ölüm, asyl, başy bozulmadyk bäş aý bar-da.

—Onyň dogry. Ýöne bu dara-direlikde argyşa giribem-ä, ile ýalam-ýoklamlyk äkelip bolmaz. Gyşyň oňurgasy öňümde bolansoň, ajybalgazdyr kertiklä ýapyşjak gumanyňam ýok. Şonuň üçinem, aýdyp otyryn göwnümizdäkini.

—Aýtsak, agam, alyp bolsa, bugadaýa edil elimiziň aşagynda-da bar welin...

—Be, kimdiaýt, ol?

—Ol-a, siziň agaňyzyň at ýatagynyň aşagyndaky uly uruda. Öten ýyl däl, öňňil bugdaý başyna gören ýaly bold-a. Ol onda ol ähli algylaryny aldy. At ýatagynyň daşyna-da, it garagörmez, üýrmez ýaly daşa aýlady-da, tapyrdadygetdim gömdi bir ýolly gije.

Indem, näme, içinden «Garny ýaryk gyzyl süýrim, ysgynsyzyň bire-birim» diýşine, garyp-gasarlaryň hem egbarlaryna garaşyp ýatandyr. Gymmat bahadan satyp, galyň görgieseriň elindäki-ujundakyny arzan-u girýan çöpläri ýaly.

—Onuň ýaly bolsa, adamlar... Onsaňam, gepiň ýalan çykmaz dälmi seň? Ýalan çykmasa, onda, nädeliň diýsen-e! Obaň ähli inçesi üzülip, ýogyny söz manyny ýygnaň. Ellerinde-de bolsun, gap-gajy. Onsoň uryny agtaragetdin, paýlalyň gelenlere, bar bugdaýam deň-derman edip-diýen Begmyrat aga dagy uryň üstünde daňlan atyň gazygyny üýtgedip, syza sübse bilen töweregi galgylap ugran batlaryna, agasy gelmezmi atylyp.

—Haý, galman giden wepezzyna diýsänim! «Il meni sylaýar. Hatyramy saklaýar» diýip, beýtmäň näme? Könelerimiz «Agyry aşdan ýeter, dawa garyndaşdan ýeter» «Başga ýagyň bolmasa, babadaşyň ýokmudy?» diýenlerinde gaty dogry kesen ekenler. Gör-ä, bu teýsiziň goýmadygyny goterjek bolup. ket etegini Kesekläp durşuny!

Hany, ugra! Göteril bu ýerden! Ýanyňdaky taňry gargan tuwmaýaklaryňam al-da. Hä, bu taýda gel. Gelnejeň sepini satyp alanyňy ýygşyryp goýupmydyň?

—Aga, bilip goýgun! Barsyz bolmasa, barjamly bolýan däldir. Şu adamlaryň bilmeýänini bilip, bulara kapyr nogta salyp, agzyndakyny aldap alyp, sen baý bolansyň. Şonuň üçinem bu taýda, bu bugdaý ýeriň ysyny alyşyna, zeperlenme tapyp, ýatandan, goý, bir topar adama jantetärinlige ýarasyn. Ine, bugdaý bişip, erte iliň kärendesi ýetişer. Onsoň seni üzerler daş ýany bilen.

—Haý, seniň kärendäňem gursun, direndäňem. Hany, şu ýanagaç bilen seň depäň öli ganyny bir alaýyn-la—diýen agasy agzyny ak köpük edişine, ugramazmy gözüni höweslendirip.

—Onuň ýaly bolsa, oglanlar, hol, talagartaly diniň-de, saraň agamy, şoňa gyllyşamaz ýaly edip. Eger agzyndan paýyşdan-pajama söz çyksa-da, dykyň agzyny, hol letde bilen-diýen ýaşuly salsanly laý bilen suwalan uryň hyja gulpaklaryny aýyrdyp durka-da, nil dodak ýeňňesi gelmezmi baş bogusyny tasadyp.

—Haý, tohumy tükenen, tohumy tükenmiş diýsänim. Nä, bu ýerde dul heleýiň gaýrynsyz gaznasy maly barmy? Hany ýoguňy çek! Bu hudaýtutan garamaýaklaryň-am al-da.

—Hany, gelneje, sylagyň baka, tüket nadaralygyňy. Onsoňam, meň garamaýaklarym bilenem. Olar dälmi seni ýag iýdirip, ýürege çolaýan. Şonuň üçinem edil burnuň deşilen ýaly bolgun. Ýogsa-da...

—Waý, iller-eý! Günler-eý! «Hem ogry hem rüstem» bu taňrydan tapana serediň-ä?! Onsoňam sen «Ýogsa-da» diýmäm, size saýhally bolmagy sargadygym. Ýogsa, Hol, garaýagyz gelinleri, birki sanysy senem, hol, diregi dikä getdin, daňyr goýar agam ýaly—diýen Begmyrat aga gelnejesiniň igençli iňňirdisine, agysynyň «Boşabardyr» diýen hitüwli hüňňürdisine nitiwa kilman, urudaky ähli depäni sähel salymda Guwaşyň toýuna dönderip goýberen.

Şeýderkä-şeýderkä-de, il-ulusy bilen aýrylmazgatyş garalyga ýeten Begmyrat aga «Akylla gün ýok, biakyla ölüm» diýilişi ýaly hemme babatlarda tutulýan ynsaby täretli nazarkerdä öwrülýär.

Bir günem Begmyrat aga goňşy obadaky çakylykdan öýüne gelse, ine küňre kysmy pukara surraý ýigit otyr-da, dullugyň gülini dyrmalan.

—Näme habar, han ogul?

—Aý, aga, men-ä, ötenibilmän örtenip ýörendirin. Şonuň üçinem, oňa-muňa geňeşip, ahyry daşymy dolarsyň diýip, ýanyňa geldim-dä. Duluňdaky maşgalaňy

—Sen-ä, Han ogul, ýüzüňe çark çekiişiňe «ýetim oglan öz göwegini özi keser» edipsiň welin, sözüňi ýykmaýyn. Ene süýdünden halal: Gyz seňki.

A-how, Enesi! Senem soň kölegeli gürrüň tapaýmagyn. Gyzyň sähed-ä, pylan gün. Körekeniňem, ine, şu düňderilip oturan bürgüt ýasaw ýigitdir.

Şeýdip, Çökder ýüzi gaýzalyga salşyna, Begmyrat gödegiň ezip içäýmeli gyzyny beýlesine geçiren hälki gerçegem gola ýüreklerden ekeni.

Bir günem ýekeje özi ýitirim bolup, alamana gidişine, sürüp gelmezmi, agyr süri akja kürtüni. Olaryň galabasyny güzerany gysbylara üleşdirip, galan esli sanwernam işigindäki çagşy tegene gaban.

—Ine, gelinbaý, şularyň baryny dädeň Begmyrat aga gowşuryp gaýtmakçy. Çünki ol bir sorgunbçy alman, seni göterdip goýberşine, meni ömürlik bergidar etdi. «Öýüň rysky gelen gelinde» diýen gepiň halal hakykatly gelni äşgäre getirişine, seni maňa beren, öýüme direg, daşyma çyrag boldy.

—Ýok, Eltibem oturma, Dädem almaz eýle-beýle şikweli mal-garaňy. Galyberse-de, ol zada zar däl-ä. Goýun-geçisiniň urbaşyny ýitirmänsoň.

Şonda gelnine «Hä-Hawa» bermedik ýigit barsa, gör-ä, gaýnam şo pikirde-dä.

—Sen, han ogul, galan ömrüňe şeýle pisitçileşli ýörälgä baş goýmazlygyň «Öwez alaman» beýleki diýip, herneniň sülä getirjek bolsalaram, alaman, alamandyr. Onda ýa alarsyň. Ýa aldyrsyň. Ýa ýolarsyň, ýa ýoldurarsyň.

Şonuň üçinem, ondan daşda durşuňa, ýer suwdur mal-hala çyndan ýapyşyp adyllylygy elden bermegin. Şonda köpelip köl bolarsyň, ösňäp il bolarsyň. Ýogsamam, şor köle zyňlan kesek kysymly kytrama bilensiň.

# DÖWELEME.

Öňräk  Amanmuhammet Nepes, Atajan Muhammet gurban ýaly hemdemlem bile seleň sähraly sarahsyň Ata obasyna bardyk. Ol ýede eden işi nusgalyk, geplän gepi güwälik Çoluk aga duşduk. Ýaşuly bile aman-saglyk soraşyp, öter-geçerden söz açyp ugran badymyza-da «Wah, sen bir idili adam bolsaň, ozal bu kürene berdi Törä tirkelip geleňde Çoluk akgany tapmazmyň indäm. Çoluk akga-da, edil Edrek Atajan, Gutly Juma, Gulmurat Şahmyrat, Nepes Şyhy, Gutlymyrat Begmyrat, Köýtenli Hajymyrat tebip ýaly gorulmaz gazna, ulgamly ulgam eken-ä» diýip, öüzmi  sakladym.

Hakykatdan-da, Çoluk aganyň bilýän-goýýan, gören-eşiden, hakydasyna çitimlän zatlary datly dünýä. Ýaşuly ylahynyň güzerinden gelen, wiý ýaly göni urýan adam. Özüň kümüş hozan owazasy kibi ýakawutly gürrülerini, serkap suwy berlen jaýdar jümleleler bile bezäp barşyny göreňde, özüňden göwnüň geçer. «Haý, betjigaran balasynyň goýazylygyna bir sered-ä» diýşiňe, başyňy ýaýkap, dişlärsiň dodagyňy.

Galyberse-de, Çoluk  Gurban uçursy 3 hojalykçy. Asyl, dynmazjan adam. Eger külli türkmeniň hormatly dynç alyşdaky aksakgallary Çolukj akga kysymly işeňňir bolsa-dy. Onda biziň uzadan ýerimize elimiz ýetip, sahawatly saçagymyzda naz-nygmatdan ýaňa ýerem tapylmazdy.

—Ine, men ýere gaçan bu ýapraklary enzirut ýaly edip ýugnaýan. Soň olary saman, bede, çaňňalak bile garyşdyrýan. Çala çygyny ýetirişime, öňünde goýýan welin, sygyrlam myşylaşyň barýa-da, ýöne semiz aýagy semizlie ýetip. Özüne-de, görüp durşuň ýaly, meň sygyr ýatagymyň aşagyna ýapgydrak edip, tagta düşelgi. Onsoň aşaklaryny köljerdip durjak gümany ýok. Ähli orta-taşalary akyp gidýär, allawarra, hoja gaz nowajyk bile. Diňe tezeklerini artsaň bolany.

Bu-da, towuk keteklem. Özüne-de, men ýaz, tomusdyr güýz gök ýorunja, gyşyna-da oň pürtigi pozulmadyk bedesini ýaltanman çapyp berýänligim üçin, towuklam, ýyl ýüzi ýumurtgany jäç ýaly edip taşlaýar. Onsoňam, sowuk-saýkada-da, men üşedemok olary. Towuk digdirekläp durmasa, aňzakdyr beýlekide suwuny ýyldyp berseň, garnam göwün diýer derejede dokja bolsa, hakykatdanam, ol ýedi hazynanyň biri.

asyl, ýumurtgaň minneti ýok, oň ýanda.

Ine, bu köne bedrelerem şeýdisdirip asyp goýýan. Oňa-da towuklam böküp münägerdin, guzlaýar ýumurtgany, içini görer gözden sowaşygrak, bukduburg saýyşyma. Onsoň, näme, oňa käbir kakabaş towuklaň jüp çarşakdyr çüňkli paltasynyňam degjek gümany ýok.

Ýöne meň towuk keteklem öwsamyrak. Ýatan turan ol-biden başy birikdirilmän taşlanansoň. Onsoň näme? Herpeneň çalawujntlydyryn öýtseňem, demirden düzülmedik meňki ýaly towuk keteklerde bitem bolaýýar. Ol peläketlerem gije towga ýapa salyşlaryna, jahan ýagtyldygy kürsäp urýa-da, hol, agaç nowajyklaň aşagyna. Irden olary beýlesine agdaryşyma ählijesini çöpledýän-de, towuklaň özüne «tak-tak» etdirip.

Men goýnam bir gapdalymda goýamok. Aslyýyetinde, 1924-nji ýylda Damlada doglamda «Daşy guradygy, muny goýun gopan ederis» diýip, maňa

Çoluk adyny goýan ekenler. Wagtal-wagtal ýanlaryna baryp, ezmaýyşly arka duram soň, çekene çopanlaram diňe meň däl, ähli halkyň malyna-da, ýagy ýaly dalap baranoklar.

Ine, bujagazlar bolsa, sürüden gelen arryk-urruklam. Iki aý çemesi elimiň ýokuny ýaladaşyma, eýe gözümden suw içirýän welin, olar özüni gowurmaga däl, «Be, galan ak ýagymyzy haýsy gaba guýsakkak» diýip, tegelediberýär gözüňi.

ýaňy Ogul boldy ýeňňeň size çaý-çörek berende, gördüň-ä, saçagyň nägeňsi kysmatlydygyny: erik, igde, kişmiş, kak, sök, mesgedir saryýag. Şolaň bary öz azabymyzyň öndüren önümi. Ýöne men siziň öňüňizde öz ter üzümimi goýup bilmändigime gaty gyynanýan.

Men güýzüň çaba bulutlary aýagyny sallap ugranda, hoşa ýüki ýetik üzümlemmiň daşyna ýandan aýlap çykýan, olara guş, arydyr beýleki örji bolmaz ýaly. Ary dagy üzümiň ysyny alşyna, geler gaýdaralyp. Şo barmana-da, ganatyny tikene deşdirip, ýataändyr, ho, aýagyň aşagynda wyzzyldap.

Ýöne ýakynymyzdan demir ýol geçir, stansiýa beýleki açylaly bäri, töwereklerimizde eýesiz it käneldi. Olar ýandakdar gaýryňa garaman, daşyna geçişine, tährimi tapagetdin, barja üzümlemmizden el ýuwdursa nätjek, nämeň nämedigini aňşyrman kak-diýen ýaşuly bizi bagyna aýlady. Jüňňürdikli guýusynam görkezdi. Soňam Abyş Welbeg, Bally Ýazmyrat, Allaberdi Janmyrat, Tuwakmyrat Taraş, Ejebaý Meret, Jahan Gurban Gaýyp ýaly dözmezleri bien tanyşdyrdy.

Oraz Salyr obasyndaky şäher dosty Kakajan Gurbanyňka äkirdi. Sarahsly srhetçileň öňünde il-ulusdyr dogduk Diýar dogrysynda ilki türkmen, soň bolsa pars dilinde çykyş edişine, hemmeleri haýrana goýdy. Beýniňi doňduryp barýan pikir-paýhasy bile, köpçüligiň gapdalyndan göç geçirdi. Edil şu günki gün Saparmyrat Serdarly Nyýazowçy ýaş esgerler üçin geip geçi ýaly baş gürrüňiň däl-de, dodagyndan bal damdyrýan darlt sözüň hur kanuny zerurlygyny açyp görkezmänem başardy.

Biz ýaşuly bilen egin deňäp «Adam öleniň» namaz ugryndaky Gullaşyň kakyny synladyk. Ony Gullaş Mämi 1970-nji ýylda öz zähmet hakynyň hasabyna kerlenden gelýän suwuň ugrunda gurduran ekeni. Soňam alaňlardan aşymyza Pulhatyna (Dulhatyny) bardyk.

Teke hanyň (Dulhatyny) Pulhatynyň gündogar gapdalyndaky giňişligi suwarmak üçin Tejen derýasynyň gaýra gapdalyndaky belent baýryň böwrüni deşdirip gazdyran täsin ötüginejm synladyk. Tejen germabynyň deşer gazygyndaky gyryň ýarty ýüzünde jüneýit hanyň (1862-1938) amanat goýlan mazaryndan (?) mekdebimiziň edebi etnografik müzeýine ýadygärlik daşynam aldyk.

Duz oýundaky Ýomutgyrlanaýlanyşymyza Geldi Aman, Nury Rejep, Ahmet Welihan, Döwlet Geldimyrat, Berdinazar Huseýin ýaly ýoldaşlaryň hemaýaty arkaly Gaýtarmyş ata, Kepil Pinhan, Agar, Ýaryk gala, Dam-dam, Zülpikär kimin ýerlerde ser salşymyza serhetçi ýigitler bilenem duz-emek bolduk. Ýolbeledimiz Döwlet Döwletiň dostana tagallasy netijesinde ençeme müzeý ekenonatlarynam ele saldyk.

Şol hemdemli günlerimizde Çoluk akgaň bize aýdyp beren şirinden şeker, baldan datly gürrüňlerini diýsene! Olary gylyny gymyldatman hakyky

hyrydarlaryna ýetirip bolsady. Ýöne ol meň elimden-ä, ömürylla-da gelmez. Ony aýny hata bilýän. Şeýle-de bolsa, «Doýumlykdan dadymlyk» hökmünde olaryň altyn başky bugdaý bile baglanyşykly käbir pursatlarynyň beýanyny bermekçi.

Hawa, inilem, «Ir eken harman alar, giç eken arman alar» diýişi ýaly, bugdaýy ir ekmeli «Mizanda ekseň ekini, ýere urar köküni. Hazanda ekseň ekini, alarsyň awyň sapyny» «Mizandan soň tozan, hazandan soň tozan» diýen ýörelgä ten beren çyn daýhan ýylyň irinden deprenli ugramaly.

Aslyýetinde, ölümden özge zadyň irkisi gow-a. Ondan buýanam, syňragyň arasyndan sypan bugdaýyň azalyň onuna degip, soň ýere düşen däneden öňürti gögerýändiginem bilip goýmaly.

Eger ýeriň ozal sürlip, kebzesini güne çoýujnşyna, ýatan bolaýsa dag-a, bar onsoň. «Kyrk ýylky bozumdan, kyrk günki şňdňgärim» diýleni bor-da, asyl, edniň alan ýannalyga ýtme bilendir.

Onsoňmy/ Onsoň bugdaýy sepeňde tohumy gysganmaly däldir, ýekeje-de. Her gerlen penjäň ýa ýere taşlanan telpeginiň aşagyna bäş däne düşse boldugydyr. Şeýle-de:

Bugdaý ekseň,
Gysganmagyn tohumy,
Üçden birin,
Guş alar.
Üçden birin,
Gyş alar.
Üçden birin,
özüňe galar,
Ine, budur.
Daýhançyloyk pähimi—
—diýlişi ýaly, seýregiň baş, gürüň çäç getirýändir.

Özüne-de, bugdaýy gara ýere gargyladygyň, ony eýum-kaýuma goýmak tiz-tizden suwarmaň ugruna çykmaly. Ýogsa ýalagyň çaýda galdy biläýgin. Bugdaýyň «Sen meni palçyga garsaň, men seni gylçyga gararyn» diýendigini hakydaňda saklap, desbidähel, şüdügäridişleň köwlenmesi, gozgalaň gaçyldysam bizara kylmaz. Suwarylan soň tutş töweregi berçawly tabşyrym birlige ýeten düýplere iň aldakçy aýazlaram howatyrly däl. Agyz urşuna maldyr beýlekem goparaýmaz ony. Biz mydama bugdaýy ir ekmelidigini nikartlaýas. Ýöne ýetişiksiz gara gündelik zerarly gijä galnan halatynda hem ýaýadanyp durmaly däl. Döwekgelçilige salyp, tä, ýanwaryň ýigrimi bäşine çenli ekibermeli sazanaklaman. çünki ýere duwlanansoň, üstüne bir öwrä suw gyrnaklap üşän bugdaýyň güýzlik bolup çykymly hasyl eçilibilýändigini könelerimiziň toplan tekribesäm görkezýär-ä. meger şonda olar «Arpa altmyş, bugdaý dogsan günde» diýen pähimden ugur alandyr. Ýöne her hal, çaman ördek burup uçar etjek bolmaly.
Şeýle-de, «Ýazlyk ýaltanyňky, güýzlik pugtanyňky» diýip, tekrarlama kemini goýmadyk eždatlymydyň mydama güýzlüge topulyp çykawuntsyz ýazlykdan, mümkin gadar, gaça durandyklarynam bilip goýan ýagşy.

Hawa, sen bugdaýy ekdiň. Suwardyň. Olam Hudaý «Al gulum» edensoň, semene ýaly çykdy maýsalap. Ýöne tä dört ýapragyny atanaklapça, telesläp, beräýmegin oňa ikinji suwy.

Diýeli, ýeriň-ä, eliň aýasy ýaly endigan däl. Kaleçaýdan ýantymly. Senem tährini tapmanrak, heniz pylan zeýilli eýikmedik ekiniňi suwaransoň depe düz günlige ýetirägetdin. Ana, onsoň, bugdaýymy ekenje igletdim hasaplaýgyn. Aslyýetijnde, ak ekiniň birinjiden özge suwlary çala yzgarlandyryp çapdyrmaly aldym-gaçlygy halaýan ýaly.

«Iň aňsady ak ekin, bugdaý-arpa» diýýändirler welin, oňa gaty bir ynanaýmagyn. Olam goýun bakan, jyns at ýetişdiren ýaly, diýseň çylşyrymly kesbi-kär. Eger sen ýardyksyz kimrikär-daýhanmyň? Onda bilip goýgyn! Tohumyň bile hutma-hut çykdygyň baý, telpegiňi göge zyňarsyň-a. Sebäbi. «Ony etjekdim welin, bu boldy» diýýän daýhan ýyla armanla-a.

Alyp göreli, sen edeniň jaýba-jaý düşüp, bugdaýy ir ekdiň. Olam gögerdi myk urlan bolup. Birki öwrä-de suwardyň. Ozalam ýeriň teýli. Emma sen «Iş aňsadyn ýalta tapar» etmän, ýene dökünini ýetirdiň. Onsoň, näme, düýpleň, ere-mers, asyl. Şu gidişine gitse, bünde-saba bogna-da münäýjek. Şonda sen tä, fewralyň 22-si bolup, ýere ýyly gidinçä, oňa mal kowmaly. Malyň ýüzüni çürter. Düýplerini basgylar. Içinde ýatyp turar. Garaz, «Mal bugdaýy iki tohumlandyr» diýilşi ýaly, bilmersiň welin, bugdaýyň berekedini artdyr.

Ýöne ýeriuň arryk ýasaw, döküniňem keletik kaksa welin, ekiniňe malyň toýnagyny düşürmän, başga bir usul etmeli. Bugdaýyň üstüne goň öküzdir ýa gaýry bir ulag bile mala basyp, mazaly mynjyradyşyňa, ýere ýaplykdyrmaly. Oňa döweleme diýýändirler.

Hawa, ikilem, şeýdip, bugdaýy alada bilen gurşamaly. Guş atjak ýaly mergençeläp, töwereginden aýrylmaly däl. Onsoňam bilýäňiz-ä, bar zadyň yhlasyňa görädigini.

Ine, şeýdip, ekiniňi bogun bokurdak edip suwgatman, tümmül suwyny bereňde-de, haçan ygal-yslaňdyr. Tupan boljagyny bilýän kebzeri keçemi üşükli bolup, ony ujaladyp-gyzyllaman, şemala beýlekä ýykdyrman «Bugdaýyňky ýel bile, tohumyňky hil bile» diýen ýörelgä ýykgyn etmeli. Onsoňam ýetişen bugdaýyň içindäki syrkyndyr selme, akbaşdy ýandak ýaly çöp-çalamlary ýalawly kepjäň demine düşürägetdin, öňkülerimiziň, «Arpany ag bolsa, bugdaýy giç bilen» garaýşyna eýermeli.

Şeýdip halatymyzda, jan inilem! «Alty aý otyryn, alty günde ýetirin», «Bäş aýda bir garyş, bir aýda bäş garyş» diýen bugdaý biziň geýregimizem galdyr, saçagymyzam dolydyr.

## ÖTÄÝINIŇ ÖTÜGI .

On-onki ýyllykda bolaýsa gerek. Bäherdenli dözmezim Bäşim Alma bile obadan-oba aýlanyşymyza, miras ýitiginiň gözlegine çykdyk. Şonda Bäşim jan «Waý, seni Weli kakaň ýanyna-da äkideýin ahyry» diýşine, iňňeden çykma motoryny gürledägetdin meni garaža ýetirdi. Kak çekgeden gelen orta boýly Weli Kömek bilenem duşurdy.

—Be, şeýdip, indi bir aý bäri, ýaşulylaň ýanyna aýlanyp ýörin diýsene, biziň bäşim jan bile?

—Hawa, Weli akga, sizem, kyngörmän, Gubadyr Gymmat, Ötäýidir Harabeg ýaly bäherdenli şahyrlar barada gulagyňda galanlary aýdyp beräýseňiz?

—Wah, jan ini! men Hudaýbegdir Gymmat gyz hakda alyga alarlykly zat bilemok. Guba Şahyrdyr Ötäýi kişi akjamlanyp otyrdy.

—Guba-da, Ötäýi-de ýarajyly. Meň öüzm Ötäýi şahyryň kowmundan Gulgeldi sazanda-da daýy ugrum. Guba şahyryň kakasyna Perreň aga diýer ekenler.

Ony Ötäýiniň işekçer jahylka döreden:

Hödür etmäň Guba dosa,
Gözi meňzär çakan-asa,
Golyn daňyp, ol iňlise,
sataweri, Perreň aga—

—diýen degişme bendem tassyklap durandyr-la.

Guba bile Ötäýi mydama diýen ýaly goşgy-gazal aýdyşyp, hezil berer ekeni giden märekä.

Ine bir gezegem Guba şahyr:
Dört agaçdan derwezeli,
Altmyş iki ýerden ýabagy bar.
Kyrk sekiz ýerden güýçlengi,
Başynda bir tabagy bar—

—diýip dillenende. Ötäýi oturanlary aňk edip, gara öý hakdaky ol aýtga:

Ussalar ýasar jyz zany,
Pähm edip tapdyk bizdäni,
On batman köýnek-dyzdaky,
Ýarym batman telpegi bar—

—diýen jaýdar jogaby gaýtarypdyr.

Ötäýiniň çyn ady Allaberdi ekeni. Şahyryň Gök-Laçyn atly edenli ogly Owganystanda Köşk bolup gulluk edipdir. Görme-görşe gelende onuň kakasy bil aýdyşan «Menteke zürýady, dänmenem ähtden» diýen şygram bolmaly, tanybilseň.

Bir öwrä ötäýi gören düýiş dogrusynda dil ýaryp «Men bir taşlanan. Ýanyma dört bolup gelselerem, üçüsi meni göterdi. Birem göwünsiz ýapyşdy. Şoň üçinem, görensiňiz, döredenlem ýiter gider» diýenem bolsa, o gagy bir beýle-de däl. Menem onuň:

Ötäýini emel bile eklediň,
Wepa begim jepa bile eklediň,
Ak telpegim el ýüzünde sakladyň,
Atalyny tarhan eden ýalançy.

Ötäýi diýr, dünýe pany,
Bu panyga gelen käni,
Gökdepede Sabyr hany,
Äleme soltan edeýin—

—diýen ýaly bentlerini hakydamda saklap ýörün-ä. belki, il içinde onuň eserlerini syrçasyny syndyrman aýdyp berjeklerme bardyr, gözlemäňizi goýsaňyz.

Ýöne, gep gerdişe gelende, Ötäýiniň elinden dür dökülýän ussa bolandygynam bellemeli. Ol daş ýonup, degirmen gurmaň, onda-da, hyrryldysy synmaz suw degirmen gurmaň ezberi ekeni. Ýöne şahyryň kärizgepligiň hötdesinden gelendiginem bilip goýmaly.

Edil şol döwürde Nurberdi han (1829-1880) öz Hankärizini gyzdyrýar ekeni, ileriler kürtlere. Olaram suw çykar jalawa (derbera) ses ýetim galanda, ýerasty daşa uçrap, togtatmazmy suw gazmany.

Şonda Nurberdi han Ötäýi sala salypdyr, ýanyna çagyryp.

—Şahyr, käriziniň işi ýatyp galmasyn. Özüň bir täkrini tap. Oglanlaram, goldawyny gaýgyrmaz.

—Bor, han aga! —diýen, ötäýem dikhanadan söwe girýär. Hälki syrga ýaly bolup ýatan gök daşyň böwrüne ulag arkaly getirilen kerkawy ýakýar. Kerkawyň howram özüne belli. Soňam gyzyp boljagy bolan hälki ýere serpmezmi sowuk suwy. Şeýdip, şat-şat edip gowşaşan daşlary kemin-keminden aýry bol. Aňyrsy otuz-kyrk günde bir ýüzli etmezmi söwdeşmesini. Uzagyndanam ol ýere «Ötäýiniň ötügi» ady galan.

Haçanda peşgärdäki temme ýykylyp jalawyndan suw jogurdap ugranda Nurberdi han Ötäýi ýüzlekiňdir.

—Şahyr, ine, şu suwuň ýediden biri seňki. Özem ene süýdünden halal. ýerem bolup ol, halan gapdalyňdan.

—Ýok, han aga! Serkardyr kelemeli ýer suw derkaryma däl. Meň Gök-Laçynym-a, gulluga girip özüni Owgana atdy. Seň berjek ýeriňe eýe bolmaly Rüstem janam ýöne bir zat. Diň salamda, yzynda-da çala bir gara görünýär. Onsoň, o ýersuwuňy Rüstem oglum ýek ýigrenýäniňe bäş put çaýa satar-da, ony goňşy eder goýar saňa. Şoň üçinem, han aga, haltasyny süýräp gelende:

Maşgalaňy hor etmen,
Un-bugdaýyň baýatman—

—diýdi-de, ýylalanasyyny ber. Terne-tüwelek wagtam, çenden bir at ýüki gawun-garpyz emleseň bolany-diýen Ötäýi Hudaýlygyndan gelipdir.

Soňra Weli akga Rüstem soňy, onuň aýaly Abadan eje dogrusynda-da durup geçdi. Olaryň ogly Ärnyýazyň ýetmişden geçip, 1950-nji ýylda ýogalandygynam ýatlady. Soň biz Hudaýberdi Pälwan, Myrat Babasary, Ogulgerek Anna, Säher Batyr, Aman Döwlet, Magtymguly Abdy, Annamuhammet Hojaguly, Aman Gurbanmämmet, Baýrammuhammet Nury, Biliş Gadam, Aşyr Garry, Tüýli Ryza ýaly ýoldaşlardan ötäýi hakda sorag-ideg edişimize Geldi Baýrama tirkelip, hankärize-de bardyk. Dik Hanaň gapdalynda ýaýrap ýatan daşlardan, çen tutuşymyza, ötäýiniň ötügini synlabam, derbera ýetdik. Her sekuntda 50-60 litr çemesi suw berýän jala badan zogrydylýan kümüşsow erginden gözümi aýyrman otyryşyma-da «Ynsan belasy degse bir gara başynyň, agysyny aglaman, turuw başdan il aladasyna berilmeli. Şonda onuň azaby peýgan bolanok. Ötäýidir Nurberdi hanyň bu biteligi ýaly üstden aşyr aşsa-da, ýagşy ýatlamasy bile, köpüň yrs akabasyna gowuşasyny goýanok» diýen pikire gaplandym.

# KÜNJISI BAG ÝALY...

Öňräk mährem ýeňňem Oguloraz Soltangulynyň ýasdüşeginde otyrkak, azanhan aşnam Alty Gurt gürrüňe goşuldy.

—Ho, gün bir üýşmeleňde ugraşdyk welin, Tirkiş Mülki saňa sargyt etdi. Bilsänsiň-le, ho, Kuba gidip gelen ýarymlegendar agronomy. «Bizden Künjini, hädip ekmelidigini soraýarlar. Ýöne olara jaýdar jogap beripbilmän, kyn güne galýas. Muny bir Ümür inime ýatlat. Goý, ol, Künji barada bar bilýänlerini köpçülige ýetirsin» diýip. Ana, şony bir bitireweri, eýum-kaýuma goýman.

—Bor, Alty akga! —diýşime, Öwez şalar, Orazmuhammet Aşyr, Tirkeş meretdurdy, Berdili Ata, Ymamguly Hanberdi, Kakajan Sähet, Nurýagdy Çaryýar, Myrat Baýramaly, Aşyr Salyh, Bäşim Mämmet, Suwhan Çommat, Meret Hümmet, Edrek Atajan... ýaly onlarça obadaşlamma sala saldym.

Sarahsly Molla Nurynyň:

Künjisi bag ýaly, kösügi hatar,
Düýbünde dört adam saýalap ýatar,
Gawuny gark edip, garpyzy aşar
Gije tarkyldysy ýatmaz bu käliň.

—diýen setirlerini serimde saldarlaşyma ömrüni magaryfa bagyşlan uýam Rejepgül Ukulowanyň mugallymy merhum Şamyrat okydyjynyň künji barada beren gürrüňlerini ýatladym.

—Özüň bilýänsiň-le, Ümür jan! Çyn daýhan ýarym çarwa bolup, gawyn-garpyz, käşir-kädi, noýba-mäş, mekge-dary, sogandyr sarymsak, hyýar kelem keçemi ekinler bile çopantelpekdir ýüzärlik, narpyzdyr näzbuý, zaçpyrakdyr indewden dermanlyk närselerem bir gapdaldan goýmaly däl.

Ýöne çyn çomrynyň «künji-datsaň degmez sanjy» diýdiren ugursyz üýtgeşik ýapylan gapynyň bardygynam bilip goýaýgyn.

Hany, halwadyr, gowurgaň künjisini aýryp gör içinden ýa garry eneleň toplan garyp telleýändoňdurmasyny künjüsiz göz öňüne getir. Şonda olar birhili yssyz gül ýaly bor-da, ýitirer ýatyber öňki aşnaly tagamyny.

Galyberse-de, Terpenmez Tagantly Körmollanyň «Guýruk olsun, künji olsun, ýagy maşyn olmasyn» diýşi ýaly könelermiz künji ýagyny bişirilen kasawa uly gadyr goýupdyr. Çünki künji ýagy tenekar täsiri bilen süňňüne siňşine, içiňi ýumşadyp, oňa mahmal ykyrdysyny berýär. Aşgazan agyrydyr iç gatma ýaly ynjyl-mynjyllykdan saplyşyna «Be, indi men aýdyma gygyrybersemmikäm, tämikläp ugraýşyma» diýdirip, telwasly göwün ýüwürtmelere-de ýetir seni.

Garaşeý Gandyr Gubuş ýaly belli tebipler-ä, ýenjile-ýenjile jyp jyrdyly ýagy çykarylan künjisi ýapgy em etmegi buýuryp içi husurlygdyr önelgesiz natuwanlary gulan alma ýagdaý-da ýetir ekeni.

Hawa, künji taý tapylmaz derman ösümlikleň kabilasyndan. Gabygy nepisden ýuka ýasaw gelensoň, oň ýag çykyjylygam ýokary. Ata-babalarymyzyň künjini juwaza çekişini dagy diýsene!

Ine, künjüň künjarasyndan agzy datlanansoň, gomy goşalanan gyzyl erkek. Başy aýlanmaz ýaly gözüni daňyşlaryna ugrukdyryp goýbärler welin, şo aýlanyp durandyr janawer irmän-arman.

Juwaza guýluşyna, çaý içip salym geçiberen künçem onuň agramy aýlawynyň çökder zarbyna çydaman, ugramazmy zarynlap, şonda juwasçy jürdegiň ýanynda az dolmaz edişi goýlan şiňilkäde elýetirdigem künji ýaga durma bilendir.

«Edil sesine suw sepilen ýaly bolaýdy-da» diýdirişine.

Şo mahalam beýle gaýym guşagy oraý ene gelmezmi hakdan doly okarasyny göterip. Onsoň sary erik ýaly o tyllamy towlamlary juwazyň okdur sokusynyň aralygynda seterämläp goýuşdyrdylar. Künjiň tagamy taýsyz ýagany süňňüne siňdirişine mäjümlenme kemi galmadyk. O kaklarmy. Ha-how! Ondan bir-iki büklimini iýibildigim sümerdepäň derlişine derdiň çykyp suwdan gözüň açylmaz. Mazasam ömür ylla çekgäňden gitmez.

Hawa künji täsin galaýmaly nygmat. Onuň ýagyny kepelledir ak gulak degip ugran gawun-garpyzly päşzegiň ýeleginde tütetdi.. Giň, juda hudaý tutaýmasa, ekniň ençekden dynma bilendir.

Adaty gawunyň on alty kilogramnydan bir kilo kak çyksa içine künji sanjylasaň datlylyk derjesi has duýarlyklyga ýetýän Tarry han bolsa her on üç kilogramyndan bir kilo kakyň emele gelýändiginem hakydaňda saklamaly.

Şeýdip, jöwherli künjä günaşa tötärikli ýarym huruş hökmünde garap baba-kelamlarymyzyň oňa neneňsi gadyr goýandygy öz-özünde düşnükli.

Ine, bir beýhal ýer. Ederini bilýän daýhan oňa ýylyň irinden suw kowandyr. Kemini goýman. Olam hamyrly nan ýaly bola gitdi, gelendir Taba. Oňsoň nääme, sähedini sazlan daýhan heleý öýlesinden sä hel soňrak, gün gowşaşanda, sürüň taşlar ony gawyn-garpyzdyr künji sepişine.

Ana, onsoň, Biribar «Al gulum» etse, «oýnap ekseň, boýnap biter» diýenleri bardyr, eýläňi-beýläňi bakmankaň düme sürmeniňdäki künjüň üstüňe saýa salyp durandyr. Her haýsy bir gujaga ýetip. «Gel, meň düýbümde, ýatlap gora, taňkaň çaýyny içsene, ysymdan hoşnut bolup» diýişine.

Şeýderkä-kä aşaky kösükleri açylyp ugradygam, ara seniňmi wagt salman, künjüleri çykarlan sogrup. Soňam bir-birine söýäp goýarlar dikligine. Ýerinde ýel güzeran, dänelerini dökmez ýaly.. Haçan-da ähli kösükler syrtaryşyň, däneleri şagradygam, baryny bir takyrjak ýere dik başak edägetdin, alarlar ählijesini syryp.

Emma käbir halatlarda öňkülemmiz künjüni suwarymly edibem ekipdi. Oň üçin suwarylan garatan ýeri sürerler ýa agdararlar pilgerdanlyga ýetip. Oňa tohum sepişlerine-de, basarlar malyny. Myk urlan ýaly bolup çykan künjem dyz boýuň bäri ýanyna ýeter welin, ir ikindin düzägetdin, suwarlar jakyldadyp. Onsoň egninden çekilen ýaly hüwläp galan künjileň boý alyp, hasyl berşem däldir biçörleniň.

Ýöne künjüň hasyllylyk şähti dogrysynda söz açylanda Orazmyrat şemhal hakyndanda janlanýar-diýen Şamyrat aga söhbetine sähelçe säginme salansoň, ýene gürrüňe başlandy:

—Bir ýyl görülmedik sil gelensoň, Tejen deryasy dolup-daşýar. Garasyna galdyrylan gaçyny ýalap, aşak ýüzdäki ekinleň barysy suw bolar howpukam döredýär. Onsoň, näme, şatam sam saýak. Çöp ýygyp, çigin edip. Gözüne gurt düşen ýaly, derýaň ýakasynda ýatyp-turşuna.

Şonda köpçüligiň bi zir-zöwranlygyna gözi doýmadyk Orazmyrat şem hal «Heý, bir hemaýat edip bolmazmyka, bu görgüsi eser Halaýyga» diýip, derýäň ýokary gapdalyna geçýär. Ýer çala-çala, aýlanma keminem goýanok.

Ahyry şindiki Tejen demir ýolunyň otuz kilometr ýaly gaýra ýanda derýany ýokary tarapa ýaran halatyňda, ilatyň emgek ýanamadan kel-kütä, dynjakdygyna-da göz ýetirýär. «Şeýle-şeýle» diýip, geňeşen mirabam, gör-ä, eli pil tutanlaň ählijesini aýaga galdyryşyna ugraýar-da ýelkidikläp.

Barşyna-da, sen ýok, men ýok. Bäş ahyraly gaza giren adamlara çäk berip. Şeýdip, ýarym salkyna galyp-galman, derýa owlak salana dönderilýär. Ol ýere-de, näme, «Şemhal gädik» ady galýar, uzagyndan.

Alaň aşyp çagatdan çykan suwuň çaýlym beren ýerleri taba gelende-de Orazmyrat akga «Beýdip, awgyr argyşa kilibiňi dakyp, ýörme-de, senem, iň bolmanda şu sapar bir ýere ýapyşyp gör-ä» diýenler.

Şonda ol ýüregini bire baglaýar. Goşlanan ýabany tohumdan mas ýükliligine, iki hepde gowrak elkinçe ýatybam, ekip taşlamazmy mungusyz meýdany.

Ana şonda Orazmyrat şem Halyň özge ekinlerinden gören girdejis-ä, hasabam däl, diňe bir künjisinden alan hasylam Hara Küde bolup, ony on alty bugurça başa-baş çaşanlar.

Hawa, künji şeýle çykawuntly ekin. Ata-babalarymyz diňe bir düýe ýa suwarymly ekini bilen çäklenmän, ony joýaň gawunyň pyşdasyna sepibem, bir okda iki towşan urşuna bimöçber baýlygy beýlesine geçir ekeni. Bizem, il bähbitli şeýle ýörelgelere ýykgyn edişimize azaldyr piliň sanyny odam bolsa sypdyrman, dogulany deprenip biçaly işlemeli. Çynma-çyna gelende gowurga goşarlyk künji tapman, töweregimize goranjaklap oturman onuň iň bolmanda iki üç ýyla ýeter ýalagyny dulumyzda durar ýaly etmäň aladasyna berilmeli. Çünki ol döwrüň talaby hökmünde öňe çykan wajyp wezip-ä, jan ini!

## ÝAZ GYRKYMY BOLMASADA .

Ýetim oglanka sygyr bakyşyna, arkasy bien oba mollasynyň mallaryna ot äkeliň. Ondan sowat öwrenen ýazyjy agam Agahan Durdyýewiň ýagty ýadygärligine.

«Ýedi hazyna», «Ýedi hazynanyň biri», «Ýedi hazynanyň biri towuk» diýle-diýle gulagym gapgaplyga ýetenem bolsa ozaly betimde, onuň närselerden düzülendigini takyky tagmalaýmak welin wagty bilen başartmady. Ýöne «Umytly guş Käbe ýetmiş» diýleni. Ahyrynda dilinden dür dökülýän ýady ýyldyrym gojalaň goldawy arkaly onuň dokyzy düzüwlendi.

Ekseň ekin (bugdaý-gowaça),
Baksaň goýun,
Okasa oglan (ylym-bilim),
Dokasa hatyn (önüp-ösüp oturan eli işli musulman aýal),
Mäkiýan (towuk),
Mädiýan (Göroglynyňky ýaly gyrtaý berýän hapa zat baýtal),
Gäwiýan (Sygyr).

Sered-ä, biziň baba-kelaplarymyza! Olar:

Mal soňy sygyr,
Sygyrdan soň sy:gyr.

Goýunly baý,
Goýy baý.
Düýeli baý,
Dünýeli baý.
Geçili baý,
Kiçi baý.
Sygyrly baý,
Sygyr baý.

Oglanlyň
Aş mazasy bolmaz.
Sygyrlyň,
Goç mazasy bolmaz —

- diýip, türkmeniň göçüm-donumly çöl-çarwa şertlerinden ugur alşyna, sygra kem köşeli öý haýwany hökmünde garanam bolsa, gör-ä! Çynma-çyna gelende, ony bugdaýdyr bilim, goýundyr gowaça, towukdyr baýtal. Kibi nepagasy goýry zatlar bile deňdeşlikde goýupdyr. Ony ykraram edipdir, ýedi hazynanyň biri hökmünde.

Hakykatdan hem sygyr ýedi hazynaň biri. Eger sen «sekiz sygyr saklandan, semiz sygyr sakla» diýen ýörelgä eýerişiňe, ony «semiz aýagy sekizlige» ýetirdiňmi? Onda sen kimiň oňdugy. Atlygyndan ýaňa tüýini çekseň ýagy çykjak malmydymy. Süri başyň göreniň gözün dokupdyr. Ýyla bir ere-mere göle berişine, güne goýun soýan ýaly hezil etdirip, öýüňem ak gulaklyga ýetir. Onsoň jürküldili jüýjeleň almalygy ýanyşyna barýandyr, günini sanap.

Aslyýetinde, biz etdir et önümi datly saýyp, ýaman algyly ýaly topylsagam, ony özleşdiriň özüňe dönderinçä göwre garraýar. Oňa derek süýtdi, çekide, gatykdyr gaýmak bolsa ýüz ugra azarsyz siňme bilen. Meger, şol zerarlam, «Ak zat alanyňa ýagşy» diýen pähimdar pederlerimiz ýaz aksyz, güýz göksüz bolmazlygy pikartlap gidendir.

Eger, sürä göni gidip, göni gelýän häsiýetli sygryň bolup, senem bakyňy-ýakyňy şol edýäňmi? Onda ol göleländen soň, on dokuz gün geçibildigi nalyşly molaýşyna, desbidähel buka gelme bilendir. Emma «Mal eýesine çekmese şumlyk» diýilşi ýaly göwün götär sygyr salgymly bolaýmak ýylanbegiň (erteki gahrymanyň) işi. Ýöne Atçapar Gurbangeldidir Tirkiş Ýagmyr ýaly obadaşlammyň irginsizlik bile endik etdirilen ýapy ýaly sygyrlarynyň belli bir ýere tezekläp, çakylykly molama bile çukurjkly joýa buşugandyklarynam bellemekçi.

Hatyraly Halynam Edrek akga sygryň Adam atadyr How eneden oň ýaradylandygyny nygtaýşyna, onuň gaty ir eldekileşdirilendigini nikartlady. mährem mekanymyzyň şan-şöhratly Altykdepesinden tapylan sygyr kellesiniň gyzyldan guýlan şekiliniň mynasybeti hakda söz açdy.

Guzy bakdym,
Guş bakdym,

Geçi bakdym,
Goç bakdym,
Ýylky bakdym,
Ýel bakdym,
Sygyr bakdym,
Öý bakdym,
Düýe bakdym,
Gan ýuwutdym,
Goýun bakdym,
ýag ýuwutdym —

— diýlişine ýapyşyp oturunly durmuş obrazyna geçen çolusynyň ekininde örňän gamyş gajardyr otaç çöpden geçegini ednip, etdir süýt beren sygryň waspyny ýetirdi.

Hawa, sygyr ugursyz nepagaly jandar. Bir ýola Garaýapdan gaýdamyzda Ata Kpekmergen pahyr «Sygyr maly edil Äwme hanyň nökeri ýaly. Muň ýaz gyrkymam ýok. Güýz gyrkymam. Özem «Ýyla bir göle berip, ýadynçaň sagdyramsoň, asyl, armanyň galýan däldir «diýşine» Has-s!» eder-de, zyra-zyra tezeginiň üstünde ýatar, diýenem bolsa, işiginde göleli sygry gäwüş gaýtaryp duran hojalygy uzadan ýerine eş ýetip, yrsy üstüne gelýän öý hasaplaýmaly.

Ýigrimi ýyl çemesi mundan ozal bolaýsa gerek. On-onbäş sany adam bolup, üsti ýapyk uly maşyna münüp iki ýasyklar. Marydan Murgaba gaýtdyk. Şonda men iň yzda oturyşyma, oral çalan aýalyň gürrüňine gulak gerdim.

—Wah, Jan doganlar! Siz soramaň, bu görlen günleri. Geçen uruşda dört sany goňşy bolup galdyk, fronta gidenleň yzynda. Herimizem iki-üç çagaly.

Ine, bir günem ölügsi çyraň Köreçel yşgyna oturdyk derdinişip. Şonda olaň gartmajragy ýüzüme garady.

—Sen-ä, tüweleme, beg ýaly-la! Işigiňde göleli sygryň keserip duransoň. Ine, iş bizde bar. Köne kirler gutaryp, gahatlyk gapydan girensoň çagalar ebitden gaçyp barýa-da, eräp, sagat saýyn. Beýdip, bulary bu taýda aç öldüräýsek, ärlemmize näme jogap bererkäk, dolanyp gelende. —Oň ýaly bolsa, meň sygrymyň agzyna, seredeliň, üýşeliň-de. Dört sany, sen dur, men öleýin heleý bolup durus. Ýüklenip gelmeli edeliň. Peçekmi, suwoty, ýorunjamy gamyş. Her kim tapdygykdan. Onam gije diýmän, gündiz diýmän, aldygyna bereliň. Iýse öňünde, iýmese ardynda edägetdin.

Onsoň näme, sygram, iň bolmanda, häzirkisiçe, üç esse süýt ber. Ony aýny hata bilýän. O süýdem jan sanymyza görä, deň-derman paýlaşyp, bujagazlaň birinem şitiletmän alyp çykalyň bu gytymçylykdan—diýip, bir çukura tüýkürdik.

Şeýdibem, barymyzyň ňarkamyz otly, gelýändiris. Burnumyzy ere deger-degmez edip. Onsoň sygyr janawerem, şo sygnap durandyr, tä agzy ýadaýança. Sagamyzda-da, süýdi güžjüldäp, dolduraňkaber aralyk bedräni.

Ine, şeýdip, süýde kerçelen ot gargylap, duzuny çala çökderräk atyşymyza, çüpüjeleň baryny ýetirdik bir soraplyga. Ýöne bir gün seretsem, eltimseň kileň ýüzleri köpüljeşip dur.

—A, gyz, seňkiler näme, egbarlap barýa-la, göz-görtele? Ýogsa barymyzyň ýapyşalgamyzam-a deň. Hiç haýsymyzda artataşa zat ýok. Şo süýtdir otdan başga.

—Bilmedim, jan dogan! Çagalar-a, ar-durja elden gitjek. Ýene bir alajyny tapaýmasaňyz.

—Oň ýaly bolsa bulaňňy nädip naharlaýandygyňy bir aýdyp ber ilki?

—Ony diýsem, öýe gelenje badyma, atarýan gazany. Süýt guýşuma. Oňa-da, kerriklimi ysmanak, ajy balgarmy akpamyk, selmemi atgulak, garasaý, tapan-tupanymy atyp bişirişime, goýýan öňlerinde. Onsoň olaram ýaňkyny dik göterip:

Bulamak içdim,
Garnym dok.
Ýatyp turdum
Hiç zat ýok—

—diýişlerine, hezil edinip oýnaýar bir sellem. Yzyndanam. «Eje, ajygýas-da, eje, ajygýas!» bolşup aglyşlaryna, galýa-da uklap.

—Ýok, sen oň ýaly etmegin. Işden gelşiňe, kere-mara atar gazanyňy erteki otar, beýleki et. Gepe güýme ojagaz zalaňy. Bir wagtky «Wah, entek bişenok-da, balalam» diýip, daş gaýnadyp aldyşyna, aç çagalaryny usurgadyp ukladýan garry öýkün-de. Şeýdibem, ýatar wagty boluberende garyklaryny gözedijik, sal ýorgana.

Ine, şeýdip, ölmez-ödi gün görüp ýörkäk, gyş geldi. Şatylama bolmasa-da, sowuk düşdi. Bizem «Bu hyra howada sygyr üşäp, birden süýdüni çekäýmesin» diýşimize, ony gölesi bilen saldyk-da, köne tam kepbä.

Bir günem daňyň öň ýany garabasan ýaly bolup, oýanyşyma baş açyk, aýak ýalaň tasap daşary çyksam, tohumy tükenmiş ogrular, ezeneçi agdyk köneje kepbäň bir taýyny tutuşlygyna itiberip ýykyşlaryna, äkidipdirler-dä, sygry gölesi zady bilen.

Eýläk ylga. Beýläk ylga. Asyl, «Alan ogry, gören taňry» hany indi ber-dä, habaryňy! Onsoň, näme, uly ilimi bile haýkyryşyma, gygyryp ugradym-da «Garala maşym, how!» diýip, bar kişem daşymda.

Şo barmana-da, Tätde akgaň oýy diýilýän ýeriň aňry çeträginden halalja malym molap guk bersdi welin, ählijämiz eňäýendiris, sozan guýruk bolşumyza—diýip, tutuş töweregini açlyk apatyna aldyrmadyk kipaýatly sygrynyň gürrüňini berdi.

Hawa, sygyr maly tarypyny sözläniňe degýän jandyr. Onuň önümi önjeýli. Müň zadym ýok. Et-ä, tekekar. Ony akaja bişirip, göşüne ýapa salman, çorbasyndan edindiňmi geregiňi? Onda aşgazan azarlamamyň soňuna sogan ekdim hasaplaý. Sygryň ýagdyr ýiligindenem ýüregiňe degjek gümany ýok. Çyzykdan çykman «Et ete gider. Çorba pete gider ýag ýilige» diýen aýtgydan uguralybilseň.

Eli işliden näderini bilýän ötügiň bolsa, sygryň süýtdeş gözli çeşme. Sag. Bişir. Aýazyrat. Onsoň gün dogmankaçig gaýmagyny çoňja okara salşyňa, çagalaň öňünde goýarsyň welin, olar ýöne «Men sygyr goşjak», «Men sygyr bakjak» bolşuber. Onsoňam «Sygyr süýdi satyn alma», «Sygryň süýdi agzynda» diýleni. Sygyr bir göräýmege düýbi deşik halta kysmy sygnagakdan doýmaz-dolmaz tygşytsyz haýwan ýaly görünse-de, ot iými gaýrynsyz gelende, ol ak bulagyň gözbaşy. Diňe eýesidir oň goňşy-golamyny sýtdir gatyk, çaldyr çökelik suiw (başýuwlyk) bile bol telkilige ýetirip oňaýmaz. täzeje mesgedir ýuwdulyp barýan aýrany igelenip duran saryýagam, köneler aýtmyşlaýyn derýaçam açmazyňa äkär.

Ýöne mala höwrügip, mala möhümini bitirtjegem, edil mal ýaly gaty bakan bolmaly. Ol hökmany hakykat. Meger, şol zerarlam, baba-kelanlammyz «Ertir irden turup, tezegiň ysyny almadyk, çöregiň ysyny almaz» diýip, nikartlap geçendir.

Eger sen sygryňa seretmän, «Ik owarram, çarh jähennemlige» urduňmy? Onda her näçe çekeleseňçi, onyň pylan zeýilli süýt eçilmez. Gaýta, tüňküjinden torba asaýmaly, çatylgy süňke döner. Buka gelip, balalaryşyna, göläläbem agzyňy ýagjartmaz. Ýyla gysyr gaşyna.

Merhum agam Baýram Hoja bir ýola iýse doýmaz, ýatsa turmaz käbir geleňsiz gelinleň nebir sygyrlary sagman, süýtden çykar ýandyklaryny ýatlady.

—Olar «Erim getir, Hudaý ýetir» diýen ýörelgä ten berşine, sygryna seniňmi intipis edenok. Onsoň, näme, syçran ýa batga batar ý ýolda ýatar. Aňyryň alty aş galkyp-galmanam, endam-janyny suwamaý sakyrtga basyp gan kesele dahyl ger. Onsoň karkarasyny göneldip, ker neneň ot-elek bolsa-da, hany soňky tüýkülik sakgal ezýämi diýsene?

Hawa, Baýram akga mamla. Ir ertir, giç agşam ýüz-gözüni sypalyşyňa «Hoş-hoşal aga. Arka boýnuň gaşal aga» edip, sygra mähir-muhabbet bildirdigiň bolany. Ol berkende bulagyň bar berekedini göpükdir saňa. Bolmasa welin...

Birküç ýyllykda ruhyýeti öwreniji şägirdim Bäşim atda meni Ymambaba äkitdi. Dosty Muhammediň seleň saçsynda otyrkagam hakydasy umman ýaly bir batyl many gala bilen gürleşip görmegimiň hökmany zerurlykdygyny sakydy.

Şeýdibem, ýattekişligidir iş endigine geň galaýmaly Rejepgül Çara duşdum. Şonda ol «Ümür dogan, üç ýaşymda gyzamyk meň gözümi aldy. Emma şonda-da, it ysy, pit ysy bolup, ese-boýa galşyma, öz çöregimi özüm iýdim. Degirmen üwäp, ot ýygdym. Tamdyra ana ýapmasam, mege ýalak hamyr edip, iýseň doýulmaz süýtliaşlar bişirdim.

Käbir atyry küňkäp duran keleňter gelinleri oýundan indermän, bedresini taňňyrdadyp alla owarradan çykarýan bedeser sygyrlaram «Höwlüm-höwlümli» synag-sermeg bile elimi ýalar ýagdaýlara ýetişdirdim.

Hawa-la, bar zat yhlasyň-a bag-la, Ümür dogan! Haýwan diýjeksiň welin, ol bilipdir seň haýsy gazygy gujaklap galanyňy. Bir entek gelinler ýatan çöpi galdyrmyşyna, sygyr ýatagyňam bilmez, bildirge bagyňam. Emma

şonda-da guşaga gysdyraýmaly, küňkürje gaýyň epesiniň süýt gazanandygy çig gaýmagy aňk garbatmaga welin, garyp ökdedir-ä, bedibagtlar jytdyrylyp.»

Ýöne tarakgasyndan gaýpynman, Zeňňi babaň sahawatly malyny göwün güzeriňden suwa ýakmaly. Onuň süýtdir et babatynda has göe gelüwli, has görnümdar, ýeli şertlerimize has laýykatly görnüşlerini ýetişdirmäň ugruna çykmaly. Çykdajysynda çekinmän, ýylyň irinden hört aşymyza.

Eger şeýdip, oýlanşykly jemlere ýetişiumize, mährem mekanymyzyň oba ýerlerindäki ilatynyň jan başyna bir göleli sygyr saklamagyň hötdesinden gelmegi başaryp bilsedik! Onda elimiz giňäp gör, nähili ilerlemelere aralaşardyk.

Çünki sygyr janaweriňem, goýun ýaly zady ýok. Onuň etdir süýdün-ä, baýaky diýeli. Hamynam Gowşut Hanyň Özbegistandan Gökjä getiren gerimleri ýaly ezber ussalar hyşa gulnagyň çyglamykly tüssesinden geçirip, elin bişir. Soňam äliň aýasy ýaly galyňlykdaky maýkyldyly o gökden çarykdyr çokaý, hakgadyr garaköwüm, bökejemädikdir alagaýyş taýynlap ýörendirler. Galyberse-de gep gerdişe gelende, uç-gyraksyz Garaşsyzlygymyzyň alty müň gowrak guýusyndan hem boljagy bolup gaňrylmazlyga öten öküziň hamyndan tikilen aýnagaçly gowçalar arkaly suw çekilendigini bilip goýmaly.

Kömürdenem (Garrygalaly) Allaberdi aga sygryň şahyndan gezmek sap, naşyja naskädi, toýnakdyr gaýry orta-taşasyndan elim ýasalýandygyny ýatlady. Dürre gamçyň biçilmedik öküziň sygra gaýnaşykly düýp damarlarynyň çiglilige duza ýatyrylan dört sanygyndan örülýändigini belläp geçişine, bagöleleň ödünem iliň terem bile zyňaýmaly däldigini sargady.

—Eýwanyň agajyndan asylgy, ho, ödi al. Menden seň müzeýiňe ýadygärlik. Öten ýyl soýlanja badyna-ha, içine bir gysym bugdaý guýsuma, asyl goýupdym, şo taýdan ony. Indi şygyrdan gidendir o däneler. Ana, şolary sanjylandyr mädesi zeperläne aýtdyrsaň bire-bir emdir.

«Uly mal ulanmaga ýagşy» diýen öňkülemmiz açlygyň magallakly pursatlarynda halys uwnup çudap bilmän, öküzdir, sygryny soýmaly bolanda, ony üýme-üý tellişine, basar ekeni uly gazana. Soňam silkeläňde etleri sypyp ýalaňaçlanan o süňkleri sowuk ýerde goýmazlarmy, arassaja esgä dolap. Haçanda has «Ýer gatyda gök yraklyk» aralaşanda bolsa, olary gaýnada- gaýnada, ýüze galkan ýagyny alyp, alapotadyr jejekä jaz edenler. Ýöne o süýekler şondan soňam zyňlaýmandyr, itiň öňüne. Çagalar garny sal ýaly, boýny gyýa ýaly bolup, öte ýatyp ugranda, hälkiler döwlüp, sokuda köwzelip, degirmene çekilişine, bürküldili un edilip, iň eňkamy gidenlere berlipdir.

Çary Wekildir Gurtjan Lammy ýaly kalby kesapatsyz hemdemlem bolsa, etde-şütdeli gün-güzeran hakda dil ýaryulanda «Wah pahyr-pukara üçin, gümräp ýakar şahlyň ojaryndan gowy zat ýokdur-la» diýip, sygyr tezegi taryplap başlapdylar

Sarahsly ýüwrük bilge Çoluk Gurban ýurdy ýaladyrak owganly garyndaşlarynyň odun-çöp meselesinde juda tuta kesdiklerini belledi. «O taýyň käbir ýerlerinde halys jygba-jyga gelende ýatymlyk, köwläp almaly pezzigräk oduna gidiler. Käte agaçlyrak taraşany mizana mündürip, bugdaý bilenem çalşyberler. Ana, şol zerarlam, ýagdaýy ýeten, sygryň agzyna seredip, onuň

matjasyny eýleşýine, odun şaýyny tutjak bolup gara heläkdir» diýibem gürrüň berdi.

Hawa, sygyr artygyny bitin edýän hikmetli mal. Eždatlammyz oňa agyz jamalganyň söýenji, ýowlutýa ýylyň daýanjy hökmünde garamagy endigine girizen. Çar tarapyny aldyryp, ýykylara çukur tutmadyk halatam, sygyr urbalygyny beýatmazlyga çalşan.

Ýa-da salalyň: Hüňkaryň hun horlugyndan eze-beze bolşuna, üçgümmez dagyna özüni atan jygaly begi. Ol ýalňyz ýapyşalgasy bolan sygrynyň otugan gölesini goýşuna, onuň enesini soýup beripd-ä, galandarlara.

Şeýle-de, ata-babalammyz gözüni dikip oturan bitewüntli maly aňzagy duýmaz, jalada buýmaz ýaly tümmüt kimin sygyr göleler gyzýan. Agzy gylawlanlary dildir damajygyna duz, oýkalaýşyna, saplap ynjyl-mynjyllykdan. Gendorymdyr aşa düşmä dahyl geluinleri bolsa, agzyna öl taly keseligine daňşyna, dynuw-daýanuwsyz sürgülemezmi uzynly gün. Açsyllanyny şorsuwly çalnawlyga aýlap, sakyrtga bürenlerem nowhanadyr tereň arnalarda saklap, derdeserinden dyndaran.

Ýöne könelemmiziň gandala degende guýrugyny egnine atyp, gös-göni boluberýän pada sürüsini tä salkyn arykça, suwly ýabyň güzerine gabap tara tapdyrandygynam bilen ýagşy.

Şahyra Uzak Käsibiň ýüwürjisi Gara Köşek akga bolsa, padasyny gyşyň aňzygynda ýüzi tyrkaklap duran çukur ýaplardan geçirişine, olary arly ýylhusur taňmadan goraglandygynam hakydaňda saklaýmaly.

On müň ýaşy arka atyberen Türkmen aganyň terbiýetli taryhyna siňňin ser salaňda, onuň bir şaýy tapsaň, düwüp goý, iki şaýy tapsaň çigip goý diýen garaýşa eýerendiginde nazaryň eglenýär.

Hakykatdanam, deri ýagy bilen deri eýlemegi süňňüne gaýňlan baba-kelamlarymyz çak edişiňdenem rejeli. Gör-ä! Ol soýan sygrynyň damak ganynyň ekzurut ýalagynam yrýa etmändir. Kepis neçjarlara tabşyryp, oň bile ak öýleň gabşyrma gabsalaryna ömür çyg geçirmez rençlenmäni girizipdir, tährini tapyp siňdirişine.

Sygrynyň egimli gapyrgasyndan hepbik (guş gonanyny) ýasyşyna, kellesinem döwletdir dünýäsine kalby kitüwli göribi gözi degip ulturadaýmaz ýaly, asmazmy ýol ýakadaky daragtynyň şahasyndan.

Tüýsüz göle taşlan sygryny ardanylyga ýetiren mamalammyz, ölenje höjegiň hamyna samandykyp, çäp edişine, enesine ony ysga-da-ysgada, alypdyr-da, satyp tä ýitligine çenli.

Şeýdip, sygyr janawer bile bagry badaşanlyga ýeten öňkülemmiz diňe urkaçy göle berýän nazarkerde mallary saklapdyr. Göleläp sygry tä galylynça, oňa kepekdir ýary-ýalta ýarylan ýarmadan ýörite bulamagam bişirip beripdir. Ol eçesi atlandyrylan, «Telpeginiň-de, şonuň bile baglanyşykly.

Ýol söküp, çöl söküp, bir ýerden göçmeli ýa gaçmaly bolanda-da nä wagt, nä zamana» diýen pederlemmiz goş öküzi gapdalyndan goýmandyr. Birden azaşyp-tozaşanda olary öňe salyp,m suwuň ysyny alan janawerleň yzy bile goýupdyr haky tapary ýaly.

Hawa, sygyrmaly enedatlammyzyň jygba-jygly durmuşyna diýseň düýpli aralaşan Keşdeçi gyzlar büklümli gaýmasyny sygyr siýdige meňzetse, huşy metda babalammyz tarapyndan käbir otlar sygyrguýruk, höjek öldüren atlandyrylypdyr.

Könelemmiz sygry edil hindi hemdemlemmiz ýaly hudaý hasaplamasa-da, boýnuna alaja, şahyna doga dakyşyna, piri güýçli mal hökmünde sarpasyny saklap idegini ýetirýär. Iň gowy padymanlaryna Anna sygyrçy, Illi (Gazak) göleli, Tilki tapa kibi ýöňkeme lakamlary ýabşyrsa-da, sygry sybry gaýlygyna münmäni känbir begelläp barmakdyr.

Ýöne:

Isa eşegin münende,
Sygyr Musaň ulagydyr—

—diýilşi ýaly, Weýaran bagşynyň tomaşa teşne jemagaty gyzyl-gyranlyga ýetirmek üçin mydama toý-tomça sygyr münüp barandygynam bellemekçi,

Şanyna:

Medenede Muhammet,
Türkistanda Hoja Ahmet—

—diýlip, Türkistanyň serwerine öwrülen Hoja Ahmet Ýasawynyň hem bir eldekileşdirilen öküzçesi bar ekeni. Ol öz ýasan çemçedir çanak, okaradyr susak kibi önümlerini her bazar horjuna salşyna bökderen hälki gölesiniň üstüne. Öwrenen öküzçesem, näme, ýaňky zatlary aýalamazmy ak bazara, äwmän ätlişine. Her kim söýlänini alyp, arzy bahasyny oklaýmaly horjuna. Ine, bir günem, dişi daşyna dyzap, persi giden ondan okara alşyna, sap aýtjak bolmazmy, ökje ogurlap. Şonda hälki öküzçe biden-bire dälirän ýaly bögürişine, münmezmi mekzesine bimaýaň.

Aziýanyň süňňüne sandyraklama salan Nedir şanyň ordasynda-da örküçlek bolup, olaň agramly bölegi top çöker ekeni. Taýgak geçitden aşmaly bolan bir ýörişde halys lüti çykyp, ýetdiren öküzler duran durna dönýär. Üstlerinde telim taýak owradyşyna, guýruklary döwüm-döwüm edilip, arkalarynda ot ýakylara gezek gelse-de, sered-ä, olar turarly däl.

Ine, şeýdip, adamlaryň paltasy daşa degýär. Geçitden bolsa aşaýmaly. Şonda ýigitleriň biri eger özüne Nedir hiç zat diýmese, öküzleri turzup, tonlary dartdyryp biljekdigini syzdyrýar. Bu ahwalata geň galan Nedir ejaza eden badyna, hälki esgeriň terzi üýtgeýär. Ol gök gübürdisine kybapdaş bükdürimli azym bile, kesmir-kesmir edişine, Nedirse sögüp ugraýar welin, gör-ä! Diri maslyga döküşine, läw-läşlige ýeten öküzler bar-a. Saň-suň edip, aýak üstüne galşyna, dazyrdadyp ugramazmy toplary.

Bu ýerden:

Ýer götergen sary öküz,
Bilmen niçe ýaşyndadyr
Dört müň dört ýüz aýaly bar
Hemmejesem döşündedir—

—diýlip waspy wazaňa salnan öküzleň düşbülik jähti, güýj gorabasy, özüni eldeki eden beter balasyna wepalylygyň mynasybeti görünýär.

Aslyýetinde tä traktorlar tarryldysyny artdyryp, ekin meýdanlaryndaky ähli aladany gerdenine göterip çä, ol türkmen daýhanynyň düýp daýanjydy. «Azal

sanyn adam bolsa, syňdyrma» diýen goraýşa gulluk eden ene datlammyz boýuturupdyr sama çowyny sazlap «Top janawer!» diýmesini goýmady. Ýer sürdi. Hyza bile desse çekdi. «Üçüň daşkysy ýaly» diýdiren boýnatmaç öküzçeleň yzyna çarhdyr çanak (gyzgan) tirkäp haram harman döwdi. Furgan bile saman-senir, bededir beýleki daşady. Agzykçy rejeläp, gowaça hatararalaryny bejerdi. Garasaý mährem malynyň maňlaýyny sypalaýşyna, «Göwnüm janym!» diýmesini goýmady.

Ine, bu ýyl bolsa, müçe tirkişeginiň sygyr ýyly durmazjan işgärdim Muhammet Saparlyň tabşyrygy boýunça sygyr hakda ýazyp ugran gurnama kürte kysmy bujagaz mahalam soňlanyberende şeýle pikire geldim.

Ynsan balasyna ýokawuntly ýardamyny ýetirişine, asyrlardan aşa-aşa, iň hamrak öý haýwany hökmünde özüni görkezen gadymy gäwmişiň! Durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülen soň sen bile biziň gözümiz öwrenişipdir. Aslyýetinde, sen, mürrwweti miselsiz il Ömsümtan jandar-a! Ana, şol mynasybetli biziň diňe bir sygyr ýylymyz däl, eýsem, müçedir garynlammyz, asyrdyr äralammyz hem aman, hem abadan gezsin.

## DOŇUZ ÝYLY ÝA – DA «DOŇUZ» DIÝLENDE...

Görsene, bi göwnügatlaksyz ynsan balasyna! Ol «Ýagşy niýet-ýarym döwlet» diýem ýörelgä iňňit edişine, elmydama gowylygyň gönezliginde. Herneneň galagotly günlere dahyl getirse-de, sölterip ruhdan düşmedi. Özüne saldamly syntgy salşyna, göwresindäki artyk zady aýryp, kes zady doldy.

Käte-käte «Işiňi ýamana san, ýagşy çyksa alynyňdan» diýip, şüküranaly pikirlere gaplansa-da, aglaba uçgunly umytlara ýaran boldy. Erany asyrlara, asyrlary garynlara, garynlary müçelere, müçeleri ýyllara, ýyllary pasyllara, pasyllary aýlara, aýlary hepdelere, hepdeleri günlere, günleri salkynlara, salkynlary sagatlara, sagatlary minutlara, minutlary sekuntlara tike-tike bölüşdirdi.

Şeýdibem «Güýz bile gyşarsy...» ýaly, çeme arkasy guramaz bir tutan ömrüne örän oýlanyşykly, hut, pirnazarýeti bilen çemeleşdi.

Ýyl başy syçan, sygyr,
Bars, towşan, luw, ýylan,
Ýylky, koý, bijin, takyky,
It doňuz boldy tamam –

—diýşine, her müçäniň laýkatly kökene köýerdi.

Gojalaryň gep salgyna görä haýwanlar ähli düzülmezmi seterä, täze dogjak ýyly garyp-garşylamaga. Başda-da boýny goşdan, kalby kireňsiz düýe janawer. Gözüni süzgekledişine, dur-da, köpekligini egerýdip. Şo halatam, ol oň jotdajadan diklemli bulagynyň düýbünde çala aňlylarly bir gybyr-sybyr edilen ýalam bolýa welin, näme, göwrümi gih aýasydabanmy, eýle-beýle maýda-çuýda pitiwa kylyp, kellesini silkelejek.

Onýança-da köpüň gözüne güýdüşip, dünäň depesine çykan syçanyň «Ana, ana, täze ýyl! Ana! Ony men gördüm, men. Özüne-de, ilki gördüm!» diýen jyňňyldysy çykýa-da, ol gaýdyrylyp düşegetdin, kürsäp urmazmy küldäki hinine. Ine, şeýdip, buýunyň belentligine buýsanyp, ýyldan binesip galan düýe pahyram

patanaklap ugraýar, janajygyna. Şo barmana-da, hälki külüň üstüne omraklaýyn çökegetdin, ekilmedik ýerinde gögeren çemeçe syçany nis-namut etmek üçin ugramazmy agynap. Ana, şondan bärem, düýe görgüliň kül gördüdi çöküşine agnap oýkanyp görmesem, şo syçandan kastlylygy üçinmiş.

Ýöne ýaşulylaň ynandyrmagyna görä düýe diňe bir syçandan kine-kütüw saklany bilenem oňmaýandyr. Ol ýyl üleşiginde özüniň gyrada galdyranlygy zerarly öňki mytdaçyklaryndan öýkeleýşine, ýeňsesini tüňňerdibem esli gezipdir.

Ahyry oňa «Bo-ho-how! Düýe dogan! Beýdip, böwrüňe diň salyşyňa, köp keýp bolup, özüňi horlap ýörme, uşak-düşek zat üçin. Biz seni uçursyz keramatly, taý tapylmaz piri güýçli saýýas. Sen işiginde bir çökeniňe ýamanlyk ýüzüni gökezeňok. Ilden öňürti ýötişiňe «Ýörüň, how, halaýyk, meýil baryňy Mekge-Medinä äkideýin» diýip, çarörä tarap gadymyny gerimlendirýän göwnüňem gaty gowy. Seň yzyňdan tirkelip, hatarkeşiňden ýapyşanyňdan suwsyz öler gümanyň ýok. Ys alşyňa, ahyry ýetirýäň olary guýyň oýuna.

Saňa sythyny baglanlaň bit basyp, arwah-jyn görer derdeserem aradan aýrylýar. Üç-dört aý agyňda ýatyp sen gäwüş gaýtaraňda oň ysyndan dem alanlaň inçekeseldir üsgülewikli lebsesiniň sypba-sypyrylýandygynam saňa biz aýtmaly däl-ä. Goý, şu günden şeýläk, seň süýdüň bişirilmesizden, ýüňüňem boýalmasyz bolsun» diýip, ýagşy nepes edenler, hawa, hawa...

Ine, şeýdibem, müň wawy-säkin bile kaddyny dikläp ýyllar kökeni kämilleşmezmi kemin-keminden. Beşer balasam, näme, deri ýagy bile deri eýläp, der döküşine, ýaşap geçen köne ýylyny ak arzuwlar arkaly salamatlap ýola ataryá. Täze ýylynam sangysyz göwün ýüwürtmelere gaplanyp, gutly-mübärekli garşylaýa.

Ine, bünem, biz Nowruz dabaramyzy dünýä doldurup, dokuz ýylyny garşylaýas. Ýöne boýun alan ýagşy. Hydyr gören çölüň eteginde hydyr görüp kemala gelen Türkmen aganyň ujasyndan uzap, ýanyndan ýaýranlar, aslyýetinde, doňzy gaty bir gowy görübem baranok. Ony olaryň «Dogry sözüm bar, dokuz ýüzüm bar», «Doňzuň agy näme, garasy näme?», «Doňuz ölse-de, hor-hory ýatmaz», «Salam bermedik nä doňuz, salam almadyk nä doňuz», «Eşek-doňuzdan mal almaz...» ýaly halk aýtgylaram tassyklap durandyr-la, daş ýany bile.

Emma doňzuň etini iýip, ham-dersine eýlem bermedik baba-kelanlarymyzyň doňuz ýylyny köp ýagşy görüp, oňa dokçulykdyr bol elinligiň özboluşly bir pursady hökmünde garandyklarynam bilip goýmaly. Öňkülemmiziň «Aç behişde barsa, it barar, dok barsa-doňuz», «Doňuz bol-dok bol» kysmy pähimlerem onuň kepilnamasy.

Şeýle-de, taý tapylmaz syzgyrylgy süňňüne siňdiren ata-babalammyz «Aýal akdan gaçar, doňuz garadan», «Doňuz gözi ýyldyz görmez», «Doňuz gökdäki gün bile Aýy aýyrmaz», «It ýyly ekeniňi, doňuz ýyly orarsyň» diýşine diňe özüne mahsus käbir hüý-häsiýetini ekedi-nokady bilen öwrenmänem ünsden düşürmändir.

Ol nädip böwrüne doňuz diňini salýar. Ol nädip ösüp, diklimligine duran gamyşy ganyş atman kesişine, dişiniň taplanyş örtügligini barlaýar? Ol näm üçin üstüňe atylyp gälýärkä, hiç ýaňa sowulup bilenok. Megerem, boýnunyň aýlanmaýany üçindir. Nämüçin doňuz batgada basmaly? Ol nädip düýşürgenýär?

Ine, irgezinden bu zatlary alyga alyp ugran atalammyz «Il aglak bolsa, doňzuň depä çykyp» kököň boýuna-başyna deňäp oturan akdyr gögüni leýs edip, soňuna suw çaýkaýanlygy üçin zaram iýipdir.

Danyşment dezmezim silli derýa ogly bolsa, doňzuň şaly ekilen agynyp, göwün solpudan çykýany üçin, ýany ýörite itli segbanlaryň saklanýandygynyň söhbetini yzlady.

—Gündizä, gürläp inýän guşlardan däne duran şalyny goraglap, biza-peteňiň çykar, çyrpyly sapanbile golak atyp, sykylyk çalşyňa. Ýassynlar boluberem welin, ýekegapandyr mekejinler iner, jojukly lakaşasyny tirkäp. Olar sürüp, agynap basgylaýşyna, arly ýylky azabyňy ýer-ýedsan edip barýandyr, asyl.

Şonda bir ýerden çagataý segsan çykar-da «Haý, Görsebasarym! Haýşabas!» diýşine, garadan gaýtmaz itleri bilen doňuzlary gyran-jyran edip ugrar. Şonda kellesi gazan ýaly bolup barýan doňzuň gulagyndan ýapyşar belaý-kelaý. Bäş-alty ädime çenli öň bile sarmanaklaşybam, birden bire, hälki doňzuň beýle gapdalyna towsup düşägetdin, býnuny gaňryşyna, gygyrdyp alar häkini.

Bir ýylam Tejende çişleme gawun ekilip, olam başyna gören ýaly blýar. Ýöne «Ýetimiň agzy aşa ýetende burny ganar» diýleni. Ýok ýeden gysyr emgek tapylagetdin, hälki gawunly gola doňuz darap ugramazmy. Özüne-de, ýöne-möne daramakmy diýsene? Tüýpli terneler toplap, suwy süýjäp-süýjemenkä, horkuldysy ýer ýarýan mekejinleň demine düşüp, tar-marlyga ýetmezmi.

Tejenlilerem näme, öz siňegini özi gorabilýän gurşunly kenek kysmy kişiler. Eýdip görselerem, beýdip görselerem, asyl, nebir gawunlary wer-tarkan edip gelýän doňuzloar per bererli däl.

Ahyry alaç tapman, bir oral çalan aýala sala salsalar, hälki «Oň ýaly bolsa, şo gowunyň bir çetinde çep tek tutup beriň maňa» diýşine, desbidäki ýeke özi göçüp barýar o ýere, ýarbozaja gaýyňy bile.

Şo günleriň ikindinleri hälki garyy aýal gazandyr ojagyna güýmenjiräp durka, güjügi birden-bire çyňsap gujagyna giräýjek bolup ugraýar. Şonda ol aýal «Be, bu görgüli nä ahwalata dahyl geldikä?» diýip, başyny galdyrsa, ana, bir ýortmakça ýolbars ýetip gelýär goşuna tarap. Onsoň hälki merdana maşgala:

Halaşirim, halaşirim,
Geleweri, geleşirim.
Senem ýeke.
Menem ýeke.
Me, şu ýaldan
Ýala şirim—

—diýşine ir ýalagyny süýşürmezmi onuň özüne. Ýöne ýolbars oňa bir göz aýlan ýaly edýä-de, ýüzüni sowşuna, gidiberýä eýlegere. Şonda hälki zenana ýanyndaky ýaggowurdagyň ýarragyny tebse çanaga salşyna, ýarty nan bile goýmazmy ysyrganyp ugran ýolbarsyň öňünde. Ine, şeýdibem, merdana mylaýymzadalygy bile ýolbarsy özüne ylykdyran, o maşgala hemmeler haýran galypdyr. O bolsa her gün gyzarikindinler öz ekdisini ýeňiljek ýallyşyna, tä eňňere bolynça doňuzlaryň aýagynam sekdirmändir gawunçylyga.

Ýöne gaýraty goýazy jepakeş çomrular sürmekidir joýaly gawunyňa girip, goýanyny tapdyryp ugran ýeke gapandyr mekejini çuň çukur gazyşyna, tutar ekeni,

güpbasdy edip, soňam ekinçiliginiň edil ortasynda ýakar uly ody alawlandyr. Oňa-da atar güýlüngi ýatan hynhary-doňzy. Onuň jyzyrdyly gowurmasynyň ysyny dumly-duşa doldurybam, dagy-duwara ekinine doňzuň toýnagy düşmez ýaly eder ekeni.

Duşakly şägirdim mirasgär Nurnazar Jumanazar bolsa, ir eýýäm esirän ýekegapanyň bir topar mekejini öňüne salyp obalaryna aralaşandygynyň gürrüňini berdi. Şonda hekim Çepek atly çalawuntly pyýada o ýekegapana böküp münşüne, towlap tutmazmy taýly gulagyndan. Ýekegapan nälme, ýüzüni sallap barşyna syrkyndyr selemeleň, gyzgyndyr garaklaň, çalydyr çetileň içinden zyrmyrylyp oturuşyna, Heki8m Çepegiň geýim-gejimlikden ýeke çermegi galynça okdurylybam, ahyry daljygyp ýykylyşyna tokga jany çykypdyr.

Başga bir gezegem gujury gaýratyna gatylyp duran ýanbemez ýigit atyny gorgunladyşyna münýä ekine düşen doňzuň söbügine, eli ýalyň gylyçly. Ony çapanja halatam, gör-ä, oturýeri wadywasylly ýetişikli bir peläket edil göz agyrysy ýaly bolgetdin, hälki doňzuň syrtyna goýmzmy syrtyny, jaýlaşdyryp. Şonda olaň ýanyna gelip ýetenleriň biri:

—Görsene, walla, doňzy uran garaýagyzam bolsa, syrtyny ýaglap, hezilini gören saryýagyz bold-ow—diýip dillenipdir.

Bu ýerde doňzuň ýa-da Kemine şahyr aýtmyşlaýyn, gara keýigiň könekillemmiz tarapyndan eti haram saýylan bolsa, oňa halk hekimçiliginde derman hökmünde garalandygynyň pursatlaýyn beýany yzlanýar.

Hakykatdanam, öňkülemmiz doňzuň içýagyny inçekesellidir çigrekläne, gury agyrylydyr demgysmala em etmese, onuň dişidir tüýüni gözdegmezlik üçin çaga-çolagyna dakyp, tagaşyksyz aşygynam ýanyna göteripdir. Göwresinde götarkalyk gijilewigi barlary gün dogansoň ýatan doňzuň üstünden ätledişine, çileli çagany doňzuň aňagyndan alnan gum goşulan suwa düşüpdir.

Hawa, doňuz dogrusynda şeýleräk garaýşa eýeren eždatlammyz atyň öň toýnagynyň edil saçyň etegindene ozaly ýarylmasyny doňuzburun atlandyrypdyr. Hemdemim Orazgeldi Baýramdurdy «Ata dag, dünýä dag» diýen ýörelgä eýerilip, doňuzburny demir bile ökde daglan, onuň dagy-duwara yzyna köwlenmez ýaly edilendigini nygtady. Ýöne doňuzburny garaýagdyr saryýag bilenem bejeripdirler. Onuň üçin toýnagyň daşyna hamyr aýlagetdin, garaýagdyr saryýagy gaýnadyp guýubermeligaýrynsyz. Eger baş galdyrylyp, wagtynda öňi alynmasa, toýnak towlanýa-da, baýrakly ýaryşlarda gamçy bulaýan bedewlerem işmalyna öwrülip galyberýär.

Gep gerdişine gelende ýerli demirçi ussalaryň ýagny, äkeňňirleriň diýseň sarç poardan doňuz tutar ýaly goşa sally doňuzgapan ýasandygyny bir ýere baran batlaryna, mallarynyň daşyna garym çapmaga ýetişmedik düýe çopanlaryň hem desbidähel depik ýarym doňuz göz gazyşlaryna, sürülerini şoňa gabap saklandyklarynam bilip goýan ýagşy.

Şükür bagşynyň agtygy Baýram akga duşügyň düzünde adamgataňňyrdan bäş-alty esse tapawutly, biýarasy garpyzyňky kybapdaş, sary güllü doňuz gataňňyryň bardygyny belledi.

Ata Geldi, Bäşi Anna, Gurban Allaberdi ýaly Dertli gojalar bolsa, öz töwereklerinde durşuna tiken bolup duran doňuzlaryň diýen ýazotunyň

gögerýänligini, onuň käte äw-sämje ýaş guzulaň gözünem alaýýandygyny ýatlap, gyş üçin basylan doňuzdagy sowuk-saýkada mallaň bala-derman edip iýýändiginem tekrarlap geçdi.

Hawa, on müň ýaşy arka atan Türkmen aganyň nesil ulgamynyň doňuz bile baglanyşykly ýerleri—sonarlary bir ýa iki däl. Olar sanap tükederinden has aňyrda.

Käbir huşy metde aksakgallaryň aýtmagyna görä, araplar orta Aziýa aralaşyp ugran uçurlarynda, Jeýhundyr Seýhun (Amyderýa-Syrderýa) aralygynda meýdan doňzuň gyrym-gyrç bolup, olardan öz goşunlary üçin, mungysyz azyk ýylalapasyny taýynlap araplaryň arasynda görülmedik gyrgynçylyk göge galansoň, doňuz eti haram hasap /?/ edilipdir.

Ine, bir saparam Myrada ikinji Gökdepe gyrlyşygyna döretdirmedikleriň biri bolan Molla Töre akga (1839-1895 ý) sopulary bilen akaryň ýakasynda päklenip gyraraga çekilýär. Edil şo mahalam, suwbile bir zat akyp gelmezmi düňderişip. Şonda ýaşuly:

—Bem, oglanlar, ýamaşgan arlanmaly bolaýmasak agşysdyr-ow-diýip, oýurganyp durka, suw bile doňuz maslygy geçäýmezmi bükdürilip.

—Aý, oglanlar, indi bor, ýuwunmasaňyzam.

—Näme, tagsyr? Bize-de düşündiriň-ä, bu eden hikmetli gürrüňiňiziň sebäbini?

—Düşündirsem, oglanlar, biz suw bile kilwanyň posuny akyp gelýärmikä diýip çak edipdik welin, eýgörmüş, huuň, ýagny, kergeden-doňzuň maslygy düňderilip geçäýdi.

—Be, tagsyr, kilwançyň posuny doňuzdanam haamdyr?

—Ony, oglanlar, siziň özüňiz oýlanyp bilmeli ahyryn, emin-erkin.

Bu ahwalat öňkülemmiziň bar zady mydama meňzeşikli mizana salşyna, ýürege jüňk jemleri gelendiginiň jedelsiz subutnamasy.

Başga bir ýola-da Nedir şanyňkyda düşlän Keýmir kör kaka saçagyň başynda süňk gemirip otyr ekeni. Şonda oňa degişesi gelip, bagry gijäp ugran Nediriň garpyz iýip oturyşyna:

—Be, seg (It) süýekçi bor oguşýan—diýip dillenipdir.

Keýmir kör kaka-da näme, gulagyna kaklaşan gepiň manysyna seçgi salyp, dölüni alşyna, onuň dokdur pakyny, dessine, aýyl-saýyllyga ýetirip, geplände-de, jaýdar jümlesine nakyl ýasawuny beribilýän halatly bir nazarkerde. Onsoň ony diýsene, Nediriň jogabyny nagt edip, petigulasyny bermejek. Şonda ol ýetirip-goýman:

—Seňki dogrudyr, Nedirguly jan: Aslyýetinde-de:

Seg süýekçi bor,
Doňuzam tarpyzçy—

—diýip, özüni ite deňän Nediri doňza meňzedipdir.

Hawa-la, biziň gojaman geçmişimize göz gezdireňde doňuz bile baglanşykly Jojukly, Jojuk aga, Doňuz güzer kysmy dürli atlarda nazaryň eglenip, meşhur Magrymgulynyň:

Bat alanda doňuz kimin topulyp,
Alys ýerden at salyşy gerekdir—

—diýşi ýaly, gerçek goç ýigitlere doňuz okgunlylygynyň arzuw edilendigi hem hyýalyňda janlanýar.

Hatyraly halypam Mäti Käse-de, babalammyzyň merdi-merdana goçaklara:

Horazyňky ýaly mertlik,
Towugyňky ýaly ýaňra-iňrelik,
Ýolbarsyňky ýaly ýüreklilik,
Tilkiniňki ýaly hilegärlik,
Itiňki ýaly sabyrlylyk,
Laçynyňky ýaly belent pikirlilik,
Gurduňky ýaly açgözlük,
Dunaňky ýaly hüşgärlik,
Gulanyňky ýaly guratlyk,
Doňuzyňky ýaly okgunlylyk—

—isländiklerini ýygy-ýygydan ýatlardy.

Öňräk Edrek akgaň ýanyna baramda, şahyr aşnam Hojaberdi Çarynyň doňuz ýylynymynasybetli makala ýazmagy towakga edendigini agzap, özüme goldaw bermegini soradym.

—Ýölötene düşemde ýerden örülne ýaly bir gaňrylmazyň «Ümür aga, ýaňy çykyş edip durkaň sorag beräýinmem diýdim-de, onda-da, gapyrga edip, soňa goýaýdym. Aýtsana sen! Käbir obadaşlammyz dokuz etini iýýär öýünde, bala-çagasy bilen. Onsoň bizem sadakadyr hudaýoluda, ýaşuň ýaly toý-tomguda olar bile bir okara el sokmaly bolýas welin, ana, şo taýy diýseň agyr degýä. Belki, bu babatda bize bir degerli maslahat berersiň, ýurt söküp ýören il ogly bolansoň» diýse-de, şonda men gözümi tegeläp, yuwdunmadan özge zady başarmadym-diýşime hantamaçylyk bile ýaşulynyň ýüzüne garamadym.

—Ýaňky ýaly soraga keçe kesen ýaly jogap beräýmek uçursyz çetin mesele, Ümür jan. Bilşiň ýaly, ynsan balasynyň näme iýip, näme geýýändigine serenjam salaýmak, ol ýylan begiň işi.

Ýöne beýik Biribaryň öňünde hemmeleriň deňdigini, diňe bir suwluk hakynyň bardygyny hemişelik hakydaňda saklap, öte geçmän, obadaşlaň bile deňdeş dem almaly. Iliň çeke durýan  zadyna gatyş gara-il gezik bolup, köpüň gözünden düşäýmelem däl.

Şeýle-de, «Keşidiň çekse, doňuz etem halal» diýen aýtgyň bardygynam bilip goýmaly. Galyberse-de, men saňa, Ümür jan, geçen asyrda Ors hökümeti tarapyndan gözi hamlanyp,  Sibiriň o çetinden çykarylan Annanepes serdaryň, ýagny, Annanepes müjewürüň yzyna gaýdyp gelýärkä, bir ýekegapanyň guýrugyndan aslyşyp,  gyrasy görünmez derýadan geçendigini, hemem atly Akgurban agamyzyň başlyklyk eden ýyllarynyň açlybasynda diňe doňzuň hasabyna et planyny dolup, artykmaç öküzlerini iň işeňňir kolhozçylarynyň bähbidine harçlandygyny aýdyp bijek.

Onuň dersine, käbir ýardyksyz, jan derdi başlyklar bolsa. ähli iýmini doňzunyň agzyna çyrşasa-da, barmagyna çolan zady bolmady ýekeje-de.

Onsoňam, Ümür jan, senden bir haýyş, doňuz ýylydyr doňuz dogrysynda bir zatlar ýazmakçy bolsaň «Arçyndyr häkimlemmiz şäherdir gaýry ýerlerdäki et dükanlarynda söwdany ýola goýanlarynda gara keýigiň göşüni satmak üçin aýratyn

gapy açaýsalar, gör nähili nepagaly bolardy il üçin» diýip, meň adymdan söz açanam ýadyňdan çykarmaweri—diýibem pugta sargady.

Hawa, biz täze ýylyň bosagasynda.

Ine, hä diýmän, ýüzümize sylyp, onuň gujagyna gysylarys. Ötenlemmiziň «Ýyl gelşi Nowruzyndan bellidir, ýar gelişi köýmetinden bellidir», «Nowruzda geçiň şahyny ezen ýyldan tama edäý» diýşi ýaly, hakykatdanam, biziň bu doňuz ýylymyzyň başy ygal-yslaňly boldy. Şenbede başlyşyna, yzyny ýagyş-ýagmyrly ençeme güne çeken hoşroýly howamyz ene topragy edil algynly hamyra dönderdi.

Maýsaly meýdanlara tenekar täsirini ýetirip, 22-nji fewraldan soň ösüme durşuna, «Daş ýakyndan maly güýdülen» atyzlara ýaraşyk salyp ugran bugdaýlaram gulagyndan çekilen ýaly etdi.

Ilki uçurlarda dişini gury çöp bile çalyp, agzyny ýaralaberen mal-garalaňňam dadyna ýetip, olaryň toýnagyny gemirmeden dyndardy. Käte jöwenek, käte-de gar sepeläp, öňräkki ýyl güneşe pyntyklary tözlenmä ýeten daragtlaryňam oýanmaly mütdetine çenli egnine galdyrdy.

Hawa, gadyrdanlar!
Hawa, jana-janlar!
Hawa, gardaşlar!
Hawa, syrdaşlar!
Täze ýylyňyz düşümli bolsun!

Ýöne gudratly Taňrynyň «Senden hereket menden bereket» diýşi ýaly, täze ýylda doly saçakly, mamur ojakly ömür sürüp, gitdigiçe gadamymyzy gerimlendirmäniň belli bir derejede özümize baglydygyny hemişe huşumyzda saklaýşymyza gaýrynsyz zahmet çekmeli.

Onda-da, ýüz-art etmän, il-ulusy aldaýşyňa, göz boýamak, ýa köneler aýtmyşlaýyn, bitmedik ýowşanyň düýbünden dogmadyk towşany turuzmak üçin däl-de, «Är dogry, ýol dogry» diýip, joşgunly zähmet çekmeli.

Özüne-de, agzyňda aş gatyklap, dil bile orak orman, ýalan ýabşyrma aňňadyňy birikdirmän, ähli işimizi döwre laýykatly, ylmy esasda gurap zähmet çekmeli, hawa, hawa.

Şeýle-de, «Daýhan mert, ýer jomart» diýen ýörelgä ten berşimeze, dört döwüm bolup, ýeriň garagönesini gazap, derläp, kirläp, çorlap diýseň netijeli, diýseň oýlanyşykly, zähmet çekmeli.

Özüne-de nädemizde näme gazanyp, näme ýitirjekdigmizi ýedi ölçäp, bir kesişimize, öýde tygşytly bolmanyň Hywa bilen söwda etmä deňe-deňdigini ýadymyzdan çykaryp, it biçeniňki ýaly gülkünç ýagdaýa ýetmezligimiz üçin, hut aýawlylygy baýdak edinip zähmet çekmeli.

Onsuzmy? Onsuz biz il agasy, nogtabaşymyz bolan ynsaby täretli Serdarymyz ýoldaş S. Nyýazow barha gaty gajadyp, ederini bilmeze ýagy ne hajatlygy alynymyza getireris. Özümizde önüp, daşymyzy dolamaly ýyl gallamyzdan dulumyza basybilmän, ýylyň-ýylyna ýoluna gyzyl pul düşäp, garabokurdaklygymyz üçin oňa-muňa weýran dilegini salmadanam dynyp bilmeris.

MÜÇEBAŞY

Milli mirasymyzyň datly dünýäsindäki:

««Syçan! Syçan!» diýersiň,
Syçan jany söýersiň.
Gaýry ýerde aňsaňam,
Künjüde-hä iýersiň.»

—diýen setirlere ser salaňda, syçanyň gijen gözlügi, ýetik, uçursyz mekir ally, ahmalyňy aňtap, jürüni dikibilýän bitewüntsiz bir haýwandygy görünýär. Daşyňdan düşübilýän şeýle içikdiriji jandarlygy üçinem, meger, ol müçebaşy bolandyr.

Ýylbaşy syçan, sygyr,
Bars, towşan, luw, ýylan.
Ýylky, koý, bijin, takyk,
It doňuz boldy tamam.

Ýapon rowaýatyna görä, täze ýylyň öň ýanynda Budda sowgat-serpaý edip, eli açyklygyny görkezmegi, galyberse-de, hersiniň adyna bir ýyl bagyşlamagy ýüregine düwüp, çagyrmazmy ähli haýwanlar könäni, öz huzuryna. Ana, şonda hem geçiň öň aýagy ýaly bolan syçan ýetişikli ýegensoltanlygyny edip ilki baran bora çemeli.

Biziň könelerimizde bolsa, täze ýyly görmek-garşy almak üçin çugrugyşan haýwanlaň başynda düýäň durandygy ýatlanýar. Emma çoçy görgüli boýunyň uzynlygyna buýsananson ap-arkaýyn. Asyl, al-asdyr ýok ýüreginde-de. Abaýtotsyrap abşarylyşyna.

Düýäň bu äwmez hanlygyny synlap syçanam, pursaty goldaw bermän, çemesi batyrlygyny ädegetdin dyrmaşýar ýaňkyň söbüginden.Golunyň gapdaly bile görünmän geçişine-göze güýdüşibem, ahyry münýä düýäň dik depesine.

Haçan-da, hemmeler heserlenşip ýasaw tapyp ugranda-da, düýäň gulagynda joňkaragetdin «Ana, gelýä, ana! Ony men gördüm! Men-men! Men gördüm ony! Ony men gördüm!» diýibem, çarboýlygyna tutuşyna, müçebaş öwrülýär.

Tüntaw düýe görgüläm nätsin! Hyrçyny dişleýşine, gözi gyzaransoň aždarhanyňky ýaly bethaýbat boluberen çalymtyl kellesini silkeleýä welin, syçan zyňylyp düşmezmi honda. Düýe-de özüni uçuryp atan emelbaz syçany basyp öldürmegi ýüregine düwşüne, ugraýar patanaklap onuň yzyndan. Onýança-da, näme syçanam sypjygynam sypjygy, köne küldäki hinine ugraýa-da kürsäp. Düýe-de ody bolmasa-da, kitüwkeşsiz däl. Tapyr-tupur çökýä-de, syçany öldürip, pis-pamut etmek niýeti bile başlaýa agynap.

Ana, dünýäň kül görse, çöküşi-de, agynap keýpden çykmasam, syçan bile hiç öçmez öçlüliginden galan bora çemeli. Ýöne düýe janawer diňe syçandan öýkeläni bilen oňaýmandyr. Töweregindäki jan ynanyşýan örüdeşlerindenem kine saklyşyna ýeňsesini tüňňerdibem esli geçen. Ahyry süýdüni bişirmesiz, ýüzüni boýamasyz ýagdaýa ýetirip, özündenem Hydyr görenligiň alygyny alansoň göwün-garyn etmesini goýaňkyrlapdyr.

Ýöne, syçanyň kösäniniň ýeke düýe däldigi, onuň pil pahyryňam entek pelegini öwrüp, gäbini azdyryşyna, juluny ters salandygy kime gizlin.

Ine, dag ýaly pil. Birdenem oň burnuna girmezmi hälki sypjyk syçan. Onsoň ýapy ýasaw pil, üfledigi asmana gaýdyrylyp gitjek ýüwse ýalak ýaňky myrryhyň hötdesinden gelibilmän, holtumyny silkeleýşine, edýän bodmaz, beýder bolmaz. Pygly pis syçanam jagyldyly dyrçanaklama bile, eýýäm oň zamanasyny jünnek edip, dagyrdaklap duran derejelere ýetirendir, gangusduryşyna. Ana, şol sebäplem, tropiki tokaýlarda ýörite gorp gazyp, eldeki etmek üçin pil tutýanlar peýdalanmazmy syçandan. Gürp basda gaçyrylyşyna bulagaýlyga başlap piliň aşagyna oklap.

Howa, syçan çak edişindenem netikaza. Monjuk ýasaw ligirdili gözem nirede goragly zadyň-da. Özem bar-a, oslamaýan künjeginden çykyşyna, ekilmedik ýerinde gögär. Daşdan jyklyşyna, ilk-ä, bir burnuny görkezer. Soňam jiňkerilişine, näme etsem-goýsamyň bardygyny biljek bolýan ýaly, gymyldysyz garar irikgälige ýetip. Niçikmi, terpenmän oturdygyň dag-a, köküger, eleini el çarpynşyna. «Be, bi mahlugyň ebti agyp, boljagy boluberen ýaly-la. Küpesinde keserip, edibereýin-le etjegimi» diýen kalbala-da gaplanandyr. Takatyň kemtik kakyp, birden bire gozganaýdygyňam, bar onsoň, götär ökjäni.

Birhaýukdan soňam gözüne sap atyşyna kürsäp udrandyr goş-kötelleň arasyna. Şeýdibem, başlanar şykyrdyly ýürege düşgünçlik. Özüne-de, hytyrt-hytyrtly o takyrdy ne gözel zatlary ele gelmez ber bibatlyga ýetişdirişine, nebsiňi-janyňy agyrdar.

Bir atym bar ýortagan,
Torba-tagar kertegen.

—diýen matalda hem haly-palasdyr keçe-kiýzi, atalowdyr gaýyn biýzi, argyş çuwaldyr ýorgany, çalçadyr sargany, sanaçdyr soky, kellekidir kaky... kerte-kerte nebir zatlary zer-zaýalyga ýetirip aladaňy artdyrýan syçanyň zelelkeş alaşeýtanlygyndan söz açylýar.

Oba durmuşynyň ajap aýdymçysy Agahan Durdyýewiň «Pul» pesasynda torban etegine gysdyrylan puly ýalaw ýaly dişinden geçirişine, tüýtmeläp taşlan syçana bolan ýigrenç örboýuna galdyrylýar.

Gojalaryň gep salgyna görä, on müň ýyl çemesi mundan öň Tigr hem Ewfrat derýalarynyň arasynda bolup geçen suw joşgunly tupanda dişi bile hytyrda-da hytyrda-da Nuhuň gämisini deşenem syçan ekeni.

Bu ýerden ynsan bile çerňeşip, dünýäň çar ýanyna ýaýran syçanyň ýakawuntsyz zyýankeşliginde nazaryň eglenýär. Ýöne gep gerdişine gelende, dile geldi, bile geldi edägetdin, bir hakykatam nygtamakçy: mundan üç ýüz ýyl ozal görmegine gül açdyrasy gelýän ýeňles ýeňňeler gaşlaryny gyrdaý-gyrdaý onuň ýerine syçanyň dilkawja çal guýrugyny ýelmäp, zynatam gözläpdir.

Aslyýetinde, göwresine görä, gujury goýazy syçanyň taý-tapylmaz gemriji, taý-tapylmaz göripliginden daşary dürli keselleri ýaýratma ukybynyň ugutsyz ulydygynam bilip goýmaly, ýeriň giňinde.

Türkmen kinosynyň ezber esgeri Hojaguly Narlynyň «Gelin» filmini ýatlalyň. Onda guýa gaçan syçanyň sürisini gyraryndan howatyrlanan ýaşulynyň gelni bile guýynyň suwuny sogdarýar sahnasy, gör nähili ynandyryjy.

Sakaçägeli Sähetguly aga Gurbanguly ogly bolsa, syçan ýuwdan ýylan etini iýen käbir kişiler birden-bire saraltma keseline sataşaýmagynyň mümkindiginem ýaňzytdy.

Şonuň üçinem könelemiz syçana ujyz daramandyr. Tärini tapýan başarjaň üňükl-ä, näme, ony urubam alýar. Beýlekirägem gapan gurşuna, tutap bäşden ondan. Ýöne öý şertlerinde syçana garşy göreşmäniň iň ähtibarly bir serişdesi bar. Olam pişik.

Şonuň üçinem, öz zadyňy özüňe nesip etdirmän, baryny ýoga çykarşyna, uly isripçiligi boýnuna dakýan syçanyň ýoguna ýanýan pişik örän ir eýýämlardan bäri alada bilen gurşalypdyr.

Pişigi nähak öldüreniň kyýamat-magşarda oň derisini dolduryp, tylla bermelidigi, bir ýagşyzadanyň bolsa turjak halaty öz donuna ýassanyp ýatan pişigi oýarmajak bolup, synyny kesip gidendigi onuň şeksiz şaýady.

Danyşment gojalar bolsa, Musaň ýeke toklusy diýen halk aýtgysynyň hem bir gapdalynyň pişikdir syçan bile baglydygynyň beýanyny yzladylar.

Musa kelamyllanyň ýeke toklusyny möjek aparýar, derisini goýup. Musa-da o derini myjyldadyp eýleýşine, ýanyna göterip ýörkä, bir bezirgene duşýar. Çopana ezmaýyş etmegi kalbyna galyplan söwdagärem hälki derini äkidägetdin, çalyşýa bir diwanaň goltugyndaky pişige, yza gaýdyp gelýärkälerem, olar düşlemezmi bir gümrük galsynyň gapdalynda. Şonda hälki pişigiň çöp-çolamyň içindäki syçanlay tuta-tuta setirläp goýşuny gören şa nökerlerem ony ýarym put tylla satyn alýar. «O-how! Bu biziň hökümdarymyzyň hazynasyndaky ýüpek parçalary kertişdirýän syçanlaň merkini beribiljek üýtgeşik bir jandar eken-ä» diýişlerine.

Howa, syçana garşy göreş kiçi-girim mesele däl. Onuň üçin sakdan sak, bekden bek bolmaly. Eger «Çaman ördek ir uçarlaryny edip, öňünden gaçmasaň, öýüňde ösňäp, bosup ugran syçanlar gäp basdyryşyna, ankaňy aşyr. Içerinde syçanyň ysy anbar alyp aýlanyşyna, diňe özünede däl, eýsem, gapyňdan garanlarda-da ýakymsyz duýgy döredip ugraýar.

Buluç garyndaşlar bolsa, öýde syçan köpelip, zaýaçylyk ýüze çykyberse, «Hojalykdakylaň biri eli egrilige baş goşup, hyýanatçylyga ýüz urd-ow» diýip, yrymam eder ekeni.

Hanhowuz özleşdirilip ugranda maňa şo taýda bolup, traktor brigadasyna brigadirlik etmek miýesser geldi. Ine, hanhowuzlylaň ýokardan aşaklygyna uzadylyp, agzy gaýrak garadylgy keppeler syrgyny. Olaň içinde-de dürli azyk önümli her jüre, her jüre haltalar asylgydyr. Gapyrgadyr ortagaçlara kakylan merdemsi çüýlerde, syçanlardan goraglanyp.

Onda-da öjüt-möjüt kibi syçanlar pes düşüp, hakyny gidirli däl. Ilk-ä olar, kepbäň iç erňeginden ýöräp, ýaňylman-ýazman otagaçdyr beýlekä geçerler. Soňam dagystanly darbazçyň simiň üstünde emin-erkin oýnaýşy ýaly äwmän-alňasaman, köwşe bagjyk edibermeli şilbir ýüňlerden sallana-sallana, söýlän haltasyna aralaşar. Şeýdibem, yzyndan gelen köpme petirdir külçä, ýagly nandyr algynly özünden öňürti «Bissimilla» eder.

Ine, şeýdip, eze-beze boluşlaryna, dagdylyga ýeten oglanlaň birden syçana jyny düşdi. Ýerli ýerden aýaga galyşlaryna bir öldürmek-öldürdiler. Emma aňyrsynda ulgamly urusy bar ýaly-da ediljek. Onsoň awylanan bugdaý ulanyp

ugran ýigitler çüýşe döwügi un ýaly edişlerine ezilen nan bile gyryp başladylar-da syçanlary.

Gutly Juma, Agyrhan Atajan, Aşyr Begmet, Gurtjan Lammy Juma, Orazmyhammet Aşyr, Öwezdir Orazmyrat Şalar, Jumamyrat Juma, Berdi Garagul, Seýit Aba, Tiç Meret, Agabaý Çoluk, Salyh Nazar ýaly huşunetdalar bolsa, 1912-nji syçan ýylynyň aşa syçanly bolup, «syçanlyk ýyly» ady bile çekirtgelik ýyly ýaly bolup, türkmeniň hakyda taryhyna girendiginem nygtadylar.

Şonda çöp-çör ýaly bogsy syçanlary çöpleý-çöpleý halys haýy gidip waýy galan pişikleň dag-a syçan bile serem ýok. Gulagyňdan gyjyklap, gerşinde guýruk tutdy oýnasalaram. Garrylaň käbir ezberlerem çatmadyr beýlekide oturan ýetinden, üýşürilgi gawunlary iýip-içip barýan syçanlary ýaýlap, gara gap edişine, düzer ekeni, ýylgyn çişe. Öýde ojagyň başynda damak-soky edýän aýal-ebtatlar bolsa, edil açmazyndan çukur gazynandyr. Onda-da laýykatlyrak gaby ýerleşdirip, içinem doldyrlar suwdan. Şeýdibem okara-çemçedir azyk owkadyny göz açyp ýumasy salymda göz-gülbanlyga ýetirip taşlaýan syçanlary suwa gaçyryp gyrar ekenler.

Aşyr Anna Durdymyrat ogly syçanlyk ýyly özüni syçanlaň dişläp, gyzyl-ala edendiklerini nygtasa, Edrek akga öz ejesi şahyra Uzan ussa Käsip gyzynyň kaşamly sandygaýagynam ýalmawuz syçanlaň eleme-deşik edendiklerini nikartlady. Gülkamar Ata Nurmämmet aýaly bolsa, öz gaýyn agasy Çary Helebaýyň şo syçanlyk ýylynda bugdaýly atyzlary syçanlaň laýs ediji çozuşlaryndan goramak üçin gören görgülerinden söz açdyk. Başga bir ýyl çölden süri-süri bolup inen pyşbagalaň tümmül suwuny beräýmeli bugdaýlary basalaý-basalaý ýere ýazagetdin, daýhanlaň arly ýylky azabyny reýgan edendiginem tekrarlady, gürrüňden gürrüň çykanda ýaňy-ýakynda Hytaýyň Şençžen şäheriniň ýolbaşçylary hem ilatyň sanitariýa ýagdaýy ýaramazlaşdyryp, maddy zyýan berýän syçandyr alakalaryň garşysyna barlyşyksyz göreş yglan edip, her bir tutulan gemdiriji üçin altmyş sentnere barabar bäş ýuan baýrak beriljekdigini aýtdylar. («Mary şahy jahan», 13. 02. 1996ý.)

Gurbanberdi Öweznyýaz ogly diňe bir syçanyň däl, eýsem, onuň damar ugry bolan alakalaň özboluşly galladar hökmünde ýakasyny tanadyp, käbir ýyllarda çomryny uly zeleli goýandygyny belledi.

Ine, ýörite ýasan ýodajygy bilen ýorgalap barýan alaka. Ol bir meýdan ýöräp, bugdaý başagyny kertip ugraýar. Özem olaň gylçyklarynyň ýekejesini dagy goýaýsa nädersiň. Soňam ýaňkylary ýörite gazanan çukurynyň üstünde edil el bile goýlan ýaly edägetdin, şeýle bir rejeli örleşdir weli, eý-ho! Ýöne başyňy ýaýkaýmalydyr.

Mazaly boldum edensoňam, ýaňky başlaň aşagyndaky çukura girer usuljak bile. Guýrugynam edil ýüpe çykan ýaly edip, öňe uzadyşyna dişläp belaý-kalaý. Şeýdibem hälki başlary getir gazyp gaýan urusynyň ýanyna. Oň urusam, näme çopan gazanyň agzy ýaly, ine şeýle. Dört ýanam girelgili. Içem horazyň gözi kysmy guşgursak däneden doly. Gapdalky agyzlaram her bir önýeten kürsäp uraýmaz ýaly yşgalaňsyz örülen başlar bile hyryn-dykynlyga ýetirilgi. Ahyram näme, ählisiniň üstüni ýumşaksy çöp bile basyrşyna, gümra boluber baga dertleri bile.

Gahatçylyk howala bolanda alakalaň şeýle hem urularyny köwläp, bir put-ýarym put däne edinenleň ökjesiniň nägadyr ýeňil gopjakdygyny biliber özüň.

Hawa, alaka-da, balarydyr garynja kysmy uçursyz işeňňir, galyberse-de, pursaty duşdan geçirmän, ýyl aladasyny edibilýän jandarlaryň kowmundan.

Bir ýola meşhur Magtymgulynyň garry atasy Magtymguly Ýonaçy gysby güzeranlygy zerarly argyşa gidýär, uly kerwene dyklyşyp. Ýöne orta ýola ýetmänem ulagy durýar. Onsoň şo taýda kegjallyk girdabyna dahyl gelşine oýurganyp otyrka-da, gözi düşmezmi bir kör syçana. Ol töweregindäki ot çöpleri sermeläp, hinine daşyşyna öz derdi aladasyna mübtela ekeni. Şonda Magtymguly Ýonançy «Gör-ä, bi kör syçany!» Ol şu durkuna-da, eplenip ýataýman, aldygyna gydyrdanýa.

Men bolsa, başym-gözüm bijirim, janymam sag. Şonda-da, ýerine ýapyşman menzil aşyp argyşa gitmän kül-külüne düşüşime, görgä galyp ýörün. Eger kör syçan şeýdip, süssenekläp, öz hajadyny görýän bolsa, men näme üçin ýerime bejerip, oňa yhlas siňdirişime, ondan geregimi almaly däl. Ozalybetinde, «Uzak ýeriň bugdaýyndan, ýakyn ýeriň samany» diýen gepem bolmal-a bizde. Şoň üçinem menem. «Eli döwük işlär, göwni döwük işlemez» ýörelgesine ten bereýin-de, kör syçan kibi ýerimiň gara gönesini gazap, gel, güýç-gurbumyň baryny şoňa bagyşlaýyn diýşine-de ýüregini bire baglaýar.

Hawa, baba-kelanlarymyzyň ömür ulgamyna dykgatly göz gezdirende syçan bilen baglanyşykly erteki rowaýatlarda, şonuň bilen birlikde-de

Öli arslandan,
Diri syçan.

Galtaman garrasa,
Ýalançy bor.
Bürgüt garrasa,
Syçançy bor.

Syçança duşmanyň bolsa,
Arslança gör.

Syçanyň ölümi,
Pişige toý.
Pişigiň ölümi,
Syçana toý.

Pişik syçanyň gözüne,
Gaplanmyş.

Pişşim- pişşim pil öser,
Bulut oýnar ýel öser.
Bu ýyl munda sopy agan,
Gelen ýylam serbeser.

Pişşim- pişşim mawana,
Syçan awlar awuna.
Bu ýyl munda sopy agan,
Gelen ýylan serbeser.

—ýaly halk nemunalarynyň ençemesinde nazaryň eglenýär. Olarda syçanyň çalawuntlylyk jöhti, ukyplylyk derejesi, töwekgelçilige salyp, zelelkeşlige baryp ýetişi bütin aýdynlygy bilen beýana getirilýär.

Käbir atlara müçebaşyň göwresine kakuwdaşlygy mynasybetli syçanguýruk, syçangulak, syçanmurt ýaly laýykatly atlary goýan könelemmiziň syçan ýylyna garaýşam diýseň dokuşykly. Ol dokuşyklylygam il-ulusyň gadamyny gerimlendirişine, alnyndan ak gün bolup dogupdyr.

## DÜÝBÜŇE KIR ÝYGNAP

Gaýçy gardaş, inem gaty ýüzi gaýzalardan-56, Öme-duma egilip, ezmaýyş etjeklerden däl. Dört-bäş güne galyp-galman üstüme howala bolşuňa, çetinden girägetdin, gyrkydyp taşlaýaň-da.

—Wah, derman dogan! Sen agzyňy-burnuňy towlap, maňa pyh diýjek bolmagyn. Eger wagtal-wagtal gyrkyp gözüň oduny alaýmasam, düýbüňe kir ýygnap görene gülkem borsuň, sen.

## KELLESINI KESSEŇIZEM

—Aý, janym agam! Biziň-ä bir atdarha bazar-pet ýeňimiz çykdy. Aňyrdan gelşine, mal-garanam bilenok, çaga-çolagyňam. Ýuwdup-ýalmap, gyryp-gyrjap, halys nekabadymyzy gördük.

—Şükür, kelläňiz ýerinde. Bir allanäme-de akyl-huşuňyz barlar. El-aýagyňyzam aýy çeýnemändir. Onsoň näme, gylyç diý-di, Kösse diý-di, gökdemir götereniňiz ýerli-ýerinden aýaga galyp nažadyňyzy görmeli ekeniňiz-dä.

—Wah, her gezek gelende kyrk kellesinem kesip, halta salaýmaly etsegem, 5 iriniň ýerine müň dörär diýenleri. Ýene aňyrsy bilen ýigrimi günden öňkülerinden alyp bolup, kükräp ugraý-da, jan agam.

—Be, şeýdäýseňizläň! Oň ýaly bolsa, indi çarkanak ugrasa tükel ähli kellesini kesiň. Öser ýerlerinem boýa köwlän ýaly ötägetdin, yzyndanam jazyrdadyň-da, öte ökde ot bile daglaşdyryp çykyň. Onsoň nädersiň, ojagaz aždarhaňyzyň daşyna ýag garyş üwmek bolaýsa.

## AZAP DAGYNYŇ AŇYRSYNDA

—Aý, agam! Saňa «Daýhan doky, ýere taşlan tohumy yrýasyz çykýa. Onsoň ekinem başyna gören ýaly bolýa» diýdiler. Bir maslahat berseň, bize-de, tohumymyz müňlär ýaly.

—Görýän weli, seň çynyň. Diýmek seň, ýygnap-ýygşaryp bolmaz ýaly hasyl alasyň gelýä. Şeýlemi? Şeýle bolsa, onda sen nät diýsene!

Ine, şu atyz bar-a? Şoň ortarasynda bir altyn gazyk bardyr. Ana, şoň daşyndan aýlanyp gaýdyber.

—Wah, şeýdip, bir töññelisinden tutup, dogryňdanam gel-ä-diýen kişi baryp, aýagyndan irinçä aýlansa-da, gazyk küje, zat küje.

—How, halypa, seň ol altyn gazygyňy tapmadymla, bi toýnagym tozynça aýlansamam.

—Be, onda sen azap dagyndan aşman, gyzyldan gazygy bärräkden gözläpsiň-ow!

Aý ini! Ini! Ýere ýapyşyp, nan iýjegiň çynyň bolsa, ilki dört döwüm bolup, derläp, kirläp, çorlap azap dagyndan aşmaly. Ana, onsoňam, näme, kemin-keminden yrsdyr bagtyň altyn gazyga baglanyp başlaýa-da.

## UJYNY DÜWMEDIK IKI ÖTÜR

Ir eýýam birpatyşa aýalyny yzyna tirkäp bazara barýar.

—Hany, balyk alsana kakasy?

—Bor, oglanlaň enesi-diýen hökümdarlaram iň uly balygy söwdalaşmazmy.

—Heý, akmak şa, seň balyk nämäňe derkar. Gaýtar yzyna!

—Indi nä ýüzüme gaýtaraýyn?

—Şunyň «Erkekmi-urkaçy?» diýäý.

—Haý, agam, munyň erkekmi-urkaçy?

—Humsa. Ne erkek, ne urkaçy, patyşahym!

Şeýle jaýdar jogaba göwni galkan patyşa balygy gaýtarmadan-a elli bizar, gaýta, satygça ýene bir ýanawuç pul bermezmi. Onça zada haýran galan bakgal bir teňňäni elinden gaçyrsa-da, bada eglip, ony gysymyna gysýar.

—Hany, puly yzyna al, beýdip elikme-de. Ýogsam, hazynaň soňuna sogan ekersiň, sanlyja günde.

—Waý, ony nädip yzyna alaýyn-a, indi?

—«Sen, baryp ýatan ynmsapsyz ekeniň. Ýeke teňňänem ýere rowa görmän, ýerden göterdiň» diýdi-de, al, puluňy basymjak.

—Sen-ä, bir doýmaz-dolmaz ekeniň. Näme üçin şojagaz ýeke teňňänem aýak aşagyndan göterdiň?

—Sebäp, kyblaýy älem, o teňňede seň adyň bar-a.

Ol jogaba güýlüp gyrkaýmaly bolan hökümdar ýaňky danyşmende ýene bir goşawuç teňňe beren.

Soňam «Sapagyň ujuny düwmeseň iki ötirsiň. Heleýiň diýenini etseňem kän çawaklarsyň» diýip, jar çekdiren.

## ENGUR IÝESI GELEN TALYP

Nowaýy bazaryň golaýynda ders berer ekeni, onda-da alymlara. Bir gezegem şahyrlar şasynyň bazarda gezip ýören ýetim oglana syny oturyp, ony ýanyna çagyrmazmy.

—Biz sizi okatmakçy, eger göwneseňiz.

—Göwnäp göwnärin. Ýöne mende ne ene, ne ata, ne harç, ne beýleki bar, aga.

—Okasaň bolany. Üpjünçiligiň gürrüňini etme. Şeýdip, ýetimek okap ugramazmy. Ine, bir günem onyň üzüm iýesi gelip bazara barýar. Ol laýdan ýasalan ýaly bolup duran bakgala bakyp:

—Siz maňa bir gadak engur beriň. Bizem oň muzduna ýasyn okap bereli.

—Näme?! Hany, göteril şu ýerden. «Ýasyn-tebärek» diýip, emel edäýjeksiň welin, bu hiläň bilen-ä, üzüm dadaýmasaň gerek!

Ymsynan neresse hüjrejigine girip, gaplanyp otyrka-da, Nowaýy gelmezmi.

—Hazreti halypa, bize rugsat beriň. Siziň öwreden ylmyňyz bir gadak üzüme geçmejek bolsa, ile sahawatsyz ylymdan he peýda?

—Onda biz, şu daşy şo söwdagäre beriň-de, üzüm alynyň. Ýöne Engur bermediň halatynda-da, daşy ýitiräýmäň.

Ýene ýarym sagat geçip-geçmänkä, oglan eli boş dolanyp gelmezmi.

—Näme, ýene bermdimi?

—Ýokla. Gaýtym «Indem bir zyra-zyra daş äkelip, üzüm iýmekçimi?» diýip, daşlap kowdy.

—Onda, siz bu daşy bir tegelejik teletine berk baglaň-da, ony pylan ýerdäki alymsaýa tutuň. Ol näme diýerkä? Eger ol çyndan alym bolsa, bu daşy üç mertebe ýüzüne sylyp, möhümiňizi bitirer.

Halypasyndan o sözi eşiden ýetimegem haýal etmän, barjamly dananyň huzurynda dikelýär.

—Bo-ho-how! Jan ogul! Seň munyň bizde dursun, häzirliikçe, size näçe gerek? Ýüz müň tümen bolarmy?

Ine, şeýdip, hälki ýetimek üzümdir beýleki gerek-ýaraklaryny alnan. Galan pulam başyny bozman halypasyna gowşuran. Nowaýam, näme, desbidähel, oň üstüni dolýar.

—Bar, indem gidägetdin, muny tabşyr-da, daşy äkel.

Şägirdem aýagyna ýel daňlan ýaly bolup barşyna!

—Agam jan, ine pulyňyz. Bereniňize, duranyňyza alla ýalkasyn. Indem düýnki daşy dolandyraýsaňyz? diýmezmi.

—Oglum, şol daşy bir gijelik bizde goýup gideniňiziň hormatyna, saňa getiren puluňam bagyşlaýan. Ine-de daşyň!

Şondansoň halypasynyň ýanyna dolanan ýetimek Nowaýydan magny bilmeziň ýanynda hardyr hamyryň garyp-gatymlyga ýetirilýändigi hakdaky siňňi söhbete diň salypdyr.

## «YLMY ÝETIGIŇ ÝOLY KÖPD–Ä»

Gojalaryň gep salgyna görä, Şamyrat Welpamy Baýramaly hanyň garşysyna gaýdypdyr. O wagtam damaçyňy çalyp gelýän sowuk, gyş-garalyk ekeni.

Ine, şeýdip, Buhara emirliginden garadymy Merwe tarap ugran agyr ýygyn bir ýerde täret gylyp, ertir namazyny okamaly bolmazmy.

Şonda Şamyrat Welnamy:

—Millam diýip, dili senaly hatymkerdesine ýüzlenýär. Görşüň ýaly derýa doň. Buzy böwsüp, bör-bösňi bolup ýörenden, suwa täret gylman, adamlar teýim edäýseler nähili borka?

—Aý, hökümdarym! Gapdalyňda baýa minnet suw barka, aňsadyna bakyp ýer tartyklap ýörmän, buzy böwsägetdin täret gylaýma-la.

—Heý, mollam, seň şerigatdyr kowahatyňda oň bir ýagdaýa göräräk. «Yrym-yrym, ýom-ýom» edäýmeli täri beýlekisi ýokmudyr?

—Ýok, hökümdarym! Onsoňam, din yslam ýolunda gaty bir aňsadyna bakylmaýandygyndan siz habarly bolmal-a.

—Onyňyzam-a, dogrusy-dogrudyr welin, mollam-diýen Şamyrat Welnamyň adamlary şondan soň sowuk suwa täret gylmazmy, buzy ýaryp.

Ýöne hälki mollaň, özi welin, eliňi-aýagyňy gyýyp gelýän sowuk suwa barmagyny batyraýsa nädersiň. Gowadaklap bir çöpüň aňyrsyna duwlanyşyna, egnindäki ala donuny köwlümlendirip oturan ýaly edýär-de, şo bada-da turuberýär çalganaklap.

—Bä, mollam! Ile buzy böwsetseňem, özüňiz ýaman ýeňiline ýapyşdyňyzla? Näme seň din yslamyň köpüň däl-de, diňe özüň ýalak alaja gözi ýassyksyz, kak çekse takwaň bähbidini yzlaýamydy, asyl?

—Aý, hökümdarym! Ylmy ýetiň mollaň ýoly köp bolansoň...

—A-ha-ha-a! Şeýdiýseňizläň, asyl?! Oň ýaly bolsa...

Peşap! Jellat!!! Indiki gapaty galkjaklara-da unudylmaz sapak bor ýaly, bujagaz mollany bir buzuň aşagyndaky şo kän ýollaň dolanmazyna dykyp goýber, haýal etme-de.

## ENEŇ AGZY BIMAZAKA OGURLYK EDEN BOLSA

Öňem iki sany aýran-jöwren ogry kyrkyndan soň toba daýanmazmy. Ine, bir günem, şeýdip, ile meňzäp ugran hälki peläketler gaýtadan duşuşýar.

—Nirä barýaň?

—Garbanmaga.

—Nä ýanyňda gyran-teňňäň baly?

—Ýok, nä seňki bamy?

—Meňkem ýok

—Onda näderkäk?

—Nätmeden hudaý saklasyn. Bolmasa ýene şol öňki tilkisi gury zypdurynlygymyzy edäýmeli borus-da.

—Indi bir beýtmäli-le, halypa.

—Beýdemizde näme, biribaryň öňünde ozalkymyzdan artyk bergi-borja bataýarys öýdýämiň?

—Ýok-la. Biz bir doga ýakasy gaýyşl-a, özüň aýdýadyň-a «Ikimiziň ejemizem agzy bimaza bolup aş saýolanda ogurlap zat iýipdir. Ana, şoň üçinem biz taý-tapylmaz ogry bolup dörändiris» diýip. Heý, halypa, opsoňam «Gan bilen giren, jan bilen çykar» diýen gepem bar-a.

Onsoňam, aýdyp otur. Ine «Ogurlyk edelem» diýdik-dä, hany kimiň zadyny uşlap, kimi aňňalak gapdyrys. Aýdyp otur.

—Heý awy üstüne gelmedikdenem bir ogry barmy? Han-ha, seret! Bir ýaşuly ak eşegini idip gelýär. Gel, şony alýaly.

—Alsaň, şony satmak meň bilen. Ýöne ogurlamak, goja sepini bilmez ýaly etmek seň bilen.

Şondan soň ogurlaň bir-ä, eşegiň pagtasyny sypyrýar. Beýlekisem, nogtany başyna geýip, ýaşulynyň yzyna düşüberýär.

Hälki aksakgal öýüne geliberende, elindäki ýüpüne agram düşýär. Ol yzyna garasa, täsin galaýmaly, ak eşeginiň ýerine sakgally sarmyklybir adam boýnuny gertdirip dur.

—Ýeri, how, nogtaly bende, bu ne ahwalat?!

—Aý, bu ýerde düşünmez ýaly ahwalat ýok, jan agam. Bir pyssy-pyjurlyk ädemde, atam meni jadylap eşege öwürdi. Indem, müddetim gutaryp, öňki kaddyma geldim. Indi ygtyýar sende. Ulanaryn diýseň-ä, ynha, men. Bolmasa-da, näme, öňki eden hyzmatyma kaýyl bolup, berersiň-dä, rugsadymy.

—Oň ýaly bolsa, bar alan galaň özüňki. Sen menden ýaňa suwdan salkyn.

Onsoň näme, şeýdip, eşeginden el ýuwan ýaşuly öýüne barýar. Äriniň elini burnuna sokup gelenini gören aýalam ot gapyp ugramazmy.

—Haý, sakgaly kesilen! Häzir öýde pul bar, azak-tenek. Senem näme, takylan janyň çykaýmasa, eşeksiz oňmarsyň. Şoň üçiribem, gir-de, gyzgyny bile bir eşejik alyn.

Bu maslahaty makul gören goja bazara barsa, ýene şol eşegi öňünde, guilagyny sallap. Şonda ol eşeginiň gulagyna:

—Haý, bi syrat! Nä ýene ataň seni jadylaýdymy? Indi takylap janyň çykýanam bolsa, men-ä seň golaýyňa barmasam gerek diýip, çawuş çakmazmy.

## HAJYLYGYŇ ÖZI ÜSTÜŇE GER ÝALY

Ine, diýseň döwletment, asyl, depseň yranmaz gurandaly eý. Gamyşlkar gaýym. Üzükdir serpiginem germäge göz gerek. Edil ylahydan gurlan ýaly. Iç-daşlarynda dagam ýaýrap ýatan ýekeje çöpe gözüň düşäýsin-dä. Päkizeden serenjamly. Ýag dek-de, ýalaber.

—Bo-how. Oglanlaň ejesi. Bu goňşular gapdaldangelýän gowurmaň ysyny alýamyň.

—Alýan-la kakasy, özüne-de, şol ys agzym bimaza bolansoň, birhili, nekabadymy görüp, başymy-gözümem aýlap gelýä-de.

—Oň ýaly bolsa, oglanlaň ejesi, maýdalaň eline gamyş okara tutdurdy-da, diledäý azajyk. Ýogsa, birden ymsynyp, öt galyşyna, işiň ulusynyň başyny tutagetdin, boljak çagaň gözüni göm-gök edäýme.

Ýok-la, kakasy. Ine, hä diýmän goňşy okara diýip, özlerem ekerler-ä-diýen öý bikesi her näçe hantama bolsa-da, dadymlyk nire, zat nire.

Şondan soň agzy suwara- suwara saklanybilmedik görgüli goňşularyna garşy ýönelmezmi.

—Aýu goňşy, gurgunmyň, sag-salamat oturanmysyň? Aý, menem ertir kakasy Mekge-Medinä haja gitjek bolansoň «Oňa bir şüwlümlije unaş bişirip bereýin-le» diýdim-de, elegiňizi soramaga geläýdim-dä.

—Geregiň elek bolsun, jan dogan?—diýen hem saýasy kepgirli elini gowurmaly gazandan aýryp, elegi uzatsa-da «Al, goňşy, iý. Iň bolmanda nan batyryp, duzuny dat. Üstüne gelensoň» diýäýse dagy nätenet.

Ine, şeýdip, o maşgala ýuwduna-ýuwduna yzyna dolanýar.

—Kakasy, şu gün-ä, goňşulammyza bir döw çalan ýaly, hödür-keremden elli bizar.

—Ýa, heý, ejesi, ine men olar bile «Ertir gara daňdan haja gidýän» diýip, hoşlanyp gelmekçi. Şonda maňa «Hany, bäri gel» ederler-ä. Ana, şonda saňa-da bir şoruňy ýapyrlyk äkelmän alajyny ederin-dä, diläp-tirkäp.

Emma gün ýaşar-ýaşarda goňşusynyň gapysyna baryp, oň bile allaýarlaşan kişä gel-geçem ýok, saçak başyna oturam. Onsoň näme, olam öýüne gelşine «Be, kyýamatlyk goňşym bile ara çözülmez düwün düşäýdimikä? Goňşy okaran-a goý, baýaky zat diýeli. Ýeri, özüň gazarylyp üstüne barsaňam, ýüzi buz ýaly bolmasa-da, «Düşekden otury, tagam dadyp gidi» beýlekisi ýok. Göräý, şu taýda bir ýaşyryn sowuk-saýkalygyň gözi ýyldyrap ýatandyr, hökman. Özüne-de, edil haja gitjek bolup durkam, şu dara-direlikde diýsene. Ýok, men bu ýagdaýda ynjalyp gidibilmen ahyry haja, oň sebäbini saýhallaman» diýip, içini gepledişine ýoňsuz oturýar.

Ahyrnam, ýüregini bire baglaýşyna, barmazmy ýene goňşusynyňka.

—Aý, jan dogan. Men-ä, ýanyňa geläýendirin, tara tapman.

—Be, tara tapyp tapman, men-ä ikimiziň aramyza tow taşlabiljek ýokmuka diýýän bu jelagatda.

—Onuň-a dogrudyram welin, ine. şu gün ilk-ä, sizden goňşy okara dadymlygyny tama etdik. Ol-a bolmady. Soňam aýalym, yz ýanyndanam özüm gelip gitdim. Emma «Gowurma gowurýas. Hany, bir duz dadyň», beýleki ýok. Onsoň menem «Ara taýak taşlanypdyr-ow. Ýogsa, beýl-ä, bolmaly däl. Hany goňşyma ýüregimi açyp, dogrymy bir aýdaýyn. Dil degşir adamlammy ynjydyp men, asyl, haja gidip bilmen-ä» diýip, ýanyňa gelşim.

—Wah, goňşy jan. Ikimiziň aramyzda eýle-beýle zat, häzir-ä ýok. Ol, enşalla, geljekde-de bolmaz. Ýöne, şu günlükçe, goňşy okara uzadyp, hödür-kerem etmänligimiz üçinem öýkelemäň, jan goňşy. Sebäbi diýseň, hawa, hawa, jan goňşy... Indi iki hepde bäri garyplyk-gahatlyk gapymyzdan girdi. Ýer gatyda gök yrak bolansoň, çagalar dişiniň kirini sorup, öte ýatyp ugrady. Onsoň menem «Näden nä bolaýarka?» diýip, küreniň çetine çyksam, ine, gelerip haram ölengoýny bir hendege taşlapdyrlar. Taňrydan gizlemedigimi bendesinden ýaşyryp nädeýin, goňşy jan. Menem ony getirdim-de «Hany gowur. Çagalar aç ölmese bolýa-da» diýdim, çagalaň enesine.

Onsoň haram zady biz nä ýüzümize hödür edeli, siz ýaly dili senaly kişä?

—Wah-wah-eý. Şeýdiýsene?. Menem «Goňşym bile arama enjebiýlik düşendirow» diýip, tut-da-bas. Oň ýaly bolsa, geç günämi, jan goňşy.

Eger obamdyr goňşy-golamyma şuň ýaly ýowuz tuta-keslik gözüni görkezen bolsa, onda men at münüp, atan (ol agtalanan erkek) gomap haja gidip oturmaýyn.

Eger-de. Şoň üçinem, haja harçlajak harajadymy il-ulusym bile deňje ýalaşaýyn.

—Aslyýetinde-de «Bir ajy doýurmak haçdyr» diýen gepem bolmal-a. Şeýdäýseň-ä, hajyň özem üstüňe gerdi, jan goňşy.

## DÜŞEGE SIŇEN YRS

—Agam ine, tüweleme, oguldyr gelniň bile otyr ekeniň. Menem, näme, görüp durşuň ýaly siziň yrsgal döwletiňiz.

Indem döwür-döwran dolandy. Men sizden gitmekçi! Hany, hallyň-sallyň etmäňde diläň dilegiňizi.

—Sakgaldaş, ýan biziň yrsgal döwletimiz bolsaň, ilk-ä biz garyby terk eýleme. Eger kem-küta gitmekçi bolsaňam, onda meň goş öküzim bile ak eşegimi goý-da ötägit. Şo datlam elimde bolup, günümi görübilmesem garagym akaýsyn, yrs aga.

—Hany, sakgaldaşyň ogly, senem dile dilegiňi?

—Aý, yrs aga, meňem ýaşulymyzyňkydan arta-taşa dilejek zadym ýok ýaňkylary goýsaň bize daş-ýany bilenem bor.

—Hany, jan gelnim! Senem dillenip otyr, näme dilegiň bolsa.

—Aý, yrsgal aga! Ilki bilen-ä towakga edip gitme, biziň peýdamyza döwek goşup, halys töwella tagsyra bakman, ýola düşmekçi bolsaňyzam maňa goş öküzdir ak eşegem derkar däl. Agzybirlikdir jan saglygy goýda gidiber, jan agam.

—Waý, Waý! Gelnim janyň aýdýanyna seretseňizläňmen nä agzybirlikdir saglygy goýup, nä göre gabra giseýinmi. Waý, waý! Meni nädäýdiň-ä jan guzym?! —diýen yrs aga ýaňky gelniň düşegine siňip ötäýgidipdir.

## AKYLYŇ ALYNDYGY

Öňem «Ö» diýende öýkäni görnüp duran duran pukara ýigit çekip dartyşyna, ölümiň öýünde ör edinýär. Ine, bir gün daň atyp-atmanka, gyş öküzini sürgüläp, atyzynyň gyrasyndanam girýär. Edil şol halatam hälki neressäň akyly bile bagty tut-da-bas bolup ugramazmy.

—Akyl jora! Görsene, oň azal sapyny tutşyny! Ýöne eli- eline gelşip barýa-da. Eger gaty garşy bolmasaň-a, men şuň bagty bolup oýanjakdyryn.

—Meň-ä, şu ylhanadyň mysalyny görüp, myrryhym atlandy. Ýeri, beýdip, il örmänkä oýaryp, ör dörgüläp, görjegiň näme diýsene! Ölübilligiň çogana ýuwup, kirinäm alyp galýarlar ahyryn.

Halypa, hany sen bagt bolup on oýananda näme, men akyl bolup on göwresini terk edemsoň.

—Ýok, akyl jora beýdip ikimiz ala göz boluşmaly. Sered-ä, o bi bal ogul. Gözüňe döneýin, ondan gitjek-goýjak diýmesene!

—Ýok, men töwella-tagsyra mätäçlerden däl. Özüne-de, ine gitdim, oň başyndan. Hany onsoň seň oňa bagt bolup gonup alýan galaňy göräli—diýen akyl oglanyň kellesinden göterilip-göterilmänkä, onuň azaly esliräk gyzyly beýläk agdarmazmy.

Akyly çyndan täbil tapana-da, nemä, özüňiz belet. «Gol götermez gyzyl-a öňümizden çykandyr welin, muny gören beýlek-ä, ýokdur-da, hernä?» diýip, töweregine garanjaklasa, ana, bir şa nökeri agdaklap barýar. «Be, şo peläket! Muny hökman görendir. Barşyna-da, patyşa duýdur. Onsoň günüm gök esgä düwler. Iň gowusy ilki muňüstüne donumy ýapaýyň. Soňam ony çagyraýyn. Gelerem welin, başymdan sowup, berip goýbereýin—diýşine, gygyrmazmy zowladyp.

BU zatlary synlap duran bagtam oýlansa işler pyrryk

—Akyl jora! Eşidäýmese, o paňkeller-ä…

—Hany bar zadyň hötdesinden gelýän, bagdyň-la sen,

—Haý, halypa! Öme-duma bile bolýas-a. Ikimiz. Hany beýdip garygyp düýrükmä-de, aýrylma açmazymdan.

Oňynça ýetip gelen şa nökeri:

—Ýeri, näm boldy? —diýşine, urmazmy hemläni.

—Aý, jan agam! Şu ýerimi näçe süreýin?

—Ilk-ä, bir sür! Soňam, näme, gaýratyň çatsa, sür birküç öwrä.

—Sag bol, jan agam! —diýen kişiň ýene akyly başyndan uçramazmy.

—Haý, jan agam! Ýene bir gelip gitsene, ýük görmeseň, ýanyma?!

Şondan soň bagt ýene akyla ýalbaryp ugraýar.

—How, jan ini! Indi näme kyn gyssag ördüň?

—Aý, agam, şu ýerime näme ekeýin? Şonam bir aýdyp beräýseň?

—«Ekseň bugdaý, baksaň goýun» diýleni, sen, ini, şu ýeriňe bugdaý ek.

—Sag bol, agam!

—Sag boldur-a welin, gaýdyp yzymdan gygyryp, ýolumdan goýasaň eşitdim-eşitmedim diýäýmegin. Gönümel, ajy ýagyňy çykaryn.

—Bor, agm, bor—diýse-de, birden akylly zym-zyýat bolan pahyr ýene sesine bat bermezmi.

—Haý, agam jan, how!

—Meräz agam! Zäher agam! Zakgun agam! Haý, däli deýýus diýsänim!

Şondan soň sarysy alnan ýaly bolan görgüli gyzylyny goltugyna gysyşyna öýüne gelmezmi.

—Aý, gelin baý! Men-ä bir hudaý bakan ýaly edip, ýer süremde öňümden, ine şu gyzyl çykdy welin, göwnüme bolmasa, ony gara görnümden barýan şa nökeri göräýdi öýdýän.

—Ýa, kakasy, seň harsaň kesegiň arasyndaky iki goş ýumruk ýaly gyzylyňy allaowarradaky adam nädip görsün diýsene!

—Görmän beterem eder. Özäm görenini hökümdara aýdyp, derime samn dykdyrmanka, iň gowusy ony özüm eline elti beräýjek.

—Wah, kakasy jan, muny beýdip, etimiň etegine gowurga guýan ýaly etme ahyryn.

—Heý, heleý han senem-ä, käte kak-sok etmämsoň, çyzykdan çykyberýäň-ow— diýen kişi aýagy bişen ýaly zawzaldap ýörşüne gyzylyny bir torba salýar. Aýalam gözüne sap atagetdin, o gyzyly ýatan bir daş bile çalşyryşyna, ugratmazmy adamsyny.

Şeýdip, aldyrany bar ýaly, bolup köşge gelen görgüli, ur-tut torbasyny patyşanyň eline tutdurýar.

—Munyň näme, how?

—Özüň aç-da, göräý, kyblaýy älem!

—Hany, wezir...—diýen patyşanyň uzadan topbasyndan daş gaçmazmy lokulap,

Ýeri, how, gäbi azan, bu daşyň nä görgi?

Edil şol mahalam bagt tarapyndan. Haý, öteweri, gara zalywat!» diýlen akyl ýaňkyň kellesine dolmzmy.

—Wah, şahym, düýn bir ýerde uly jedel gopdy, oturanlar-a. «Bu daş palança gadak», menem «Ýok, palança gadak çykar» diýensoň, dogry çözgüdini tapyp, münä münibilmänem, siziň huzyryňyza geldik-dä, hökmirowanym.

—Hä, patyşaň başga işleri ýüzli bolupdyr-da, indi oňa sarsalaň äkelen daşyny tellemek galypdyr-da. Haý, ýasawuň gursun. Haý, sypatyň gursun! Tur, güm bol, gözüme görünme-de!

Ýöne ýylana awy beren mekir wezir «Şahym, şuň yzynyň bir çpi bar bolaýmasyn, hany bäň-üç muny bir zeýli zyndana gabap göreli. Belki, bir yş açylar» diýensoň, o pakyry tüsse tutup, gynap ugramazmy.

—Waý çykaryň-eý, meni bu dowzahdan, dersine, dogrymy aýdaýyn.

—Hany bol-da onda, nä sähet isleýämiň?

—Wah, sähed-ä, derkaryma däl welin, men diňe kyblaýy älemiň gulagyna çawuş çakmaçydym-da.

—Oň ýaly bolsa, ýör, bakaly—diýip, ony idirdedip, hökümdaryň edil azmazyna eltenler.

Şonda ol agzyny çala gymyldadyp «Ýa, heý, patyşahym, zaňňuk bir adamy dagy nädip öldüreňde-de bolup dur-a, beýdip, ot gallap tüsse turuzmanda-da» di8ýmezmi.

Gulagyna pyşyrdalansoň hil bir zat eşidäýerin öýden patyşanyňam bolmajysy bolýar.

—Ýitiriň! Ýok ediň! Bu täýsiz huk başy!

Ana, şondan soň ol kül-kümürdir tot-tüssesi bilenem öňüne gelmezmi.

— Bo-ho-how! Heläý han! Akylyňdan aýlnaýyn! Gyzyly aýryp, ýeine daş salaýan ekeniň-ow?!

—Waý, kakasyny? Bagty oýansa-da, akyly kemtik kakýanlara hemaýat edilmese bolmaz ahyryn.

## ATASYNDAN OZDURAN

—Däde, Däde, Aý däde! Häli seň öýde ýokkaň, bir geň geldi. Ol ilki «Hany kakaň?» diýdi. Menem seň ussa dükana gidendigiňi aýtdym. Şonda ol «Wah, kakaň bolaýar ýaly ekeni. Sered-ä, meň egnimde mähnet halyň bir ujy bar. Oň beýleki t5aýam mundan üç günlük ýolda «Ýer ujy aradepede» Kakaň bolaýan bolsa, men şu halyny oňa görkezäýjekdigimid-dä» diýdi. Menem oňa «Ine, sähel salymdan kakam ger. Onsoň o halyňyzy synlarys. Eger garşy bolmasaňyz, onyňyzy biziň köz gaçyp ýanan halymyzyň ýyrtygyna ýam edýäris» diýdi welin «Bo-ho-

how. Ogly şuň ýaly lapçy bolsa, atasy dagy nägeňsikä? Ahmal bolsa bular özüňem bir dolmazyna dyjar welin, onsoň keteliň kendinden hatyň ger» diýşine, çaýam içmän, zut gitdi-de, kaka.

—Haý, enesi ýalamadyk, bisowat. Nämeüçin o lapçy myhmany men gelinçäm saklaman, ulykjyn aldyrypsyň. Hany, seni bir gaýdyp ikini islemez ýaly edeýin—diýşine, aýagyndan jüpläp tutagetdin, ogluny suwa çümrüdip-çykaryp ugramazmy.

Oglu bolsa daş-diş. Aglamak-eňremek daga ele ýanyndanam geçenok.

Şo barmana-da ol:

—Däde, buşluk, däde, buşluk! —diýip dillenmezmi.

—Hä, şu ýasawdakaňam buşluk, beýleki diýip, ýene bir hokga çykarjak bolýanmy?

—Ýok, däde. Hokga beýlek-ä ýadyma-da düşenok. Ýöne, ýaňyja suwy çümdürende bir balyk tutaýdym-da.

—Hany, tutan bolsaň, o balygyň?

—Eýýäm tutudumam, gowudymam, iýdimem, däde.

—Haý, betjygaryň balasy, ganatymyň astynda bolsaňam, ganatyňy gerşiňe, eýýäm atańdanam ilerläberen ekeniň-ow.

## GÜÝLÜG ÝÜP BERÄÝEŇDE...

Halypa, öňkülemmiz «Öýkesiz toý bolmaz, armansyz ölüm» diýse-de, men-ä, ähli hany-manymy harç etjek weli bir tarypy tükenmez to9ý tutjak—diýen kişi deňli deläp toý edýär. Bökedip, çeke oýnadyp, at çapdyryp, altyn gawak atdyrýar. Her ugradanynyň öňüne-de toý paý hökmünde ýap-ýasy işegi basmagy tabşyrýar.

Özem ýol ýakadaky hennege girýär. «Hany, hoş eden myhmanlammyň agyz uluňyny bir aňaýyn-la» diýägetdin üstüne ýatan peşmegem çekýär. Edil şo halatam gulagyny bir eşekleň:

—Haý, enesi ýalamadyk! Görümsiz gurrumsak diýsänim! Ýeri pylankessiräp eşek berdiň, taň etdiň, munça bolanyna görä, sygryň guýrugyndan pyçak döwmän, iki garyş güýlüç ýüp beräýeňde, näme takylap janyň çykaýar öýtdüňmi?!—diýen ses gelmezmi.

## ÝOLBARSLARA ÝÜKLÄP...

Ir eýýam iki sany kişi «Gel, Hoja Ýusup babaň aýagyna ýykylaly. Berse, ak patasynam alaly» diýip, ordasyna aralaşmazmy.

Gelip ser salsalar, ýaşuly aýaly bile ojagyň başynda. Keýwanysynyň elinde-hä gödensiz bir çüňkli çemçe. Özem omadaklabrak oturyşyna, gazanyň aşagyndaky ody üfläp ber-başagaý.

Şo barmana-da... Görsene bu bolýan zatlary! Aýalynyöň bir zada has jyny atlanandyr-da. Adamsynyň ýeňse çukyryndan basagetdin, o görgüliň ýüzüni tütäp duran közli küle süsdüräýdi. Bu ahwalaty synlap pata aljak pahyrlaňňam üstünden edil gaýnag suw guýlana dönýär. Olaryň biri:

—Baý, bizem-ä halys gutaran-ow! Ölüpdiris-de, aglaýjymyz ýok. Indi gel-gel, pata aljak bolýan kişimize sered-ä?! Heleýine kebzesinden penjeledip durşuny diýsene-diýip, atynyň jylawyny yzyna burmazmy.

—Ýok, gaty gyssanma, jan doghan! Az-maz tagapyl et. Halypamyz bile hal-ahwal dagy bir soraşaly-da!

—Ýa senem-ä, şo tetelli kesmekçiň hal-ahwalyny başyňa ýapjakmy diýsene! Hany, bol basymjak, günüň ýagy barka garamyzy saýlaly bu töwerekden.

—Ýok, beýdäýsek sylaşyksyzlyk bor-a—diýen hemdemi arkanjaklap durka Hoja Ýusup babaň olara gözi düşäýmezmi.

—Bo-ho-how! Ýagşy ýigitlert! Beýdişip durmaň-da, hany atdan düşüň!

—Aý, agam, atdanam-a düşmeli welib, birhili bolaýdyk-da.

—Ýa, heý, oň üçin hiç hilem bolmaz. Ýeňňeňiz uçursyz gowy, diýseň tapylgysyz maşgala. Ýöne men ýazuw-bozuwsyz dini öwüt-ündewe köpräk mübtela bolupdyryp-da, onuň azyk-suwlukdyr odun-ukajyna kän bir başam galdyrmandyrynda. Onsoň näme, olam gaharlanşyna, çalarak çyzykdan çykaýdy-da... Hany, atdan düşüň. Hol-ha, barybam, şol ýerde bar zat bardyr, jaýlaşyberiň. Oňynça menem ýedi-sekiz ýapy aşakgetdin, gurap giden ijardyr beýlekiden gujak-goltuk getiribem, gelnejeňiziň göwnüni göreýin—diýen Hoja Ýusup baba gönümel ýola düşme bilen bolýar.

Hälki iki myhmanam atlaryny teblehanada baglap, içeri giräýmeli ýaly welin, olaň biri kes-kellem düşmäň tarapdary däl.

—Ýör, how, abraýymyz barkajyk şu ýerden göterileli. Heý, heleýine şeýtdirýän aňkasy aşanyňam bir pata-töwiri bormy diýsene! Şo kärlikä-de, pylan-pismidan diýen bolup, arwahdan azan aýalymam öwýär-ä özem.

—Beýdip durma, hany, ýaňky aga gelinçä girip, dyzymyzy bir epeli ahyyn—diýen kişi zordan ýoldaşyny öýe salýar.

Onynça-da «Be, näm bar-aý?» diýip daşary çyksalar, ine, üsti mas ýükli dört sany ýolbars. Arlamadan-beýlekiden ellibizar. «Haçan ojarymyzy düşirkäler?» diýip, irikkä bolşup durlar.

— Hawa, iniler, görşüňiz ýaly, ýeňňeňiziň möhüminem bitirdik. Indi bir işi-salalykda saglkyk-salamatlyk soraşalyň.

—Bor, halypa.

—Bor, halypadarym-a welin, ýaňy ýeňňeňiziň maňa daraýşyny giňräk göräýdiňiz öýdýän.

—Şeýleräk özün-ä.

—Şeýlerägem bolsa, bilip goýan ýagşy. Çyn är özüne ikilik etmedik aýalyň mährinden geçip, sähel-mähel zat üçin, oň peýdasyna döwek goşaýmaly däl. Ugruna sürübräk, oň bile ýaşaýmaly, biziň bolşumyz ýaly. Hawa, iniler şeýdip bende Taňryň ýalakmasyna-da ýakynlaşýandyr—diýşine, gelinlere pata berip, otaryp goýberýär.

## OGRY BOL YNSAPLY BOL

—Eklenç başyma düşdi welin, indi men haýsy käre baş goşarkam ýaşuly?

—Be, aýtsaň-aýtmasaň-aý, seň kakaň pahyryň kesbi-käri näme-de?

—Oňka ogurlykdy.

—Wah-eý-eý. Ogurlykmydy görgüliň bar bileni? Oň ýaly bolsa «Ata kesbi, ogly halal» diýleni. Senem, näme, ogurlyk etmeli borsuň-da on-da. Ýöne, «Men ogurlygyň haram-harsysyna galdyryldym» diýip, urup-uşadybermegin. «Ogry-bol, ynsaply bol» diýlen gepem bolmalydyr bizde.

—Bor ýaşuly—diýen kişi ahyry has çökder ogurlyga-garakçylyga ýüz urupdyr.

Ine, bir günem hälki ogry öz melekdeşleri bilen hatarly kerwene dahyl gelmezmi. Baran ýerini ot uşladyp ýören naýynsaplara-da özüňiz belet «biz bir bagty getiren, how. It-garaň görmejek, üýrmejek ýerinde mungusyz baýlyga duşduk. Bir alla näme, öňümizem gije. Adama birini kaklap, soň edibiris geňeşi» diýip, özgeler ot gorsasa-da, ynsaply bolmagy kalbyna galyplan ogryň göwni bir ýaly. Ol ümleýşine, öldürmeli adansyny bir gyra çekýär.

—Agam, seni öldürmäge bognum ysanok. Şoň üçinem, gaty basym şu taýdan garaňy saýla, meni gepe goýmajak bolsaň.

—Ne, halypa, onda sen-ä ogryň ynsaplysy ekeniň. Oň ýaly bolsa menem saňa bir ýagşylyk edeýin.

Görşüň ýaly seň kakabaşlaňňa eýýäm men barja ýoldaşymy gara guma gardylar. Ine, «Hä» diýmänem olar zatlary telläp ugrar. Şeýle dälmi? Şeýle bolsa onda iň öňdäki ak iner bardyr. Ana, şoň yzyndaky gara bugurçyň ýükem ýumşak külçedir. Ýöne, şondan dynnym-aljagynam dadaýmagyn. Olar «Birden bir bolmaz iş bolaýsa, bize nesip etmedik zat, ogry-jümrä-de buýurmasyn» diýip ýörite awulanandyr. Sargydym. Men dok, ýaňy gaçyryndym, atyň üstünde diýgin-de, ondan ýekeje owuntygynam agzyňa salaýmagyn.

—Bor, agam—diýen ohry atyny arkalap, beýleki edip haýal-ýagalrak goşa gelse, asyl, ogrular bir mysgal eýýämiň külçeli saçaklary açyşlaryna, hersiniň elinde bir kesemen nan...

Ine, şeýlelik bilenem ynsaplylygyň ynsaplylygy oýarýandygyny gören ogry galdyr-bassyrly kesbini kem-küta goýşuna, eklenç nazarýeti bilen ýere ýapyşyp ugramazmy.

## EŞEGIŇ AKYLYNY...

Eý, kyblaýy älem!

Eý, penaýy putt-y-pederim!

Gürrüňini etmegem-ä, gelişiksizräk welin, biziň obada bir munan garry bar. Özem aýagyny göre sokup oturan, ýer urup, ýerde galan bir öhedi-le. Ýöne ol mydama:

—«Eý, hudaýa, bar hudaýym!

Patyşamyza eşegiň akylyny,

Heleýiň gaýratyny ber.

Oň tyglarynam burra-burra edeweri» —diýip, samyrdap ýör. Ana, şoň şansy bir hilegräk-ow, patyşahym-diýen halçy peläket garry enäň jürüni dikmezmi.

Özüňize belli, şugulçy-jüwwäň o sözlerinden soň gonjuna gör guýlan hökümdaryň elhemi alty bolmazmy.

—Hany, oň ýaly bolsa, ol arwahy bir goşyma getiriň—diýen patyşa pylan zeýilli wagt  geçmänkä hälki pahyry dergähinde dikilgazyk edipdir

—Ýeri, ylhanat garry, seň nä päliň azyp ýörmi?

Näme diliň ýelini alar ýaly, indi, gel-gel, menden başga zat tapmadyňmy?

Bar «Patyşaň tyglary burra-burra», ýagny, ýiti bolsun diýeniň-ä, bolýaram ekeni. Ýöne patyşa eşegiň akylyny, aýal maşgalaň gaýratyny dilemäň nämäň alamaty? Biz-ä, bu samahyllamaňa düşen däldiris, ýekeje-de.

—Düşünseňizem, düşünmeseňizem şeý diýip, gije-gündiz hudaýdan dileg edýändigimiz-ä, çyndyr, patyşahym.

—Ýeri, şeýdip, allany çagyrypsyň, taň edipsiň. Hany hökümdaryňa eşek bile deňe-deň pähimdarlygy, aýalyňky ýaly gaýduwsyzlygy näm üçin diländigiň sebäbinem bir aýdyp otur-a? Ýa ony ilaçasy-nogtabaşyňyzy it masgarasy etmek üçin çagyrdyňmy?

—Ýok, ýok! Patyşahym! Heý, menem, beýdip öz hökmi rowanyma dil ýetirinmi? Toba! Toba!

—Heý, sen şeýtana sapak beren mülkit! Beýdip ýakaňdan ebşitläp tutan bolma. Ýylan özge ýerde egreýip ýörese-de, hine girende gös-göni bolýandyr. Hany senem, oklaw ýaly gönel. Bolmasa-da...

—Eý, patyşahym! Patyşahym! Meň ýaly ýurtda galan zaňňugy beýdip howatyr atyna ataryp bilmersiň. Meň ölümim ýadymda, gorkymam gözümde. Ýöne men il-günümi janymdyr jigerimdenem has ileri görýän. Çünki ol meň ýalak ýaýlasy ýalazyň daşynyň dolagy.

—Dolagyňam bilmen beýlekiňem. Hany, gürrüň guzlatma-da, maňa näme üçin eşegiň akylyny diländigiňi aýdyp otur?

—Aýtsam, şahym, asly daşam bolsa, dünýäde iň akylly haýwan eşekdir. Çyn salarlar noburdyr nowhana ýa kak gazanlarynda öz ýerçiliklerine-de guman geçip, mas ýüklenen eşegi öňlerine salyp, şoň pesetden ýörän yzy boýunça ýördem edipdirler.

Galyberse-de, eşekdir geçiniň bilimsekberhizdarlygy, iň gerekli oty saýlap iýýän tapylgysyz tebipdigi kime gizlin.

Ondan buýanam, näme, şahym, «Hemedan daş bolsa, kädibaş ýakyn» diýenleri. Hany maňa bir gol götermez argyş çuwally tylla teňňeden dolduryp ber. Menem ony eşege ýükläp, ilden gizlin gömüp beleýin bir giňişlikde.

Senem soň ol ýeri sürdür, on-ýigrimi gezek julk et-de. Yzyndanam ähli esgerleňňi bosdur-da, gözlet hälkini. Onsoň aýdyň boluber, nämäň nämedigi diýen garry eşege uran tyllasyny aňyrsyna-bärisine gözýetmez golda gömüp gaýdýar.

Patyşaň hökümi ýalam güýçli zat ýok. Soňam ol ýeri tä bulamak bolynça sürmezlermi. Ine,şeýdip, künürsäp ýatan meýdana-da şa leş eriniň ýerden ýörärini salybam gömlen gyzyly gözledenler. Sümmülläp-syhlap, ellerinden gelenini etselerem, tanaýanlary näteňet.

—Gördüňmi, şahym! Hiç kes gömüs gämisi tapmaň hötdesinden gelibilen däldir welin, seret, şu eşege. Ol on-ýigrimi ýyldanam ýalňarman, öňki aýak basan ýerini yzlap bilýändir—diýşine, garry ýen üstüne agyr gum ýüklenen eşegiň yzyna düşüberýär. Düşüşi ýalam, hälki haltany tapyp gelýär.

—Yzyndanam, ýene, öz patyşaňa näme üçin eşegiň akyny dil;äniňe. Ýöne indi kyn görmän, maňa näme üçin heleýiň gaýratyny diländigiňem äşgäre getiräýseň.

—Onda, şahym, aýdan ary, günden dury, edil ezip içäýmeli, kümüş ýaly ahlagy arssa aýaly top. Özem oň iki-üç sany çagasy bolsun. Ana, şoňa «Aý, seň aýalyň eýle, aýalyň beýle. Kişio göwnüni görjek bolup, özüni o ýola atansoň, sen bir ýaňa gitdigiň, egelesi egsilenok» diýip, töhmer at-da, äriniň ýüregini çişir. Soňam ýaňkyň eline palta ber-de, «Bar, haramy heleýiň ýoguna ýanyp gel. Menem seni ýag çalyp ýuwdaýmaly, bir içimsi maşgala öýlendireýin» diý.

Bilşiňiz ýaly, patyşaň ýanda-da, müşgül zat ýok. Edil aýdylyşy ýaly edägetdin, bir ýigidiň ýüregini ýarylara getirişlerine, eline-de, gara tap ýarylara getirenlerine, eline-de, gara tap teberi tutduranlar.

Ýöne sähel salymdan ýaňky neresse ýüzüni sallap gelmezmi.

—Men-ä patyşahym, başaran däldirin, ony paltalamany. Barsam, iki çagas-a, gapdalynda, birem, gujagynda. Ýere ýelmeşişlerine bir enaýy bolyp ýatyrlar welin, hiç dözmezim-dä, ejelerine.

Özüm ozal doly ýetim (ata-enesiz ýer urup, ýerde galan) bolamsoň «Erbetligi üçin ejelerini kerçgesem, bulammyň ýagdaýam waý ýetimlige (Ataly ýetim waý ýetim, eneli ýatim baý ýetim) ýeter. Onsoň gözlerinden ganly iriň gelip, bujagaz jüneteýlemmiň görmedigi görde galar» diýdim-de, ejeleriniň galdyr-bassyrlygynam bagyşlap gaýdyberdim-dä.

—Sag bol, oglum! Aslyýetinde, seň maňgalaň pyssy-pyjurlykdan müň mertenbe daşda. Ýöne biz bir gep boldy-da, seň ýürek. Ýuwkalyk derejäň nägeňsidigini göräýeli diýdik-dä.

—Indi bolsa, şahym, ahlaky arassalygy duz ýalak päkize erkegi tap. Ana, şoň aýalyna-da, seň äriň ulalyp aňalmadyk. Şary depesine çykaransoň, seň ýaly ýokarky dodagynyň baly aşaky dodagyna tak-tak damyp duran bir hoşgüftar zybagözeliň gadyr-gymmatyny aňmadyk bolýa. Gözi ýalan ýylgyranyň topugyndan turşyaýrany ýetirýär» diýip, emridip-selüşdişiňe, eline palta ber. Yzyna adam tirkäbem, nähili tomaşa turuzýandygyna syn kyl. Ýöne gapdalyna goşanyň gaty wahybal bolup, wagtynda ýetişäýmese, ol adamsyny bölek-bölek edip taşlap.

Edil aýdylyşy ýaly edilip, gany gaýnadylan maşgala eline palta berlerine mähetdel, ugramazmy hasanaklap. Barşyna-da, sen-men ýok, saljak bolup ugramazmy paltany gertdirip...

—Ine, şu zatlar üçinem, patyşahym, men size:

Eşegiň akylyny,
Aýalyň gaýratyny,
Tyglaňňam burra-burralygyny diledim-dä.

—Sag bol, garry ene! Ýagşy dilegýarym döwlet. Belki, akyldyr aýratymyz öňküdenem artyp, il-halky uly mamurçylyga ýetirmek bagty bize-de miýesser etsin-dä.

TALAÇAR IÇDÄNI ÝÜKLÄP.

Ine, bir günem, keýpi topugyna düşüp duran Nedir şa (Nedirguly Mir Mübärek 1688-1747) Keýmir köre deginmegi ýüregine düwmezmi.

—A how Keýmir! Aýdyp otyrsana? Iň ýaramaz adam, iň ýaramaz haýwan, iň ýaramaz odun, iň ýaramaz ýol haýsylarka?

Keýmirem, näme, islendik soraga garaşylmaýan çözgütli jaýdar jogap gaýtaryp, edil däne döwen ýaly edýän kişi. Gynanyp gyssanyşyna, böwrüne diň saljaklap ordasyndan däl.

Şo gezegem ýetirmän-goýman:

—Ýaňy kak çekgeden horyda keçe telpek bir pyýada talaçar içdäni ýumrugym ýaly burny gara eşege taýlap, kötel ýoda ýarmaşyp gelýär ekeni diýip, jogap gaýtarypdyr.

## SYRTY BOGY TUTMANSOŇ...

—Kakasy, sen iliň daşyna ýag çalyp ýuwdaýjak bolsaňam özüňkilere gezek gelende, edil pir dogasy siňen ýaly. Edeňok-da, ezmaýyşly egilişigiň ýekejesinem.

—Ozalybetinde, ejesi, el egrisinipkini özüniňkä gamgyn etjek bolup ýykylyp ýatanyň ýüzüne köz degsin.

Aslyýetinde, akyly ýerindäki kişi goh-galmagaldyr enjebiýli ekjeşme ýüze çykaýanda-da, özünkileň geini mamla ýetirmäge çalyşman, olary ýazgaryşyna adyllyga barmalydyr. —Dagyňa biljek däl welin, kakasy, ýeke dikrar dogmaňa bir ak pata ber-ä. «Akyl-huşy goýazylanyp, halys, dilimize tüý çyksa-da, şu çaika çenl-ä «Boruň» üstünden eltib-ä, bilemizok seni.

—Bor, ejesi, şün, şo dogmaň degirmän kepbäň bäri ýanda ýatsyn, Gije il ýatyp, it uklar-a, üstüne gyraw düşüp, ana, şonda oňa pata beräýerin.

—Kakasy, daşary gagşadyp gelýän sowga. Içerde ýaşaýsyn-da, noşatgym?

—Ýa, ejesi senem-ä. Onça-munça sowga döz gelmejege pata bolmaz-a-diýen Kiş seň ogly bir bada ýazylan ýorgana girýär. Ýöne ýarygijeden soň, syrty bogy tutman, düşegini taşlaýşyna, turup ötäýgitse nätjek. Oň ýerine-de, näme, üzeňňiläp münäýmeli bir garala köpek baryp süýnmezmi.

Kakasy pahyram o zatlardan bihabar. Ilk-ä, kyblasyna bakýar. Soňam dyzyna çökägetdin, gara dere batyşyna bermezmi ak patany.

Ine, şeýdip, ärtara çyksalar, hudaý ýokdurmadyk ogla berilmeli ak pata garala şeýle bir Nazar Kerdelik salypdyr welin hoşuň gelsin.

Bar kişiň-ä gözi şonda Güjük kökem daşynda. Olaň gör-ä, jotga guýrugyny heserli bulaýlap bar ýa-da, alyslara intizarly bakyşyna.

## ZEHINI ON ADAMLYK BOLSA-DA...

—Pir aga, çakym çak bolsa, siziň birnemejik şägirdiňiz-ä, bolmaly?

—Şägirt ýüküm-ä, ýetiksizem däl welin, jan ini...

—«Weliniňiz» näm-ä, tagsyr?

—Aý, şägirtlige durjak bolanda her haýsy agzynda aş gatyklap, üzeňňiden üç geçýä, üçürdiklişine. Ýöne ukusyny haram edip, okamaga gezek gelende welin, olaň aglabasynyň ýüzi gara-da.

—Hawa-la, «Ýüzden ýüwrük çykar, müňden tulpar» diýenleri-de. Elenýä-elenýä-de, enesinden zehindir üşük geçenleri galyberýä. Onsoň olar diş-dyrnak-da, aýdaklaňňy ýarpy-ýalta däl-de, iki esse ýerine ýetirjek bolup!

—Şeýle şägirtleňňem känmi pir aga?

—Wah, olar bary-ýogy iki sanjak-da.

—Nähili, pir aga, olaň üýtgeşik zehinlimi?

—Biriniň-ä, on adamlyk zehini bar welin, arman, yhlasy kemtik kakyp, agsakly gelensoň, aýagyna ýörite çolaşýan ýaly bolaý ýa-da, käte.

Beýlekisiniň welin, bir adamlyk zehini bolsa-da, yhlasy on adamlyk. Onsoň ol ýöne alyp-ýolup barýa-da, gün-günden jöwheri çykyp.

—Pir aga, siz o şägirtleňňiziň haýsyny has gowy görýäňiz?

—Göwnümi, şunça, bire baglap, olaň ikisinem, näler, deň gözde görjek bolýan. Ýöne şonda-da, boýnuma alaýyn, yhlasy alawly şägirdim ýanymda dursa, dünýäm düldüräp, dokuzym düzüwlenip barýan ýaly-da birhili.

## ŞONDAKYŇ ÝALY UNAŞ...

—Keýmir beg, diýýän-ä! Hywa ýesirliginden gaçyp gelýärkäm, atymyň yzyny yzlap, meni gözläp tapmanyň ýadyňdamy?

—Näme, ýadymda bolman! Şonda gara daňdan Hywadan çyjkyşyňa dört günläp, aç-suwsuz at üstünde syryljap oturyşyňa, eňkamyň gidip, halys pişnäni beren ekeniň-ä. Barsam, atyň boýnuny gujaklap ýatyşyňa, çala janyň galypdyr-a. Onsoň seni, ilk-ä, merthanama getirdim. Soňam arkan ýatyryp, göbegiň töweregine petir hamyrdan agyljyk aýlap, içine suw guýdum! Onda-da, sen, asyl, özüňe gelip, aýňalarly däl. Onsoň nan ownugy suwa ezip, tülpe edişime, agzyňa guýup ugradym-da.

—Bä-hä! Keýmir beg, sen-ä, şonda meň üçin tarakga etme kemini goýman ekeniň-ow, asyl.

—Aý, Nedir! Nedir! Her neneň tagalla dartanam bolsaň, soň şa bolduň, taň etdiň. Taňryny tanamazlyga ýetip, gözüň gyzardy. Soňam päliň azyp, it bile börerden ösňän hüňür ýaly, ýatagyňy çapyp ugradyň.

Sen awşar türkmenlerinden bolsaňam, garyp-gyrgap, gör, niçeme ildeşleň sümügini gyzyl çuwala çaldyrdyň.

—Ýa, Keýmir, senem-ä!! Beýdip, duz torbaňy boýnuňdan asyp, «Gözi ýoguň, ýüzi ýok» etme-de, şondakyň ýaly tagamy agzyňdan aýrylmaz unaş bişirip bersene, bize.

Ine, her gezek geleňde, Göroglyňky ýaly haýkyryp, salam berip girýän bu köşgüňe bir gara.

Gör, bu nähili zynatly!

Näme iýjek! Näme içjek! Bary kekirdekden. Hatda kepderiden saglyp alynýan guşuň süýdem bardyr. «Hany pylan tagamy dadaýsam?» diýip, bir yrsarasana? diýşip duran bu kökenek kepizeklere bir syn kyl-a...

Ýöne, ynanaý, Keýmir beg, bu taýdaky nazy-nygmatlaň hiç haýsy şol umgur çölde nepesim durlanyp, özüme gelip ugramda içiren unaşyňça daş ýok-da. Şoň üçinem...

—Onyň-a ynanýan, nedir şa! Emma datly unaş işjegiň ynyň bolsa, bu eşretleň peýdasyna döwek goş-da, yzyma düş! Çöle çäge çeýnemäge gideli! O ýerde-de, duz datman, dört günläp, özüňi aç sakla. Onsoň menem, hamyr tokgalaýşyma, oklawa ýapyşaýyn.

## MAMASYNYŇ ORAŞAN DÜÝŞI .

—Jan gyzym, öten agşam men bir oraşan düýşi gördüm-dä.

—Aýdyp oturm, eje, erenler düýşi, pygamberler ýorgudy bolsun.

—Aýtsam, oglum, men ol düýşi gördümem, ýordumam. Düýşümde seň oguljygyň Nädirguly Jan bar-a. Ana, şol çekiç kellesi müji ýaly, boýny bir gujak, satanynyň arasyndanam possunly adam sümäýmeli, bäzbent toýnakly, dal bedewe münüpdir-de...

—Be, meň oguljygym, şeýle ata atlanaýypmy?

—Hawa, balam, heniz görülmedik, şeýle täsinden tämiz ata atlanypdyr. Özem diýseň sermagallakly dagyň çür depesindäki çiňňä çykyşyna, uzaklara ser salyp dur. Dagyň tutuş töweregem, adamdan ýaňa gyrym-gyrç. Ählijesiniňem nazary Nädirguly Janda.

—Be, şeýdisene, jan eje!

—Hawa, bu düýşi görenje badyma «Meň Nädirguly Mir Mübäregim şa bor. Ile kimdigini tanadyp, adamlaň agzyny açdyr» diýen ýorguda geldim-dä, balam.

Hakykatdanam, Nedirguly Mir Mübärek (1688-1747) mamasynyň bu oraşan düýşünden soň «Men hökman şa bolaýmaly» diýen tommaýly pikiri, belaý-kalaý, kalbyna galyplamazmy. Oglanlar bile oýnanda dagam, asyl, hep-herseňňi. Kelleposyna bugdaý başyndan jyga sanjyşyna, hut hökümdar hökmünde gorgumsylyga gaýymlanýar. Şeýdip, ese-boýa galşyna-da, garadan gaýtnaz okgunlygy bile külli eýrana şa bolýar.

## GARA SIŇEK ÝÖRMÜLDÄP...

Hawa bendiiliginden boşan Nedir gelşine, daýysy Jabady sözläp tapýar. «Näme üçin çal gözkäm alamana äkidip, ele düşürdiň. Meň üçin orulyp-çapylmanam, başyňy gutarsaň kaýyl bolup, gaçyp gitdiň?» diýşine, kars-kurs oň başyna ýetýär.

Soňam il gözünden sowarak dag obasyna aralaşýar. Aýran-jöwren bir ekeňňire-de (demirçä-de) tutma talaban durýar. Özem guşguny gatap, eze-beze bolan jöwmes jahyl.

Herneneň agyr ýumuş buýursalaram, ýüzüni köneldip, keýik basjaklaň kabylasyndan däl. Asyl, ýadadymam ýok. Ýorudymam. Edil gözüne gurt düşen ýaly haýdaşlap ýör.

Ine, bir günem, dagdan arkasy bilen, ýer süýşen ýaly edip, kerkaw getirişine, hojaýynyň ussahanasyna girýär. Peýrewäni urup otyrkalaram, ymyzganan ýaly bolan ussa uklaýmazmy.

Edil şo halatam, onuň burnunyň sag temezziginden (deşiginden) çykan mähnet gara siňek ýörmüldäp ugraýar. Şo barşynada, basganly körügiň öň

ýanyndaky demir suwarylýan, durluk ýaly gap-gara suwly daş toba getirýär. Ölümiň öňünde hälki suwuň beýle çetine çykyşyna-da, esli salymlap gurunýar.

Soňam assajykdan gymyldap oturşyna, ussahanaň gumy dökülip duran diwaryndaky jaýryga girmezmi.

Bu zatlardan gözüni aýyrman oturan Nedirdenem ses-selem çykaýsa nädersiň. Oňynça-da, hälki jaýrykda esli eglenen siňek çykmazmy yzyna. Ýene öňki bile gelse-de, dat toba girmän, oň ärňeginden gyrmyldap oturyşyna, ahyram, girmezmi çep taý temezzigine.

Edil şo halatam, eşidiler-eşidilmez ykyrgananan ussa açmazmy gözüni.

—Be, men uklaýypdyryn-da, Nedirguly jan. Özüne-de, şu aralykda düýşem göräýsem nätjek.

—Näme, «Düýş gördüm» diýdiňmi, ussa aga?

—Hawa, özüne-de, düýşümde gidip barşyma, gara iriň ýaly suwa gaçýan. Zordan-zara ondan çykyşyma-da, bir gala gabat geldim. Ýaňkyň yşgalaňly jaýrygyndan içine girsem, ine, gyzylmy-kümüş, laglymy-jowahyr, ýakutmy-merjen... Asyl, sanap gutarjak gümanyň ýok. Mungusyz bir baýlyk. Oňa seredip-seredip yzyma dolanyşyma-da, ussahanama girýämikäm diýýän.

—Dogry, dogry. «Ýaz düýşüniň ýary ýalan, gyş düýşüniň bary ýalan» diýibem-ä, bir gep bolmaly, ussa aga-diýen Nedir syr bildiräýse nädersiň. Ýöne özi weli, egbar ussahananyň diwaryndaky jaýrygyň aňyrsynda syrly dünýäň bardygyny guman edişine, dagdan daş ýygýar. Her sapar oduna gidende eslisini äkelibem, uly bir dämezli jaýyň tekenini tutýar. guman edişine, dagdan daş ýygýar. Her sapar oduna gidende eslisini äkelibem, uly bir dämezli jaýyň tekenini tutýar. «Adam başy ýokary, iş başy aşak» diýleni-dä.

Ine şeýdip, üç-dört aýa ýetirip-ýetirmänem, şarňyldap duran ussahana ýetişýär.

—Ynha, jan agam! Bu ussahana seňki. Meni ganatyň aşagyna alyp, eýe çykanyň, ekläp-saklanyň üçin şu eýwany saňa bagyşlaýan.

—Wah, Nedirguly jan! Seň bu ýagşylygyňa men nädip ýanyşdyrkam. «Bereýin» diýsem, gyzym ýok. «Öýlendireýin başga bir natuwana» diýsemem, görşüň ýaly, gün-güzerandyr mal-mülküm agsakly.

—Ýok, agam, maňa şu köne ussahanaňy berseň bor, daş ýany bilenem.

—Wah, o bir ýykylmyş haraba ahyryn, atam möwritinden galan.

—Aý, zeleli ýok. Şonyňy ak göwnüň bile berseň, men o dünýe, bu dünýe razydyryn senden—diýen Nedir paty-putusyny oňa çekýär.

Uzaga galmanam, il ýatyp, it uklar uçularda hasyrdap, hälki jaýrykly diwary köwüp ugrasa, ussaň aýdanyndan on beter. Gözüňi alyp gelýän genji-gazna. Emma Nedir «Gyzyl görse Hydyr azarlaryny» edäýenok. «Patyşa bolmak üçin tagta tarap atylyp ugramda, derdime derman öňküsi ýaly edip goýagetdin, öz işi bilen boluberýär.

### «NEDIR ŞA» ADYŇ BOLSA–DA .

—Janym oglum. senden gaty razy. Her gün irden bagana possuny ýasganjak alyşyňa, turuwbaşdan, meň ýanyma gelýäň. Hal-hözirimi soraýaň.

Hawa, balam, tüweleme seň dünýä dolan Nedir şa adyň bar. Bir çaga aglap-jumjaryp ugradymy. Şoňa barmagyňy gommaldagetdin «O-ho-how! Han-ha! Nedir şa gelýä» diýibilseň bolany. Onsoň ojagaz gözüni tegeleýşine, ýogyn-ýogyn ýuwdunyp ugrar, jyňkynam çykarman.

—Be, şeýdiýsene, jan eje?!

—Hawa, şeýdiýlen ýaly jan balam. Il-ulus seni atarman-çaparman, çynma-çyna gelende zulumdyr zalymlykdan gaýtmaýan ganojak hökümdar hasaplap adyňy eşidenden zagyrdyklap, dursa-da, men gaty geň galýan-da. Sen şşan-şöhratdyr dabara derejäň bilenem guşaga gysdyraýmaly, hut ýumrak ýaly bir gara gyrnagyň öňünde zagyrdyklap dursuň-da jan guzym.

—Wah, jan eje! Ol meni bimahal çak syppyň guduzkam görensoň, nirämden tutmalydygyny bar kişiden gowy bilýä-de.

## IŞI KÖPLÜK BILE EDIP...

Örän ir eýýam barjamly ýeke dikrar dogmasy ese-boýa galyp ugraýar. Ýöne sagdynlygy sazanaklama salýan ýowuz erkek sesi bolmadyk öýe-de, näme özüňiz belet. Şeýdibem, ýaňky ýetginjek lälikden lellim, nalajedeýinden dylymdeşik, gepi sözi agzyndan gaçyp gelýän galla tükeder bolup ýetişmezmi. Işdir güýjüň gyrasynda göründigem sölite çolpalygy gejebäňi daladýar. Çannadyr çemçe bile gazan galany gabamaga gezek gelende äwelin, o-ho-how, işde derlemedigini derläp, asyl, gylmany gyl körtýändir.

Ine, bir günem ýaňky ýardyksyz ýarmämmediň ejesi obaň çiglek jahyllyyny ýowara ýygnap, olara düýe garym gazdyrmazmy.

Olaram näme, edil gyzylja gurt ýaly çek-çandyr pyýadalar. Ellerine tüýkürip bir gyrasyndan girdiler welin, ony eýýäm haçan, täs-mäs edägetdin, gör-ä pillerini gumhanasyny gazaşyp otyrlar.

Yzyndanam ellerini ýuwu, teke garasyny görmedik çebiş çorbaň daşyna geçdiler welin, iş işdesine giren kişiler-dä. Sähel salymda tebse çanaklary taňkyradyp, saçaklaram göle ýapaýmaly ediberdiler.

Ylhanat görgüliň bolsa, şol agzyna öweldip ýörşi. Il deňinde eline pil alsa-da, götinjekläp depgig-ä depmedi. Oň muň erendesine artan bolaýmasa. Soňam, saçagyu başyna geçip, okara tarap aldygyna omzuklady. Ýöne onda-da gülkidir. Şowurgun bile ökeje dogramaça-da ýetirmediler agzyna. Ahyry ol aljygurt ýaly çalawuntly oglanlara haýran galşyna:

—Işi köplük bile edip, nany ejeň bile iýäýseň—diýip ýogyn ýuwdunypdyr.

## YHLASYŇ BOLSA MENDE...

—Uly ussadym!

Eý, hatyraly halypam! Ele tutakkak burnumyzy sykyp, ýoa saldyň. Kämillik käsemizem pürepürlediň. Telegimize Telek kelegimize «Kelek» diýip, Musaň hasasy ýaly dogry durmanam süňňümize siňsirdiň. Bu halal hyzmatlaň üçin, behişdi boladyň, hudaýym!

—Bu göwni gowulygyň üçin gadamyňa gul bitip, aýagyňa ýörmeçolaşmasynda, ylahym.

—Hawa, halypam! Siz bize terpenmez tälim-terbiýe berdiňiz:

Müň kişi okar,
Ýüzüsi molla bor.
Ýüz molla okap,
Onusy alym bor.
On alym okar,
Birisi adam bor.
Bir ýyl öňe seretseň,
Süle ýetişdir.
On ýyl öňe seretzseň,
Daragt ýetişdir.
Elli ýyl öňe seretseň,
Gyz ýetişdir.
Ýüz ýyl öňe seretseň,
Ogul ýetişdir.
Müň ýyl öňe serewtseň,
Şägirt ýetişdir—

diýibem öwretdiňiz.

Eger biz hakyky şägirt bolýan bolsak, tä ömrümiz ötinçä hepdäň bir gününi size mugtuna işläp bermeli, emma biz welin. Ak pata aldyk-da, bu ýerden sar göterilen ýaly bolmaň kül-külüne düşdük.

Ýöne mertebeli ussadym! Alysalarda alakjap ýörsegem, wagtal-wagtal sizi göresimiz-ä ger. Aýytsaňyzlaň, şonda biz näderkäk?

—Aý, janym balam, bilip goýgyn:

Yhlasyň bolsa mende,
Emende bolsamam ýanyňda,
Yhlasyň bolmasa mande
Ýanyňda bolsamam Emende.

## BIŞEN ÝUMURTGA ÖRGENÇEGINE GOL ATDYRSA . . .

—Aý, agam! Öten ýyl däl, öňňil bazarda ýumurtga-tohum satyp dur ekeniňiz. Menem baryp, bir oýnam aldym ondan. Edil şol mahalam albadaňňylyk tapyndyňyz-da, gönimjel gidiberdiňiz. Onsoň menem ýaňky ýumurtganyň bahasyny kime goýjagymy bilmän, esli durdum. Sazanaklap ahyram, näme gitmeli boldum-da, ýoluma. Ine, eýgörmüş, size gabat geläýdim bünem.

—Gör, sen neneňsi ekeniň?

Heý, alan zadyň bahasyny bermänem bir symyltyrabermek bomy? Aý, şu zamanyň käbir enesi ýalamadyklaryndan her zada garaşaýmalydyr, how!

—Be, jan agam, beýdip küpürsäp, agzyňy sala goýbermeseňem-ä bordy welin...

—Agzymy sala goýbermänmi? Häzir seni idirdedip, kazyň öňünde dikilgazyk edägetdin, o ýumurtgalardan jüýje ösňedip, görjek girdejimi ýalpyň

ýüzüne doňdurdaryn welin, onsoň «Eneň ady näme?» diýlende, nädersiň, ýöne «Mesme!» diýip dursaň-diýen netikaza kişi, o görgülini tagyrdadyp äkitmezmi kazyň dergähine.

Kazym näme, «Alaryny bilse, allasyny garamazlaň» külpetli oýtumyndan. Elini gowkardyp, ýumry ýuwdunanda berlen berimden soň ýumurtga alany gönbertläp ugramazmy.

—Sen, idili bolsaň şeýdermiň? Dört ýumurtgaň töleg teňesine tap getirmen. Ýumurtgalary basyryp jüýje çykarsaň, olaram towuklygäa ýetip, jäç ýaly edip ugrasa ýumurtgalary.

Bo-ho-how! Gör, ol eýesine gumrulaýyn guýulýan nägeňsi girdejileri getirjek. Sen bolsa... Elemýüwletlige ýan beripsiň-de, olary mugtuna göterip gidipsiň-de, indem gözüňi gyrpyldadyp, tobaňa daýanan bolýaň.

—Asydyran, agam...

«—Asy-pasy» diýip, her näçe şypaň gürrüň tapsaňam, bilip goý.

Pesinden iki ýyl işläp bermeli borsuň, bu bendäň mülkünde.

Ine, şeýdip, ýeser emele çolaşyp, duzaga dahyl gelen neressäň görmedigi görde galýar. Agyr gazymy, çil çekme. Pilgerdan edip, ýer agdarmamy, gum göçürme.

Bir günem ýaňky pahyr ýasy-ýaýman ýere bugdaý ekjek bolup durka,

Behlili dana duşýar.

—Aý, agam jan! Şeýle-şeýle bolup, soňsuz söwda sataşaýdym-da, menem— diýip dogrusyndan gelýär.

—Ondan «ýumurtga aldym» diýdiňmi? Nähili olaň bişenmidi-çig?

—Wah, bişendi-le, jan agam!

—Onda şu ekjek bugdaýlaň bar-a? Bulaň baryny bir ýandan uly gazanda gowrup, sepiber şaýrat-da. Haçanda hojaýynyň döwjella bolup ugradygam! Ýollaý, ony meň üstüme-diýen danaň ýanyna iki gün geçip-geçmänkä mülk eýesi barmazmy alakjap.

—Ýeri, how, Behlili diwana! Meň o tutma talabanyma ummatda ýok zady salgy berip, nä güne salaýypsyň. Ýaňy ýanyna barsam, gäreren gowurgany sepip, ýör sürlen ýere, petekesini gaýşardyp. «Ýeri, how, saňa nä hudaýurgunlyk aralaşdy?» diýsem, bar. Bählili badamdan sora, oň sebäbini diýip, pelek perwaýyna däl.

—Aý o gün duşdum weli, sizden üç-dört ýyllykda bir oýnam ýumurtga satyn alyp, şo wagt bahasyny berip bilmänsoň, gijeňräk huzuryna barandygyny ýatlady. Menem, sizden nähili ýumurtga alandygyny soradym weli, o gaýnan ýumurtgadygyny nygtady.

Onsoň, näme, menem, oňa «Bişen ýumurtga örgençegine gol atdyryp, goruňy gowzamazlyga ýetirýän bolsa, onda bu bugdaýyňam gowur-da, sepäý ýere, ýarym müçelik ýyl alapaňy birden alaryň ýaly» diýdim-dä.

## KETGENI PIR TUTUNYP...

Öňem biri yzgary ýetik güneýde gögeren, şeş-şeýle ketgeni pir tutunmazmy. Güne baryp, daşyny çalgylap, syryp-süpürişine, ediberen ýaňky ybadaty.

Ketgenem, näme, biri eýe nazaryny aýlap, öýünden ýol salansoň, asyl, hep-herseňňi, gabarylyp.

Ine, şeýdi ýören kişä tanyş-biliş, «Sen bir kädisi kemtik kakýan görgüsiýeser ekeniň. Ýogsa, şeýder ýörermiň?» diýip, terpi yzasyny dadyrsalaram, göwni bir ýaly «Ýa sizem-ä, Yhlasa myratdyr-a,» galyberse-de, «Ýagşy niýet, ýarym döwlet» ahyryn diýmezmi.

Ine, bir günem hälki pyýada daň atar atmazda halypasynyň huzuryna ýetiberende, ol togalanyp gidibermezmi, ýel gopagetdin. «Haý, ussadym! Duraweri! Beýdip, ýeke taşlap, bagrygirýan etmäweri, meni» diýip, şägirdem ýüzübermezmi yzyndan.

Şeýdip, gaçdym-kow bolup baryşlaryna, bir çukur oýa inseler, eý-ho, ýüzünden-gözünden nur dökülip duran esli goja. Ojar oduň başynda egeledä sellelerini tegeläp.

—Bo-ho-how! Taňryň söýer bendesi! Geleniň gowy bolaýdy üstümize. Biz jümle-jahandaky ýaşlygyň ýarany-kyrk pir. Biz pähimdarlygyň kyrk kethudasy. Birimiz hata edip, otuz bdokuz bolup galdyk. Edil şu pille «Özümize ýene bir hakyky hemdem tapynmaly boldug-ow» diýip, demimizi ulydan alyp otyrkagam, siz görnäýdiňiz, eýgörmüş. Hany, şu ýede kyblaňy garagetdin, bir çöküne düş, bakaly. Onsoň bizem ak pata berip, hatarymyza goşaly, seni!

Görsene! «B...dişle, bek dişle» diýen ýörelgä eýeren baba-kelanlammyzy! Olar bu aýtgy arkalam öz bala-çagasyny çyn yhlasdyr umytly ymtylma bile arzyly menzile ýeetmäge çagyryp geçipdir-ä.

## «MOLLASY KÖP BOLSA...»

—Doganlar! Göreş-ä çykylandyr welin, hernä, it masgarasy bolaýmanda?

—Bä, göwräme galpyldy girdi diýsene. Eýýämden. Oň ýaly bolsa, halypa, salaý, çopan badagyny gertdir-de.

—Ýok. Ýok! Ölseň beýdäýmegin. Jan ini! Çilşirme! Diňe çilşirme bilen işini gör.

—Sen, how, oňa-muňa agzyňy öwreldip, birden içini beräýme, o pelide.

—Aý, halypa! Halypa! Sen bulaň hijisine-de, gulak gabartma-da, ýanbaşa alagetdin, ur, agdar-da.

—ÝA, heý! Bulaňňam gepi-bo-maý! Sen silkip çökeräý-ä, şu emertligiň bile!

Ine, şeýdip, orta çyksa-da, her kişä bir «he-hawa» berip duran pyýada halparyp-salparyşyna, göwresine gowşatmazmy.

Oňynça-da, garşydaşy ony aýla-ap-aýla-ap, birdenem yzyna ganregetdin, güpürdedip basmazmy ýeriň ýüzüne.

## GÜNÜMIZ GÖK ESGÄ DÜWÜlMÄNKÄ . . .

Görsene!

Ir eýýam gül-läleli dag etginde Döwlet ýatagan atly ýigidiň daw-dawasy dünýä dolýa.

Ine, ýüzi çopan çörekilligi ýaly ämertden tenbilmez pyýada. Çekges-ä, çylgym-çylgym. Egninde-de, adam otyraýmaly.

Bir günem hälki Döwlet ýatagan gumly meslekdeşi Mämmet ýataganyňka diýip düşmezmi ýola.

Barşyna-da, sen-men ýok:

—Halypa, däliden dogry habar. Şu jelagaýda ýa seň ýatagan adyň ýöresin, ýa meň. Şoň üçinem ýörite geldim, seň bile ýatyp ýaryşmaga—diýen.

—Wah, gelen bolsaň, oňa ýetesi näme bar! Ine, ýorgan ýazdyragetdin, urup ugrarys ukyny, nesip etdiginden. Ýöne kelte kakuw bir şertjagazymyň bardygynam ýatladaýyn, soň kölgeli-gysyr gürrüň bolmaz ýaly.

—Aýdyp otur, halypa, nägadar şertiňem bolsa?

—Aýtsam, jora, haýsymyz ýeňsek, asgynlan oňa sepsiz-gürrüňsiz, müň tümen beräýmeli. Şoňa razy bolsaň goýaý, büzmekli ýassyga gara kelläni—diýen. Mämmet ýatagan girmezmi ýanyşyk ýazylan düşegiň birine.

Şeýdip, tegelek dört günläp sarsman ýer diňlän Mämmet oýanyşyna, gözüni süzgekledip gulagyny gerse, myhmanynyň şo gyşaryşy. Zalywat goluny dagam gymyldatmandyr-da kemteresinden.

Mämmediň welin, içi gorlup, aňyrsy eljuk diýensoň gözüne çiş kakylan ýaly. Oňynça-da, eýgörmüş, aýaly işikden yşyklaýdy.

—Näme, kakasy?

—Haý, nämäň bar bol-a! Sepini bildirmänjik bir kesemen nanyň arasyny garagowurdakdan dolduryp elime ber, basymjak. Ýorganyň içinde iýerim ýaly.

Şeýdişine, aňyrsyny il gulduran Mämmet gymyldaman iki täk dagy ýatýa hor çekip.

Birdenem oýanyp, ýorgandan jyklasa Döwlet ýatagynyň şol öňküje heňňamy. Gozganaýyn beýlekäm diýmändir-de, peläket.

Onsoň, näme, başyny ýaýkaýşyna, aňylar-aňylmaz ýylgyran Mämmedem galmazmy gerinjiräp. Bir gün-ýarym gün iç-daşynyň ýykyk-ýemrigine-de seredýär. Ertesem gory goýazy sahawatly weýran dilegini salşyna, düwünçege düwýär müň tümeni. Soňam göle ýaly maňramazy basa düşüşine, tüýdeşini yralap uraýar.

—Turaweri, Döw jan! Gaýrata galagetdin. Ýogsa birden ýataganlygymyz ýokuşyp bar kişi läw-läşlige ýetip, günümiz gök esgä düwläýmesin.

## BILINI  BIR  BURUKDURAÝMAGYN .

—Aýuw, kakasy, senem bir ile meňze. Beýdip güýlünip ýatma-da. Tur! Ir-daşda boýam-soýam et. Ýykyk-ýemşigiňi düzet. Öňkülemmiz «Güne bir uşlyp gatlanan öý bitmezem-ýiutmezem» diýip, ýönelige aýdan däldir-ä. Owarrama urup, başym atag edeňsoň, halys hana weýranlyga ýetip barýa-la, bu tünegimiz.

—Ýa-heý! Hiç darygyp-düýrükmegin, Ejesi. Bu bokudagy düşen hudaý, eýdip-beýdip, eleden-ykdan güzeran tetärikliginem al guum eder-ä.

—Onuňam-a, dogrydyr welin, kakasy, göwnüme bolmasa, warzirem ýeňňaralyk gözüni görkezensoň, keçe-küýzdir ýorgan-düşegimizem bir hili çüýr-çüprekd-ä.

—Ýok, ejesi! Men syrtyna kär ýokmazdan däldirin. Ine, garyma galyp ony-onda, muny-munda edip ugraryn welin, nädersiň, bu müňedekli oragyň geýregi galyberse.

—Wah, oň ýaly bolsa, senden aýlanaýyn, kakasy. Ine, sag-aman ýeriňden turup, eliňe piliňi alaýsaň, hol, gaýraky baýryň bäri etgindäki tegelejik oýtagymyz bar-a?! Ana, şoňa bugdaýmy-arpamy, bir zatjagaz ekip taşlaweri, kakasy.

—Bä, o ýer-ä, gaty çytrymlydyr özün-ä welin, ejesi, men oňa bolmasa, ketgen ekäýerin-dä. Olam, näme, dessine, güwläp galar. Oňa-da, galyň-galyň barjamly baýlaň goýun-geçisi ger otlamaga. Şonda gollak ketginlemmize ilişip galmazmy, ýaňky mallaň otagy ýaly ýüňi.

Senem, saglyk bolsa, olary ýygnap alşyňa, ýuwarsyň-dararsyň. Egirsiň-bükdirsiň. Ýüwürdip, ýüzüne köz kakylan ýaly ne gözi halylara dokarsyň. Menem kakylan ýaly ne gözel halylary dokarsyň.

Menem olary elin harçlagetdin, boýny bir gujak, kellesem müjä meňzeş bir dal bedew alaryn.

—Şonda, kakasy, ardyňa alyp, atam öýüme äkidersiň-ä, menem.

—Äkiderin-ä welin, ejesi, şonda agramyňy atyp, bedewimiziň bilini bir burukdyraýmagyn.

## ÝEKEJE AÝYMYŇKY KEMTIK KAKANSOŇ...

—Aý, jan dogan! Özüň bilýäň. Türkmen agaň ujasyndan uzap, ýanyndan ýaýranlarynyň ýyl alapalyk üçin her aýyna bir put (16 kg) däne gerek. Ýöne gynançly ýeri, meniň on bir aýy üpjünlärlik bugdaý-arpam baram welin, arman, ýekeje aýymyňky kemtik kakýa-da.

—Hawa, onsoň?

—Onsoňy ýok, jan dogan! Ana, şonam sen bitiräýseň diýip, ýüzümi tamdyra tutulan ýaly edip, dilege gildim-dä.

—Geleniň-ä, gowy zat welin...

—Onda sen gaty bir çar-çeňňel bolman, nät diýsene? Şu bugdak bugdaýy arkaňa la-da, ho, obaň çetindäki tüýnükli kepbe bar-a. Ony şondaky ýeňsiz-ýeleksiz ölümtik garra gowşuryp gaýt. «Pylany akga ýollady» diý-de. Onsoňam näme, bognuň yssa, geläý ýanyma, möhümiňi bitirmek meň bile.

Ine, şeýdip, ol arkasy çalçaly ýegdekläp barmazmy ýeke dikrar enäň ýanyna.

—Ynha, garry, saňa pylany akga degirmene çekäýmeli ýanymalga iberdi.

3Iberen-ä, gowy zat welin, hany, men bir hart-hurtumy göreýin, bakaly—diýen garry ene süýşenekläp ugramazmy.

—Bo-ho-how! Balam kepdirigim-dä, bir belkemek sanajymda-da, ýarty ýugurlyk unum bar ekeni. Şoň üçinem «Kapagada bereket», jan oglum. Äkitdejik, ony dişiniň kirini sorup öte ýatýan has mätäje beräý! Bolýamy?

Ana, onsoň hälki kişi tobasyna daýanýar. «Be, men bäş günlük ömre, müň günlük tetärik etjek bolup, ýören bir dikdeşik ekenim-ow» diýşine, elten haltasyny garry enäň daş işi. Ýene söýäp, ýeriň pessi bilen öýüne tarap ýumrugmazmy.

## BUŞDULYK JOŞUP...

«Pylany akgaň ogly boldy, buşluk» diýen galkymly habaryň synyndan aslyşan oglan jyklary görsene! Edil aýaklaryna ýol daňlan ýaly, ondan-oňa atylyp, asyl, ökjeleri ýer galtanok.

Ana-da, çep çekgisini peşehorda dyrmalan oglanjyk. Ol bir böwrüne diň salan ýaly etdide, düwdenekläýdi obaň o çetine.

—Buşdulyk, ussa aga! Kerwen kakaň ogly boldy! Onsoň menem zergär agama elin ýetişdiräýin diýip eňdim-dä bäriligine.

Emma galňas dodaklaryny ýalap, kellesini çalaja çaýkan ýaşulyň edil şatlyga şärik balasy gelmeýän ýaly. Şagyrdadyp pul bermeden-ä, elli bizar. Gaýta:

—Wah, bolmandyr-ow, ol-a! —diýşine, ýortmança neressäňem ýüzüne kül urlan ýaly etdi.

Tamasy tersin bolan kişä-de, özüňiz belet. Egnini sallaýşyna, gelýä-de, aýagy-aýagyna çolaşyp.

Şeýdip, kalbynyň künjeginde kütüwli düwünçejik galsa-da, ojagaz oglanjyk daş-diş. Ýekeje ýerde dagy dil ýaraýsynda.

Ine, bir günem «Wäh!» diýlen ýaly hälki buşdulygyna ýüwrülen bäbejik üýtgäýmezmi.

—Bar, ballym! Senden düşbüjesem ýok, şu çagalaň. Git-de, zergär agaňa bujagazyň ýoýlandygyny aýdyp gaýt. Şzüne-de, dessine gelsin, ugradyşary ýaly—diýlen sargydy alan neresse aýagy çekmese-de nätsin. Ahyry uýala-gorka girse, salam berip, gör-ä, ussaň öňki durky, öňki küýi.

—Aý, jan agam! O günki buşlap giden oglanjygam bar-a, ana, şol ýogalaýdy-da, ýaňyja. Onsoň menem «Gelsin, basymjak» diýip, ýolladylar ýanyňa.

—Be, bolaýypdyr-aý, ol-a—diýen ussa, gör-ä, gül-gül açyldy. Soňam açmazyndaky sargylt sanaja. El ýetirişine, esli teke teňňesini ýas habaryny äkelen oglanjygyň goşawyjyna-da guýdy—Ine, derrewjik, bardym menem.

Ine, şeýdibem, ojagaz dolanmazmy yzyna.

—Nähili, jan guzym, ýetirdiňmi ýaňky habary?

—Ýetirdim-ä, welin...

—O «Weliniň» Näm-ä?

—Pylan zeýilli zadam-a ýok welin, «Ogün bu ölenje jijimi buşlamaa baramda ussa aga buşdulygam bermedi. Begendimem. Ýaňam «Jigim jan-a şeýdäýdi» diýsem «Şol-a bolaýypdyr» diýşine, birden ýüzi ýagtylaýdy. Dünýäň pulunam berdi «Buşdulygyň» diýip. Ana, agam, men şony gaty gördüm-dä, sebäbini bilmämsoň.

—soraýarys, oň sebäbini, ine, şu taýdan bir böwşenlik bolanda—diýen goja maý tapyp ýüzlenmezmi hälki zergäre.

—Be, ol-a, onda metda ýaly, geljekde-de, derde degjek ogul bolup ýetişer, tüweleme. Şo zatlarysynlap duryan, aňyna guýan, gelibem size aýdan bolsa.

Hawa, ýaňky oglan ilki buşlanda, bolanja bäbegiň ýaramaz eýýamda ömür sürüp, süňňi garjaw haramylyga dahyl geljekdigine gaty gyýyldym. Ýoýlandygyny eşidemde bolsa, o neressejigiň günädir galdyr bassyrlyga ýetmän, uçmaň ak guşuna öwrüljekdigine uçursyz begendim. Buşdulygam joşdum.

## GOWURGA EDÄÝMEL-Ä...

—Haý, heleý han! Bu günem ýylyssyjyk taýynlansoň-a, garynlary gözär ýaly?

—Wah, kakasy jan, ötelge tendirip, seň gara bokurdagyň öňünde durmaň-a, ýekeje-de ýaýdanjy ýok welin...

—«Weliniň» näm-ä, heleý han?

—«Welinim-ä», kakasy, wagtynda geleň edip äkelmänsoň, öýde odun ýok-da, bir çöpem.

—Heý, aňkasy aşan ýelem ýüwlet diýsänim. Oň ýaly bolsa gowurga edäýmeli ekeniň-ä.

## ÇIGITLENEN PAGTAŇ ÝÜZ PUTUN-A...

—Bä, şu çigitlenen pagta gaty ýeňil zad-ow! Şeş şeýlesini alýaňam welin, ýekeje-de, agram-sellemi ýok-da, eliňe.

—Be, aýtsaň-aýtmasaň-aý, halypa, meň lummurdawuk gara ekgegim bar-a?

Ana, şol-a, şoň ýaly çigitlenen pagtaň ýüz putunam. emgenmän, göteräýse gerek.

## GAÝNAGLY GAHARYNA BÄS GELEN...

—Hormatly halaýyk! Siz şu ülkäniň janly-jemendesiniň iň çorba çykary. Emeňizi owkalap durman, bir goýazy geňeşem geçirdiňiz, il nepagasyna. Ýöne, munça bolanyna gör-ä, aýtsaňyzlaň, dünýäde iň akylly adamyň kimdiginem?

—Aýtsak, kyblaýy älem! Jümle jahanda özüni aýran akylly, ol dogduk diýaryna ýowmul ýagydan garaglap saklaýan serdardyr—şadyr.

—Ýok, patyşahym! Iň paýhasly piýada, ýaban ýata-ýata, gerek-ýaragy ýat ýerlerden mährem mekanyna äkelýän, hudaýdan gorkusyna-da, ony ondan bir peýdasyna köpe satýan bezirgendir.

—Ýok, ýok, puşty penahym! Ölüňe-diriňe ýarap ýören dili senaly molla iň saýlantgy mömindir-ä.

—Eý, hikmeti hökümdarym! Akyllyň gürrüňi edilse, tebindir yzçynam bir gapdalyndan goýmaweriň.

—Ýa, senem-ä, halypa! Hakyllyny tellejek bolsaňyz, daýhan bile guýy gazar ussanam ýatdan çykarmaň-a?!

—Ýa, sizem-ä, älemdäki iň akylly aýaldyr-la. O hyrraşow-pyrraşow bolsa, nädersiň, gönezligiň gatap, işiň gaýraky atyza geçäý-se.

—Hany, indi jemagat, gaty suwutmankak, boldy ädäýeliň, beýdip daňlaşyp durman. Şeýle-de, häzirlikçe, dargap, soň bir aýlawda kesgitläris-dä, iň akyly kelamlyň kimdiginem—diýen il agasy mähellä turar töwellasyny edende, egni gysyk bir neresse ýerinden galmazmy.

—Günämi geçiň, perwerdigärim! Iň akylly kişi kimdir ol gaýnap joşup, dyňzap daşyp gelen gaharyny ýuwdup, özüni sandyraklamadan saklap bilen merdanadyr.

BETERINDEN BETERI...

—Wah, wah! Haýsy göri güwlän muny beýtdik-ä?

Bir sered-ä? Goýaýypdayr-da, şyrdak ýaly edişine tegeläp.

Wah, wah! Meýdi erän diýsänim! Heý, behişdiň ysy kükäp duran metjidiň içinde beýdip, emin-erkin çermenjiräp, etjegiňi edäýmek bor oguşýan, ýalçardyp. Adam utanar-uýalar. Haýa-şerim eder.

Wah, wah! Ödewetdi ýaşy kesilmiş! Tohumyň tükenip ýurduňda ýumurtga togalanmaly bolsun-da, hudaýym.

—Aý, pirim, siz bir iki baş adam. Beýdip, gaty gajamaň-a, içigip.

—Wah, wah! neenňler edip gargamayn ahyry, sopular başym! O enesi ýalamadyk adam bigaýrady bolmasa, taňryň öýi hasaplanýan bu gelim-gidimli gapyny ummata sygmajak pohhorluk edip perşanlamaz-a.

—Ýok, pirim, özüň ýaly gönezligi goýazy kişi beýdip, kelagaý bir öýediň byjlygyna...

—Goýsana, agzyňy pelle ýaly edip, gürrüň guzlatman. Özüne-de, hudaýlygyňdan gelägetdin aýt. Henize çenli şuň ýalak gotury gijäni gören bolsaň.

Wah, wah! Meýdi yranan lakma myrryh! Nä porsyňy pytratjak bolsaň, hendek-çukura, öňi urpak takyra züňi ataýaň-da, syrtyňa syryk sokulýamy diýsene!

Wah, wah! Göwni güjükli pisaçan! Özemmetjidiň edi ortasyna gelip ormarylyp oturşyna şeýdäýipdir-dä?

—Pirim, bir hile taşlap şerhoruyň gendeligi üçin mundan ötri örtenmäň. Her zadyň çaky ýagşy. Indi bes. edäýiň, peýwagtyna ýel alman. Onsoňam, näme, beteri badyr.

—O-how! Seň kelläň ýerindewmi? Heý, mundan beterem bir pisitçilik bomy?

—Bor, tagsyr! Ýöne şükür kylyň muňa henizem, kejemalahlyga gol bermän.

—Sen sopylar başy! Ganym gaýnap durka, çepbe işip, ösek gürrüň tapma, dodagyňy emjerdip. «Mundan beterem bardyr, mundan beterem bardyr» Hany, beýdip, tüýserme-de, tap, mundan beter byjlygy!

—Ýok, men tapmaýyn, tagsyr!

—Ýok, sen, janyň jäbelek bolanda-da, bilmersiň tapyp, muň ýaly goňursy içinde it ölenligi.

—Oň ýaly bolsa, bir seret tagsyr—diýen şägirdi eline esli harsaňy alşyna, palçyldadyp ugramazmy häkini nejasadyň üstüne.

Ine, şeýdibem, «Poha daş atsaň pytyrar, üsti başyňa syçrar» diýenleri bolagetdin, töwerek gaplanmazmy göz gülbasarlyga.

## KIM DIÝDI «BARS»! KIM DIÝDI «TOWŞAN!»

—Aý, han aga! Biz-ä «Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýby ýok» diýägetdin, huzuryňda häzir bolaýandyrys.

—Ýa-a, sizem-ä! Heý, gelinmedikdenem apy bomy?

Hany törden otur-da, aýdyber arzyňy?

—Aý, han aga! Biziň baş-başa-da, jan-jana ülkämize özüň belet. Bir agza bakyp, bir münä-münlüge ýetilmänsoň, her kimiň öý-ä arkasynda, çemçesi bilinde.

Şo zerarlam, «Iki göç, bir talaňa» uçran ilimiziň goh-galmagaly ýetik. Özem ýagy-ýesir.

Ine, bizem şeýle ybagaý-çybagaýlykda sizikileň eline bendi bolup düşen adamlammyzy dilemäge geldik-dä, ýüzümize çarh çekip.

—Dogry, dogry! Oň ýaly bolsa, haly horjuny tegeläp tyllazer, lagly-dür, ýakut-jöwher, merjen-göwher getireniň? Ýa hikmetli halyňdyr çekiç baş bedewden äkelensiň?!—Ýok, olar ýaly zatlaňňa, han aga, bizde ady-soram ýok.

—Onda, nä ýüzüňe gelibilýäň meň dergähime?!

—Aý, kyblaýy älem! Biziň Türkmen agamyzda «Han halatsyz bolmaz» diýen bir aýtgy bar. Onsoň bizem, näme, «Han agamyzyň pähim-paýhasy taýlangy bolsa, mytdapyklyga ýetip, geleşige geris-le» diýdik-dä.

—Haý, haý! Aperin, saňa! Aperin!

GÖr ahyryn! Daryny deşip, bugdaý ötürýän Türkmen agaň bu zannypolat zürýatlaryny!

Be, walla! «Bir huşy metda kişä duşsam soraryn» diýip, ýördüm bir zady welin, allajanym, şo nämedik-ä? wah, ol dili8miň ujynda weliun, hiç hakydama gelenok-da—diýen han elini maňlaýyna ýetirişine esli oturýar.

Birdenem-He, he, düşdi indi ýadyma—diýşine, ýüzüne galdyrýar.

—Ynha, size bir sowal berjek. Özüne-de, ony jaýdar jogaba ýetirseňiz, bendileňňizi boşatmaga däl, özüňize-de, sylag-serpaý bagyşlajak daş ýany bile.

—Aýdyň, oň ýaly bolsa, han aga?

—Aýtsak, her neneň özüni aýran ýüwrük bilgelere sorag salsagam, olar meň ýylanmy ýylky, syçanmy-sygyr, asyl, haýsy ýylda doglandygymy takyk tagmalap bilenok-da.

—Oň ýaly bolsa, tagsyr, zähmet görmäň-de, bir oturyp-turuň.

—Heý, oňam zähmedi bomy? —diýen hökümdar oturyp-turýar.

—Boldy, han aga!

—Nämesi boldy?

—Siziň edil bars bile towşan ýylynyň sepişiginde doglandygyňyz aýan boldy.

—Bo-ho-how! Siz-ä, muny nesýe däl-de nagt edäýdiňiz welin...

—Nä han aga «Welin» beýleki diýip, oňa ynanmajagam bolýaňyzmy?

—Gaty bir oň ýalam-a däl welib, ýöne ejemdenem sorap göräýsek, ýaňky dogrulyk derejesini!

—Gözel göwnüňiz, han aga!

Ana, şondan soň hökümdaryň burny ýere ýetepkirlän enesine ýüzlenenler.

—Digrydyr şo gara gerşi, dili ýasy türkmeniň aýdany. Heniz meň ballymyň göbegi  kesilmänkä-de kim «Bars!», kim «Towşan!» diýipdi, oň doglan ýylyna?

Ine, şeýdibem, hälki guýumy dürdäneler aňk edişi weli taraşlygay arkaly hanyň söwüşini iýip, serpaýyny geýýär. Soňam dürli degrelere düşen bendi baryny yzyma eýerdişine girmezmi ata Watana gaýdaýn ýoluň gyrasyndan.

## «MAL ÝARTYNY BITIN EDER»

—Aý, akgam, akgam! «Maýa ýaly zat bolmaz. Wah, malyň tozuna gurban! Işigiňde gara gulak düýäň gäwüş gaýtaryp, burnuna ýumruk salaýmaly dal bedewiň horguryp dursa, armanyň näme! Asyl, göwrümiň gipgiňdir. Ine, geçi görgül-ä köpüň göwnüň ýetmez. Emma oň süýdi inçekeseliň bire-bir emi. Ugran edilýän çöpüri bilenem gamyş çyka. Bendiň ýylgyn logalasyny bog. Asyl, çüýremez» diýip, ýürege-bagra düşdüň-le.

—Nä, ýalanmy, eýsem?

—Ýalan-a dälse däldirem welin, her zadyň çaky ýagşy. Beýdip, sahyra-sahyra adamlaň gulak ýetinem guradaýmaly däl-ä.

Hawa, akgam, seň bileniň biteniň maýa. Gije ýataňda dagm «Gärjäm gyl tüýlüm», «Morjam ýüň tüýlüm» diýip, basyrganyşyňa zährämizi ýarýaň. Gözüň ýyrtylyň-ýyltylmanka-ds «Malym-janym», «Maly bolmadygyň, haly bolmaz», «Mally bolmak bir ýaman, malsyz bolmak iki ýaman», «Öňümden malymy ýanyňdan, içimden janymy al» diýip, käkeläp ugraýşyňa ýok tükezzybana (ol gudratly Gurhandaky uzyn süreliň biri) tutýaň.

—Aý, inerçelem, müň gepine pitiwa kylmaň. Bu bir eli poha batan ýaly emelsiz. Bilşiňiz ýaly, emelsiziň-ä, dili awy, çüýreik geýmiňem biti. Bu «Işlemenem iýmenem, ölsem «Alla» diýmenemleň seňňerinden. Bu dört döwüm bolup gyrşanyp, çörek çeýnänden her pohuny iýenini gowy görýän nekbeti. Bu «HAny bol! Gaýrata gal. Bitewilik başyny tut» diýenem edil atasyny öldüren bile deňdeşlikde görýän bir ýylana goýundy.

—Aý, aksam, gaty bir oň ýalam däldir-le.

—Beterem şoň ýaly. Hol, gün dämi, talagardan täkmekli ýük urup gyzyl erkegi ýagyr-jyzaly edeniň. Öňrägem sürini guýyň oýuna gündogardan däl-de, demirgazykdan indereniň, ýaltanyp.

—ÝA, senem, akgam?

—Goý «Senemäňi». Şu mallar dämi seň agzyňy aşa duluňy goşa getiren!

Bo-ho-how! Inerçelerem! Daşyndan aýlanyberiň şu Hydyr gören janawerleň. Bulaň ýüň-ä ýorgan, süýdem sargan. Eti-ýagam tapylgysyz tenekar!

Wah, wah! Bular gapdalyňdamy? Onda aýran diläp, okaraňam somlamarsyň. «Ägim açyljag-ow» diýip gözüňem tegelemersiň.

Saryjalary «Saryja» eden şu maslamma döneýin. Wah! Bulaň buşugan ýerine selme gögerse, ýyl aşan çöründen sakyrtgadyr siňegiň ýoguna ýanýan garaýag alynýar-a.

—Onuň-a, dogry, akgam!

—Dogry bolsa, guşaklykdan bolup duran bu mallaň ýartyny bitik edýändiginem bilip goýaýgyn, ýeriň giňinde.

—Ýa, jan akgam! Şunyňa has ýöwsi ýasawrak bolaýdy öýdýän! Heý, şu doýmaz-dolmaz gaty toýnaklaňňam bir ýartyny bitin edermi diýsene?!

—Ynangyn, şoňa! Ýogsa, sen ýaly ýoldan dogry ýöräp bilmeýän, çikgesi çylpykly alagöşe kim berer diýsene, gyzyl horaz kysmy daraýypoş gyzyny!

Kelläňde şygyrdyň bolsa düşün-ä?! Ogyz kim? Sen kim? O gyz-a, ýokarky dodagynyň baly, aşaky dodagyny taktak damyp duran, özem basan ýerinden ot çykýan maňyzly-meňzeşikli maşgala.

A, sen bolsaň, sered-ä! Maňkaly burnunyň sümügine at daňaýmaly, görseň gusasyň gelýän, agzy gyşyk mysalasyz makasow-a.

Eger biz oňa iki gelniň bahasyny töläp, seň köp düýäňi köprüden geçirmedik bolsak, wah, günüňe ýanaýyn, ölseň ýüzüň düşermi, şoň ýaly tumarça kysmy gumry gelne.

## TELPEGIMI AÝLAP SALAGETDIN...

—BAý, kakasy, senem-ä, edil emdirme guzy ýaly gaýşa-gaýşa, halys bagrymy suw etdiň-le. Seni sepiňi bildirmän, ile goşjak bola-bola, galçagyňy gazama kemini goýmadym. Onda-da ebtini egdyryp, janymy dyndyrmadyň. Telpegiňi haram ölen towguň maslygy ýaly edip.

—Sen, heleý han, erim nekbeti diýip çyzykdan çykybermän, ugruňajyk gezgin. Bolýamy? Ýogsa sen ýaly dogumyna bäs gelibilmän, ýyldyza toýnak salýan, şama-şama bäş dodagy etjegim badyr.

Hawa, hawa, gaty gaňryşyma gaýdaýsaň. Telpegimi aýlap salgetdin, unaşam içmän, gidiberin, kellämiň salgyna.

## ÖŇEM HARANZADA MEŇZETDIM-DÄ...

—Jan gyzym, Gotur pälwanyň öýüni salgy berseňizläň, kyn görmän.

—Oň-a, hiç hili kynçylygy ýok welin, jaän agam.

—Welin diýip, sözüňe säginme salyp, kän seretdiň welin, nä birine meňzetjek bolduňmy, bizi, jan gyzym.

—Hawa, agam! Aňyrdan gelşiňe, bir toglar sakgally-sarmykly adama sorag salman, olaň gapdalyndan gönümel geçip aýtdyň. Gel-gele maňa ýüzlendiň. Gyzym, jan! Diýen bolup.

Ana, şoň üçinem gara görnüm aňyrdan dal bedewi säpjedip, bir mysgal bolup geşiňe synym oturyp, ilki sizi şöwketli şazada meňzetdim.

Golaýrak gelensoňam, atda abaýtoş oturyşyňy, bökejem edikdir. Hywa telpegiňe gözüm kaklyşybam, sizi bir bezemen begzada meňzetdim.

Ýöne, egele gurap oturan märekä barmysyňam diýmän, ýalyň ýüzlük edip, meň ýaly uly gyza ýüzleneniň, üçinem, jan agam, sizi haýasyz haramzada meňzetdim-dä.

## TERSINE TOWLAJAKLAŇ GARAÇAGYNA KAKYNÇAM

—Eý, puşty penaýym! Hökümdar bolup näçe ýyl döwran sürdüňiz-ä?

—Bary-ýogy ýedi ýyljak-la.

—Muny nädeýdiňiz-aý, tagsyr?! Siz biziň atamyzyň möwritinde-de hökümdar ekeniňiz-ä?

—Wah, kelte kakyp, düşünmänsiň-ow, aýdanyma?!

—Be,eýdiýsene, kyblaýy-älem?

—Hawa, Hawa! Öň bir gapdalymda atam, bir gapdalymda enem baka, olar ýüzüme ýyljyraklap, agyzlaryndakyny çykaryp, agzyma salýarkalar, ana, şonda ýedi ýyl tagy-tarhan döwran sürdüm. Hökümdarlygam etdim. Gepimem geçdi.

Patyşalyk kürsüne geçelim bäri bolsa, il-ulus üçin aýdanym bolaýanok, tä, tersine towlajaklap garaçygyna kakynçam.

## «ÖŇÜM GELENDEN, SOŇUM GELSIN».

—Aý, aksakgal, men Taňryň emini! Aýdyp otur! Öňüň gerekmi, soňuň?

—Be, men näme diýsemkäm saňa?

—Hany bol! Beýdip sagynma-da, belliňi et.

—Şu çal-çapdan gyr-gytyz eklenjem-ä gaty gynap, gözümizden ganly iriň getirýä welin...

—Ýok, atasy, il mamurçylygy üstümizde dursa, işläp iýip, dokap geýip bilmesek, goý garagymyz aksyn.

Şoň üçinem, jan atam, beýtmäň-le, soňuňyzy, ýagny, ahyrediňizi diläň.

—Bor, jan gelnem.

Bor, halal hon sürübaşym!

Goý, onda öňüm gelenden, soňum gelsin. Meň, eý Taňryň emini!

Ine, şeýdibem «Öňüm gelenden, soňum gelsin» diýen aýtgy döremezmi.

## GOŞA GYLY GIREW GOÝUP. . .

—Hormatly haluypa, hatarly kerwenden galyp, ýol ýakadaky ýaýlymly kemle sowlanda ýüzüne kül urlan ýalakdy welin, ind-ä, tüweleme, gözü jöwherlenme tapan ýaly.

—Şu Mekge-Medine haja gatmak üçin näçe ýygyp-düýrenem bolsam, birhili kemtik kakaýdy, yzyma gaýdarlygam galman. Onsoň ýaňky kürene aralaşyp bir barjamla günlükçi durarman boldum. Onda-da. «Beýtme-de, biziň

obada bir goja bar, sahawatly.m Ana, şoň ýanna bar. Göwni ýetse, ol saňa, ýol harjylygam berip goýbär» diýensoňlar, salgyny alyp, oňka bardym. Hal-häzir soraşdyk, bir käse-ýarym käse çaý içibem, arzymy aýtdym. Ol «Karz pul bermäň-ä, gürrüňi ýok welin, soň siz nädip oň aşagyndan çykarkaňyz, kyýamat bergidarlygyna galman. Ana, şo taýy meň böwrüme bükgüldi salýa diýensoň, oýurganyp esli oturdym.

Onsoň o ýaşula «Agam, men halal barmak ýalap galdym, heniz ýaläanly ýabşyrmany süňňe siňdirmänem öwrenemok, ýöne, jan agam, meň iň öňe tutar iň ykitybarly zadym, ine, şu çalmar ýaly ak sakgalym. Şoň üçüribem, men ondan ant içip oturmaýyn. Onuň iki sanjak gylyny bergimi üzjekdigimiň girewi hökmünde size goýup gitmekçi. Uzaga galmanam, ony elin alyp giderin, puluny dolap äkidişime» diýidim welin, öýe baryňçam ýapyşalgamy beräýdi, ikirjeňlenmän.

—Be, oň ýaly bols-a, halypa menem, azak-tenek pul diläýmeli ekenim ondan-diýen kişem ýorgalybermezmi hälki sahawatly gojaň huzuryna.

—Aý, agam, maňa-da, pul eçileweri azowlak. Ýolda ägim açylaýmaz ýaly. Ony sähel salymda yzyna gowşurjakdygymy güwäsi hökmünde-de, ine, bir gysym gara gyl sakgalymdan.

—Ýaňja-da bir myzapyr gelip, harjylyk sorady. Ygtybarlylygyna gözüm ýetdi-de, berip goýberdim. Sakgalynyň goşa taryny kesgin kepilnama hökmünde gudratly gurhanyň gatynda goýup gidensoň.

Ýöne saňa welin, ýeke jinnegem pul bolmaz, jan ini! Çünki sen selin ýaly sakgalyna sarpasyz, ony gysymlap goparmanam eşekden palan alança-da görmeýän, parhbilmez bir lakma ekeniň.

## ELIN ELDE DEMLENMESE...

—Halypa, häzir-ä, han agaň ýanyna goýberip biljekg-ä, seni.

—Näme üçin, jan dogan?

—Nämüçini, çaý içýär, han agam, şu pille peneklâp.

—Pineklände näme? Baryp aýtsaň, aýny hata bilýän, ýok diýmez. Menem oň özi ýaly han-a, dag ilersinde.

—Han bolsaňam, beg bolsaňam, halypa, şu mahal biýejaza ýanyna girseň, o seni gönümel atar.

—Aý gaty bir oň ýalam däldir-le-diýen kişi gapyny açyp, sen-men ýok, girmezmi içeri. Edil şo halatam:

—Men çaý içýän wagtym kim seni goýberdi bhu taýa? diýen hökmürowan haýbatyň yzy gümpümdä ýazyp gidýär.

—Bä, hanm aga!? Gara çynyň eken-ow, çaý süzende mazaňy alana ýowuz daraýanyň.

—Ýazylyp-ýaýraýşyma, majrap güllelede, keýpime koh berene egilişik edemok-da, ýekejede.

—Oň ýaly bolsa, hakykatdanam, çyn çaýhordygyňy synasmakl üçin, görme-görşe çagyrýan seni galama—diýen kişi özüniňkä baran hemdemine çaý äkelmegi tabşyrýar.

Şonda, çaýy gaýtaryp ugrandan tömegini temezzigini, ýagny, burun deşigini çalarak ýellendiren myhman:

—Aý, munyňdan-a, çaý bolomaz, han aga—diýşine, naşyjadan çonjy ýarymlygy yzyzna süýşürýär.

—Beriň, how! Ýamaşeketdandan demläň çaýyňyzy.

Emma soňky uzadylanam gonagyň hoşuna geläýse hädersiň.

—Aý, han aga, mynyňam..

—Ana, şondan soň hälki getirmezlermi üçünji çäýnegi. Ony öňüne çekişine täzeden gaýtaryp ugran hanyň ýüzi ýagtylyp gitmezmi birdenem.

—Ine, bunuň boluberipdir, jan aga!

—Aý, bolsa-da, han aga, çaý horlugyň gaty çynyň ekeni. Eger birinji, ikinji çäýnege ýanyşan bolsaň, seňki ýaly sowa geçirmän, içiňi ajy tüsseden doldurjakdym, Ýöne,,

—Ýöne diýip, gürrüň guzladyp oturasy iş ýok, bu taýda. Ilkinj-ä, gumakda demlenip, oňa ýeriň, soňkyňa-da, dullugyň köçe ysy çykypdyr.

Ine, öňümdäki üçünjiň welin, ýere-göge dahylsyz elin elde demlenipdir.

## GAZAP ATYNA ATLANMAN...

Gahary bolmadygyň,
Gaýraty bolmaz.
Gaýraty bolmadygyň,
Namysy bolmaz.
Namysy bolmadygyň,
Imany bolmaz.
Imany bolmadygyň,
Ahyrýeti bolmaz—

—diýselerem, halk hakiydasynyň töründe «Gahar-kapyr» diýen aýtgy bar.

Aslyýetinde, sähel zada gözüňi höwlendirip, ganyňy gaýnatmaly dälem bolsa, beşer balasy çig süýt emen-dä. Hoşuna ýakmadyk çepbe işme halys bagryna batdymy? Ol özüni ýitirişine, gazap atyna atlan ýa-da, çyzykdan çykyberýär.

Ýöne könelemmiziň magallaklap inen lasyrdyly gaharyny ýuwdany äriň ärmämmedi, zoryň pirmämmedi saýandygynam bilip goýmaly. Gojalaň gep salgyna görä, gahar ilki gara dag, gara bölegi ýaly, üstüňe howaly bolarmyş. Şonda özüňe ähem berşine, sabyr kylagetdin, ýaňkyň köwlümli şatysyna döz geldiňmi? Şonda hälki gahar kiçem-kiçem edil müji aşygy ýaly bolup, agzyňa golaýlarmyş. Onsoň näme, gaharyna bäs gelen merdi-merdana diňe ony ýuwdup goýberäýmek galarmyş.

## AHMEDI WIGAMYŇ HUZURYNDA.

—Wah, jan agam! Indi ýedi ýylyň ýüzidir. Dünýäde gaýgy-gamy golaýyna getirmän, tagy-tarhan ömür sürýän bagtyýary gözläp ýörenime. Ýöne

häli-häzire çenli, ýeri gazyp, gögi dilşime, her neneň legzan ursamam, oňa duşup bilemok-da.

—Be, oň ýaly bolsa, sen Ahmedi bigamyň ýanyna et. Ol görseň gözüň gidäýmeli, şeýle şam-şarklykda günini geçirýän kişi. Sazdyr söhbet. Iýgidir-içgi. Asyl, bar zat kekirdekden. Ýanyna bir barybilseň bolany. Gülüp-oýnap, gözde ýör, hezil et-de.

—Wah, janym agam! Wah, jigerim agam! Men size öňräk ýolukmaly ekenim-ä—diýen salgyny alşyna, barmazdan. Ahmedi bigamyň huzuryna.

Ine, bilbilleri kah-kahly bulut ýaly çarbag. Daşyna-da belentden-belent bir künreli howly aýlanypdyr weli, hut telpegiňi tutup seredäýmeli. Derwezesiniň gazma gapylaryny dagy diýsene! «Bä, ylahydan indimikä?» diýşiňe, biygtyýar başyňy ýaýkarsyň.

—Aman-saglykmy, jan ini? Hemme gurgunlykmydyr?

—Hawa, bizem tükelkçilik! Özüne-de, agam jan, jümle-jahanda gamdyr gussany ele ýanyndanam geçirmeýän, iň şadyhorram adam diýip, ýanyňa gelşimiz.

—Wah! Göwnüňden aýlanaýyn, jan ini! «ahmedi bigam» diýseler, sen bu ýagty ýalançyň girdikärini topugyna çykarmaýan bir kelenter kişini görjeksiň. Şeýle dälmi?—diýen Ahmedi bigam myhmanyny yzyna tirkäp ugraýar. Ýedi-sekiz ýyl mundan ozal, ol hakykatdanam, şeýledi. Ine, bir günem gözi göwher, süňňi jöwher, helal gaşly, hünji dişli, metda huşly, ýumry döşli, käkil başly, näzi çawly, zülpi tawly, badam gabak, ýuka dodak, alma ýaňak, babyr bilek, eli ýiti, kalby ýagty, şirin zyban, pisse dahan, sahy gerdan, mürçe miýan, aýdan ary, günden dury, gowy gury...Edil buýrulyp ýasalan ýaly guýumy dürdäne maňyzly maşgalany beýläme geçirdim. Oň bile bal-da-toşap bolup esli ýaşadymam.

Ine, birdenem, şa tutumly, uz gylyklym ynjyl-mynjyllyk tapaýdy. Bak-bejer. Sypag-sermeg et. Tebipdir hekimini, bilgedir lukmanyny goýman ot gapsamam, elime götergiläp, guş iýmlän ýaly esersemem, eger-eger. Eräp gidip barýa-da.

Ie, şeýdip, çekişip-dartyşyp ýörkägem, ol gözünden ýumman-ýumman goýberýä, bir seretsem.

—Wah, indi men-ä «Hä» diýmän öler giderin, senem onsoň...

—O «Onsoňyň» nä görgi, gül mekanym, bol dükanym.

—Onsoň senem öýlenersiň. Dergime gelen gyrnagym...

—Ýok, ýok! Oň ýaly zady göwnüňe getirmän, soň sagal basymjak Aýny hata bilýän, sen ölmersiň öläýeňde-de, men öýlenmen-ä

—Ýok, sen öýlenersiň. Ana, şolam meni otdan alyp, suwa salyp, janymy juwlandyryp, jähenneme ýollap barýa-da.

—Ýok men öýlenmen, hiç haçanam senden başga.

—Oň ýaly bolsa, hany, agtalat-da özüňi gözümiň alynynda—diýensoň menem «Gel-aý, şu natuwan görgüliň göwni galmasyn-da» diýip, gara kelläni töwekgeliň ötüginden ötürägetdin, oturyberdim-dä, özümi bigidirip. Şol günüň ertesem seretsem, hälkiň sary samana dönen ýüzi birhili yşnaklanyp, damarlaryna suw ýörän ýaly. Ine, şeýdişine, sähel-salmydan öňki görnümdar

görküne, çyraýly durkuna geldi-de, çolanyp-çyrmanyp ugraberdi. Ýarym aýa galyp-galmanam, ýelegini ýel çyrpyp, sagrysyndan öý tutaýmaly boldy-da, başlaberdi. Üstüme çöwjäp.

—Haý, mahluk myrryh!!! Haý, ähedinem sypatsyzy!! Haý, içinde it ölen nekbeti diýsänim! Erkligiňi ýanbaşa aldyr-da, otur indi şeýdip, başyňa bulamak çalaýmaly bol-da!

,waýר beýdiým-ä görer gözüm, şirin sözüm. Men seni ynjytmajak bolup, özümi şeýtdim-ä diýip, her näçe ýaramsaklyk etsemem edil arraw derman atan ýaly.

—Indi iki başboglyň bir ýerde göri ýok. Şoň üçinem, men-ä, boýny bugra ýaly garadan gaýtmazlary getirişime segredip, göwün solpymdan çykyp ugrajak. Eger gözüň pyçagyny ýykaryp olara pitjiň atyp, beýleki edenseň dagy eşitmedim diýmegin, deriňi deprege dartdyryn. Şony huşundan çykaraýmagyn—diýdi-de, yzynyň egelesini artdyryberdi, gün-günden.

Onsoň, näme, «Içi ýananyňam gülkisi bormuş» diýenleri-de. Menem her dişime bir ýylgyrma girizip ýalaňňat şowurgyn bile ömür sürşüme «Ahmedi bigam adyny aldym-da, galyberdim-dä, jan ini.

## «BEKRE BALYK ETINI IÝMEÝÄN JANYM...»

Öňem «Eden işi nusgalyk, geplän gepi güwälik», edil metda ýaly bir gyzy Kasym kenaryndan çöl içine durmuşa çykaranlar. Gumuňam, häme, kät-ä, bar zady kekirdekden, Iý-iç, ýaýna-da, göwün sopudan çyk, käte-de, iş başdan agdyk gelägetdin saçyň gözüňe iner. Şeýle halatlarda ne erkege dynuw-daýanuw badyr ne-de gelin-gyza.

Ine, bir saparam şo sysmy albadaňlyk howala bolýa-da ulyň-kiçiň gözüne gurt düşene dönýär. Ana şonda hälki maşgala:

—Wah, bekre balyk etini iýmeýän janym, porsy koý etine-de zar boldy-da, çäge çeýnäp ýörşüme—diýip dullenmezmi.

## JYPYTDYŇ GEPINE GITSEŇ-Ä...

«Ogluň ýetişse gyzly gözünde bolsun, gyzyň ýetişse ogully gözünde bolsun» diýenleri-de Baba lakgy agada ogly Aman ese-boýa galyp ugrandan gyzlylary telleý-telleý, ahyry goňşy oba barmazmy gudaçylyga.

Haýyr işiňem, näme, dost-a sekiz, duşmanam dokuz. Ana, şol düpbozan dokuzlaryň birem patalaşan iki gudaň arasyna düşmezmi, pisini aşyryp.

—Siz Baba lakgy özüňe osmaň. Oň ogly goýanyny-göterenini bilmeýän ötedeşik öhed-ä. Agzyny bujak-sajak edip, dogumsyran bolsa-da, sümüginem oňaryan däldir. Wah, o bir jandyndarmaz ylhanad-a! Oň ýaly nekbeti ýurt lakmasyna bir bermäweriň, gülden görkli gyzyňyzy!

Onsoň näme, guda gapdalam böwrüne diň salşyna, tykyrap ugraýar, «Ýigitlerini başga ýerden, gözläýsinler» diýip. Ýöne Baba lakgy agamy bir aran uran ýerinden el çekjek.

Ine, bir günem ol ogly bile ýola çykmazmy, iki atly bolup. Şonda:

—Jan oglum. Işiňi ýamana san, ýagşy çyksa alynyndan diýen ýörelgä eýergin. Ýogsa, çammalagyň çaşyp ugrar. Özüňi oňarman, ebtini agdaryp ýörseň, başyňy çarabilmän, öňeten alasamsyk üstünden köse ýöräp gitjekdir. Şoň üçinem, saldamlydan sarmakly, sypaýydan saýhally, edepliden ekramly, edermenden ejaply bolmaga çalyşmaly.
Ine, hä diýmän, gudalara bararys. Bar kişiňem gözi sende bor. Şonda gepdir sözüňem, gözdür ýüzüňem, süňkdir süregiňem, eldir aýagyňam, ýeklejede ýalnaraýmasyn.
Baramyzda atymyzy tutarlar, düşüp düşmänkäk Turjak bolamyzda-da, il meň atymy äkelip berşine, soň özüň atlanarsyň. Nahar äberenlerinde dagam, doýan guş ýaly bolm,an, sähel-säwlik sypdyraýsaň, hyjyl hatymyz elimize berildi hasaplaý—diýşine pendu-nesihat edip ugran Baba akga gudasynyňka barýar, ogluny tirkäp. Sag-salamatlyk soraşyp, çaý içýär. Çörek iýýär.
Bilişiňiz ýaly, Baba meşgur Ata Salyhyň huşy metda inisi Mämmet akgam aýtmagyna görä, Baba aga 1926-njy ýylyň martynda ýogalypdyr. Lakgyňam, näme, baran ýeri alaýaz. Şatlyk şowrugyn. Henekdir gülki. Gojaň geçisi ýaýrsp, küňreli kyssalygyň gyrasyndan girip ugradykç-a, bar onsoň. Töweregini märekesinden dyz epere ýer tapsam pirizor boldugyňdyr.
Şeýdip heniz, gün gyzmanka baran ataly-ogul gyzar ikindinler soramazmy. Gaýtmaga ejazany
—Bo-how! Baba kaka! Rugsat Alladandyr! Onsoňam, Baba kaka gylym agzy boş enesi ýalamadyk Baba lakgyň ogly suw sowlujyk bir gamyş başy diýse-de, tüweleme, dogmaňyza alla näme, edil ýylgyn ýaly ýigit ekeni.
—Ýa, jan aşnam, ynanaýmagyn, her öňýeten jypytyň sözüne.
—Wah, Baba kaka! Adam bir çig süýt emen çala göz bolansoň ynanaýýa-da aýdylana.
—Ýok! Ýok! Asyl, ynanaýmagyn, her bir şypjygyň gep-gürrüňine!
Baý-ba! O ýelemýüwletlermi? Ynha, biz-ä, olaň ýekeje sözüne-de pitiwa kylamyzok, «Siziň gyzyňyz ýerine buşugyp turýar» diýselerem.

## ÖZ ÝÜREGIŇDEN HABAR BERENSOŇ...

—Nähili sopym? Geldiňmi? Oba-garaňam sag-salamatlykmy?
—Eden-etdi urha-urlup, tagzyr. It eýesini, pişik bikesini bilenok.
—Sopym, seňkileň ahwalaty nägeňsi?
—Hala-la bir heýbe-heýlik, halypam, ýagşysy-ýamanam.
—Ýeri, üçünji sopym? Il-ulusyň gün-güzerany bir kada ýakub bardyr-a?
—Aý, aga, biz-dä ýag iýip, ýalaňaç ýatybermeli. Hiç kimiň pelek-perwaýyna däl.
—Bolubilýä-le sopulam.
—Pirim, siz «Bolubilýä» diýseňizem bu sopulaň üçisem bir ýaýlymly kürenden. Şeýle-de bolsa olaň ikinjisiniň obas-a tut-da baslyk. Alan aldyňky eýlekiňkäm gowuly-hordaly. Eýlekileňki welin, bir allanäme. Güla-güllük. Ýal ýalak ýüpege çolanybermeli.
Ýöne pirim, biz-ä ýekeje-de düşünen däldiris, olaň näme diýjek bolýanna?

—Ýa heý, jan inim! Ýaňky sopulammyň hersiniň öz ýüreginden habar berýändigine nä aňmadyňmy?
Ýüwrükbilge üç sowal.
—Aý, agam! Dünýäde iň gaty zat nämedir-ä?
—Ol-a wadadyr, jan inim!
—Onsoň, bu dünýädäki iň agyr zat nämekä jan agam!
—Onyň-a garyplykdyr garyndaş.
—Indi, jan agam, älemdäki iň süýji zadyň nämediginem aýdaýsaňyz?
—O-da ynsan jübütligidir, jan jigim.

ÇERETENI ÝAKYP...

Öňräk dostum Derýa Aşyr bile Tejen aýagyndaky Götine bardyk. Geldi Aşyryň işigindäki kerpiçden salan türkmen öýüni synladyk. Onuň ösdürip ýetişdiren ojarlarynyň kölegesinde saýalabam, goňşysy Çerkez Gandym bile hal-häzir soraşdyk.
Şonda ýaşulyň  keýwanysy Tylla  dogan garçyn çuwaldyr suwluk torba, yrgadyr köçnekçe hakda söz açdy. Soňam gara öýüniň dulundaky seçekli torbadan asylgy agyz oňurga ser salan ýaly etdi-de, gürrüňe başlady.
—Saňa, Ümür dogan, öňkülemmiziň sabyn gaýnadyşynam aýdyp beräýeýin.
—Wah, şeýtseňizläň, jan dogan!
—Oň üçinçeteni ýa çogany ýak. Kömrüni aýryp, külüni ele. Ony uly gazana gapgarybam gaýnat. Soňam suwuny durlap al-da, çökündisini dök, hawamy?
Şeýle-de, haram ölen malyň ýagyny al. Onam dogra-da, elin gowur.
Boljagy boluberensoňam, üçolpy bilen jigirdeçini aýragetdin, ýene bir baş gaýnat. Yzyndanam, ýaňkyň hälki durlap alan aşgaryň üstüne guý, lapyrdat-da.
Ýöne aşgaryň agdykrak, ýagyňam kemtigräk kakmalydygyny bilip goýaýgyn.
Onsoňmy? Onsoň gaýnadyber, amagtaja oduny lybyrdat-da. Haçanda gazanyňdaky goýalyp, sogaşyklyga ýetip ugraram welin, el çägeden appanöýjük ýaly galyp edägetdin, guýybir ýandan ti-taýýar sabynyňy.

AJYKDYRYBA  IÝDIRÝÄN...

Atam möwritinde tanymal tebip talap isläp barmazmy bir ulusa. Ýöne oňa, öwüp-säwibem, ýekeje kişi dagy ýüz tutaýsyn-da. Ol «Be, beýle ýagdaýlary bar welin, bulara kimem edýärkä?» dsiýip, aşaklyk bilen sorag-ideg etse, asyl, olary has aýran-jöwren tebip bejerýän bolsa nätjek.
—Hatyraly halypa. Bu ilatyň ýekejeso dagam ynjyl-mynjyl dälle? Bulary nädip bu ýagdaýa ýetirwndigiňizem bir aýdaýsaňyz?
—Men ilk-ä olary ajykdyryp iýdirýän, doýmanam goýdurýan. Onsoň, näme edil garnalan ýaly bolup, bulan birem syrkaw-sökellik tapanok-da.

NAMYSYŇY GORAGLAP. . .

Suwa barsaň, akar ýabyň ýakajygynda sygyr çopanlar-bijinjikler titrekleşip durandyr. Olaň asly gyrnakdyr.

Ir eýýam atasy ony okadypdyr. Gyzm, nä wagt, nä zamana. Birden üstüňe näkes howala boljak bolaýsa, onda şu dogany okap, öz ar-namysyňy goraglarsyň diýip, bir keramatly doganym öwretmezmi.

Ine, bir ýol-da, ýaňky maşgala ýabyň boýny gelse, dok doňza dönen bir bozuk baý ýakynlyk etjek bolmazmy.

Şonda hälki gyz öwrenen dogasyny okap özüni suwa urýar.

Şeýdibem, bijine öwrülip, şu günlerem «Heý, atam janyň kersenine duşup bolmazmyka?» diýşine, suwuň ýüzünde iki baka oýnaklap, ýüzüp ýörse nätjek.

## «AÝRATYNYŇ RAST BOLSA...»

—Eje jan! Gaznam gutaryp barýa-la. Indi näderkäm?

—Nätmeden Hudaý saklasyn, oglum! Seň şa bolanyň haçan? Gaznaň gutaryp—baýap ugrany haçan?

Eger sen gepi-gep, sözi-söz şa bolsaň, gara köçä möhür basyp, yzyzndan durubilseňem, ol gaznadadyr-da.

—Aý, eje jan! Aýtganyň rast bolsa, diýgeniň düzükdir.

## LAKAMY ASMAŇ-DA . . .

—Eý, gassap! Saňa uçursyz üşükli, malyň gyrasyny gördügi bes. Etdir ýagynyň näçe gadak geljegini aýdyp durandyr. Tylla terezi ýaly —diýdiler.

—Aý, gaty bir oň ýalam däldir-de, kyblaýy älem!

—Oň ýalymy-dälmi? Ony häzir takyk tagmalaýarys. Ana, arkasy palanly ýaly, ho, azman bar-a. Ilk-ä, şoň etiniň näçe, ýagynyň näçe çykjakdygyny aýt. Soňam soý! Hany seň nägeňsi arymsa gassapdygyňam bir görel-ä:

—Baş üstüne, hökümdarym! —diýen kişi ilki siňe seredip, azmanyň näçeräk et, näçerägem ýag ýygnandygyny aýdýar. Yzyndanam hälkini kars0kurs edägetdin şakgalaýar welin, ýekeje gyl dagy bolaýsa nädersiň.

—Haý, berekella, gassabym! Özüň-ä, eden işi nusaglyk ýaýlasyndan ekeniň welin, hany üýt, namaz okaýamyň?

—Ýok, binamazdyryn, şahym.

—Oň ýaly bolsa, asyň peläketi!

Onsoň näme, ýaňky gassaby idirdedip ugramazmy daryň teýine. Edil şo halatam hälkiň ogly gelmezmi hasanaklap.

—Hökümdarym, näme üçin asmakçy meň mähribanymy?

—O namaz okanok eken-ä.

—Siz, şahym, namaz okamaýany asmalydygyny bilseňizem, kimi asmalydygyny bileňok ekeniň. Siz kakamyň atasyny asyň-a.

—O nämeüçin?

—Sebäp, diýseň, ol muny okatmandyr. Kakam bolsa görşüňiz ýaly tälim-terbiýeli etdi meni okatdyp.

## «GOŞA GUZYMY EMDIRIP...»

Iki sany jöhit gapaän guraý-guraý ahyry tutmazlarmy bir ene kiýigi. O görgüli «Heniz aýaklanmadyk, göz monjugy ýaly iki owlagym bar, ajaza etseňiz bir emdirip gelsem, şolary» diýip her näçe zorlasa-da, eger-eger, edil şo halatam görsene, bu bolýan zatlary pygamber huda gelmezmi olaň üstüne. Ol «ynanaýyň, muň gaýdyp geljegine» diýip, kepil geçensoň, hälkiler keýigi goýberen. Olam barşyna balalaryny emdirýär.

—Guzulam, onda gidäýjek men-ä, yzyma.

—Gidäýiň. Indi biz ölmeris. Çünki sizden Muhammet Pygamberiň ysyny aldyk.

Ana, şeýdibem,. Hälki keýik dessine dolanyp barýar, jöhitleň ýanyna. Bu ahwalata aňk bolan jehitlerem, näme, gapanlaryny zyňyp, musurman bolmaň ýoluna düşmezmi.

## HIJYŇ ÝOLUNDA.

Her zatdan bir suwlyk hakyny alan könelemmizi diýsene! Olar daryny deşip bugdaý ötürişlerine, goýnuň malgam ýaly sogaşykly süýdüne dagy şeýle bir oýlanyşykly çemeleşipdir welin, asyl, huşuň gelsin. Sykmanmy sargan! Goýultmakmy pirik. Ýa, sen, gara gurtdan-turizadan ýalap, akdyr gyzyl gurtdan (ol sargan suwundan taýarklaýar) datjakmy? Öňkülemmiziň goýundan bir ýylda iki sapar guzy alyp, garagylçyk bugdaýy iki öwrä hasyly durdup bilendiklerem huşuňa galyplaýmaly zad-a.

Ýöne sagdyndan sarmakly, syrdamdan görmekli, çylgym-çylgym çekgesiniň gany damaýyn diýýän baba kelamlarymyzyň pyýada-suwara haja gisdişlerinem bilip goýaýmaly. Olaryň her hili ýagdaý ýüze çykaýanda-da, öz siňegini özi garabilýän Oraz Kiriş (ol 1884-nji ýylyň 1-nji ýanwaryhnda Güljemal hanyň öýünde uly geňeş geçirilende, 1878-nji ýylda Gowşut hanyň hokgasyna iýji galdyryp alan Alyhanowa öldürjek bolanda aňylyp, gaçyşyna, Mekge-Medinä ýgiden) kysmy ýedi-sikiz synagy bir çukura tüýkür.

Soňam Allaňy çuňdan çagyryp, düşmezmi ýoluň dogrusyna. Ýel weli uçursyz uzak, uçursyz hupbatly. Köteldip kesapatly. Sered-ä, tünüň süýnensoň, gan-gabarçak bolan aýaklaň ýekeje-de ädilesi gelenok-da.

—Ana, şonda köpi görýän babalammyz nädýär ekeni diýsene! Donlarynyň synyny eginlerinden öňe aşyragetdin, arkalaryna iki put çemesi harsaň daşy alar. Soňam gözüne urlan ýaly yorgalyp ugrar. Şeýdip, kebzesiniň ajy deri sarkyp, süňňi gow ýaly bolansoňam, hälki harsaňy honda goýbär welin, asyl, ökjesinem doňlan ýalak alakjap barýandyr.

Ýöne bir gezek garadan gaýtmaz takwaň ýeke özi haja ugramazmy. Guş gunyny syrdap şo haýdaşlap oturyşyna-da, ahyry umgur çöde, onda-da, hut depäňden gan alyp gelýän tüp yssyň astynda suwy gutarýar.

Şonda ol «Eý, Hudaýa, bar hudaýym! Mren uzyn ömrümi gaýym gullulyňa goýdum. Halal barmak ýalap, ese-boýa galşyma, bir bendäňe-de

gyýa gözňe hajy bolmaga barýakam, bewýdip, orta ýolda gönümi gatadyp, haram öldürmekçimi meni» diýşine gögüni gizläp ugraýar.

Görsene! Edil şo halat ol bäş sany atly inmezmi depeden. Olaň ergin gurşun ýaly ýapyň ýüzi bile bedewlerini gorgunladyp sürşüne dagy bir sered-ä. Üçüs-ä selleli, ikiniňem baş açyk.

Gelişlerine-de, sen-men ýok, hälki teşnäň golundan tutagetdin, atyň ardyna alyp, ýöräberýärler çaňap.

—Ýeri, how, halypalar! Näme beýdip, ýaman algyly ýaly elesledip barýaňyz-la? Yzymda agzy açyk gül-çagam bar-a, meňňem.

—Şoň üçin şeýdýäs-dä, bizem! Onsoňam, bilip goý! Biz seň il-güne ýagşylyklaň. Özümizem hudaý tarapyn iberildik. Biz seni ilki handa eltip, soňam elin bala-çagaňa gowşurmaly...

—Siz taňry tarapyndan ýollanan bolsaňyz, özüne-de, onda näme üçin üçiňiz selleli-de ikiňiziň kelläňiz ýalaňaç-la?

—Sen özüňi hernenеň okumyş, hernenеň sabyrly saýsaň-da, bikanatlyk tapyp, iki ýerde nahara bissimillasyz başlapsyň. Ana, şol zerarlam, ho, kellesi örtmesizler, seň nogsanlygyň nyşanasy hökmünde huzuryňa geldi-dä.

## DIŞIMI DÖKERSIŇ.

—Baý aga! Bar gatyr-guturymyz sabaşyberdi welin, heý, bir işjagaz tapylmazmyka, bize-de, güýmenjilik.

—Aý, jan ini, jan ini! Eýgerene işden, iýmişden kän zat ýog-a, bu gaty ýalançyda. Ýöne eliňi degrip, syrtyny sowa saklasy gelýän, üşüksize, galyberse-de, özüň ýaly işi hälki bir gzüýmenje «Gitdim eşek, geldim eşek» hasaplaýana bizde iş güýç bolmaz ýekeje-de.

—Ýok, baý aga! Men iş-ä ederin, gije-gündiz çalganaklap

—Onyňa ynanýan. Ýöne akyl käsäň kemtik kakyp, beýniň başlaň gelse, müň haýdaşlanyňam pak pisselik peýdasy ýog-a, «Ederini bilmeze ýagy nehajat» diýşi ýaly.

Ondan buýanam, jan ini! Hol, hatar-hatar bolup barýan akabalary görýämiň? Git-de, şolardan habar tut. Hal-häzir soraş. Nirden gelip, nirä barýar;lar. Söwdagär dagy bolsalar-a, ýüklerini, oň nyrh-nowasynyň nägeňsidiginem takyk tagmalap gaýt.

Onsoň bileris, seni işe almalymy ýa, almaly dälmi.

—Bor, baý aga, häzir o diýenleňňi täs-mäs edämädikmi?—diýen kişi ugramazmy loňkuldaklap, esli salymdam soňam:

—Baý aga, olaň ýük-ä, arpa ekeni—diýşine, gelýär hasanaklap.

—Bahasy näden ekeni? «Ony soramak ýadymdan çykypdyr» Wah! Onda yzlaryndan ýet-de, bilip gel, onam!

—Bolýa, baý aga! —diýen kişi ylgawyny ýazman gidsişine, bir haýukdan soň dolanmazmy yzyna.

—Ol arnaň-a, baý aga, puty bir manatdan ekeni.

—Ony näme çalyşýandyklarynam anykladyňmy?

—O hakydama gelmändir-dä, baý aga.

—Oöň ýaly boilsa,  yzlaryndan ýetägetdin, sorap gel onam.

—ÝA, heý baý aga! Oň gürrüňi bolmaz-a—diýen  görgüli önümiň öýünde kowup ýetişine, arabalylar bile habarlaşýar. Dilini sallabam yzyna dolanýar.

—Baý aga, olar-a, heýbe-heýli geleşige gelinse, ýüňdir beýlekä-de çalşaýman durjak dol arpalaryny.

—O diýýäniň, dogrus-a, dogrudanam welin, jan ini, bir jüpläp bökeňde bitiräýmeli bielik üçin üç-dört öwrä höltüldäp ýören özüň ýaly dyllym-deşik janderdä mend-ä işi ýok.

—Alaý-da, baý aga, menem işe. Bir diýeniňi

iki gaýtalatsam bolmadygym.

—Ýok, ýok! Maňa aýdylany süýrenjeňe onda-da, üzlem-saplamly süýrenjeňe salýan tutma talaban derkar däl. Maňa «Buýurylmadyk ýumşam etsem—etsem» diýip duran, gyrasyndan göründigi, bar işi bitirýän, giden ýerinden getirýän, ähli zada edil ýiti päk ýelmeşip ýatan ýanbermezler gerek.

Onsoňam, ýene bir zat, jan ini! Men seni ýaňky ýaly synag salmasyndan bökdüremde, hoşuma gelseňem, seni dogran enäni göräýmän, aňsat-aňsat, «Gel-de, işläber» diýmen saňa. Eger ejeň «Sölite suwda belli, manjy hamyrda» diýilýänlerdenm bolup, küli depä, pohy saka çykyp durmy. Onda «Atyň atasy gerek, ýigidiň enesi» diýleni alnymyza gelip, janymy dyndarmarsyň. Degnama degşiňe, dişimem dökersiň.

## «DEPIZ  DOŇANDA  GELÄÝ»

—Aga, şu gylyjyňy bersene, maňa?

—Onda, depiz doňanda geläý, batyr.

—Wah, bor-la, oň ýaly bolsa—diýen badyhowa ýigit şu wagtam depiziň doňýan wagtyny görjek bolup, aýlanyp ýörmüş-dä, depizi (daşly goly) jygyldadyp.

## O GYBATDYR

—O ne  juwandyr. Bir ýyl hamyla bor, kyrk ýylam dograr?

—O şeýtanyň uly  gyzydyr.

—O gyz kimdir?

—O  gybatdyr.

## INDI    ILIŇ   GUTARANDYGYNAM.

—Wah, il saňa her neneň umytly  hantamaçylyk baksa-da, hiç ýatyrmadyňda,  han aga.

—Ýa, heý, währi galar, indi iliň halys  gutaryp,  ýykylara çukur tapmaýanynam, gel-gel,  menden görjek  bolýaňyzmy?

## «...IT   UKLANDA»

«It ýatyp it uklanda» diýen aýtga dildir dişim dürteleri bäri, hakydama galyplanan bolsa, aslyýetinde itiň haçan uklaýanynyn bilmän ýördüm.

—Aý, o bir itdir-dä. Oňa «Itden ajam ýok, dynjam ýok» diýipňdirler-ä. Ol «Haçan ýatyp, haçan turanda näme? Oň nä işi galýamy?» diýselerem, ol-a, asyl, beýle däl ekeni.

Birki ýyllykda gumly gojalaň ýapda gürrüň towuny ýetirip otyrkak, itiň wepadyr gara ýörmeligi, gapyrgasynyň toglaklygy, ýüňdir et-ýagynyň gury agyryň bire-bir emidigi hakdaky peýrewe yzlandy. Soňam bokurdakda galan süňki gönümel eridip bilýänligi üçinnem «Itiň demi, süňküň emi» nakylynyň dörändigi bellendi. Çynma-çynäa gelende gyzyl közkä hamyrry çolanan düýe gumalakdyr itgöjele bile oň ýoguna ýanylandy gam ýatlandy.

Menem pursaty peýleýşime, itiň haçan uklaýandygyny soradym. Şonda bir ýaşuly:

—Bä itiň uklaýan wagty diýdiňmi? Ol daş-töwerege sakmanlyk edişine, edil daňyň öň ýany ýumak ýaly güýlüner. Soňam süýji uka gider. Rahatlyk tapyp, süňňi soway üçin bolaýsa gerek. Üstüne düşen gyrawlaň başam bozulan däldir. Ana, şolam itiň ukladygy—dioýşine, ýüzüme garady-da, sözüni dowam etdi.

—Ir eýýäm biriniň diýseň ýaman iti bar ekeni. Oň asly ganjygyň ilki garnynyň ekemen güjügimi? Ýa kesilen gulagy gowrulyp, özüne iýdirilipmi? Ýa-da ýarak-tutak bolsun diýlip, gara öýüň tüýnüginden çykarylypmy? Onçasyny biljek däl.

Ýöne ol garadan gaýtmaz görsebasar bolup, biwagt-näwagt sataşan adamsyna ele gelmez eder ekeni parçalap.

—How, jan ini! Senem ýok edäý o agzyganlyňy! Könelemmizde «Iti atmagam sogap, tutmagam diýen gepem bar-a. Beýdip ýörseň bir zadyň üstünden bararsyň ahyry. Sataşandan bir çorbalyk alyp ýör-ä, o pelekdeş—diýip bagyrlaryna ýarsalaram eger gulak salaýsa, dasgy nädersiň.

Gaýtma:

—Siz «Bar bolsa, görübilmez, ýok bolsa, beribilmez» diýilýän bahyllaň ýaýlasyndan «Itiň eýle, itiň beýle itiň ýarak itiň üýrek» diýip halys bizar—peteňimi çykardyňyz-la.

—Sen, sakgaldaş, bihuda gepleňňi küle-küta goý-da, eşegiňi ýola gat. Ony berip goýber, eýgerjek bir çopan-çoluga. Beýdip, oňa ýyl seýisligine duran it, höwür erkekdir tohum goç ýaly ähli mürdüňi iýdirip ýörme-de.

—Ýok, aýtmaň, o gürrüňleriňizi maňa. Garalamyň her saparky it uruşdurmaga garşydaşyny gübürdedip basyşyny, dagy diýsene! Wah, siz hiç zada düşüneňzok-da! Ýogsa, oň beýdip gamgy bulamasy diňe meň däl, asyl, obamyzyň abraýy ahyryn.

—Ýok, sen beýdip, tokaý otlap at gazanmaga çalyşma. Bize seňem, obamyzyňam bir gotur itiň arkasyndan abraýly bolany derkar däl. Geçen aý dämi, iti ýeňlen ýetginjegiň üstüňe düýe pyçagy syryp topulany. Şonda oglanlar seni gizläp çagyryp göýberipdir-ä, ölümiň öýünde. Nä o ýalanmy? Ýalan

bolmasa, şo çaýyňyz zerarly gyrlyşygyň üstünden barmankak tobaňa daýanyp, päliňden gaýt-da.

—Bor, agalar! Indi ynamdan, siziňkiň hakdygyna. Ýöne men itimi beräýmen, her bir salpaýak çopan-çoluga. Kimde-kim onymyň ýanyna gaýnynsyz sagynman-sandyraman bary bilse, meň itim ana, şoňkudyr — diýenden soň ýüzi ýalawyň duzy ýaly çopan garysyna galýar.

Edil daňyň öň ýany eline gol boýy jigar gandymy alşyna-da, ugramazmy pişik basyşyny edip. Barybam, gerşine gyraw düşüşine, çalarak hor çekip ýatan hälki işiň üstüne abanýar. Elindäki ekindi-taraşa bile ýaňkyň ýonunyň ýüzüne çekişine-de, gygyrmazmy uly ili bile «G-i-t-t!» diýip. Şonda em-sämkä haýýaty göçüp, gäbi azy beren item ýykan sürän bolşuna, götermezmi ökjäni.

Şondan soň geçse, üç gün geçendir-dä. Hälki çopan bir duş daşyna, üzüňňiläp münäýmeli o itiň ýanyna baryp, öýlänem ony mal üstüne, aljygurtlar bile döşleşmäge äkitjekdigini ýaňzydýar.

Onsoň näme, tomaşa teşne märekäň ortasynda garaýagyzdan arjanak hälki ýigit bile kellesi gozan ýaly erleň-ýarlaň köpegi goýbermezlermi başa-baş.

Şonda agyr hyňranjyrama bile atylyp ugran mähnet köpek ýigidiň üstüne towsaýmaly bolanda-da, gör-ä! Çopan «Ç-i-t-t!» diýşine, ýaňkyň zamanasyny jüýnek edeno sözi gaýtalap-gaýtalamanka-da bir sered-ä. Hälki gözi daraýy ýalyý garala köpek naýynjar çyňsama bile, guýrugyny yzyna gysaýmazmy.

## MÜLKÜŇE EÝE DURMASAŇ...

—Aý, tüýdeşler, şeýdip, wagtal-wagtal gabatlaşyp duralyň-a. Adam bibirine duşup, derdini iýip, hal-hödir soraşmasa, içi gysyp, hüwläberjegem öýdýän. Hany, geliň geçiň! Törden oturaň bakaly.

Helý, han! Senem odybelentden galla-da, çykyber, çaý-çemeniň uguna.

—Bor, kakasy, içjeňňiz çaý bolsun! Oňynça gaýnatmamam bişer bagyrdap.

—Görsene! Ahyly akgamyňkyň hezildigini! Tüweleme! Bulara gelseň, müşgül zat ýok-da, ýekeje-de.

—Aslyýetinde, eder işidir geplejek gepini bilýän kişiň, gaty bir emgek ýanaýmasa, barja zady bolup arýandyr, göwün ýelegine görä!

—Wah, jan agam! Onyň-a, sözüm ýok welin...

—Ýeri, wel iniň näm-ä?

—Welinim, agam, adama, ozaly betinde, aýal gerek. Onda-da, daýanara, söýenere, telwas tapyp boýanara; çyn aýal, onda-da, maýa ýa;ly maňyzly-meňzeşlikli çyn aýal gerek.

Bolmasamy? Bolmasa, agzy otlaýan, syrty botlaýan bir düňňüledirse duşagetdin, hüwiň aşygy ýaly bir topar hyrraşaw-pyrraşaw nekberiň eýesi borsuň-da.

—Dogry şonyň. Aslyýetinde, adamzat nesliniň goram ene, gönezligem. Könelemmiziň «Ýagşy bolsa hatynyň, toýa gitmek ne hajat, ýaman bolsa hatynyň, ýasa gitmek ne hajat» diýşi ýaly, mylaýymdan mährem, merdi-

merdana maşgala maňlaýyňdan çykdymy. Bo-ho-how! Onda seň işiň oňdugy. Bilmersiň welin, edeniň ugruna bolup, pişigiň towşan tutup ugrar.

—Ýöne Akyly akga! Aýallaň abşarylyp daýhan ogul dogurýany, çopan ogul dgourýany, batyr ogul dpgurýany, molladyr bagşy, tebipdir yzçy, hatda şahyr ogul dogurýany baram welin, bulaň Oguzhandyr Gorkut ata, Jygalybegdir Görogly, salyr gazandyr Ärsarybaba, Aýazhandyr Keýmir kör, Nurberdidir Gowşut han kysmu il ýaşulysyny dogrybilýäni seýrek-le, atyň depeli ýaly.

—Onyň-a, jan inim, ho, ýeňňeň jogap tapaýmasa, o biz ýaly çöp yklap ýöreniň Çary däl ýal-la.

—Hawa, biz, aýallar, ynsan örgen çeginiňý mülk eýesi size duluňyzy däneden, golçaňyzy gowurmadan dolduryp berýän çomrudyr çarwa ogly dogrup berýäs.

Il-ulusy ýagydyr saýak-sandyrandan goraglaýan batyry, ölüňi ugradyşyna, dirileňňi birikdirýän molla oglam ese-boýa galdyrýas. Agzymyz bimazaga göwnümiz görlüp, keýpimiz görlüp, keýpimiz çaglansa, has nepisden zülmiýana ogullaram elimizden gelmän duranok.

Ýöne, «Ýüzden ýüwrük çykar, müňdem tulkar» diýse-de, ile ýaşuly bolup biläýjek, çyn nogtabaşyny dograýmak, her bir uzyn etekliň syrtyna sygaýjak zat däl. Oň üçin. Ozalybetinde, biribaryň «Al gulym» edip, eýe nazaryny aýlamagy gerek. Onsoňam «Han halatsyz bolmaz» diýen sözi siz bün eşitmeli däl-ä.

—Onyň bile oňuşýan, enesi! Ýöne siziň käte-käte ogrudyr jümri, kezzapdyr kümsük, ýöwseldir ýalançy, husytsyr haýýar ogul dogräaýmaňyzam-a, bar welin...

—Oň, welini, kakasy... Kimde-kimiň şeýle ogly bar bolsa, onda ol «Ataň sap, enäň gapdygyny» ýatdan çykaryp, öz mülküne dogry eýeçilik edip bilen däldir wagtynda.

## DILIM ŞEREBELEM BOLSA...

—Bä, ýaşuly! «Ýagşynyň köňlünde kine az bolar» diýselerem sen-ä, tersine tüweleme beräýmeli, şerebe torbasy boýnuna baglanan bir ajylabyz hekbeti ekeniň.

—Aý, jan ini! Meň dilim şerebelem bolsa, bilip goýaýgyn, elim süýjüdir, çak edişiňdenem.

—Haý, agam, agam! «Elim süýjüdir» beýleki diýip, herneneň horgursaňam, göwräňem-ä, ýaý ýaly egredip ýatyr.

—Ýa, senem-ä, jan ini! Meň göwräm bolsa, ynsabymam, elimem dogrudyr, edill Musaň hasasy ýaly.

## ANA, KÖŞEKLI DÜÝÄŇ...

—Gowşut han aga! Öňküsi günden bäri size dahyl gelmek üçin, baý, ylgalladym-a, otda-garagan bolşuma, çalganaklap.

—Nä, ýagşy ýigit, saaň daran-zoran bamy? Ýa biri tersine towlap, çenbe işjek boldumy il nenagaly biteligiňi?

—Wah, Gowşut han aga, oň ýaly zad-a, meň ele ýanymdanam geçenok welin...

—Onda, näme, üçin, soragladyň bizi? Hany aýdyp otur-a, oň sebäbini?

—Sebäbini sözlesem, Gowşut han aga oň, men şekli düýe aýtdym-da...

—Sen, ini batyr, bilip goýgun. Il garamatyny gerşine göterýän adyl adama sowgat-serpaý bermegem, ýa tilkini diri soýan ýaly edip, ony ýüzüne öwmegem, gabatly gürrüňini edip, günertleýşiňe oň üstünden düşmegem bolýan däldir, biziň türkmençiligimizde.

—Ýok, Gowşut han aga! Ene süýdünden halaldyr, meň malym, şoň üçinem almaly borsuň, ýoluňa aýdan o köşekli düýämi.

—Sen, ini, gaty ugruňa gezgin! Goltugyma garpyz gysdyryşyňa para-peşgeş bile meni il öňünde dili gysga etjek bolman.

—Ýok, ýok! Gowşut han aga! Meň ýüregimde ýekeje-de galdyr-bassyrlyk bolmaz. An-a, köşekli düýäň, buldur han ýaly. Ine-de, onuň owsaryndy.

Hala özüň al. Ýa birine ber. Oňa zowalym ýok, Gowşut han aga!

—Ýok, ini! Siz şuçaka enl-ä meni uly il bolup, «Han!» diýip oýnadyňyz. Indem molla-mugty ýaly «Ýoluňa zat aýtdyk» diýip, oýnamakçymy meni. Ýok, ýok, ini batyr, galdyr-bassyrlyk uzaga gitmez. Pişigiň ýygdamlygy samanhana çenlidir.

## PEÝRÄWE GOL ARTDYRYP. . .

Arada Enewe, inim Alla myradyňky bardym. Garşy golamynyň tutmly çakylygyna gatnaşyp, gojalar bile peýrewä golaý atdyrdyk. Şonda meni köpçüligiň kethudasy, deşmedeň daýanykly Gülmyrat aga Babaguly Şämi ogly bilen duşuşdylar.

—Ine, bu biziň göwni gatlaksyz aksak gallammyzyň biri. Nirede toýdur sadaka ýa ýaýlymly ýygynçak bolsa, aýdybildigiň bes. Köneje welosipedini ligirdedip, dessine häzirdir huzuryňda. Özem, Gulmyrat aga «Günün otursa geplemez» içi güjükli lal şeýtanlardan däl. Onuň bilenini il-günüň gaýym gullugyna goýýan sahydan ýyly ýüregi bar, jan ini.

Onsoň näme, senem soraber, kalbyňa keşdeläp ýören närseleňňi—diýensoňlar, menem dana başly metda huşly, göwni joşly kimin daşynda dagdyr dere, begdir töre ketewgir jüre garyşdyr sere, mäkidir tara fidýedir süre, zöweldir, üre, hummuzdyr küre, kejikdir ýara, bitdir büre, aýdyr gara, tegapdyr gyra, palanadyr çyra, şorsuwdyr şara... dogrusyndaky sangysyz soraglammy sökläp ugradym. Olaň käbir kemtik kakýan ýerlerine bergin, berip otyrkagam Baýram Hezretguly, Aga Hommat, Abdyrahman Jumanazar, Ýazberdi Kadyr Annajemal, Kerim Abdusabnu Wahid, Hilmyrat Sapar, Meretguly Derýa, Bäşim Alla, Gündogdy Şyhberdi ýaly şägirtlrt känimden söz açdym.

Gulmyrat akgaň Aşgabatdan howa üç öwrä düýeli argyşa gidendigi hakdaky söhbet inediň salşyma ýol ugrundaky Gylyçdyr Ugurlyň damlasy, Perreňdir Sakarçäge, Palçyklydyr Gyzyl Takyr ýaly düşelgeler dogrusyndaky gürrüňe-de gulak gerdim.

Ergenege ýetdi boýum,
Haçan bolar meniň toýum
Ergeneg-ä, ergenek,
Ergenege bat gerek...

Ergeneksiz eklenen,
Terbiýesiz saklanan.
Kellejigi kesilen,
Derwezeden aşşylan —

—ýaly aýtgylarda agzalýan ergenek (ýagny ujy çeňňek kysmy gaňrakly gapdallarynyň biri-birine gelşikli ildirilip, beýle toýlarynyňam ýüp bile gamyş çykýan ýaly pugtalanylyp işiklere örtmen—eňsi agyllara gapy-ergenek hökmünde ulanylandygyny hem bilip goýmaly) babatynda-da pikir alyşdyk.

Şeýdip, gürrüň towuny ýetirip otyrkagam, ýaşulyň halk hekimçiligidir derman otlara garaýşyna soradym.

—Wah men, «Sersepil. Ýetmedige men kepil», «Borjak meni ýakan gan ojak», «Andyz iýen ölmez, egrije iýen är», «Itiň keselini sikyz açar, gyzyň keselini gopuz açar», «Içiň ýansa, yşgyn iç», «Andyzlyň gyýaly ölmez, ulunlyň (üýlenliň) aýaly» kysmy babalar haýhasyny eşidenem bolsam, seň ýaňky soraglan derman otlaň bilen gyzyklanmandyryndа men. Ýöne saňa hatyraly halypaň Mäti Kösäň obadaşy, herrikgalaly Öwezmämmet tebip barasynda kemis-kokun käbir zatlary aýdyp biljek.

Ol garaýagyzdan syrdym piýadady. Özem öme-dum,a eşekli gezerdi. Onuň ogly Baýlam kakasynyň kesbini ýöredermen boldy. Ozalybetinde, biribar «Al gulum» edip, gumrulaýyn guýmasa, hany bolaý ýamy o zatlar.

Öwezmämmet aga welin eneli däl, ozaly, aýdany bolup, diýenini deşip barýan halal hondan halatly kişidi. Ýöne «tekelikliniň gadyryny eýesi bilmez, at biler, ýagşy ýigidiň gadyryny ýakyny bilmez, ýat biler» diýleni-dä.

Onam ýanap-gynap, 1937-nji ýylda, ilk-ä, başyny ýetdiler. Soňam, näme ýagdaý gowulyga dönüm berensoň, köçä adyny dakyp apalap ýörler.

Bir öwrä-de Öwezmyrat agaň ýanyna gyrçyk eýeläp çala suwbasy galan guyzjagazy getirenler. Şonda ol «Bar, suw ilçiriber. Bujagazyň başga derdi-di güm ýok ýekeje-de» diýmezmi. Soň bir aýlawda, igläp, bolmajasy bolan bäbegi äkelmezlermi ýaşulyň huzuryna. Şonda çagaň ýüz gözüni sypalan Öwezmämmet aga iňirdäp ugramazmy oň ejesine, düýedenem düşürmen.

—Il-ä, müň dyrnagyna zar. Sen bolsa, munyňa idi-yssy wadam etmänsiň. Hany, inergämiň wagtly-wagtynda arlygyny ýuwagetdin päkizeden arymsa saklap ugra, nädersiň, aňyrsy iki hepdeden bujagazyň ýaly bolup bökjäberse.

Ýene bir saparam Öwezmämmet tebibiň gaşyna ýüzi jyrk sary ýortmanga oglany alyp baranlar.

—Aga, bu peläket burnundan saryýag goýup her näçe baky-ýakysyny ýetirsegem, asyl, etine ganyna çykyberenok-la, ýüzi jozmak ýaly bolup?

—Heý, jan ini? Şykga kesekden gähnemese, mähri ganman ýören kişiň bilip goýaýgyn, kyýamat magşar bolanda-da, etepesi düzelmez-ä.

—Ýa, jan akga çynbakaý, çynym, men gum iýemog-a.

—Ony, boýnuňa alam! Ýogsa, sary kükürt ýalaýandygyňam aýdyp oturybermäýin birden.

—Be, jan akga! Ýüzüme seredip, edil içime girip çykan ýaly bolup dursuň-la —diýen ýigdekçe tebibe gysmyl jorapdyr.

Hawa, Öwezmämmet şeýle ägirtdi. Ol melhem edip, aýallaň içindäki bergawly gatyny dagam gulanylma edip bir bejerdi welin, hoşuň gelsin «Onsoň on-onki aýdan görseň «Wah, çagam bolanok-la —diýip, öwülýädir şehitleri ýassanyşyna, molladyr murtyny goýmadyk önelgesiz görgülileň gujagy bäbeklidir.

Şu güznki ýaly ýadymda. Annam akgamyň dyzyndan aşagynyň eti tabrimbir sökülip, süňkdir siňil damar bolup galaýdy birden. Onsoň ony siňňin synlap Öwezmämmet aga:

—Muňa erkek adamyň peýşabyny çal. Ýap, gar et-de dessine gutular—diýdi. Aslyýetinde-de, erkek adamyň buşugy bokurdak agyry hapdyrtma, demgysmadyr keselleriniňem bire-bir emidir.

Näme bagşylaň sesi gyrlanda, kirli jambögürini dolduryp, öz peýşabyndan iýişine, owazyny çaryşla ýetirenden siz bihabarmy?

Şondan soň özümizden önýän em bile Annam akgamyň aýagyny tut ýaly etdik dessine. Ýöne Öwezmämmet agaň sargydyny tutman, at münüp toýa giden Annam akgamyň aýagy ilki simlän ýaly bolup, birdne öňki kaddyna ýetiberdi. Onsoň näme, çyny bile käýinen tebip, ene siýdikgor arkaly Annam akgamyň aýagyny hut ditdän aşybermeli etdi.

Öwezmämmet aga wakybaldan sak, pugtumaldan bek, jenewüt ýaly adam bolup, aýdanyny berjaý kylmasaň halamazdy asyl.

Bir gezegem ol ýandagyň köpürjikli balynyň bir okarasyny öňüne çeken adama ýüzlenmezmi

—Datma, how tüýdeş, sen baldan Ýaňyja, süýjüligiňden ýaňa dodagyňy ýarym, ýalama edesi gelip duran waharmanlardan iýdiň garnyň syrtyňa aýlanynça.

Ýeri, onsoň, indikiň näme diýsene?! Eger sen ýaňky gowuplap üstüne şu baldanam iýäýseň, işiň gaýtdygy. Öwezmämmet ýaly tebipleň toplumy egele gurap gelse-de, seni Ezraýylyň elinden aman galyp bilmez. Şoň üçinem süýşür, oakrany elýeterinden daşarak.

Asyl-ha, jan jigi, äkit bally gaby, şu garny doýsa-da, gözi doýmaz huntýudyň açmazyndan.

Ozaly betinde, bil iýen-ä gawun, gawun iýenem bal datmaly däldir, gargylap—diýip, näçe sakyran tebibe pak pisselik, pitiwa kylmadyk kişi baldan doýan badyna içine gor çaýkalan ýaly bolubam, gygyra-gygyra jan berýär.

Meň Sapar diýen agam bir ýola Öwezmämmet agany gol içine äkidýär, ýortmançalyga ýetiberen gyzyň ýüzüniň ýarasyny bejertmek üçin. Emma

barmaly ýerine ýetip, goşa ýassygy tir seklän tebibiň gyz bile serkaram ýok. Alma güli humlugy öňüne çekişine, bir mysgal, asyl burçak-burçak derläp.

—Hany, Kürt (ol Öwezmämmet agaň lakamy) beýdip lewjerip ýatma-da, o görgüli gyza sered-ä?!

—Ýa Sapar jan men seň o gyzyňa gelenje badyma seretdim-ä.

—Ýeri, seredipsiň, taň edipsiň, oňa emem edäýseň bolmaýamy, onda?

—Emi özüň ediber, ho, çukanakdan ýagyş suw dan çal-da.

—Bä, şondan galsaň, dökülibermi, ýaralary o gyzyň?

—Hawa, hawa.

—Hawadyram-a, welin, Kürt kaka ojagaz suw kemtik geläýmez-dä, hernä?

—Ine görersiň welin, şo suw soňlanynça, sypba-sypyrylar-a, o gyzymyň ýarslary.

Howwa-la, Öwezmämmet pahyr birhili halatly ýalydy—diýen Gulmyrat goja gurşan aýaklaryny ýazyşdyryp, çaýly käsä el ýetirdi.

—Ol goňşy obadaky toýa barsa ine, gollary gotanyň ganaty ýaly akmakraç bir gelin çalganaklap ýör, ony onda, muny munda edişine.

Şonda o maşgalany aşaklyk bile synlan Öwezmämmet aga ýanyndaky ýoldaşynyň gulagyna

—Halypa, ho, maýa mysally maşgalany görýämiň?

O görgüliň bary-ýogy alty gün ömri galypdyr-da göni gutaryşyna —diýip pyşyrdamazmy.

Tebibiň hemdemi o gepe ör-göňkden gelenem bolsa, iki täk geçip-geçmänkä o gelniň ýogaldy habary çawup çykmazmy.

Men Öwezmämmet aga bile kän gabatlaşdym. 1923-nji ýylda çep elimiň pyçak kesen şu orta barmagyny oňa görkezdik. Şonda ol «Wah, watyndajyk gelmeli ekeniňiz, ýanyma. Bu barmagyň çany çüňk bolup, doňup gidipdir indi. Boýun alaýyn, muny bejerip, şňki durkuna ýetirmäge, meň gaýratym çatmaz» diýip, gönüsinden geldi-diýen Gulmyrat akga turarman boldy.

Men bolsa ony ugradyp duran ýerimden «Biziň Gulmyrat aga ýaly pähim-paýhasly gojalammyz, gör, niçeme. Eger olaň ruhy kämilliginiň goýazy gaýmagfyny ýaş ösdürişleriň gursagyna guýubilsedik, onda Türkmen agaň rowaçlanmalara ýaran bolup ugran bu döwletimiziň gadamy hasam gerimlenerdi diýen pikire geldim.

## TAMDYRY ÝYKANYŇ...

Edil şu günki ýaly ýadymda. Meşhur Berdi Kerbabanyň ajap «Aýgytly ädiminiň» ýaňy ile ýaýran ugurlarydy. Biziň «Ýedinjiler» syrygynymyza gaýyp düşen ýalňyz kitaba-da dynuw bolaýyn-da. Gündizin-ä, her kim gözüne gurt düşen ýaly iş aladasyna mübteladyr. Garaňky gatlyşdygam bar kişi haltasyny arkasyna alşyna, bir göwni gatlaksyzyň körehli öýüne üýşer. Onsoň köregem çyraň çala yşraryna goza açyşyňa Artykdyr Aýnanyň jygba-jygly başdan geçirmelerine gulak gerip ugrarsyň.

Il ýatyp, it uklar. Gozalaram gutaryp gidendir bir eýýäm. Romany gezekleşip okaýan oglanlaň bolsa, bokurdak ýumrularyny iki baka gatnadyp, şol okap otyryşydyr, käte bir ýsowuk aý owurtlaýşyna.

Ine, şeýdibem, köpüň öňünde Berdi agaň mertebesi göge galdi. Herkim Artykdyr Aýna duýgudaşlyk edişine, olaň tüýüni tersine sypalajak pygly pisleri gözünde oky bolsa urjakdyr. Haçanda gezek Atyýry gelne gelende bolsa, haýran galmadan ýaňa hemmeleň agzy açylardy.

Şonda ejem pahyr:

—Ataýry gelniň tamdyrly meselesinde Berdi aga henizem süňk sypaýçylygyny bermändir— diýip söze başlady. —Meň käbäm Orazdöwlet Ataýry gelindenem has aýryha, has şama-şama bir maşgalaň gürrüňini berýädi, hut ýakaňy tutaýmalydy.

Bir gezegem o nädipdir diýsene! Ertir irden hamyr ýugruşyna ýetişikli gelinleň ot goýbererine garaşyp, gözenekden jyklabrak garawullaýşyna, senmen ýok gelmezmi tamdyryň başyna. Onda-da hiç kimiň özi bile deňdeş uzyn eteklä gezegini beräýesi gelenok, hamyrly çanaklary küle ägdaryp, näçe şallapylyk gaýyrsa-da, eger-eger. Ýüzi çylgym-çylgym garaýagyz gelinlerem, et boluşjak welin, gidirjek däl-de, nobatyny.

Şonda hälki çarbaý betbagat «Maňa hä-howa» diýmän, şu tamdyrda nana tendiri bilseňiz siziňem ärmämmet boldugyňyz —diýägetdin, girmezmi ody harman ýaly bolup duran gyzgyn tamdyra. Soňam ony daşyna itekleşine, ýykmazmy dört nara edip. Edil şo halatam, ogyk-baklygyň üstüne ýoldan geçip barýan şahyr geläýmezmi pata-pet.

—Bo-ho-how! Gelinlem! Öň tamdyr topalaňyny gurdum, hamyry garşydaşynyň garnyna agdarýanam, hatda dawagärini tamdyra tutjak bolýanam synladym welin, men-ä, heniz beýdip, öwülýä ýaly tamdyry ýykany görüp-eşitmändim.

Haý, betjigaryň balasynyň muny edäýenini! Munça bolanyna görä, gelinlem, bu bedasylyň kimiň keýwanysydygynam aýdaýsaňyz —diýen şahyr hasasyna söýenip durşuna:

Owalda kim bile eýledi jeňi,
Tamdyry ýykanyň eşekdir deňi,
Açykdyr bilegi, sallangy ýeňi.
Helal begiň aýaly,
Köpdür munyň hyýally,
Tamdyry ýykaly bäri,
Çig doňuza meňzeýär.
Ertir irden bu nä eser dawudy,
Gyrnak sözi hemme zatdan awydy,
Burunlary uzyn, gözi mawydy,
Helal begiň aýaly,
Köpdür munuň hyýaly
Tamdyry ýykaly bäri,
Çal doňuza meňzeýär—

—diýip, sesini owazlandyryp ugramazmy.

## ONAP-ÇEKÄP OTURMAŇ-DA.

«Gök iňňäni götin sanjybilmez» bir war-zir maşgalany üm-ä çagyrmazlarmy, ir eýýam. Emma, eden işin ozdurmaz, oturan ýerin gyzdyrmaz» ýardyksyzyň bitirip barýan goşy bamy diýsene. Gaýtma, agzyny telkerdişine, gürrüň honalap, hil-hal, şo bolşuna-da.

Onsoň näme, dogumyndanb döwleýin-döwleýin diýip duran galyň0galyň gyz gelinlere-de özüniň belet. Olar hälki «Gül ýaýdy gelmez elinden, iller durm,az dilindeni» süňk sypaýçylygy bile ornundan gopduryp, ugradanlar garyn-gajak ýuwmaga.

Edil şo halatam hälki öhediň ýanýoldaşy gelmezmi ünsçileň üstünden. Şonda ýaňky ylhanat. Aýuw, gelin baýlar, bilip goýuň, ýaka boýy bäş görүşdyr, oňap-çenäp oturmaň-da, biçiberiň jarra-jarra üçin, sesine säkdirme salypdyr.

## ÖZÜŇ BIR GYZYLGÜL BOLSAŇAM...

—Molla Töre ahun, özüňiz-ä, tüweleme, ylymly-bilimli, ynsabam täretli, pähim-paýhasly bir gyzylgül ekeniňiz. Ýöne, arman, degre-daşyňyz itgyzgandyr gaýry halama-harsadan gysgyrmaja ekeniň-dä.

—Haý, halypa, halypa! Meň eýläm-beýläm, asyl, çar tarapym tiktntkli hajrawlardan doly bolmasa, onda meni mal-gara depeläp, deregime dargadar-da, dik göterimi ine.

## IŞDÄSI ALAN ÝYLAN ETINEM IÝER.

—Tüssäňi burugsadyp, näme gaýnadýaň, halypa?

—Aý, gürrüňi köpelktmäge-de, açyp göräýsene, özüňjik—diýlensoň, hälki bagyrdyly gazanyň gapagyny galdyrsa, zäher haltaly kellesidir guýruk gapdaly, şeýle-de, içaşy aýrylyp, päklenen bilegim ýa;ly bir ýylan.

—Bu näme etdigiň, halypa?

—Huruşlygym baýansoň, şeýdýän-de.

—Ýok, sen beýdip ýylan etini iýme. Men saňa gatysarkyp duran täzeje göş ibereýin, jylkyja.

—Ýok, azara galyp oturma, halypa. Işdäsi alan ýylan etinem iýer-ä

## KELE BESDIR.

Görsene, bu bolýan zatlary! Ir eýýam dört-bäş sany hemdem-hemşeri çugrugşagetdin, başlaryny birikdirip, öýlendirmezmi bir kel-kemeç dostuny.

Oň ge;lnem gözi bag çebşiň gözi ýaly, eginlerini terezilenip durasn, aýdan ary, günden dury maňyzly-meňzüeşikli natuwan bolup çykmazmy bagtyndan. Emma ýaňky ündeşlleri birden «Gyzyl görse, Hydyr azarlaryny» edip, pygyllaryny pozmazmy, ony taýyndan tazykdyryp, zöleri almak üçin.

—A-how, tüýdeş! Biz-ä, dogrymyzy diýýäs. Saňa iýmän-içmän, ýüzüne seredip oturmaly bir dagypa dahyl gelipdir welin, habardar bolgun, görmek göwräň ganymydyr. Birden ol seni howsakgal-ýüzügara edäýmesin, enesi jypytdy bile görlüp. Şoň üçinem, gepe galaýmaňkaň beräýseň, nädýä oň talagyny.

—Ýok, biz ýaly kele besdir, halypalar, şo äberen gelniňiz.

## DOKUZ ÝYL ÜÇ PENT.

—Aý, ini! Maňa talabyn dursaň, baý bomaň üç şertini öwredeýin, saňa. Ýöne soň kölgeli gol atmaz ýaly, öňünden ýatladaýyn. Olaň herki üçin hoş! Hoşal aga, arka boýnuň gaşal aga! —diýip, tegelek üç ýyl, jemem dokuz ýyl işläp bermeli borsuň, galçüagymny gazap.

—Bor, aga! Maňyzly maslahat berşiňe, ahyry ile goşular ýaly etseň, dört döwüm bolup garzynmak meň bile. Yzymda aýy-güni ýetik, göwreli gelnim galdy. Anna, şoň ýanyna aýagymy sekmän, işleýşime, göwnüňi görjek borun—diýen kişi bilini gaýym goşanmazmy.

Dokuz ýyly doldyrybam:

Birinjiden-ä, gije ýol ýöreme.

Ikinjidenem, özüňe dakylly bolmadyk zat bile işiň bolmasyn, asyl diliňem ýetirme.

Üçünjidenem, her hili ýagdaý ýüze çykaýanda-da, özüňe basalyk berip, gaharyňy ýuwutmany başar—diýen maslahaty alşyna, hşlaşmazmy haojaýyny bile.

Ýola çykyp, bir ýere baranda0da oňa:

—Halypa, iliňe dewsbidähel etmekçi bolsaň-a, kerwen bar elinjek —diýerler.

—Aý, aganşm, ot-da garagan bolup, gije ýol ýöremän, aýandama, gündizjik gidäýin-le kere-mara.

—Gözel göwnüň, halypa—diýen kişi eşret hälkini ugradyp barşyna, öten agşamky giden kerweniň talanyp, adamlarynyňam uçdantutma çapylandygyny duýduryar.

Şeýdip, uzakly gün ýol ýöräp pyýada gyzar ikindinler bir öýe sowulsa, gör-ä gaşlaryndan çebioş asaýmaly garaýagyz kişi aýalyny agaja saraýşyna, ýenjip dur-da, gülpüldedip.

—Essalawmaleýkum, ýaşuly! Kyn görmän, meni alaýsaňyz, şu gijelik.

—Baş üstüne! Ana, ho, jaýa baryber. Ähl ije zat ti taýýardyr.

Ine, şeýdip, ertire çykan myhman allaýarlaşmaga barmazmy öý eýesiniň huzuryna. —Beý, gaty üýtgeşik adam ekeniň-aý! «Bu aýaly näme üçin urýaň?» «Oň etmişi näme?» diýip, sorag dagam bermän, myhmanjaýa ugraberdiň welinb, men-ä, telpek goýdum saňa.

Ine, bular bolsa, «Ony nämeüçin ýüň satýan ýaly edip dursuň-la?» diýip goşulmasyz zadyna burnuny sokan adamlaň kellesi. Sen weli, tüweleme, öz günüňe gümra gergek ekeniň. Şoň üçinem, hany tut torbaňy. Men seň gyzyl-kümüşden ýüküňi tututup, ömürylla ýamanlyk ýüzüni görmez ýaly edeýin.

Gör-ä, şeýdip, öýüne geklen kişi siňe seretse,  aýaly özi bile boýdaş bir gara kelläni ýatyr-da, gujagyna gysypň. Şonda gäany gyzyp, gahary gaýnaglyga ýetiberen kişiň eli-aýagy saňňyldap ugramazmy. Ýöne, eýgörmüş, birden dokuz ýyl der döküp alan üç maslahaty hakydasyna gelýä-de, çalarak ardynjyraýar welin, aýaly galdyraýar başyny.

—Eý-ho! Kakasymy agyz bi? Oglum, ogul jan! Hany oýan-da, dädeň bile salamlaş-a.

BIZIŇ  ÝAMAN  PÄLIMIZDEN.

—Eje, eje! Aý eje! O gün bar-a, sen maňa gelňsoň, gusup iýdirýän jižžemanyňy äkelmäge daşy gideňdeseňkildäp, bilmedim nämesindendigini, meň ýüregim gysdy.  Onsoň süýşenekläp, sürenimiziň agzyndan şu ýere çakdym-da, sakyrma kemini goýmadygam bolsaň.

—Jaý, bezzat, haý, bedroý diýsänim! Beýdip göze-başa düşübermän, aýdylan bile bolgun.  Ýogsa, ynsatlyk edip, aljy gurtlar ymmatyna gep getirjek o günki doganlaň býaly seňňem bokurdagyňy çeýnäýmäýin birden.

—Ýok, eje jan, indikille beýle berebekgeýligiň gyrasynda görünmäýin welin, aýtsana, şo daşaryk çykamda, ho, gezip ýören goýun diýýän janawerleňňi synladym-da. Be, biz näme üçin azrak, ejemiz her güjüklände, maň ýaly dört-bäş çagasy bolsa-da. Goýun welin her guzlanda, aňra gitse, ekiz guzlaýar. Ýöne näme üçin, şonda-da, olaň sany biziňkiden köp, süri bolup ýörler» diýip, içimi gepletdim-dä.

—Aý, böri ballym! Böri ballym! O biziň ýaman pälimizden. Biz bir kastly kişi. Urjak-ýarjak, öljek-iýjek, maslyk-maslyga kaklaşdyryp. Bar janly jandar olaň daşynda dişini çarhlap duranam bolsa, goýu8nlaň netini çarhlap duranam bolsa, goýunlaň neti gowy. Şoň üçinme, garynjaň bilini bilip bogýan Biribarym, olary köneldip köllüge ýetirse-de, bizi seniňmi ösňediberenok-da.

ÇUWALA ÇYKYP...

—Be, gelin baý, seňem çöpüň gutaryp, sanaglyň dolup ýör öýdýän. Ýogsa, gaýyn eneňi  ugradyp ugratmankaň gara öýüň dulundaky bugdaýly çuwalyň  üstüne çykyp, aýagyňy sallap oturmazdyň-a beýdip.

Galyberse-de, gölegçiler gönügip gönügmänkä, içiňi çekip, gülmezdiň-ä, däli ýaly, ile metgi bolşuňa.

—Aý, oglan, men ýönelige çuwala çykyp, gaýagopuz ýok ýerinden kikir-kikir gülemog-a.

—Haý, diýseňizem-ä, ozalybetinde, şeýtandan patasy bolanyňyz üçin, siz-aýallardan her zada garaşyp ýörendiris biz-ä.

—Haý, haý, oglan! Beýdip, çeýnäberme diliňi-başyňy!

—Ýok, gelin baý! Meň dildir dişimiň nägeňsi berkendeli diçik-ä, sen bar kişiden belet bolmal-a.

—Dagyňa biljek däl welin, kakasy, çuwala çykyp oturmam-a, häli. Ezraýyl gelin pagta bilen damagyny çalyp,ejeň janyny alanda, içeri bir poýasa boýy gandan doldy.

Ana, onsoň il aňlamasa-da, halatly halyma syzanym-synlanym üçin, göwräme gan galtaşdyrmajak bolup, üstüne mündüm-dä, şu çuwalyň.

—Bar, oawaram çuwala çykanyň-a, oýundan diýeli! Ýeri, onsoň it masgarasy bolup, gülmäň nä görgi.

—Olam, kakasy, ýaňy jyunaza jaýyndan ören gölegçiler salajany-tabydy göterip ugraberdi welin, boýny trasmasy çeýnelen elekli, agzam ender ýaly repideli göle gysmy bir gara gaşyň, haýdaşap barýan gölegçileň yzyna düşdüberdi seňkildäp. Ýaňky itiň yzynda-da pozzam-sozzamrak bir sübse-sapyndan tutýan beýlekem ýok weli, hälki it dir gölegçileň yzyny çalçylar barýa-da, toba tagsyr.

—Ýeri, buça bolanyna görä, gelib baý, o gaýyň bile yz çalgylaýan çala mydar süpürgäň, aslyýetinde, nägeňsi hikmetiniň bardygynam aýdaýsaň?

—Aýtsam, gaýnym görgüli uzyn ömrüne il bile gatyşgara bolmadyk bir warzir, asyl, «topbusy gyşyk kaň karym» ekeni. Ysnatly zerarly, goýanyny göterenini bilmänem, elekdir repidesini al kakan ýaly etdiripdir bir ite. Ýaňky ejeň gölegçisiniň söbügini basaňkyrlap itilen ýaly bolup barýan seňkildewük segberdem şo zatlary oňa gowşurman aladasynda. Iň soňky sübse diýýänimem ejeň dözmezçilik edibirewge beren peşgeşi. Olam, aýdyşym ýaly, ýekeje ýagşylykdygyna garamazdan, barýa-da, o pahyryň yzyny galgylap.

## ÖÝKÄŇ DÜÝPLI BOLANSOŇ...

—Eý, Hudaýa, bar Hudaýa! Öz edaraň bilen bizi çep el edip ýaratdyň. Owrat ýerdir beýlekiň sübsägärligini boýnuma atyşyňa guşaklykdan aşagyň galçagyny gazamagam tabşyrdyň.

Hawa, Biribarym, buýrugyňa rza men! Ýönekä daýym, kä daýym sag eliň öz golýeterli çar örisinde emin-erkin, asyl, burulman-gerilmän gözdür-gaşa, dildir dişe hemdem bolşuny görüp, kemsinjek bolaýanda-birhili.

—Bo-how! Bendämiň sol eli. Düşündim öýkäň düýplidigine. Şoň üçübirem, bir egligişik edeýin saňa.

Haçan-da aýatdyr towir edilen, el ýüze sylynmaly bolanda, sen sag eýliň barmaklarynyň ujunyň üstüne ornaş-da, ýüze ilki golaýlaşmak ädehedine eýe bolaý.

## HOJALYK HARAJADYŇY...

—Şu günler, jan dogan, agzym bimazamy, nämemi, birhili ýüregim ezmiljiräp, başym aýlanjak bolup dur-da.

—Oň ýaly bolsa, gaýyn eneňdir eltileňňe, halys uwnup çydamasaň öý adamyňa aýdaýmaly ekeniň ýaty-ýagdaýyňy.

—Wah, jan dogan, olaň elinde-ujunda diş synçgarlyk zat bolmansoň, ýöne odunyp oturandyrys biz-ä.

—Oň ýaly bolsa, aýdyp otur, jan jora, göwnüň näme isleýänini?

—Aýtsam, jan dogan «Hojagaz akja guzyň bagyr öýkenini iýseň diýip, atygsap dur-da ýüregim.

—Oň ýaly bolsa, häzirjik gowrup öňüňde goýaýmadykmy, ony —diýen ekabyr gelin ojagaz ýüz tüýlini ýüpüne çolaşdyryp, gaýyn atasyny çagyrmazmy, ýaşmak astyndan.

—Atasy, aý, atasy! Bujagaz tokly gölerip, pyçaga gelipdir welin, şony bir halallaýmasaňyz-a —diýen gelin çyzgap, gowurtmaçlaýşyna, ysy janyňy alyp gelýän börtmr bilen naharlamazmy, hälki pahyry.

Soň bir aýlawda hälki kalby kireňsiz maşgalaň tokba gaýyn atasy Mekge-Medinä haja gitse, gör-ä, gelniniň bilezikli goly. Käbeýihananyň altyn halkasynda diýýä. «Be, bu nähili bold-aý?!» diýip, iňkise galşyka, böwrüne diň salan kişi öýüne gelenje badyna dil ýarmazmy o hakda.

—Günämi geçeweriň. Gelşiksizrägem bolsa, öňräk şeýdäýdik-dä, atasy.

—Ýok, onuň üçin, Berekella berýän, jan guzym, saňa. Wah, onsoňam, şeýdip, hajylyk hartajadyny ulusyna sürtäp, hajylygy üstüne getirýän seň ýaly göwni gorlular kän bolsa-dy, bu dünýämizde.

## PEDERINI PEŞWAÝLAP...

Edrek Atajandyr Begat Ýolly, Berdi Tejendir Durdy Juma ýaly ýüwrük bilge gojalaň gep salgyna görä, on müň ýyl töweregi mundan ozal Tigr hem Ewrat derýalarynyň arasyndaky Mesonotaminda Nuhuň tupany bolan bora çemeli.

Ana, şol almaň haýalessalasy sowlup, örgençegine gol atdyryp ugran Nuh ata bir gün gyzar ikindinler gelmezmi işigine, ýadaplaň durşuna. Surgunyp, sütüni süýnen adama-da, näme, özüňiz belet. «Az-owlak dynjymy alaýyn-la, şuňa gazza agajyň astynda» diýip, dyzyny ependenem, galýa-da uklap.

Edil şo halatam ýol öwüsýä-de, öňüne örtünýän göwegini (depesini) eýläk serpişine, owrat (uýat) ýerini açyp taşlamazmy, Nuh atamyzyň

Şeýdip, ýaşululay läw-läş bolup ýatyrka-da, ogullary gelmezmi üstünden. Olaryň iň ulus-a «Gör-ä, bu murdaryny aşyrypo, başymyza towky taşlap, serlip ýatyşyny» diýýä-de, ýüzüni sowup geçýär, gözüni alardyp. Beýlekisem, hakys gülşüne, ötüreberipdir pyňkyryp. Nuh atanyň gapdalyndan! Ýöne üçünji ogly welin:

—Nä, poha pyňkyrýamyň? Ýadap gelen garry adamdyr-da—diýşine, desbidähel, üstüni ýanýar, ýaşulysynyň.

Bu ahwalaty synlan enelerem aýtmazmy adamsyna ähli gören eşideniniň gylyny gymyldatman. Şonda çalarak gylyny gymyldatman. Şonda çalarak gylyny gaýnan Nuh aga ogullaryny huzuryna çagyryp:

—Haý, bisyrat! —diýşine, ýüzlenmezmi olaň iň ekabyryna. —Indi munan gojaňy saýmaz tekepbirlige etdiňmi, asyl, sen, gaşyma geleňde-de, daşyň üstünde oturyp...

Goý, senden goçak han, hökümdar patyşa döresin. Ornuňam altyn bolsun. Ýöne eliňden bähbitli bitelik gelmän, mydama ýagşa mätäçlik çekediň. Tur,

indem, ugra, gözüme görünme-de—diýen Nuh ata ortanjy ogluna tarap öwrülipdir. —Senem, öz pederiňi peşwaýlap, üstünden gülüp pyňkyrýan bolsaň, ony arzylamaly, halyňa, haý-haý-haý-ow! Bilmedim-ow!!!

Ýöne hernäçe hil halsyrasaňam, eý, hudaýa, bar hudaýym! Senden aýýar-haýýar, döresin! Jadygöý jögi döresin! Özüňem gargyş gabyna, awuly ganara dönediň.

Üstümi ýapan göwni gowy dözmez bolam! Senden bolsa, köňüldir kalby mähir-muhabbetli ynsan döresin. Alym döresin! Adam döresin! Özüňem ömür-ajar alkyş aladyň —diýen Nuh ata iň körpe oglunyň arkasyny sypalapdyr.

## ÖZENI ÝALAN BOLANSOŇ...

—Tünem, size sala salmakçy bolup gelendiris, biz-ä.

—Gelen bolsaňyz, aýdyp oturyň ýaty-ýagdaýyňyzy?

—Aýtsak, tagsyr, bizem oýun-oýun bile kyrky tegeläberdik indi.

Ana, şonupň üçinem hälki peläket piriniň ýanyna barmazmy ýamaşgandan. Oňa öz ähli pisitçiliginiň düýp özeniniň ýalan sözdedigini nikartlabam, üç kesbinden el çekişine,n takwalyk ýoluny tutjakdygyma äht etmezmi.

## ÝEKE ÇANDYR KIŞÄR-Ä.

—Halypa kyn görmän aýdyp beräýseňiz akylly bile parasatlynyň ara tapawudyny?

—Aýtsam, jora, ähli çolaşan çograryndan, görgi görse-de, baş alyp çykabilýän çeke çandyr kişir-ä akylly, hiç haçan alar ýaly alas. Gopaslygyň gyrasynda görünmän, başyny çarabilýäne-de, parasatly diýilýändir.

## TOWGUŇ ÝAŞYNYMY?...

—Çary aga (Gurbançylyk) özge haýwanlaň ýaşyn-a, düşüşine seredip anyklaýarlar welin, agza ajydyr kentlewüşiniň şu towuklaň näçe ýaşandygyny nädip kesgitleýärkäler?

—Aý, oň ýaly bolsa, olaň ýaşyny öz dişini bile anyklaýmany bo-da, jan ini.

(Beşer mergen gwep getir. Bähbidi pygam)

## ORLAŞYKLY ORDA BOLLSA-DA.

—Şir şene, aý şir iýene! Gör-ä, meň bujagazza zatlammy! Seň ýene dikrardan zaňňyk işi begeleň aňry gitse ikidirý welin, tüweleme, mweňkiler barada, esliň bäri ýany.

—Dogrudyr, doňuz dost! Ýöne bilip goýgyn! Seň o batga bulanarlaň orlaşykly orda bolsa-da meň ekemen babyr bileklim bir gözüni agdardygy läw-läşlige ýetäýär, olaň ählijesem.

# HOJALYGYŇ ÖZI ÜSTÜŇE GER ÝALY

Ine, diýseň döwletment, asyl, depseň yranmaz gurandaly on. Gamyşlar-a gaýym. Üzükdir serpiginem görmäge göz gerek. Edil ylahydan gurlan ýaly. Iç-daşlarynda dagam ýaýrap ýatasn ýekeje çöpe gözüň düşäýmesin-dä. Päkizeden serenjamly. Ýag dök-de ýalaber.

—Bo-how! Oglanlaň ejesi! Bu goňşular gapdaldan gelýän gowurmaň ysyny alýamyň?

—Alýan-la, kakasy, özüne-de, şol ys agzym bimaza bolansoň, birhili nehabadymy görüp, başymy-gözümem aýlap gelýä-dä.

—Oň ýaly bolsa, oglanlaň ejesi, maýdalaň eline gamyş okara tutdur-da, diledäý azajyk. Ýogsa, birden ymsynyp ät galyşyňa, işiň ulusynyň başyny tutagetdin, boljak çagaň gözüni göm-gök edäýme.

—Ýok-la, kakasy! Ine «Hä» diýmän, goňşy okara» diýip, özlerem äkärler-ä—diýen öý bikesi hernäçe nahtama bolsa-da, dadymlyk nire, zat nire.

Şondan soňagzy suwara-suwara saklanybilmedik görgüli goňşuylaryna garşy ýönelmezmi.

—Aýuw, goňşy gurgunmysyň? Sag-salamat oturanmysyň? Aý, menem ertir kakasy Mekgä-Medinä haja gitjek bolansoň «Oňa bir şüwlümlije unaş bişirip bereýin-le» diýdim-de, elegiňizi soramaga geläýdim-dä.

—Geregiň elek bolsun, jan dogan? —diýen hemsaýasy kepgirli elini gowurmaly gazandan aýryp, elegi uzatsa-da, al, goňşy, iý. Iň bolmanda, nan batyryp, duzuny dat. Üstüne gelensoň diýäýse dagy näteňet.

Ine, şeýdip, o maşgala ýuwduna-ýuwduna yzyna dolanýar.

—Kakasy, şu gün-ä, goöňşulammyza bir döw çalan ýaly, hödür-keremden elli bizar.

—Ýa, heý, ejesi, ine, men olar bille «Ertir gara daňdan Haja gidýän» diýip, hoşlaşyp gelmekçi. Şonda maňa «Hany, bäri gel» ederler-ä. Ana, şonda saňa-da bir şoruňy ýapyrlyk äkelmäň alajyny ederin-dä, diläp-tirkäp.

Emma gün ýaşar-ýaşarda goňşusynyň gapysyna baryp, oň bile allaýarlaşan kişä gel-geçem ýok, saçak başynda oturam. Onsoň, näme, olam, öýüne gelşine, «Be, kyýamatlyk goňşym bile ara çözülmez düwün düşäýdimik-ä? Goňşy okaraň-a, goý, baýaky zat diýeli. Ýeri, özüň gazarylyp üstüne barsaňam, ýüzi buz ýaly beýlekisi ýok. Göräý, şu taýda bir ýaşyryn sowuksaýkalygyň gözi ýyldyrap ýatandyr, hökman. Özüne-de, edil haja gitjek bolup durkam, şu dara0direlikde diýsene! Ýok, men bu ýagdaýda, ölsem, ynjalyp gidibilmen ahyry haja, oň sebäbini saýhallaman» diýip, içini gepledişine ýoňsuz oturýar.

Ahyrynam, ýüregini bire baglaýşyna, barmazmy ýene goňşynyňka.

—Aý, jan dogan! Men-äýanyňa geläýendirin, tara tapman.

—Be, tara tapyp tapman, men-ä, ikimiziň aramyza tow taşlabiljek ýokmuka diýýän bu jelagaýda.

—Onyň-a, dogrus-a dogrudyram welin, ine, şu gün ilk-ä, sizden goňşy okara dadymlygyny tama etdik. Ol-a bolmady. Soňam aýalym, yz ýanyndanam

özüm gelip gitdim. Emma «Gowurma gowurýas. Hany, bgir duz dadyň» beýleki ýok. Onsoň, menem «Ara taýak taşlanandyr-ow. Ýogsa, beýl-ä, bolmaly däl. Hany goňşyma ýüregimi açyp, dogrymy bir aýdaýyn. Duldegşir adamlammy ynjydyp men, asyl, haja gidip bilmen-ä» diýip, ýanyňa gelşim.

—Wah, goňşy jan! Ikimiziň aramyzda eýle-beýle zat, häzir-ä ýok. Ol, enşalla, geljekde-de bolmaz. Ýöne, şugünlikçe, goňşy okara uzadyp, hödür-kerem etmänligimiz üçinem öýkelemän, jan goňşy. Sebäp diýseň, hawa, hawa, jan goňşy...

Indi iki hepde bäri garyplyk-gahatlyk gapymyzdan girdi. Ýer gaty-da, gök yrak bolansoň, çagalar dişiniň kirini sorup öte ýatyp ugrady. Onsoň menem «Näden nä bolýarka?» diýip, küreniň çetine çyksam, ine, gölerip haram ölen Goýny bir hepdege taşlapdyrlar. Taňrydan gizlemedigimi bendesinden ýaşyryp nädeýin, goňşy jan. Menem ony getirdim-de «Hany gowur. Çagalar aç ölmese bolýa-da» diýdim, çagalaň enesine.

Onsoň haram zady biz nä ýüzümize hödür edeli, siz ýaly dili senaly kişä?

—Wah-wah-eý! Şeýdiýsene?! Menem «Goňşym bile arama enjebiýlik düşendir-ow» diýip, tutda-bas, oň ýaly bolsa, geç günämi, jan goňşy.

Eger obamdyr goňşy-golamyma şuň ýaly ýowuz tuta-keslik gözüni görkezen bolsa, onda men at münüp, atan (ol agtalanan erkek) gomap haja gidip oturmaýyn.

Eger-de täk özümi bilip gidäýmesemem, aýny-hata bilýän, hajym kabul kylynmaz. Şoň üçinem, haja harçlajak harajadymy il-ulusym bile deňje ýalaşaýyn.

—Aslyýetinde-de «Bir ajy doýurmak haçdyr» diýen gepem bolmal-a. Şeýdäýseň-ä, hajyň özem üstüňe gerdi, jan goňşy.

## ÝUWUNDYŇYZY SERPEN DÄLDIRIN.

—Gelin jan! Aý, gelin jan!

—Näme, atasy?

—Nämäň bar bol-a, jan balam! Iş gaýdandyr! Wah, indi biz nätsekkäk?

—Nätlikden hudaý saklasyn, jan käbäm! Hany beýdip howsala basdyrmaň-da aýdyp oturyň. Näme ýakaşyksyz (ýakymsyz) bir habar dagy düşäýdimi?

—Wah, gara bolup dagymy! Ýiligiň ýazyp, çemçeläp ýygnanyň çanaklap döküldimi diýsene!

Wa-ah, bigapyl guzym. Ähli malymyzy ýagy sürüpdir.

—Ýa, atasy sizem-ä onuň üçin-ä petek-peýman bolmaň. Mallaňňyz ger. Ony aýny bilýän. Olaň gidere ýeri bolmaz.

Sebäp diýseň siziň gapyňyzdan garalym bäri ýekeje ýola-da, hatyrasyny gaçyryp, ýuwdyndyňyzy ýere serpen däldirin. Şoň üçinem, ine, saglyk bolsa, guşluga galyp-galman, süriňiziň ýagny elinden alnandygy hakyndaky hoş habar gulagyňyza deger, hawa, hawa.

Menem onynça, näme, geljek buşlukçy üçin palaw ataraýyn, atasy— diýen gelin bürünjini buglap-buglamanka-da çaparyň tozany görnüpdir.

## ...BIZIŇ MERGEN GEP GETIR.

—Gözümizi ýolda goýup, ahyry, geldiňmi kakasy?

—Gelendiris-ä welin, heleý han...

—Nä, sesiň sagynçly çykýa welin, bu saparam öňküliň ýaly awuň oňmadymy kakasy?

—Göz boldumy? Dil boldumy? Biz-ä haýran, bu zatlara, heleý han. Ýogsa, seçmesini sazlap, därisiniň doldurymynam ýetirýän-le, aldygyna. Onda-da, bilmedim men-ä, agzymyň yrsy gaçan ýaly. Ýa okuw çawýa, ýa gyltyz degýä.

Hawa-la. Ýa mergeniň atyşyndan, «Ýa keýigiň ýatyşyndan» diýleni-de. Şu gezek dag-a, bir çukur oýtakda alty-ýedi sany, gözüňe söweýin keýigiň dik depegindenem düşdüm-le. Onda-da, näme, oglanlaň enesi, şowsuz iýmek nesibäň-de ýokdur-da. Hyrlymyň şahyny jaýdar süýjüp, didi waka mündürişime herneneň elin atsamam, çolpyma zat ilmän, galyberdim-dä gultunyp. Inim şowlan bolsa, şu sapar saňa gözünden urup, eliňe iňňe sapäak alyp çapgylamazyň ýaly, tullamalyk, abatja bir keýik derem äkeljekdim welin, arman. Elimi burnuma sokup, ardurja yzyma dolanmaly boldum-da.

—Hawa-la, kölgäň yrylmasa bor, kakasy. Bizem näme «Özge mergen et getir biziň mergen gep getir» diýer-de, ýarma-köjämizi gargylama bile boluberme-dä...

## «ALYŇ, ONDA, BISMILLA !»

Garyplyk gapydan girip, dulda ýük ýazgardymy? Onsoň biliňe goşa guşak urup, guşgunyňy serenjamly syrdaýmasaň, işiň bitdigidir. Özüň-ä, bir baýaky zat. Çagallaňňam dişiniň kirini sorup, öte ýatyşyna, garny sal ýaly boýny gol ýaly bolma bilendir.

Ine, şeýle gahatçylykly günleň birinde «Näden nä bolýarka?» diýen Kerki akgam güzeran tetärihligi üçin guma girmezmi. Ýöne çöle çykaňda-da, duş eýläp, zordan-zora mydar edýän adamlaň ýüzüni görüp, halyny soraýmaly.

Wah! Wah! Görgüsi eserler! Kendirikleň Çöre silkimi, gömmeleň gözden uçaly bäri är ömri boluberdi. Şonda-da, gowrulan etiň üstüne süýt sagyp, birki baş çogduryp günm görüşlerine, goýunlaň yzynda şo süýkenip ýörişleri taýaklaryny taşlaman.

Ine, bir günem, şeýleki teými takyrlyga ýetip, gutumy guran düýp goşdan çykan Kerki akgam bir alada bilen goňşy guýa ugramazmy.

Aslyýetinde, Kerki akgam mal-garadan ekin-tikiniň ýaty-ýagdaýyny bäş barmagy ýaly bilýän gaňrylmaz pyýada. «Ana, ho, gulanlaň salgymly sürüsini görýäňizmi?» kyrk gulan öz agsagyny bildirmez» diýipdir-ä, öňkülemmiz. Hany men bir gykuwlan at salaýyn, köne kössämi gezişime. Belki, şonda olar dört-bäş bolup götergiläp barýan agsak-towsagyny taşlap gidäýedi-dä, biz üçin» diýşine, eýmençden elhederli haýkylygy bilen gulan pahyrlara aljyraňňylyk salşyna, käte kör abraýlyga-da ýerýär ekeni.

Hawa, hawa...

Şeýle gajymal, şeýle keleňter bolsa-da, açlyk halys hyblyny alyp, gözi garaňkyran Kerki akga şonda ýaňy bir ýapa ýarmaşyp ugran ekeni. Edil şo halatam guýyň başyndaky huny ýigitleň biri Kerki akgany synap görmek üçin «Hany, onda alyň, Bismilla!» diýip, ýalandan gygyrmazmy uly ili bilen. O ses gulagyna kaklyşan Kerki akga-da, «Görsene, bu peläketleri! Asyl, meni alaňdanaşyryp, bular bir ige düşümlije zady kütületmekçi ekenler-ow» diýşine, hyrra öwrülmezmi yzyna. Ýöne, gelip görse, aýbogdaşyňy gurşuňa muhuryp oturmaly zadyň ady-soram ýok. Onda-da, içi çäkmen ýyrtyk bile syrylan ýaly Kerki akgaň:

—Jan inilem! Hany ýaňky «Bismilla!» diýip, iýmekçi bolan närsäňiz. «Ondan menem ät galmaýyn-a» diýip, asyl, gara çyny.

Şonda Kerki akgaň açlykdan kaksygan naýynjar ýüzüne siňe sereden ýigitler «Bo-ho-how! Açlyk çaklyşymyzdan am ýowuz ýagy eken-ow, Najadyňy görüp, öňümden gaçmasaň, ol-a, Kerki kaka kysmy keleňter kişionem mugyra getirýän kesanatly külpet eken-ow» diýen pikire gelenler.

## ITIŇ SEÝIDI BOLDUŇYZ.

Muhammet Pygamber hemdemi bile tirkeşip barýarka, ýoluň ýakasynda iki sany goňur güjük ýatan ekeni, gyrasyny ýassanyp. Ýaňkylaň biriaýaklary bile Pygamberrusula togap edip, ony ýüzüne sylsa-da, beýlekisi üýrüşine galmazmy güzbürdäp. Şonda äwmän ädimläp esli ýöräp pygamberimiz yzyna öwrülip, ýüzlenmezmi özüne topulan ite.

—Siz, näme üçin, hak resulylla üýrdiňiz i, ýabşynyp?

—Men it tagsyr! Şoň üçinem üýrmeklik-ýarmaklyk meň resedim. Edermen üýrüp gabyrdap, özümi tanatmasam, kim meniň itligimi bilsin, pygamberimiz.

—A, siz näme üçin togap etdiňiz bize?

—Pygamber huda, men näme üçin togap etmäýin, size? Sebäp siz taňryň resuly! Siziň mübärek ýüzüňiuz-ä, eýsem, gadam tozuňyzy togap edenlerem ýetişýär-ä, baky bagtyýarlyga.

—Hany, oň ýaly bolsa, geliň, bakaly golaýyma —diýen Pygamber huda ýaňky egninden aýryp ektaýyna dolagetdin çykarmazmy oň ýeňinden görmesiz, itiň sesidi, bakyly-ýakyly tazy bolduňyz.

## ÇÖPDÜÝBI BOLMADYK...

Arada henize çenli salymly duşubilmän jöwrenip ýören Murgaply Dotdy akgamyň bagkygyna baglanyp, Balkana gojalaň geňeşine gitdik. Türkmeli at nalamma gabatlaşyp, olaň teletomaşaçylary üçin meşhuir Magtymgulymyzyň datly döredijiligi dogrusynda gysgaça söz açyp berdim. Töwekgelçilikli tagallaň iň ulusyny boýnuna çekip, Türkmen agaň ogul-gyzy üçin «Edep» sapagyny Elýeterli eden kalby küreňsiz magaryfçy Amantagan Begjanyň bary-ýogy iki sagatlyk myhmany boldum. Onuň kyrk-elli minudynam dözmez doganym

Amantaganyňpeduçilisesiniň ýedi ýakyn talabynyň öňünde mährem mekan, eziz ene, ylym-bilim, peder pendi, parasstly Prezidentimiz hakdaky söhbetine bagyşladym.

Ana, şol saparda ýoldur yzda, ýa çaýa çykylanda Dotdy (Döwletmyrat Hojamyrat) akga ýürege ýarap, süňňe siňerli gyzykly gürrüňleriň gyrasyndan girişine, barçany haýrana goýdy. Şonda ol sekiz müň älemiň alty müňüniň haýwanat, alty müňüniň nebetat (ösümlik), alty müňünem mejatat (jansyz jöwahyr-tebigat) bolýandygyny öwran-öwran nygtady.

Merhuma döäwür edilende onuň bbir ýyllyk fidýe namaz borjunyň tötesiniň 236 put (16 kg) 29 gadak (400g), ýagny, 3892 kg, bugdaý ýa şonça iki esse (7784 kg) arpa barabardygynam belledi.

Türkmen topragynyň tapylgysyz suhan göýi Babalakçy aganyň atasyna Annaguly (?) diýlendigini nygtap, olaryň Guiýrukly depäň golaýynda, Alaşaň agmazyndan esli ýerleriniň bolandygyny, oňa-da soňa-bakdan «Lakgyň ony» adynyň galandygyny takrarlady.

Ýöne, bir günem ýaşulyň ogly Aman Lakgy suwy lummurdymy Alaşaň gyrasyna süre-sykmaç asyl, pişik kellesem geçmez ýaly edägetdin tal oturtmazmy. Talaňäam näme, ýany yzgarly ýere ýetdigi bolany. Gününi sanap ösme bile, pyntyk ýaryp, ýaprak ýazyşyna.

Şeýdip, pil sap edäýmeli boluberen tallary aşak ýüzden çör syrda, ýagny, ýap gamyşlamaga gelen bedeser oglanlar çapyşdyryp, omrup-jamyrmazmy. O zalary görşüne bol majysy bolan Amanam ugramazmy käýinip.

—Haý, size. «Oglum-gyzym» diýip, alyp ýörenleň ýüzüne köz degsin. Hiý, beýdäýmek bomy diýsene, atlynyň damagyndan çykan ýaly bu syrdam tallary. Sered-ä, gözüň gyýar ýalymy bulara. Beýdip, dal pudakly daragta kast etseňiz bilip goýaýyň, ömür-ahyr berkarar tapman, geljekde öndürip-ösdürjegiňizem gylyl-ýagy bor özüňize —diýip, näçe jibrinse-de, sözüne gulak gabardýan ýok ýekeje-de. Gaýta, gözüne güýdüşip, gitdigiçe orç alýa ählijisem.

Şeýdip, ganyny gaýnadyp ugran Aman ahyry uruşmakçy bolmazmy olar bilen. Edil şo halatam, Babalakçy aga geläýmezmi eşegini dikgirdedip.

—Ýeri, oglum, bu dabaraňyz näme?

—Aý, şu bisyrat haşyrçylar gyr-ýapyr edip barýa talymyzy tozduryp, aýdanyma—diýenime bakman. Ana, gohumyz şoň üçin, kaka.

—Wah, jan oglum, atasynyň çyn ogly biziň talymyzy çopmaz ýersiz ýere. Ony çapsa, diňe enesi ýalamadyk çöp düýbi çapar, hawa, hawa, diňe çöp düýbi çapar—diýýär welin, hälki heşerlenişip duran kakabaş ýigdekçeleň barynyň galawy garlyp dökülene dönýär-de, çöpdüýbi bolasy gel medik oglanlaň ýekejesi dagy talyň töwereginde görnäýsin-dä.

## ITIŇ ÖLEN ÝERI.

Adamlary dykgatly diňläp, siňňin söhbetdeşlige gulak gerdiňmi? Şonda birden-bire dildir dişiň dürtereli bäri eşitmedik sözleň ýa jaýdar jümleleň ýyldyrym ýaly ýalpyldar-da, akylyňy haýarana goýýar. Edil şo halatam «Bä, biziň baba-kelanlarymyzyň milli mirasyny! Onda «Aýdylmadyk zat ýok-da,

eşidilmedik zat bar». Elek-soky soran ýaly edägetdin, ony bir tabrymbirlige toplasp bildiňmi, hut batly, hysyrdysyndan gaçman. Sen, eýýäm, haçan, hem gorly, hem garyly harmanyň eýesi bolansoň. Özem ol harman hernäçe harçlanyň bile egsilip gorlarly däl. Gaýta, ýanyna hödür çekip, gitdigiçe goýazylanmak bile» diýen pikire gelýärsiň.

Ol arada han howuzly şägirdim Atajan Muhammetgurban öýüme geldi. Onam Baýram Halyk, Juma Ata, Meretguly Derýa, Aganyýaz Sammy, Öwezgeldi Mäter, Akmyrat mürze, Bäşim Alma, Çary Amangeldi, Nurýagdy Şyhberdi, Bäşim Atda, Geldimyrat Onbegi, Baýram Hezretguly, Ýazberdi Onbegi, Baýram Hezretguly, Ýazberdi Kadyr, Meret Rejep ýaly şägirtlemmi yzyma tirkäp, miras nemupalaryny gözlemäge werziş edişim ýaly, üç-dört günläp, gürrňi gowurdakly gojalaň ýanyna aýladym.

Aslyýetinde, Atajan meň «Berekella!» beräýmeli şägirtlemmiziň iň jepakeşi. Ony yzyma tirkäp «Maru-şahu-jahan» gazetiniň redaksiýasyna elterim, «Edebe dahylly näçe makalaň bolsa, ine, şu ýalansyz ýigit Muhammet Saparla getiriber. Mugallymym Tagan Söhbet bilke bu ini meň hakyky howandarym. Sendenem goldawuny gaýgyrmaz bular» diýenim düýn ýalydy. Ine, bün bolsa, şeýdip, şa ýola düşüberen Atajanyň «Edep» atly okuw gollanmasy okyjylara gowşup, onuň ikinjisiniň hem tekini tutulyp ýör. Dogra dogry diýmeli. Atajana bir zady nikatlap tabşyrybilseň bolany. Onsoň ýadyňa-oýuňa düşmeýän täze miras nemunylaryny edil guýudan suw susan ýaly edip barýandyr, aksakgallaň akawudyna aralaşan soň.

Hawa, şeýdip, ýetim tokly ýaly tirkeşip, miras ýitiginiň gözlegindekäk bize «At gurtlasa, itiň daşyndanam aýla, it gurtlasa, atyň daşyndan aýla», «Itiň aýagy agyrsa, guýrugyny seýikle», «It suwadynda», «It aýagyny iýen ýaly», «Itiň ölen ýeri», «Itiň art aýagyndan suw içwersiň», «Itiň gününde», «It mydar» ýaly aýtgylaryň, ozalybetinde, nägeňsi many-mazmunynyň bardygyny soradylar.

Şonda Atajan ini:

— Beýlekileriň-ä, biljek däl welin, ýaňky «Itiň ölen ýeri» diýen jümläňiziň nädip ýüze çykandygyn-a, menem äşgäre gitirip biljek—diýip söze başlady. — Könelemmiziň «It wepa... diýşi ýaly, it eýesine berlen, uçursyz ygrarly jandar. Ol ajyndan ölüp barsa-da, inikildäp gap-gajyňy ýa gaýry ýetir-tütüriňe dodagyny degirmez. Ýarasyny ýalap gutaryşyna, düýpli derejelilik tapynsa-da, ýaldan ýüz öwrüp, iýmän-içmän güýlünip ýatar. Haçan göwresindäki gurbaty paýawlap, ahyry gan damarlary keseliniň ähli jerhedine çenli sorup alan soňam, gatygyja süňke döner-de, turup ugrar yra-dara. Ýöne ölüm pillesi alkymlanda welin, özüni «Wepadar» atlandyran eýesiniň ýüregini çakaýmaz. Itiň ölenini eýesi bilmez» diýleni-dä. Ol alla owarralara gidişine, bir buljum ýere atar özüni. Şo taýda-da, tellesini eýesiniň öý-öwselesine tarap goýagetdin, gönümel jan berer.

Ýöne käbir kişileň halys çöpi gutaryp yrjallan itini «Bar janawer seň ganymyza gatan galanyňy bir görmäýin» diýip, öýünden ýedi ädim çemesi ugradyp, yzyndan kesek oklap goýberýändigini, soňam ölen itini gözläp

tanyşyna, ony edil aýyň kellesiniň ýerlenşi ýaly edip kepenläp jaýlandyklarynam bilip goýaýmaly.

## AÝRANLY ÝATAK ÝA-DA...

Jepakeş aşnam Orazmyrat sowuryň synyndan aslyşyp, şägirdim Bäşim Alma bile Nohur Garawuldepesine bardyk. Pirmuhammet Kazyň döwletli ojagynda düşläp, dem-dynjymyzam aldyk. Soňam onuň ýelden ýüwrük ulagyna jaýlaşyp, ýaýlymly syrgyna aýlandyk.

Şonda Pirmuhammet akga «Aýranly ýatak» dogrusynda söz açdy.

— Ir eýämki könelemmiziň işeňňirligini diýsene! Oňa hut haýran lar galaýmalydyr. Ana, ho, görünýän «Aýranly ýatagam» şol jepakeşligiň janly şaýady — diýen duşdaşym silden sowa ýarylaryň ýüzünde ýagdaýyna laýykatly orun tutan obasynyň gündogaryna elini uzatdy. — bu jelegaýlarda ir zaman öz siňegini özi garabilýän, ýüzi ýalawyň duzy ýaly çylgym-çylgym, garadan gaýtmaz maljakly kişiler oturýar ekeni.

Ine, şolaň birem dol düşüp, ýazlara çykylanda, gözüne gurt düşen ýaly bolup mallaryny sagýar ýaýyp ýagynam alýar, meşik-meşik edişine. Aýranyndanam taýarlaýar, akdyr gara gurdy (turjany). Ýöne galan aýrany nätmeli? Wah, gök ot parç bolup oturan soň, ony mal-gara-da, şeýle bir göwünjeň jyňkyryp baranok-da. Ony isrip edip, ýaýak basmaz ýaly çöpüň üstüne, kersenläp agdaryberseňem-ä, bir hili Hudaý halaman, yrsyň gaçma bilen.

Şonda bhälki oýlanyşykly kişi nädipdir diýsene! Artyk aýranynyň her saparkysyna ýaltanman, ýasy-ýaýman ýerde laý edägetdin, oň bile daşy gelişdiribem, gözüňe söweýin, bir ýatak salýa welin, asyl, çak edişiňdenem täsin-dä. Soňam. Näme. Oňa «Aýranly ýatak» ady galybermezmi — diýşine, Pirmuhammet akga bizi obasynyň ileri gapdalyna äkitdi.

— Ine, bular bolsa, Garawul depämizi nanly, donly edýän howdanlar ulgamy. Öňler biz diňe mal-mal bile eklenmelidir öýdüp, örtenip ýören ekeniň. Aslyýetinde welin, ýersiz-ä, çarwa, malsyzam daýhan däl ekeni. Ýöne arman biz oňa obamyzyň iň hatyraly gojasy Abdyrahman aga aradan çykansoň akyl ýetirdik-dä.

Hawa, biziň Abdyrahman agamyz saldamlydan-sarmakly, perişde pisint aksakgaldy. Soňa bardan ol garrady. Togsany tegeläberende ýaşuly birden yrjallady. Tüýdeşleri oň hal-hözirini goramaga üýşüp baranlarynda bolsa, Abdyrahman aga:

— Ine, sakgaldaşlar, sähel-salymdan men ýurdumy başgalaryn. Onsoöň meň ýedimi sowuň-da, şu düwünçekdäki iki müň manat çemesi puly ynsaby täretli traktorga beriň.

Goý, ol agzymdan kesişime garşy alyp gazananja pulumy alyp, obamyza tarap ilerden eňýän sil suwlarynyň öňüne künt böwet bassyn. Şeýdibem, obamyzyň ilaty mydama mal-garasyny ýakar ýaly, deň-derman bölüşip, suwuina gök ekin ýaly bir howdan gurup bersin. Ana, şol menden size öliň sapgydy — diýibem, olara daşy kirjigen düwünçegi uzatmazmy.

Ine, şeýlelik bilenem, Abdyrahmanyň, ho, howdany döredi. Yzynam ilgün alyp göterensoň, gök ekindir bag-bakja ylygyp işeňňirleşen obamyzyň birhili geýregi galyp gidiberdi — diýen Pirmuhammet akga söhbetine säginme saldy.

Men bolsa, şonda gözümi süzgekledip, garry galy hemdemem Aşyr Zamana öz obalary Sakara tarap Tyrkdyryň çaýy bile gelýän sil suwkaryny sähel tarakga bilen bogsaklap, Ýetimiň derisine sowagetdin ýyl ýüzi peýdalanyp oturmaltşy howdan gurunmagy maslahat berendigimi ýatladym. Şeýleki dokuşykly ýörelgä eýerilse, ýurdumyzyň islendik künjeginde az harajat bile gumrulaýyn girdeji gazanyp oturmaly müňlerçe mümkinçiligiň bardygy babatynda oýlandym.

Ýöne indi ýedi-sekiz ýyldan bäri dürli distansiýalary dyngysyz zaň kakyp «Çeskakyň on bir köli läbikden püre-pürlendi». Indi jeýhunyň gara bulanyk suwy öňküsi ýaly ýolda-kölde ýüküni ýazdyrman, ýagny garmakçasyny goýman. Maryň üstünden ätläp, Aşgabada-da aralaşdy. Hanhowuzdyr Gökdepe suw howdanlarynyň garmançа gaplanyp, düzlenlik derdesinem ýüze çykardy.

Eger jähriýa durlup «Zeýit» suw howdanyny büje-syba gurup gutarmasak, onda uzaga galman işimiz gaýradaky atyza geçip, ýandym şährinden hatymyz gelip ugrar. Suw sürülýän ýaplaň ýyla galçagyny gazap, gurmançadan arassalamaň mungusyz çykdajylaryn-a, bar, owarram diýeli (!!!)

Emma...

Emma suw bile daklyşyp elşine, ýoluna pul düşelen kanalyň düýbüne çöke-çöke, ahyry ýalpaklandyryp, onuň suw geçirijilik ukybyny göz görtele ýoga çykarmak. Kowny üstümize abanyp gelýär» diýemde, «Ümür akga, bu meselä meni goşma. Onsoňam men seň näme diýýändigiňe gaty bir düşünibem baramog-a» diýenlerem tapyldy. «Kanal bulanýa» sesi, meňem-ä, bir gulagym degdi. Ýene Zeýidiň gaýtalasyna sement ýetenok. Onsoňam men edil ertir otpuska gitjek. Gelemsoň bir alajyny etjek borun-da» diýenlerem boldy. Şonda men «Oň ýaly bolsa sizi köpüň yrsyna-eklenjine garamda-böwet bolmazyňyz ýaly, hemişelik, asyl , dowamly dynç alşa ugramak gerek ekeni» diýenem bolsam, sözüm ýer kertip il bähbitli bitelik gazanylmady, häzire çenli.

Ýöne bu mesele babatynda ýoldaş S.Nyýazowyň ýörite gyzyklanaryna garaşyp ýörmän, umumy türkmen nepagasyny üpjünlejek ol işi zarpçy gurluşyk hökmünde amala aşyrjak döwtalapdan döwrebap ýolbaşçylar tapylaýady-da» diýen göwün ýüwürtme bilenem, edermenleň gaýraty arkaly dörän «Aýrakly ýatypdyr» «Abdyrahmanyň howdany» hakdaky söhbetimi soňlamakçy.

## «DAGDANLY TAÝMAZ»...

1987-nji ýylyň awgustynyň aýagyna şägirdim Bäşim Almaň «çile tüýem düşmedik» matoryň bile Bäherden Börmesinden çykdyk. «Saýwanly» pedagog Daňatar Gurbanmämmediň hemaýaty bilen Deşte barşymyza, Ata Geldi, Bäşi Anna, Gurban Allaberdi ýaly gojalaryň şirewüntli söhbätine diň saldyk. Türkmeniň nazarperdeden gerçek perzendi Şaja Batyryň dagdan daş daşlap salanja jaýyny synlap, Dykma Öwezmyradyň ogly Oraz Serdaryň dag

ilersinden aşyrylyşyna, obaň etegine getirilip jaýlandygynyň maglumatynam ýazga geçirdik.

Soňra hatyraly halypam Kany Muhadyňkyda düşläp, Nary ejäň zägewli çaýyny içip otyrkagam, ondan allalydyr çoluk sabyn, üçgatdyr haram çybyk hakda sorap oturşyma, kynha çöpi ýatladym.

— Be, jan oglum, senem, bilýär ekeniň-ow, kynhaçöpi.

— Ejem pahyryň o hakda aýdyp beren gürrüňleri hakydamda bolsa-da, heniz o otuň özüni gözüm bile göremok-da, Nary eje.

— O ugursyz derman ot. Ine, saglyk bolsa, indiki gelinçäň, ondan bir bogdagam jemläp goýýaryn, soň müzeýiň üçin.

— Sag bol, Nary eje! Siziň işigiňizde oturyşyma, töweregi synlaýan welin, aglaba, heniz görmedik zatlam. Sered-ä, siz sygyr tezekläp ýekejesinem yrýa etmän, bir-biriniň üstüne münderläp, gyş üçin edil diň ýaly edip, basyp goýaýypsyňyz. Meger «Öýde tygşytly bolmak, Hywa bilen söwda eden ýalydyr» diýen jaýdar jümläňem, bar zada aýawly garaýan siz ýaly jepakeş kişiler döredendir.

Ysy janyňy alyp gelýän o ösümliklere-de, itemek diýdiňiz dämi?

— Hawa, Ümür dogan, olar gaty täsin otyr. Ondan alnan baly dagy bir dadaýsaň. Syrkaw-sökelligiň zym-zyýa bor-da, aýdym aýdyşyňa, ylgaberseň ger, aasyl. — Sag boluň. Ýöne bu işigiňizdäki dikilip goýlan şahaly bu gury agaç nämäň alamaty, Nary eje? Ol ýolbarsyň gany dökülen ýere gögeren dagdandyr, Ümür dogan. Bu işigiňde şeýdip dursa, öýüňi niýeti ýamanyň göz-dilinden goraýa-da.

Şol günüň ertesi müzeýçi şägirdim Nurýagdy Şyhberdi Köse ogly, Çary Seýitberdidir, Berkeli Orazmyrat ýaly hemdemlem bile tirkeşip, Ýolaman Magtymgulynyň pyýada üzümlerini synladyk. Onuň okly kirpi baradaky gyzykly gürrüňlerine gulagam gerdik. Ymarat obasynyň gündogar gapdalyndaky Garrygala aýlanyp, Gymmat gyzyň «Garrygowak jülgesi, ir-iýmişi sapaly, gymmat diýen bermeli, öz iline wepaly» diýen setirlerinde ýatlaýan Garrygowagyňam gördük. Goýna gyşlag bolýan, dersi dyzdan o gowakda esli eglenip, ülkämizdäki iň gojaman, iň äpet çynaryň kölegesinde dem salymlyk dyzam epdik.

Şonda Nurýagdy mugallym:

— Ine, Ümür halypa, şu maýdaja miweler dagdanyň çüýjügi. Munfşdan biziň töwereklerde bal hem gaýnadýarlar. Ondan bir duýubilseň, tä indiki ýyl şo wagta çenli dertdir derdejelligiň golaýyňa geljek gümany ýok — diýip, aka bşmäň ýany bolan çüýjükli iki şahany maňa uzatdy.

Geçen ýyl bolsa Köýtendagly kärdeşlemmiň kömegi bilen Hajymyrat Mahmytmyrat atly hakyky tebibe duşdum. Onuň bile Hojaýpiliň Umbar depesine aýlanyp, dermanlyk otlary ýygnadyk. Şonda ýaşuly dag badamynyň şeýle-de, ajy däne erigiň maňzynyň süýji keseliň, ýagny, ýalmawuzyň merkini berýändigini belläp gyzar ikindinler öýüne gelemizde, agzy-burny bile dermanlyk otlardan doly dört tamyna-da aýlady. Agşam ýatjak bolamda-da, elli alty otdan gaýnadan gara melheminden guzyň çöri ýalagyna düýe pyçagyň uçuna mündürägetdin ýalatdy welin, kellämi ýassyga goýanymy bilýän.

Oýansam guşluk «Waý, bi gopagy-da, waý, bi gynagy. Buiýa gün dogara-da gaýlaýjak öýdýän» diýşiň, jürküldeşip ugran ekeni. Haçanda gaýtjak bolamda, Hajymyrat akga öz ýasan iki sany göz degmezlik dagdanynyň meň sumkama saldy.

Birin-ä, aýalyň dakynsyn. Seň ýaly il mirasy üçin sersenil kişiň öý-öwzaryny dargatman, daşyny dolap bilýäniu üçin. Birinem müzeýiň bosagasyndan as. Özem bu kiçi bärki, agzyň ugruna aýdylýan häki bir gep däldir. Gaty çynymdyr.

Ine, seret! Meň öz dagdanymam şu gumagymda. Öňräk bir ýygynçakda ýylan ýasaw içigara aladajy nazaryny ýüzüme dikdi welin, öýe gelip seretsem, gör-ä, onuň maga gözi degibilmän, ine, şu dagdanyň bir burçuny aburyp eken şonda — diýdi welin, gadymy bir rowaýat gerbe ýadyma düşdi.

Ir eýýam peýwere gol atdyryp oturan dört-bäş kişiň biri seretse, anka, bir hatar erkek. Iň öňünde-de bir ak iner bar welin, saňa ýalan, maňa çyn, edil gözüň ýagyny işip gelýä-de.

— Aý, adamlar! Ho, nogtabaşy ak ineriň bagyr öýkenini iýesiňiz gelýän bolsa, dillenäýiň. Oňa göz degrip, pyçaga getirmäg-ä, meň bile.

— Ýok, how! Ozalam seň çakgyň çüýi ýaly, şo eýeli gözüňden oba-gara az azariýenok. Arada uklap ýatyrkaň, gaýdyp, ynsa-jynsa gözüň degmez\ ýaly, aýak ujuňa geçip, jynazyny okaýjagam bir boldular. Onda-da ýene özüň bile boman, goçbolsun edäýdiler. Ýöne ýatladyp goýdugym. Gaty dek gezgin.

Ýogsa birden özüňden ökdä suşup, aňňallak gapyp galaýmaly diýselerem, öwrenilen gylyk, örkleseňem durmazlary-da. Ol!

— Haý, haý! Ojagaz ak ineriň bolup gelişjegini! — diýen badyma, o janaweriň aýagy taýan ýaly edýä-de, töweregi ala tozana gaplanýar. Bir hanokdan soň tot-tozan sowlup, seretseler, hälki ak iner gelýämiş-dä, başyny belent tutup, owsarynyň ötagasyny ynjydyşyna.

Şeýderkä-şeýderkä, kerwen golaý gelip, oň eýesi sowulmazmy oturanlar bile hyl-häzir soraşmaga.

— Haý, halypalar! Sag-aman salkynlap otyrmysyňyz? Ýaňy biriňiz ak inerime jaň ajygly göz dikdigiňiz welin, her halam bolsa, eý görmüş, hatabynyň dagdandan ýasalandygyny alyp çykaýdy. Ýogsa-a ony serimeden gaýdan ýaly edýädiňiz gürpüldedip.

— Bä, oň howudynyň hataby dagdandanmydy, asyl?

— Hawa, halypa, dagdandandy şo! Ýöne seň alaja monjuk ýaly bu algyr gözleňňem-ä, beý-bä, hiç zatdan peslär ýaly däl eken-ow — diýen düýekeş bir elini kemeldýän welin, hälkiň iki gözem patylaň gaçyp orurybermezmi edegine.

Hawa, biziň mungysyz milli mirasly eždatlammyz dagdany göz dögmezlige garşy durubilýän haram agaç hasaplap, «Dagdanly taýmaz, taýsa-da duýmaz» diýen parasatly pähimem döredip gidipdir.

## HAJYLYK HARAJADYŇY...

— Şünler, Jan dogan, agzym bimazamy, nämemi, birhili ýüregim ezmiljiräp, başym aýlanjak bolup dsur-da.

—Oň ýaly bolsa, gaýyn eneňden eltileňňe, halys uwnup çydamasaň öý adamyňa aýdaýmaly ekeniň ýaty-ýagdaýyňy.

—Wah, jan dogan, olaň elinde-ujunda diş synçgarlyk zat bolmansoň, ýöne odunyp oturandyrys biz-ä.

—Oň ýaly bolsa, aýdyp otur, jan jora, göwnüň näme isleýänini?

— Aýtsam, jan dogan «Hojagaz akja guzyň bagyr-öýkenini iýseňdiň» diýip, atygsap dur-da ýüregim.

—Oň ýaly bolsa, häzirjik gowrup öňünde goýaýmadykmy, ony — diýen ekabyr gelin ojagaz ýüň tüýlinio ýüpüne çolaşdyryp, gaýyn atasyny çagyrmazmy, ýaşmak astyndan.

— Atasy, aý, atasy! Bujagaz tokly gölerip, pyçaga gelipdir welin, şony bir halallaýmasaňyz-a — diýen gelin goluny çyzgap gowurtmaglaýşyna, ysy janyňy alyp gelýän börtme bilen pahyrlamazmy, hälki pakyrymy.

Soň bir aýlawda hälki kalby kireňsiz maşgalaň tokwa gaýyn atasy Mekge-Medinä Haja gitse, gör-ä. Gelniniň bilezikli goly Käbeýi Hananyň altyn halkasynda diýýä. «Be, bu nehili bold-aý?!» diýip, iňkise galşyna, böwrüne diň salan kişi öýüne gelenje badyna dilýarmazmy o hakda.

— Günämizi geçeweriň. Gelşiksizrägem bolsa, öňräk, şeýdäýdik-dä, atasy.

— Ýok, onyň üçin Berekella! «Berýän, jan guzym, saňa. Wah, onsoňam şeýdip, Hajylyk Harajadyny ulusyna sürtäp, Hajylygy üstüne getirýän seň ýaly göwni gorlular kän bolsa-dy, bu dünýämizde.

## HERSIN PATA BERIP...

— Wah, wah-eý! Gara gözümem, şirin sözlülem! Siz bir beýdiýmäň-ä. Heý, goňşy obaň zir-zöwran edilip çapylar-da, janyňa torataparmaň diýsene!

Şuň ýaly dara-direlikde atasy Azadam, mydama, ýatymlyk gidildigidir bir ýaňa. W-ah, umytly ballym, Magtymguly janam ýaly-da, enteji. Ýöne onda-da, hany, özüm bir çykyp göreýin öňlerinden — diýen Orazgül ýeňňe göwnüni bire baglaýar. Buljumly ýodajyga düşüşi-de, ugralmazmy il gallap. «Wah, şuň ýaly gyssanyp, etek alty, ýeň edilige ýeteňde, şu artybam duranok-da, aýagyňda» diýşine, köwşünem eline alýar.

Şeýdip, dabaranlaryny daşa dildirişine, uly ýola çakýar, eňip oturyşyna. Onynçada, sered-ä, eren-tozan edilip sürülip gelinýän bosgunlaň öňi görünmezmi.

— Haý, gara zalywatlar! Bu nätdigiňiz boldy, siziň! Heý, musurmanam beýdip zulum edermi bir-birine?! Wah! Wah! Taňrydan tapanlar diýsänim! Siziňem bardyr-a, oglan-uşakdyr ilen-çalanyňyz.

—Bu, nä päli azan garry! Hany gatdy-gutdyňy goý-da, sowul ýoldan! Nä, öňümize eliňi germäp, çyzykdan çykýaň-la.

—Görsene, muny! Indi il-ulusy ulturadyn akjyk jüýje, oňa-töwella-tagsyr kyýamatym päli azan bolýa-da?!

—Hany, sowul! Men seň päli ozanyňam bilmen niliazanyňam. Bolmasa-da, ine, düşürdim, dowzahly dürräň demine, hany çolaşma aýaga — diýşine, gamçysyny galgadyp ugraýar.

— Heý, niýetikaza, päliňe giriftar bolmadyňda, jan taňrym — diýen Orazgül ýeňňe oturyma gelen ýaly ileşik murtuna syrtlaşyp münäýmeli bedroýdan garaýagyz atly tarap topulýar. Edil şo halatam şuwwuldysy şarpylda ýazan depesinde oýnan Orazgül ýeňňäň göwresi elenip gidýär. Ol özüni tutup-tutmanka-da, jylawy burlap aýyň deri daşap duran gerimli göwsi görgülini honda taşlaýşyna, ýol ýakadaky gara daşy ýelmäp goýberýär. Şonda: — Heý enesi ýalamadyk tohumy türkmenler-ä! Ile edýän şu sütemiňiz üçin, baryňyzy sarsa tenteklige ýetirsin-dä, biribarym — diýen görgüli almany çagyryşyna, didesini ýaşlaýar. Soňam eliniň aýa däl-de, arka tarapyny ýüzüne sylyşyna, gandyr gözýaşdan, ahydyr haladan bähra tapyşyna, garagy jöwherlenýän zandy kesilenlere tersin paty berýär.

Ýöne ozatlar alamançylygyň piňenemi diýsene! Gara ýol göteren ýaly edip, elesledip barýalar, bir topar görgülileri, gamçylaryndan gan damdyryp.

Ine, şeýdip, sür-hä-sür bile kürenleriniň gyrasyndan girseler, gör-ä, o hudaý tutanlary! Ýekejesiniň dagam, ýetim- ýesirdir gyzyl ala olja bilen seri ýok. Biri bajysyna, biri ejesine, biri enesine, biri ýeňňedir enesine ýapyşyp, asyl, syparyşlaryna, olary basalap barýalar, gyra beýlekä-de, çekäýmän.

—O-ho-how! Bu işigaýdanlara nä döw çaldyka? Beýle-de bir başyna gidenlik bomy? Ömrümizde gören däldiris, biz-ä, bular ýaly ejesini eňredip, ýeňňesini ýakalany.

Hany, aýdyň-a, bendi bolsaňyzam oň sebäbini?

— Biz-ä, aga, pylan diýsek ýalançy. Ýöne ýaňy ýolda, bizi sürgüläp gelýäkäler, gapdaldaky dag ýodasyndan bir aýal çykdy, saçyny ýaýyp. Ýalbaryşyna, zar-zar aglabam, bizi boşatdyrjak boldy. Şonda ony gamçylan, ataň göwni bile kakdyryp goýberdiler, harsaň daşlaň arasyny. Olam ýüzüni göge tutuşyna, agzyny ak köpük edägetdin, eliniň çöwre ýüzi bilen tersin pata berdi, bulara!

—Eý-ho! Baryň, onda bu bedibirewleriň başyny ýalaňaçlap, çönüp tanapa kökeriň-de, sürüň yzyna getiren bendileri bile gidibem, nirde ýbolsa, tapagetdin, «Ynha bosgunlaň, günämizi geçeweri» diýiň-de, ýykyň o maşgalaň aýagyna bulary. Ýogsa uwaňyz dargap tohumyňyz tükenip ugrar.

## IKI SAGATLYK ÖMÜRÜŇ GALANAM BOLSA...

— Biribaryň buýrugy şeýle, Pygamber resul! Indi iki sagada ýeter ýetmez ömrüň galdy. Onsoň siz jan teslim kylmaly.

— Siz hakyň melni, Jebraýyl perişde. Şonuň üçinme, aýdaýsaňyz? Şol iki sagatlyk müdretde biz näme bile meşgul bolarkak?

—Ylym öwrenäýiň, Muhammet resul.

## ÝIGRENDIGIM ÝALAN BOLANSOŇ...

— Bizi bagyşlaň, Hydyraleýssalam, sizden birç zat soramakçydyk welin...

— Beýdip, sazanaklap durmaň-da, soraberiň göwnüňizdäkini!

— Sorasak, Hydyr atamyz, siz nädip beýle, ömür ölmez uzak ýaşlyga ýetip bildiňiz?

— Enimde ýigrendigim ýalan ýabşyrmadyr gybatly gürrüň, gözlegimem adyllykdyr adalat bolany üçin beýik biribar bizi baky dirilige dahyl etdi-dä.

ENTEK ÄHLI ADAM DOGLUP GUTARANOG-A.

— Aý, agam, saňa «Her ugurdan bir suwluk hakyny alýan aňlydan üşükli, onda-da, ugursyz üşükli kişi» diýdiler welin, siz jümle-jahandaky bar zady bilýäňizmi?

— Heý, onam bilip bomy, jan ini!

— O näm üçin beýle bolýar-a?

— Sebäp diýseň, men hemme zady biler ýaly, ähli adam entek doglup gutaranok ahyryn.

ÇEKE-ÇANDYR KIŞÄR-Ä.

— Halypa, kyn görmän aýdyp beräýseň, akylly bile parasatlynyň aratapawudyny?

— Aýtsam, jora, ähli çalyşan çogçaryndan görgi görse-de, baş alyp çykybilýän çeke-çandyr kişär-ä akylly, hiç haçan olar ýaly alys-gopaslygyň gyrasyndan görünmän, başyny çarabilýäne-de, parasatly diýilýändir.

ÖÝÜŇ YRSA GELEN GELIND-Ä...

— Atasy, aýuw, atasy! Indi bir hepdäň içidir, ho «Süribaşym!» diýip, guwanyp ýören garagulak düýäň ýitäýdi-dä yzyňda.

— Beýle bolsa, bar, sora gelniňden. O geleli bäri hamyr edip, elini ýuwansoň ýuwundysyny ýere dökdümik-ä?

— Ýok, atasy «Ýeke dökmän, samanaşa goşdum, şemmedir beýleki bilen» diýýä ol-a.

— Onda gaty arkaýyn ýat, heleý han, aýagyňy uzat-da. Ine, saglyk bolsa, uzaga galman, o dünýäň ger ýatagyňa. Sebäp diýseň öýüň yrsy gelen gemen-dä — diýen kişi ertesi daň çyzylyp-çyzylmanka daşary çyksa, gör, ahyryn, şo garagulak düýeli gäwüşäp oturanmyş-da, gapysynda.

ORLAŞYKLY ORDA BOLSA-DA...

— Şir şepe, aý, şir şepe! Gör-ä, meň bujagazza ballyja zatlammy? Seň ýeke dikrardan zaňňuk şirbeçeleň aňry gitse ikidir welin, tüweleme, meňkiler ba-da, esliň bäri ýany.

— Dogrudyr, doňuz dost. Şonyň. Ýöne bilip goýgyn! Seň o batga bulanarlaň orlaşykly orda bolsa-da, meň ekemen batyr bileklem bir gözüni agdardygy, läw-läşlige etäýer, olaň ählijesi.

UNUŇ IR DÖKÜLENDIR, HAN OGUL.

— Kaka, kaka! Ejem elegini elesledip, unumyzy dökäýdi-de kendirigiň daşyna.

— Aý, jan oglum! Ejeňi alan günümiz dükülendir biziň unumyz. Şoň üçinme, ballym, boýnuňa alaýgyn, onça-munça war-zirligi, kiçi sakgalyňy dişleýşiňe.

OLAR DAGANLARYN-DA...

— Nähili, halypa, goňşylaň «Harman aldy» diýip, gulagymyza degdi welin, o birnemejik çykdymyka?

— Dagyň-a biljek däl welin, tüýdeş, olar dagaşanlarynd-a «Aý, saglyk bolsa, bor-la» diýşip, çaşaýdylar öýdýän.

HAS GÖWDÜGENLERI GONAÝMASA...

— Haý, halypa, senem-ä, kow-a, beýdip janyňdan iren ýaly bolup oturma-da, eliňdäki ýara ýapyşyp ýatan ol açmaňyz siňekiri. Men näm üçin Kowaýyn-a, o siňekleri?

— Gör-ä, olaň egele gurap, seň ýaraň gan-Kokunyň üstünde ölüp-öçüp baryşlaryny.

Ana, şoň üçinem «Kow!» diýýän-dä, men olary.

— Ýok, men kowman, sen hernäçe sakyrsaňam, dok uçagetdin, olaň ýerine has göwdügen, has üzit ýaly siňekler hüwwe üýşer-de, ýamaşgandan ýapa salyp ugrarlar-da ýarama.

GÖDUKLADYP KEÝIK AWLAMA.

Gürrüňdeşiň gojalarmy! Bo-ho-how! Onda seň işiň oňdugydyr. Siňňin söhbete diň salşyňa, peýrewä kesel getirmän otur hezil et-de. Ýöne jonnuk galamyň bile könelmez kagyzyňam açmazyňda bolsun. «Aý, ýatkeşligim ýalyn ýaly-la, bu zatlaň düwür-depesinem hakydamdan çykarman, ömür-baky huşumda saklaryn-la» diýip, aňsadyna býakman, ýetişdigiňden, ýekekjesinem sypdyrman ýazyp almaga çalş. Hawa, hawa, nä wagt, nä zamana, bu gerbar zady çepbe işip, astyn-üstünlige ýetirýändigini biz nä şün görmelimi.

Golaýda Edrek Atajandyr Nury Jeňňel, Hommat Mätýardyr Aşyr Çary Hazza dagymyz «Bir günjügem bolsa, oda gorsap çomuç işip, çölüň çägesinde aýak ýalaňaç gezeli-le» diýşimize, sutgydan saýlanyp, «Ýagşy gulyň» ýoluna düşdük.

Ana, şonda ýaşulylar bile müzeýimiz üçin sarysolmazdyr durna daban, kerpekesendir ketgensagan, guşagarmazdyr gyzyl gozalak, boý bodrandyr doňuzdarak, mollak selikdir çebşek otaran, garaýapbandyr guzy gulak gözleýşimize alaň-alaň aşdyk.

Albolmaň bire bir emi saýylýan gapdepe, gary agyryň dermany guzy köpene, endam agarmaň garşysyna ulanylýan ýegmal ota-da duşduk.

## GODUKLADYP KEÝIK AWLAMA.

Gürrüňdeşiň gojalarmy! Bo-ho-how! Onda seň işiň oňdugydyr. Siňňin söhbete diň salşyňa, peýrewä kesel getirmän otur hezil et-de. Ýöne jonnuk galamyň könelmez kagyzyňam açmazyňda bolsun. «Aý, ýatkeşligim ýalyn ýaly-la, bu zatlaň düwür-depesinem hakydamdan çykarman, ömür-baky huşumda saklarynla» diýip, aňsadyna bakman, ýetişdigiňden, ýekejesinem sypdyrman, ýazyp almaga çalyş. Hawa, hawa, nä wagt, nä zamana. Bu gerdişi köp gabha pelegiň göz açyp-ýumasy salymda bar zady çepbe işip, astyn-üstünlige ýetirýändigini biz nä şün görmelimi.

Golaýda Edrek Atajandyr Nury Jeňňel, Hommat Mätýardyr Aşyr Çary Hazza dagymyz «Bir günjigem bolsa, oda gorsap çomuç işip, çölüň ägesinde aýak ýalaňaç gezeli-le» diýşimize, suigtudan saýlanyp, «Ýagşy gulyň» ýoluna düşdük.

Ana, şonda ýaşulylar bile muzeýimiz üçin sarysolmazdyr durnabadan, kerpekesendir ketgensagan, guşgonmazdyr gyzyl gozalak, boýbodrandyr doňuzdorak, mollak selindir çebşikoşaran, garaýapbandyr guzy gulak gözleýşimize alaň-alaň aşdyk.

Albolmaň bire bir emi saýylýan gapdepere, gury agyryň dermany guzy körene, endam agarmaň garşysyna ulanylýan ýegmal ata-da duşduk.

Çaý başynda Nury Jeňňel Türkmen aganyň gara öýleriniň aýratynlyklary hakda dil ýarsa, Edrek aga on ýedi hünäriň eýesi Ükgi Ussa Oraz şahyr ogly dogrusynda söz açdy. Aşyr akga bolsa seniň sähramyzyň sakgysyz saýlarynda aw eden ynsaby täretli mergenleri ýatlady.

— Jan doganlar! «Aw däl, awy», «Awçy bir gün et iýer, müň gün let iýer», «Bidöwleti gyzyl keýigiň agzynda gördüm» diýselerem, öňkülemmiziň aýtmagyna görä, aw eden pursatlaň ömrüňwe girmezmiş.

Ine, sen bir gazan gotä garadayň welin, dört-bäş sany, gözüňe söwleýin, keýip otlap ýör, aga-ýana. Seň ýarag-enjamlaryň her neneň üpjün bolsa-da, olaň diňe birini aýtmaga haklysyň. Birini ur. Elin garna, halalla-da. Eger ilki ikisini-üçüsini paýhynlaýsaň, onda Hudaýyň öňünde günäkärligiň üçin başaklygyňa ýöräp baraýmalysyň huzuryna kyýamat magşar çenini alaňda keýikdir beýlekiň öň aýagyny nazarlamaly. Şonda sandygyň bir gapdalyndan giren ok awyň aman-zamanyny bermez. Eger ýardyksyzlyk edip, garnyndan ursaň, awyň gider, içegesini süýrär-de ýetdirmän. Agşam ýyldyü gördügem bir ýerde ölüp galar.

Eger sende çyn awçyň erk-ygrary b9lsa, daň ýagtylyp-ýagtylmanka, şo garnyndan ýaralap goýberen awyň gözlegine çykaýmalysyň. Eger ölüp galyp, barynçaň tilki beýleki degmedik bolsa, onda ol seň halal awuňdyr.

Bir gezegem men göle ýalak teke keýigi ýaraladym. Olam ýapa tutdy. Şonda uly ilim bile gykylykladym welin, o janawer şo taýda bir tebil tapan ýaly, gaýtdy-da agdarylyp.

— Hawala, Aşyr aşyna, aw etmegem hil-hil bor ekeni — diýen Edrek aga-da tirsegine galdy.

— Ir eýýam bir aznawur kişi golakly torbany egninden aşyryp awa gider ekeni. Meýdandan towşan turşusyna, ony golak zyňyp ýaralaýar, geregini edinibem yzyna dolanar ekeni

Erdar baga diýen garadan gaýtmaz kişi bolsa, goltugyny garyş ýaly degerli taýakdan  dolduryp awa çykyşyna, meýdan towgy turzar, soňam ýerdekä bir, uçanda üç bolup barýan hälki towguň yzyndan zyňar-da, elindäki çekindi-taraşa-taýagyny, alar ekeni ony ganatyna dolaşdyryp.

Eger sen guş ursaň. O-da suwa ýa agajyň üstüne gaçsa, barsaňam, öli bolsa, bilip goýaýgyn. Ana, o halal däldir seň üçin.

— Bä, meýdan towuk diýeňiňizde bir zat ýadyma düşdi-dä. 1947-nji ýylyň ýazynda Mary-Guşgy demir ýolunyň ileri ýanda, sutga ýabyň aşak ýakasyndan akgam nahar bile sürüli dünýäni gaýralygyna alyp barýadyk. Şonda 110-120 metr çemesi ýokardan bir guş ojarly öwülýä tarapdan Köşk öwülýä garşy uçup barýa, seretsek. Şonda akgam pahyr penjesiniň boş däldigini aňandyr-da, erbet haýkylygyny edip, bir sesine bat berdi welin, hälki guş görgüli özüni ýitirip erbet aljyrapdyr-da, penjesindäki zady goýberiberdi-dä, şo ýokardan pel-pelledip. Ataly-ogul haýdaşlap baryp görsek, ine, çalarak ýaraty bir gyzyl horaz.

Şonda ömrüni mala çörňeşip geçiren ýaşulymyň:

— Bar oglum eşegi mün-de, yzyňa, öýe git. Ejeň bugdaýdan ýarma ýaryp, bu horazy içine atsyn-da, agşamlyga aş bişirip goýsun.

Guşuň agzyndaky alamyz soň, bu bir geňsi aw boldy. Nesip etdiginden, muny goňşy golamlar bile üýşürip iýeliň — diýenini şu günki ýaly ýadymda.

Bir saparam bar-a, Aşyr akga! Akdepäň ýokary ýandan tazymyz bir towşan turuzdy. Kowalaý-kowalaýam, ahyry ony Akdepäň ileri ýüzüniň orta bilindäki ýalňyz ýandagyň düýbündäki hine girizdi. Sapar Gelatdar Hanby Işan üçümiz barsak, tazy hassyldap otyr, hiniň agzyny saklaýşyna.

Şonda kelte kakuw hine elini sokup towşany alan ýoldaşlam, çöp bile oň daýagyny çalyp otyrkalar, menem eglip hine seredäýmenmi. Gör-ä, hinde, asyl, öňem bir maral towşan gözüni bakyradyp oturan bolsa nätjek. Ine, şeýdibem, günortan ähli mal bakanlar bolup hezil edindik-dä, şa-ra bişirinip.

— Hawa, Ümür ini, o günler aw köpdi-dä, meýdanda. Indi bolsa, her ýaparada bir tüpeňli.

Halypam Aga Mergen bu jemagaýlarda keýikdir tilki towşan bolsa, ençap gezek, keýigi godukladyp, agty ýaragsyz zatsyz tutandyklarynyňam gürrüňini berdi.

— Bä, Aşyr akga keýigi godukladyp tutmak, ol-a, gaty täsin zat eken-ow.

— Oň üçin jan ini! Süri bolup bir oýda emin erkin otlap ýören keýikleri ýerli-ýerden gabamaly, bogazyňa sygdygyndan gygyryp, haýdaşlap barşyňa.

Ana, şonda tagy-tarhan janawerleň haýaty gösýä. Aljyraýşyna, başynyň salgyna-da, gaçyp ugraýa gözi ýok ýaly. Şeýdibem, olaň iki-üç sanagy bir-birine urlup, ýaradar bolşuna, awyň oljasyna öwrülip, galyberýä-de ortada.

## GÖRKEMIK

Arada Bäşim Atda, Muhammetsapoar Muhammetberdi ýaly şägirtlemmiň hatarkeşine baglanyp, Guşgudyr Galaýmor, Gara çöpdür Çemenebit töwereklerine aýlandyk! Arslan Jumadyr, Çary Aman geldi ýaly töwerek gel aşnalam bile täsin talantly Tanziowyň zehin zülmiýanalygyny siňdirip, sungat derejesine ýetiren jaýdar şekilleriniň mümkin bolanlaryny bir ýere jemläp, Guşgyň gujagynda göreniň duýgusyna damyp hakylyny haýrana goýjak meňzeşikli muzeý döretmek dogrusynda-da pikir alyşdyk.

Göwni gorly şägirdim Baýram Hezretgula Akrabat-Babaçöňňe sebitinde, ýagny Ýomutgyrlanda pida bolan ildeşlerimize sadaka bermekçidigimizi, ol hakda Mary welaýat häkimi ýoldaş Gurban Orazowa, Daşhowuz welaýat häkimliginiň orunbasary ýoldaş Myrat Begjanowa sala salandygymyzy ýatladyp, oňa akrabat tragediýasy tabşyrdyk.

Badhyz goraghanasynyň baş bermçisi, gaçalaksyz hemdemim Tagan Ýagşymuradowyň gurnadan geň alaýmaly tebigat müzeýine-de aýlandyk. Onuň bile Kepeledir Ýeroýlanduz, Agardyr Pinhan babatyndaky garaýyşlarymyzy paýlaşybam, margir Berdi Saparyň lorsdur kepjebaşlaryny synladyk.

Hojagär baba gopamçylygynyň müti müjewüri Täşli Seýitmuhammediň eken pisselerine ser salyp, saldyran enwalaryna aýlanyşymyza, oňkuda düşläp geçdik. Soň Ymambaba gelşimize doga döwletment Muhammet berdi. Merediň myhmany bolduk. Ol ýerde Gurt Ýakubyň dersdeşi Oguldöndi Gurt bile gürleşip, uly ussat barasynda heniz belli bolmadyk käbir maglumatlary ýazga-da geçirdik.

Şyhy panylyga, ýagny 83 ýyl bile 4 aýa, ýa-da müň ömür sürmä golaýlaberen dili senaly Hümmet Welmyradyň hem gürrüňlerine gulak gerdik.

Haçanda altmyş sekiz ýaşly, batyl mama Rejep gül Çary Berdi gyzy bile hal-hözir soraşyp, sözüm alşyp ugranda bolsa, haýran galmadan ýaňa agzym açyldy. Duşakdyr Dänewi, Awazadyr, Jewi, Gultakdyr Gorjawy, Çekişlerdir Çärjewi, Şarlawukdyr Wasy, Esennurdyr Hasy, Bentdir Balyny, Hojaýpildir, Gämini, Awlamyşdyr Nowatany, Gaýtarydyr Kowat any, Burdalykdyr Ymarady, Kürüždeýdir Daşarbady, Gargylydyr Gökdepäni, Arapjykdyr Akdepäni...aýlanyp, akyl aýtynynyň giňligini alyga alaýmaly onlarça huşymetdaň huzurynda goş ýazdyranam bolsam, boýun alan ýagşy, henize çenli aýal maşgalalaň içinde ýady ýalaw ýaly, ýeke ýola gulagyna kaklyşan zady syrgasyny syndyrman hakydasyna galyplabilýän paýhas ýüki ýetik şeýle natuwana kän bir dahyl gelmändim.

— Aý, jan dogan, pylan zeýilli gün görmedigem bolsam, gadarlanyna sabyr kylyp, söýenip gelýändirin il-günüm — diýen Rejepgül dogan ýanyndaky

agtyjagynyň arkasyny sypalaýşyna, ornaykly oturdy — Atam ölüp, ejemi satansoňlar daşym guwaryp daýym Nowruz Bazaryň garamagynda galypdyryn. Ýetimligem näme:

Ýetim oglan it bolar,
Ýakasy doly bit bolar,
Ölmese ýigit bolar —

— diýleni. Şeýdip, özüm aglap, özüm diňip, ýedi ýaşyma ýetemde maňa akmama çykmazmy.

Hawa-la, «Hudaý urany, pygamber hasasy bilen dürter» diýleni. Akmama «görkemigem» diýipdir öňkülemmiz. Akmama çaga ugursyz owadan görnensoň ol hakda «Görkemegi gözden gora, gyzamygy ýelden» diýen aýtgy bolup, akmama çykan çagany diňe enesi görmeli ekeni. Dessuryna has pugtumal ýerler-ä, akmamany peşanady saklaýşyna, goňry-golamdyr dogan-garyndaşlar-a däl. Täret-teýimli bolmasa, hatda şasyna hem görkezmändir.

Men bolsa, edil gyzylýetene guş ýaly ütülmiş bir ýetim. Ýelden ýelpäp, günden goran bolmansoň, bar kişi üstüme girip, akmamam öte beterläpdir. Ýogsa oň üç güni gy\gyn, üç güni dolgun, üç güni solgun bolup, on iki gün diýlende ýüzi gaýdaýmaly.

Gyzamyk bolsa, dokuzynjy gününde yzyna gaýtma bilendir. Ýöne onam üstüzne çogdy bolman, ýelejiretmän beýleki etmän saklamaly-da, pugta goraglap. Çagalaň oýnap ýörkä geçirýän ýeňiltek örgünli garamagyn-a, özüňem beletsiň-le.

Hawa, güýz öýüne girende men gyzyp ugrapdyryn. Onda-da ýöne-möne gyzmakmy diýsene ol. Şonda özümi bilmän ýanar oduň içindäkäm, molla goňşymyzyň meň bile gözlüje görkemik degen ogluny bolsa, o görgülmedik gyzgyn girdabyna gapgarypdyr.

Şeýdip, lapylap ýatyşyma, sekiz aýlaw jowranypdyryn-da, görkemigiň içinde. Onuň üçülenji güni yşrarymyň çala görýäni, içgi howruma çydaman, ýüz-gözümi ütmeläp, ýolup-ýorsup alanlygam ýadymda. Soňa bakdan endam-janym domüp, on iki süňňümiň her bendelgesi tabrap akmazmy deşilip. Ana, şonda görkemigiň maňlaýyndan syrygan şoraňňyz jerhedi gözüme girişine gijedip, gapmazmy garagymy, ardurja. «Ardurja» diýmegimiň bir emmasy bar, jan dogan. Şonda bilmändirmedir-dä, ýogsa, akmamanyň ýarasynyň kesmegini alyp, guradyp, soňam ony elin ezip, görkemikliň gözüne guýaýmaly ekeni-dä, köp bomaz ýaly. Şeýle-de, «Görkemik degmesin, degse-de, ýeňiljek geçsin» diýip, öňünden gaçyp çaga-çolagyň endamyna-da çalyşdyrypdyr könelemmiz ony. Ýöne o zatlar soň eşidişilýä-de.

Men weli kösenme kemini goýmandyryn-da, tamdyra tutulan ýaly bolup. Ýaza ýetilip, howa tebit ylyp ugranda «Gyş gyzamyk gelmesin, tomus mama» diýleniň tereýn tarapy alnyma gelip, ysymdan durar ýaly bo9lman erbet porsadaryn. Şonda meni daşym çylygar ýaly güneýde goýupdyrlar. Şeýdip bir meýdan ýatamsoň, goturaky güjügiň aýagymdan dişläp, jeňňele tarap tartaklap ugtrany düýş ýaly bolup ýadymda galypdyr.

Hawa, jan dogan, ýedi ýaşymda gözüm gidip, arly ýyllap kündüre-de günjüm ýetmän, aýagym çugdak bolup oturdym. Men dyzyma gapjap tikin

tikmedigem bolsam, dokuz ýaşymdan başlap ot ordum. Degirmen üwedim. Baý, toýlaň-sadakalaň ýarmalyk mekgesini ýarandyryn-a, on-on bir taňňyr edip. Men il ýaly göge gidip bilemok, gözüm gapyk bolansoň.

Emma eklenç-şu garabokurdak ýaly ýaman zat ýok. Bu artyp galan kese çyzygy, ine, şu agzy, köne köýnekdir ýyrtylan ýan ýaly ýamap-ýarkabam bolaýanok. Ondan bir zat ötüräýmeli diri bosaň. Şeýdip, günemamyza ýarnalyk bor ýaly, it ýatsa-da, ýatman, çopan-çoluklar üçin aldygyna un üwändirin-ä, «Ondan biri seňki» diýensoňlar.

Goňşy-golamlaň sagdyrmaýan bedeserden sarç sygyrlary bar-a, ana, şolaram kän sagyp berdim, jan dogan! Gijäm-gündizim deň boansoň, olaňňam ýanyna bararyn. «Höwlüm-höwlüm!» diýşimme, sypap-sermäp. Mal gepläp bilmese-de, seň mähir-muhabbet siňdirip eden ýagşylygyňy ýanyşdyrmak üçin duruberýä-dä, abşarylyp.

Ine, şeýdip, gadyrdanym ýörkägem Nowruz daýym urşa gitdi. Oň erbet habary ýaýransoňam Gurbangül daýzam turarman boldu-da, ýene zaňňuk galyberdim. Oba şuramyzyň başlygy «Indi senem göze görnen maşgala ýa biriniň eli ýetjek, ýa biriniň dili ýetjek. Şoň üçinem seni ýa hökümete tabşyraýyn, ýa ynsaby täretli aljaga gyzlyk bereýin» diýdi. Menem «Jan agam, meni obadan azaşdyrma-da, bir göwni gemresize gyzlyk beräý» diýdim.

Şeýdibem, Ýagşygeldi Rozynyýaz diýen bizürýat görgüliň gyzlygy boldum. Ýedisekiz gün geçip-geçmänkä-de oba ýaşululary bir maslahat tapandyrlar-da, üýşägetdin meni heleý üstüne oňa nikalap oturyberdiler. Ana, onsoň men, jan dogan, 21 ýaşlykam 55 ýaşly aksakgalyň ikinji aýaly bolup galyberdim.

Dogrusy, ýapynara ýorganymyzam ýokdy. Günimiň adyna-da Orazgül diýerdiler. Ol garadan gaýtmaz, dogmazakdan bir hanazat aýaly. Onuň ak diýeni ak, gara diýeni garady. Onda-da, pahyr gözüniň pyçagyny çykaryşyna, alarylma kemine goýmaýan tizgapar bendedi.

Baý, oň nakak şarpygyny iýendirin-ä, jan dgan. Aslyýetinde, önmezegiň ýüregi dyma bolýan bora çemeli, dünýäden dil girligi üçin, sähel zady bahanalap, buz üstünden tozan araýşyna, bir müçükdirdi welin, zamanaň jünnek bolup gider. Adamym «Muň ýaly, ýumry-ýumşak, dilsiz-agyzsyz pahyrym ýokdur, bu jelegaýlarda. Muny beýdip taýak ýassygy etme, enesi muny uranynam, gara ýeri saýgylanyňam des-deň-ä» diýip, bagyrlaryny ýarsa-da, «Sen bidöwlet aksakgal, ýersiz ýere bu batyl salatyny tarwanlap, oň gulagyna münüp beleň berme» diýip, ýok takala tutardy. Ýöne ahyry jan berjek bolanda «Sen behişdi borsuň, Rejepgül. Meň bile deň bolman, ýekeje ýola-da hyzmatyňy gaýgyrmadyň. Ak guş ýaly edibem sakladyň» diýip, minnetdar bolubam gitdi görgüli.

Olaň bir ogullygam bar ekeni. O neressäni Parça atly aýdan ary, günden dury maýa ýaly maşgala öýlendirenem bolsalar. «Ertir güneş çoýmasa, öýlän güneş neýlesin» diýenleri. Parça bajam dogup-döşemän, urşa giden adamsynyň yzynda kyrk bir ýaşynyň içinde arman bile agzy ýaşmakly gözüni açyp gitdi-dä.

Men göbek kesmedim. Elimde repide tutup, tamdyra nanam ýapmadym. Ýagdaýym şeýle bolansoň, jan dogan. Ýöne dyzyma çöküp, üstüne abanyşyma eden-ýugran hamyrym mesge ýaly bordy-da, ondan bişirilen maňňyldap duran ender kysmy mele myssyk nana edil gaýmak gatylan ýaly, asyl, iýip-doýup bolmazdy. Ozalybetinde, hamyr etmek, uzyn etekliň bahasyny biçip, kimdigini kesgitleýän iň esasy zad-a.

Dogry, biziňkilerde «Hamyrda giden güýjüň gaýdyp gelmezmiş» diýen geçem bar. Emma çöregiňi çeýnäp, saňa alkyş aýdanlaň hikmetli minnetdarlygy güýjüňe güýç goşup, ömrüňi uzaldýandygynam bilip goýan ýagşy, hawa, hawa.

Eger çyn öý bikesiniň hamyrturşysy ýok ýa zaper tapynan bosa, ol asly ýilik ýalam bolsa, soň turşanrak gowy gatygy oň ornuna salar. Hälki gatyk hamyryny güberdip aldyransoňam, maýalygyny aýrar.

Özüne-de dokuşykly keýwany hamyrturşysyny güne görkezäýmäň ýa tutuşlygyna sorap gelen berip goýberşine, äriniň yrsyna badak ataýmaz, gözgörtele. Çagasy görgülik bile azarly bolýan aýallaň bäbegi ýeňil-ap-aňsat dogulýan gelinleň gözüne güýdüşip, kepdirigindäki hamyrturşusyny göterip gidişine, o görgülini kyn güne goýup, özüniň azarsyz bil tutulma etýänini nä saňa men aýtmalymy, jan dogan.

Şeýle-de, ederini bilýän anjaýyn zenanyň hamyrturşysy güne galsa, ýa onuň üstünden çaga-çolak ätländir öýtse, nany hepdeläp gül atmaz ýaly, maýalygyny üç öwrä duz torba salyp çykar. Soň üç öwrä bilinden aýlaýşyna, üç öwrä-de kündigiň jürniginden suw akydar üzstüne.

Hawa, hamyr turşysydyr tamdyrdan ilki çykaran çöregiň gaty goraglanmaly zat. Onsuz ýan ýoldaşyň döwlet-dünýäsi suw-saman bolma bilendir. Aýal adamyň tamdyrdan goparyp, sogap suwuny sepen ilkinji nany bar-a. Ana, onuň gyrasyndan gädip, birbada başyny bozmaly däl-de, el degirmän goýmaly, esgi saçagyň üstünde. Soňky çykaran çöreginden bolsa, aşyk ýalagyny döwüp alşyňa «Bisimilla!» diýip, ilki özüň agzyňa salmaly-da, yzyndan tamdyryň başyndakylara hödür etmeli.

Ýöne edeni ugruna bolup, gözi gyzaran käbir baýlaň ýek-ýarym heleýiniň «Ärimiň yrsgaly ot alan ýaly bolup, şu gidişine gitse, dessinem üstüme güni getir. Şoň üçinem bu myrryhyň çyssy pelewersin, Hudaýym» diýip, tamdyrdan ilki çykardan nanynyň gyrasyny gädik-gemrik edip goýaýandyklarynam aýdyp beräýin, jan dogan, saňa.

Hawa-la, öýüň dokuzy düzüwligi, hatda döwletiň dokuzy düzüwligem eden işi nusgalyk, geplän gepi güwälik hakykyhatyna ýbaglydyr. Goý, ony hiç kim, hiç haçan hakydasyndan çykarmasyn, birjigem.

Aýalyň çyn keýwanymy? Onda yrsyň dagy ýaryp, suwy böwsüşine, pişigiň towşan tutup ugrar. Ogul-gyzyň hem daryny deşip, bugdaý ötürişine, baran işini bitirip giden ýerinden gep däl, nep getirmäni endik edinme bilendir

Şeýle-de, «Ýaman aýal bugdaý unun harap eder, ýagşy aýal, arpa undan şerap eder» diýenleri. Galyberse-de süýtli aş bişirmegem, baý, uzyn etekliň kimdigini kesgitläýändir-ä. Iş edende eli eline gelşip barýan şetdat ýaly edenli zagy nanyň süýtli aşyn-a, iýip doýup bilmersiň. Ýardyksyz, halama öý bikesiniň

şzürbünji bolsa, öňünden duz atyp, süýdüni keseni üçin tülpe bolup ýatandyr birhili

Käte öýe myhman gelen günim «Rejepgül hany, haýdan-haý süýtli (şir) bürünç bişir diýer welin, o tagamyň pygamberimiziň aşydygyny, özüne-de, bäş barmagyňam batyryp, omrakaýlanyp iýmelidigin, hödür etmeselerem ony bişirenleň öýüniň galşynaoýkanyp gaýtmalydygyny aňymda aýlaryn. Soňam ýandagy ýerden sürpäp, içine ol-bi çagyrman, bir bişirin welin, ysy janyňy alyp gelýändir. Onsoň ony öňüne çekenler şapbyuldysy bilen agzyňy suwardyp, çanagyna çenli ýalap, okara ýuwmadan dagam dyndardylar.

Hawa, şeýdip, ömür sürdüm jan dogan, Ümür Adamyma-da iki gyz dogrup berdim. Kiçim ýetişdi, ese-boýa galyp. Ýöne ol «Meň atamdan ogul ujagy galmady. Şoň üçinem, kim üstüme gelip, eýelik etse, kyn şonuň natuwany Atamyň ýurduny ýitiresim, kör enemi süssenekledip birewiň gapysyndan giresim gelenok» diýensoň, özümize tabyn bir kiçigiýewem tapyldy. Biz eneli gyz şoň bile iltimas edip oturşyşymyzda, şükür allam dililla, oram-oramlyga-da ýetişdik,jan dogan — diýen rejepgül siňlim sözüni soňlady.

Şonda men gölülerden agam Ata Salykyň Emindenem, dilindenem dür dökülýän wekilbazarly uýasy. Enne Annageldä meňzetdim. Onuň özüme gürrüň beren zatlarynyň iň bolmanda bar ülüşini ini gyzgyny bilen okyjylara ýetirmegiň aladasyna-da berildim.

## DÖWLET BAŞY OWLAK

Gojalaryň gep salgyna görä, şygap (ýagny, Şuaýýyb) pygamberiň gyzynyň-Musa kelamyllanyň zagynasy zinaranyň çopanlary «Galyberse-de, gönel goçlary goýunlary. Heý, oňa-da, sähet sorarlarmy?» diýen ejazaly patasyndan soň, guzulara derek owlak dogubam, geçi döränmiş:

Ine, şeýdip, ýagty ýalança inen gyltüýli geçi ekinçiden kejemalahlygyna garamazdan, ugursyz nepagaly. Ösüp-örňegiçligi babatrynda-da, ol edil çyrmaşyk mysala. Meger, şol zerarlam «Geçimiň baýanany goňşusy bilmändir», «Çemme bay bulak, döwlet başy owlak» ýaly ajap aýtgylar dörändir.

Onuň «Geç eti, goç eti» diýdiren göşi kömelek kysmy ýakawuntsuzrak gelse-de, gözigyzyl bagçebşiň şahsuwdur derili gömmejiniň datlydygyny dagy diýsene!

Ýöne sakgalyny selkildedip, süriň başyny çekip oturyşyna, bar otuň gülüni çürtýän geçiň süýdem müň bir derdiň dermany. Ondan içip süýr depäňi derletdiňmi? Onsoň üsgülewükli lebsedir süňk inçesi dar-a, seň garagörnüm yzyňdan aýlanyp geçme bilenmdir. Şeýle-de, geçiň sakgalyna ýelmeşen ýaz otunyň şire-şepbigiinň yzaly içkesellerine bire-bir emdiginem bilip goýan ýagşuy.

Gep gerdişine gelende, Çarşaňňyly çyn tebip Hajymyrat babadan diňlän bir gürrüňimem ýatlamakçy. Ol tä otuz ýedi ýaşynça, sary samana dönüşine, derdejellikden dynmandyr. Ýöne «Eşegi girse, tebibi üstüne ger» diýleni. Oňa elidir dili sebäpli bir halatly kişi dahyl gelmezmi. Ýaşuly onuň:

— Seň öz ithiligiňden kelekütä saklanmak isleseň, goýun bak. Mallaň içine geçidir eşegi eminierkin goýber-de. Olaryň ikisem tebip ýasawjandyr-a, ozalybetinde. Özlerem tagy-tarhan gezse örän sypyk, çak edişiňdenem çümhörek.

Ana, şolaň başyny çürtüp giden dernmanlyk otlaryndan iý, senem, bir ýyl-alty aýlap, nan tohumyny datma-da. Nädersiň, onsoň ähli wawy-säkinmegiň synba-sykyrylagetdin, edil tykalanan ýaly bolaýsaň — diýen pendine ten beribem tut ýaly saralýar. Tebip bolubam ýetişýär.

Hawa, geçiň nygtaýmaly taraplary bir ýa iki däl. Onuň gyra ýüň bile gyrylan çöpürinden guýa girer ýaly ähtibatly urgan. Gowşuntbent ýaly desgalaň düýebaşy ýylgyn logalalaryny sandyzlap sarara tanap, öredir öýgamyşlary çykar ýaly gündür çaga durumly ýüp-bükdürilgi eriş edilipdir.

Emma geçi goragly zatlara örji şeýtany mal. Ýüzüňe jiňkerilip, kimdigiňi kesgitläbildigi bolany. Onsoň gözüňe güýdüşip, eýýäm haçan çagandan çykyp barýandyr. Belki, şoň üçinem könelemmiz «Bir owlak bir şäheri ýykypdyr», «Enesiniň çykan ýerine, owlagam çykar», «Ýedi ýyl geçi bakanyň akyly nogsanly diýen ýaly pähimleri ganatlandyryp gidendir.

Biziň bir obadaşymyz bardy. Oňa Aba gedaý akga diýerdiler. (Ir zaman bendilik belasyna uçran bir dözmezlerini gapy-gapy geçip zat ýygnap, ýesirlikden boşadanlary üçin olara «Gedaý» lakamy galypdyr). Aba aga ekin aralarynda öz çerenejigini bakardy

Ýöne oň ýyla iki ýola ekiz owlak berýän şahlak-şahlak geçileri welin, çimiz üsti bilen hatar guşuň barsa-da, «Ekine beýlekä boýnumy uzadaýyn» diýmez ýekeje-de.

Bir günem men Aba akgaň geçioleriniň şeýleki tälim-terbiýeçililiginiň sebäbini agam Tirkiş Meretdurdy ussa oglundan soradym.

— Oha-ho-how! Aba akga zor adamdyr. Özem «Geçi hakd-a, gürrüňem ýok. Goýnam aýda bir urmasaň semremez» diýen ýörelgä eýerýän şeýle maljanly adamdyr. Ol buýtar-suýtaryny köpeldişine käýindirip ugran geçilerini günortan güýlüşdirip taşlar. Olaram, näme, kemsiz çişer. Onsoň Ata akga eline ujy pytanakly bir çomursagy alar-da, sydyrdyp goýbär, hälkiň bykynyndan, geýä-de, özüň belet. Uly ili bilen «Lä-ä-ä!!!» eder welin, Aba akga «Geç-ç!!!» diýip gygyr.

Ana, onsoň öýlän görseň, hälki geçiler edil «Dört» diýlen ýalydyr. Asyl, taragar çakjybaşlygyny edäýmez. Ýaşuly «Geç-ç!!!» sesi gulagyna kaklyşydygam kellesini goýunlaň işagyna sokup, gizlenme bilendir.

Hawa, geçi mydama gerimli çarörä etmäň telwasynda. Ýşne onuň çynma-çyna gelende çytyrymly çygyr öride goýundan gowy başyny çaraýandygynam bellemeli.

Galyberse-de, geçili bnolmany ýüregine düwenleriň «geçi goturasy tükener, goýun guturasa köneler» diýen babalar pähimini hakydasyna galyplap, ony gaty gyzgyn bolmadyk seleňräk ýerde saklamalydygynam bilmegi gerek

Umuman, gojalara golaý durup, geçi dogrusynda gürrüň gozgadyňmy? Şonda ýaşulylaň biri üstüne geçi süýdi salnan erigiň teninde tenekar, göwräňe, gurbatdygyny nikartlap, agzyňy suwardar. Ýomarlanan garamakdan (ýörite ýaş

goýulýan jaýdan) çykan  Röwşenjige, ýagny, Görnükli süýdüni emdirendigini belläp. Başga biri bolsa, atam möwritlide bir ezber tebibiň dünýäsindäki iň derman oty geçiň üsti bilen ýüze çykarandygynyň beýanyny berer.

Has huşy metda başga bir danyşmant bolsa, geçiň haýyndan sagry-bökejem ädigiň tikilip, ýaplykdyr sapar, meşikdir tullama taýarlanandygyny, tekrarlap. Geçiň boýnuzyndan pyçak saplygyň, toýnagyndan elimiň ýasalýandygynam ýatlar. Beýlekisem!

Goýun ýüňünden üşär,
Geçi sakgalyndan üşär,
It burnundan üşär,
Sygyr şahyndan üşär,
Eşek ýalyndan üşär,
Ýaby gerşinden üşär,
Düýe syrtyndan üşär,
Çaga elinden şär,
Ýigit ýeleginden üşär,
Garry ýiliginden üşär,
Aýal yzyndan üşär,
Erkek dyzyndan üşär —
Düýeli baý-dünýeli baý,
Goýunly baý-goýy baý.
Sygyrly baý-sygyr baý
Geçili baý-kiçi baý —

— diýşine, öme-duma arkalaryny çakyşdyryp, bile, çöp yklaşan goýundyr geçiň arasynda bolan söhbetdeşlikden söz açyp ugrar.

Ine, bir günem geçiň goýna deginesi gelmezmi.

— Goýunguly, o gün jarandan bökemizde, seň syrtyň açylaýdymy agaryp?

— Ýa, geçi ýegen, seň syrtyň mydama özüni serençläp ýörse-de, biziň-ä, göwnümiz bir ýaly. Aýyp-syn kylmadan elli bizar welin, sen-ä, tüweleme, öz abraýyňy bilmeseňem, il aýbyny tagmalamaň-a, ezberi ekeniň — diýip, goýun görgüli ýuwup-ýaýyp, süňk sypaýçylygyny etse-de, gotury gijäp ugran geçi per bererli däl, asyl.

— Aý, goýunguly, her neneň agyrbaşsyran bolsaňam, mençe daş ýoksuň, sen. Ony aýny hata bilýän.

Göňrşüň ýaly, men, çopanyň sürübaşysy. Men bol otuň gönerinden saparlam soň, sen meň agzymdan galan arta-taşam bile oňňut etmeli bolýaň-a, goýunguly dogan.

— Haý, geçi ýegen, özüň her kesem bolsaň, oň ýaly pazylabermegin.

Ýüňümden ýorgan bolýar,
Süýdümden säargan bolýar.
Gyzlaň gyzyl-ala sepi,
Olaram menden bolýar,
Geçi syrty toba tutmaz.
Oh-he! Öh-he! Jyrt eder —

— diýse-de, geçi gerk-gerk edişine, mugyra geläýse nädersiň.

— Haý,haý, goýunguyly! Akgaňlar bile doga bagyňy deňlemek o dünýebi dünýe başardasy ýog-a, saňa. Ony bekje belläýgin — diýen geçiň ýazdyr güýz ýelegini ýel çyrkyp, her neneň hekgildese-de, ahyry gygyryp gyşam gelemeli-dä.

Şonda ol digdirekläp durşuna:

— Haý, goýun gardaş! Öz pahyryňa pena bolaýmasaň-a, bu çapgyn şemal çalyp gelýändir dama gylyp — diýşine, sakgal saýy goýberip, goýna gysmyljyrapdyr.

## DÖRT DIRHEMDEN KESILEN SOŇ...

Öňem bir pahyrym kişi eşekli obasyna gelýärke, ençeme adamyň uly bir agaja «Hudaýymyz!» diýip, sežde edip duranyny görýär. «Be, bu bendeleň biribara sygynman beýdip, ýykan-sürän boluip ýörişlerini» diýibem, öýünden paltasyny alyp ugraýar. Hälki daragty çapyp, jemagaty ýerliksiz bagry girýanlykdan dyndyrmak üçin.

Ine, şeýdip, ýola düşüşine esli aralygy geçiberýärem welin, gözi ýassyksyzam bolsa, peşeneliden nurana aksakgalyň sypatynsdaky şeýtana duşmazmy.

— Ýeri, ýaşuly, ugur hatyr bol-a?

— Ugr-a, tüýdeş, şeýle-şeýle zat üçin pylan ýerdäki daragty çapyp gaýtjak düýbi-teýkary bilen.

— Ýok, ony beýtme, ýaşuly!

— Ýok, men o görgüsi ýeserleň huidaýa agrarly ýoluny düýn-öňňin tekini tutulan kesewi kysmy agajyň bendiwanlap durmagyna ýol beri bilmen-ä.

— Ýok, ýaşuly! Sen şonda-da gaýt yzyüňa! Şol daragty çapmanyň üçin her gün seň ýbassygyň astyndan dört dirhem çykar ýaly edeýin men!

— Oň ýaly bolsa, näme... — diýen kişi dolanmazmy yzyna. Ep-esli ýassygyň teýiknden dört dir hem alşyna, nebsem otugyp ugramazmy kemin-keminden

ine, bir günem ukydan oýanan badyna, gözüni açalak-ýumalak edip, kir-kimirden ýaňa ýaldyrap giden ýassygyny galdyrsa, dirkemen ýok, beýlekem.

Onsoň gözi hüwlenip, gahary ganyny gaýnaglyga ýetiren ýaşuly ýene paltasyny goltugyna gysýar. Ýola-da düşýär. Edil şo mahalam öňki tanyş şeýtany dahyl gelmezmi pete-pet.

— Ýeri, Ýaşuly, ýene şo posly paltaňy çommaldyp ugransoň welin, hernä, eýgilik bol-a?

— Aý, hol günki agajy çapyp dynmasam boljakdäl öýdýän.

— Senjagaz, ýaşuly ol agajyň ýele ýanyndanam baryp bilmersiň indi. Çünki sen ol daragty ozal bir Hudaýa tagzym kylmaga husurlanma salýany üçin çapmakçydyň. Häzir bolsa, ony gündelik alýan dört dirkemiňden kesileniň zerarly nis-namut etmäge barýaň. Şol sebäplem, gönümel gaýdyber yzyňa. Ýogsa saç-sakgalyňy tüýtmeläp, bulamak içmeli edip goýbärler seni.

## ÝEKIMDE ÝIGRENÝÄN ÖHEDIME ÖWRÜLÝÄ-DE...

— Şeýtan şepe, seň iň gowy görýän ýerge dostuň kimdir-ä?

— Meň iň ýakawuntly hemdemim, halypa jan, baýyň gysganjy

— Munça bolanyna gör-ä, gördügiň jynyň atlanýan iň myrryh duşmanyň kimdiginem aýdaýsaň?

— Iň ýakasy gaýyşly ganymaa pasykdan sahy kişid-ä, meň.

— O nämeüçin beýle, şeýtan şepe?

— Sebäp diýseň, barjamly husyt meň çyzygymdan çykybilmez ölse-de. Ganyma görüpliuk gatylyp, byjlyga ýaran bolany üçin.

Ýöne pasykdan sahy pemit welin... Ol herneneň şumraýlygyň gyrasynda görünse-de, il-ulusa edýän nepagaly-sahawaty ony meň garşyma goýup, ýerimde ýigrenýän öhedime öwürýä-de.

## ÝATAGYŇA ÇAPSAŇ...

— Enesi, aý, enesi! Men-ä, turmakgytünegiňi taşlap.

— O nä geňsi gep, gelin jan?

— Aý, oň sebäbinmi sorap, düýbüni çyzgajak bolmaň-da, enesi, meň talagymy beriň, şu pilläň özünde.

— Jan gelin, gaýa-gopuz ýok ýerinden tözli tükez zybana tutmaň-da, aýdyp oturyň, oň näme üçinligini.

Aslyýetinde, sen bir maňyzly-meňzeşikli maşgala. Şeýle täbehetsiz sözi ap-aňsat aýdyp goýberibem, agyz-burnuň gyşarmaýşyna gaty haýrandyryn men-ä.

— Ýok, enesi, bu ýerde elden alyp, etege salar ýaly geň gep göremok, men-ä, ýekeje-de.

— Onda, diý-de, düşündir-dä, nämüçin tasanjyraýanyňy? Ozalybetinde, sebäpsiz çöp başy gymyldanog-a.

— Aýtsam, siziň tohumyňyz teýsiz ekeni, enesi.

— Haý, haý, gelin baý! Seň agzyň aýdýanyny gulagyň bir eşidýämi?

— Eşidip beterem edýä, enesi! Men, seň neberäň edil et-eşek kysmy ar-warsyz, öz ýatagyna çykyp ýören bir suw diýdik ekeni» diýýän enesi?

— Haý-ha! Oň ýaly ýok myjabaty ýapyp, näme görüp-eşeiotdiň bu oýtandan.

— Bu aýdýanlam myjalat däl, enesi! Ozalam-a, iň kiçiň nämesi kesileniň ýalandan ýyljyraklap, bimahal-nämehal ýantazy ýaly gypdaklap, gapdalymdan galanokdy, welin, ulyň argyja gideli bäri kysym pyglyny pozdy.

Indi bir hepdäň içi. Onda şunda ygyp-ygyp halys jyllygy çişensoň öýe köwlenýä okaýasynlar onyň. Gelşine-de, meň başujymaçökýä-de, wah, gelneje jan! Men seni nähili gowy görýänimi bir bilsediň, diýip, aňyma-maňyma garaman, goşarymdan tutuşuna, garaheläk ýorganyma girjek bolup.

— Haý, haram-harsy, salaty diýsänim! Seň päliň azypdyr! Sen aýrygsapsyň! Seň gözüňi ýeňsäňden çekmeli.

Gör-ä, muň tapýan zadyny!

Heý, meň gül eli çirksiz çagamam öz agajyna tokunarmy şeýdip.

Sen agzyňa geleniňi atalap, ýok patarrakyny ataryşyňa biziň abraýly janymyzy poh-pyrryhly çüýge bulajak bolma beýdip. Onsoňam, men-ä, saldamly-sarmakly salkyp ýördüm welin, sen-ä, asyl, aýryhaňam-aýryhasy ekeniň. Gapdalyňdakyň bäş günlük bir ýaňa gidende gandyzyň gijäp ýok gürrüň tapyşyňa, eýýäm haçan, näjürediňi ile peçan edäýdiň.

— Ýok, enesi, beýdip öte düşmäň. Biribaram, bendesem menden melal tapmaz çigidiň deti ýaly. Eger kiçi haýranyň elimden ýapyşyp, sandyraklap ugranda, oň goltugyna gysylagetdin, buduma buýrup bilmedik boolsam, ana, şonda, baý, bilerdiň-ä, meň kimdigimi.

Ondan buýanam, enesi, şu gije meň ýerimde ýatyp gör, sepini bildirmän. Ana, onsoň dessine akylyň çatyp ugrar kimiň gende, kimiň aýryha, kimiňem gyzýan şerhorluygyna.

Ine, şeýdibem, ot agyzly, orak dişli gaýyn ene öz çakjabaş dogmasynyň ýelemýüwletligi zerarly görüzlmedik görgä galşyna, girmezmi gelniniň ýorganyna.

«Be, birden biemsiz-yrsyz şumroý gelnimiň aýdýanyny jaýba-jaý geläýse! O-ho-how! Onda meň günümiň gök esgä düwlüp, işimiň gaýtdygy. Ýeri «Ballym-bellim!» diiýp, burnuny sykyp örňeden öhediň özüňkä erşip ugrasa, ölermiň-ýitermiň.

Onsoň nesil ulgamyňa keleçaý kümsüklik aralaaşarda, olaň süňkdür süýegine gyzyl tüýlüligiň ujy inçemik akja gurçugy ömür ölmez tohumyny taşlar. Şeýdip, ýed-ä däl, eýsem, ýetmiş arkaňa-da azarsyzja ýetilgidir küpbükmäň kämilligine. Ýerden ýöränem «Bu loly hanawlygyň baram şo ýuwnuksyz akabanyň dohran dölüniň biwazy buljumlygyndan başlandy-da» diýip, meni günertläp, tagna edişine» diýibem, tä il ýatyp, it uklynça, gözüne çili kakylan ýaly bolup syhlamazmy özüni.

Ahyry näme, eýdip ýatyşyna, kirpigi çatylan ýaly bolup, ymyzganmazmy çalaja. Edil şo halatam «Gül gelnejem, bal gelnejem, gelendirin, bol gelnejem» diýen sese başyny galdyrsa, bir gara goşaryndan gysymlaýşyna, abanyp dur üstüne. Şonda:

— Haý, eşşek atasy! Indi şoruň depäňe çykyp, gelnejeňdir eneňi eleýtas bolup ýerinden tutuşuna, oglunyň ýüz-gözüni ý0olmnalap ugramazmy.

## ÝATYP ORSAŇAM-A BOR WELIN...

— Däde, däde! Aý, däde! Tüweleme, sen-ä, bir hili süňňüň gowly ýaly ýadamany — ýorulamanm bileňok. Asyl, olary ýeke ýanyňdanam geçirmän. Ýöne haýdaşlap barýaň. Yzyňdaky desseleňňi goýup ýatan ýal;y edişiňe.

— Wah, şeýdip, tokgalygyňa topulyp, depäňi derletmeseň, haky, ýatan öküze iým bamy bu dünýäde.

Onsoňam, bilip goýgun, guzym! Eliňidegrip, syrtyňy sowa saklasaň, baýa başyny çatyp, bitiren goşun bolmaz. Galyberse-de, gepe tüýserlenip, gün görmegi ýüregine düweniň, dil bile orak orşuna, agzynda aş gatyklanyň ýüzüne köz degsin.

— Bu aýdýanlaňňa daş ýäny bilenem düşünýän weli, däde, meň birhili bilim uçup gelýä-de, agyrysyna çydatman.

Eger käýýäp jabjynmagyň, menä, däde, oturyp oraýjak özüme bölüp beren bu oýtagyňy.

— Ýatyp or, oturyp or. Orsaň bor ony.

Ýöne, oglum, iliň ýagşysyna meňzemän, gözegçiliklige ýetip, gözden düşüň kem yrsgallyga dahyl gelip, aýallyk diläp okaraňy tutmaly boljakdygyňam hakydaňa galyplaýgyn.

## BIRIBARYŇ DERGÄHINDE

Bir gün täňry tagalla ösňedip goýberen haýwanlarynyň halyndan habar almagy ýüregine düwşüne, ilki bilen doklugyň nyşanyny hasaplanýan doňza ýüzlenipdir.

— Sizi doňuz edip döretdik weli, bizden nägile bolşuňyza, içiňizi hümledip ýören dag-a, dälsiňiz-dä, hernä?

— Ýok, ýaradanym! Eşek etmän, «Doňuz» diýip, şu kaddyma getirenligiň üçin ugursyz yrzadyryn. Çünki köşti çekebe nepagaly jandar-a, men — diýensoň, hudaý huzuryna çagyrmazmy eşegi.

— Menem, birabarym, it etmän, eşek edip şu durmuşa ýetireniň üçin müň mertebe minnetdardyryn size. Sebäp diýseň, men it ýaly ýaryp-üýrmän, eýämiň goş-köteldir gaýry paty-putusyny göterýän. Oňa gaýym aýakulag bolýan. Etim haramam bolsa, başardygymdan halal edýän — diýip, sözüni badyma, Allanyň dergähine äkelmezlermi iti.

— Eý, perwerdigärim. Meni horkuldyly doňuz däl-de, şeýle görkli, şeýle görmekli ýagdaýda dünýä indereniň üçin, öz ahwalatymdan nägadar hoşaldyryn. Onsoňam men eýämiň daşynda pelesaň kakyşyma, görülmedik wepalylyk bile, onuň garabaşydyr mal-garasynam garalýan — diýensoň biribar bu jygba-jygly dünýäsine takdyra kaýyllygyň şeýle-jaýba-jaýlygyna düşürenligi üçin hasam hoşnutlanmazmy.

## BAZARLARYŇ PIRINE ÖWRÜLIP...

Bir gün Hoja Ahmet Ýasawy iň ynamdar sopusyny yzyna eýerdip. Uzak menzile barýarka:

— Taňry myhmany alarmysyňyz, bizi? — diýip, ýeriň-ýurduň garyby bolan garry är-aýalyň gapysyndan girýär.

Pakyr-pukara-da, özüňiz belet. Etde-ýütdelikden başga aýby ýok, ýekeje-de.

— Geliň! Geçiň! Gözümiz üstünde ornuňyz bar. Öz oňňudymyz bile mydar kylsaňyz — diýip, gadyr akdyryp garşylanlar. Tapdygyndan hezzet-hormat edibem, ýeke geçisini söwüşlänler.

Şonda Hoja Ahmet Ýasawy:

— Biribaryň bendeleri, gün-güzeranyňyz-a gördük. Indi oguldyr gyzyňyz barada-da eşidäýsek käbir zatlary! — diýip, hälki görgüli ýüzlenipdir.

Şonda haly perişanlyga öten o pahyrlar aglap ugrapdyrlar:

— Wah, biz oguldyr gyzyň dyrnagyna zar-da, bu ýagty ýalançyda. Indem, näme, köpümiz ötüp, azymyz galdy. Segseni sermeläp, göre aýagymyzy sallaýşymyza, nam-nyşansyz geçip barýas bu dünýäden.

— Beýdip, näumytlyga düşmäň, taňry bendeleri. Ine, hudaý «Al, gulum!» eden-de, siziň bir ogluňyz bor, enşalla.

— Myhman, sen gaty deň kişi bora çemeliň. Ilkä, ýok ogul-gyzymyzy ýatladyň, öňem ýaraly ýüregimizi çakdyň. Indem, «Şu ýaşdan soň ogluňyz bor» diýip, näme biziň üstümizden güljek bolýaňyzmy?

— Ýok, ýok! Oň ýaly ýanaşyksyzlyga ýaran bolup, umytdan düşmäň, birjigem. Ine, biribar rähmet nazaryny aýlar welin, güzni-sagady dolagetdin ogluňyz bor, balaman ýaly.

Ýöne tä özümiz gözümizi görkezinçäk, oňa at dakaýmaň — diýen Hoja Ahmet Ýasawy ýola düşüpdir.

Şeýdibem, aýlar aýlanyp, ýyllar dolanýar. Ine, bir günem ýaşulynyň şägirdi böwrüne diň salyna:

— Hezretiu halypamyz! «Ylahym, ohluňyz bolady» diýip, ýagşy dileg eden şol möminlediňizden-ä, zürýat önüp, ol ýedi ýaşaberen ýaly-la — diýipdir.

Ana, onsoň Hoja Ahmet Ýasawy şägirdini tirkäp şol duz iýen ojagyna barypdyr. Olaryň eýýäm, ers-mers bolup ugran ogullaryna Bahawetdin adyny dakybam, agzyna tüýkürişine, pirlik patasyny, beripdir.

Hoja Ahmet Ýasawy ýaly sahypkaranyň yssy nazary ornana Bahawatdinem, näme, gojalaryň gep salgyna görä, uzagyndan bazarlaryň pirine öwrülipdir.

## GOŇŞYM GOWY BOLANSOŇ...

Öňem ýer urup, ýerde galan görgüli ýeseriň ýüz tümen bergisi bar ekeni-de, bir hannasa, oň ýalyb algydaryňam näme, men bermeli däl, salgyny. Bir gün hemdella bolşuna, abanyp ugramazmy hälkiň üstüne.

— Aga, men-ä, suwda-duz oturandyryn, uçmaz guş bolup. Elimde-ujumda zat bolmansoň.

— Oň bile işim ýok! Ýeriňi sat! Ýurduňy zat! Meň algymy ber. Algymy! — diýensoň o pahyrylgamazmy bir barjamlyň ýanna. Ondanam möhümi birmänsoň, nätsin-dä, bende. Ahyry ahmyr bile aşaky dodagyny diýlişine, müň tümen nyrh kesip, satarman bolupdyr-da, öý-öwselesini.

— Haý, halypa, haýrangalkaýmaly adam-ow, senem. Şu ezenegi alyp ýatan ebtimtüneginiňi müň tümen bahlap sered-ä, oň ýöwereginde-de, zat ýok idili. Iki sany haçjamly agaçdyr bäş bogdak hyşadan başga.

— ÝA, menem görmän duramog-a, bu hütdügimiň hem eleşan, hem ýykan-ýumrandygyny. Ýöne meň goňşym gowy, goňşym. Ana, şoň üçionem, asmandan asýan-da, men bulammy — diýende gapdal goňşusy durup bilmän gözüne ýaş aýlapdyr.

— Wah, goňşy jan! «Kyýamat güni goňşudan», «Goňşyň gowy bolsa, kel gyzyň äre, gider» diýlenidir. Heý, garybam bolsa, gadyr biler seň ýaly

goňşynam gapdalyndan gidirip bomy! Bar bergiň ýüz tümen bolsa, oň üçin öýüňem satma, beýlekiňem. Ony, ine, men üzýän giden-gitdiligine.

## DÜÝN «ATYM-ÝARYGYM» DIÝENEM BOLSA....

Keýmir kör kaka, bir guljagaz tutduk. Ilk-ä, ykjam bir at goýuň, onam-çeneşiňize. Soňam, näme, azap çekip beriň, azan atasy bola getdin.

— Heý, oňam gürrüňi bomy — diýen Keýmir baba barsa, ynha, balaman ýaly bäbek, özüne-de, içigip-içigip, şeýle bir aglaýa welin, asyl, bu gorygyň däl.

— Bo-how, ini! Tüweleme! Bujagazyň häzir-ä «Atym-ýarygym, ulusym geregim» diýip, nagra tartýa welin, galamasynam, näme, bir täkden göräýmedikmi — diýen ýaşuly ertesi gelse, bo-ho-how! Eýýäm enesini emip, töweregine gatyş-gara bolup ugran ohlanjygyň sesi syrly ýaly. Asyl, düýnki azymly hikmetiň düşnügi dagam ýok-da.

— O-ý, how! Jan ini! Eýýäm haçan dogmaň terzi üýtgäberen ýaly-la. Düýn ol «Atym-ýarygym, ulusym geregim» diýip, zowladýady, welin, bün-ä, «Terezim – daşym, öz gara başym» diýmäge-de ýetişipdir — diýşine, turma bilen bolmazmy sanyny silkip.

## AÝA BIR GIJELIK.

— Keýmir diýýän-ä, her sapar dahyl gelemde goraýyn-soraýyn diýsemem, birhili agzymdan şeýtan hakýan ýaly-da. Ýöne aýtsana? Seň ülkäň eýlesi-beýlesi näçe wagtlyk ýoldur-a?

— Ýa, Nedirguly senem-ä?! Ömrüňi at oýnadyp Aldyrlygyňa geçirjeg-ow! Meň mekanym aýa bir gijelik, güne-de bir günlük menzildir.

— Nähili, onsoň, birden äwüp-säwüp, gezmäge baraýsam, gadyrly garşylap, söwüş-serpaýymy ýetiriň?

— Bar «Gelen döwlet, giden mähnet» diýipdirler. Özüňe azyk tapylmasa-da, atyň-a gazyk tapylar. Sebäp diýseň, bizde bugdaý gymmat, nan arzan, taý gymmat-da, at arzan, dul gymmat-da, gyz arzan.

— Bo-ho-how! Keýmir beg! Sen ugursyz jogaby adam. Asyl, saňa halatly diýseňem boljak. Ine, ýaňky gepleň bar-a. Ony her öňýeten maýdalap, manysynam tirebilmez. Şoň üçinem, meň köşgüme bar. Hezil edinip, bir peýrewä gol atdyraly.

Hawa, hawa, bar. Hezzet-hormatyňy ýetirip, atyň öňüne haly düşemegem meň bile.

— Onyňa ynanýan. Ýöne «Atyň öňüne-de öz halylaňdan düşärin» diýmäň weli, maňzyma batmady, Nedirguly. Ol türkmen ulusynyň kowahadyna sygjak zat däl. Heý, öz mertebesini basgylandanam adam bomy diýsene!

## KAMIL JANYŇ KAKY.

Arada Seýitlidir Parahat Söýün, Amanmuhammet Nepsedir, Hangeldi Myrat kiçi, Jumaberdi, Jumadurdy ýaly hemmelerem bile Gulanla baryp,

Kakabaý Işanyň myhmany bolduk. Otaýda otyrkagam, gör-ä, «Gurt agzasaň, gurt geler» diýenleri, hernäçe sorag-ideg etsegem ugraşybilmedik aýnamyz Allamyrat Berdimyrat hürrüt goçak (Hürrüt-1040-njy ýylyň Dendanakan-Daşrabat söweşinde garaşylman durka bir ýerden çykyp, ildeşlerini ýeňşe ýaran eden türkmen goçagy-serkerdesi) üstümize gidäýdi.

Şonda Maşady – Misserman, Sarahs, Abiwerd (Kaka) taryhy goraghanalaryny açdyrmak üçin eden tekliplerimiz, şägirtler känimiň esaslandyran ýigrimi gowrak müzeýi baradaky söhbeti yzlap, dabarasy dünýä dolan Tretýakow galareýasy dogrusynda durup geçdim.

Iki dogan Tretýakowlaryň dürli kartinalary jemläp (1856) açan şahsy milli sungat muzeýiniň ulala-ulala il emlägine döküşine 55 müň eseri (1975) äpet bir galareýa öwrülendiginem nygtadym.

Indi Garaşsyzlygyny gazanyp ýoldaş S.Nyýazowyň nogtabatylygynda gitdigiçe gadymyny gerimlendirýän dogduk Diýarymyzyň maňyzly-meňzeşikli döwletment ogullarynyň-da, Tretýakowlara meňzemeli möwritiniň gelendigini tekrarladym. Olaryň öz küren-kendi, ýol-derbendi üçin ýa-da Türkmen aga aýtmyşlaýyn, öz şärikli öwülýäsi üçin nepagaly bitelikler bitirmelidigini düşündirdim.

— Aslyýyetinde, baýlykdyr mal-dünýä eýe kiri kysmy goşançly bir närse. Sähel tebil tapyp, synyň silkildigi sypba-sypyrylmak bilen. Oňa derek ýalan däl-de, berkemdeli abraý welin, altyn-kümüşden müň mertebe arzyly.

Şol mynasybetli, türkmeniň berkeli döwlete eýe, gerçekden kalby kireňsiz ogullary öz hasabyna köprüleri gurnap, ýollary syrça etse, obadaşlarynyň gazdyr suw üpjünçiligine husursyz hemaýatyny ýetirse, mekdepdir müzeýleri husursyz hemaýatyny ýetirdse, mekdepdir müzeýleri salsa, gör, nähili gowy bolardy — diýşime, dostum Berdimyrada Gulanly şäherçesinde öz hususy Magtymguly muzeýini esaslandyrmagy teklip etdim.

— Bor, Ümür aga! Seň ile ýamanlykly zat aýtmaýandygyňy göre-göre gelýäs biz. Şoň üçinem men açýan şeýle muzeýi öýümde. Ýöne bir haýyş. Goldawyňy gaýgyrma. Sen aýran-jöwren köne müzeýçi. Ýygnaş bize gerekli ekenopatlary. Şeýle-de, bir ynsany täretli adam tapyp ber, ol müzee beemçilik eder ýaly.

— Wah, Allamyrat jan! Han howuz gulanlysynyň iň esasy köçesindäki öz jaýyňda meşdagyň, eksponat ýygnamaň, oňa kähuda tapmaň-a, gürrüňi ýok ýekeje-de. Asyl, sen meň Gulanlydaky müti şägirdim, edençi pedagog Atajan Muihammetgurbany işiniň daşyndan belläý, öz müzeýiňe ýolbaşçy edip.

Ine, bizem, seýitli akga bile, Tejendir Duşaklyk, Kakadyr Änewlik işlerimizi ýüzugra bitirip, Aşgabada bararys, saglyk bolsa. Ol ýerden burnumy sykan halypalam Nazar Gulladyr Abdyrahman Mülkamynyň çapa taýarlan, sahawatly aşnam Annageldi Öwezgeldiňem öz hasabyna Türkiýede çapdan çykardan iner bahaly «Magtymgulysynyň» birini ilkinji eksponatyň hökmünde saňa äkelip bermek biz bile — diýip, esli oturdym oýurganyp.

— Näme beýle, pikire batdyň-la, Ümür aga?

— Aý, Allamyrat jan, Kamiljanyň kaky ýadyma düşdi-de...

— Aýdyp otur, oň ýaly bolsa, bizem eşidel-ä, Kamiljanyň o kaky hakda.

— Aýtsam, jan seni, 1994-nji ýylyň iýul aýynyň başynda şägirdim Bäşim Atda, Tirkişdir Aýnaja Şirberdiler bile  Üçdepe — Taýp — Üňüz — Kerpiçli — Balguýy6 — Gaz ojak — Tagta ýoly arkaly Daşhowza ýetdik, ol ýerde Gaýyndyr Amanjan Jumagulynyň Baýram Ballydyr Mergen Ilmädiň, bagban Myrat Doganyň gonaçy bolubam Polatsoltandyr, Örebaba, Ysmamyt atadyr. Şamu Nebi (Pygamber) gonamçylyklaryna aýlandyk.

Soňra Bötendaga baryp, Ýegendurdy Öreş, Gurbandurdy Sorybaý, Pejepmämmet  tagyrban, Akmämmet Baýrammämmet, Amanbaý Haýtbaý, Azat Magtym, Taňryberdi Gazak ýaly ýoldaşlar bile hem söhbet bomy umyza, Ybraýym Edhama-de zyýarat etdik.

Şonda maňa «Ana, Ümür aga, ol-a, Bent obasy, o-da Göroglyň döwürdeşi Harmandäliniň galasy, ona,  o bolsa, Kamiljan Atanyýazyň kaky» diýişlerine, ugursyz kän zadyň beýanyny berdiler.

Şol günüň ertesi daň agaryp-agarmanka ýerimden turşuma, Bötendagyň ileri düýbündäki daragtly desgaň, ýagny, iki dogan halkyň — ýagny, özbekdir türkmeniň hoşzyban zürýady ajap aýdymçy Kamiljanyň öz hasabyna  gazdyran kakynyň başyna bardym.

Onuň töweregine boýam-soýam edip, çöp-çalama ilişip galan torum gapdallary çöpleşdirip ýörkämäm, günorta tarapdaky bent obasynyň arwanalary, tüweleme, yzy üzülmez tirkelme bilen suwa inip ugrady.

Şonda men kakyň gündogaryndaky tümlüge çykyşyma, Hydyr gören ýasydabanlaň edil Kökerilen kysmy bolup, uly horpuldy bile suw içişlerini synladym. Gözümi süzsekledip oturyşyma, Mollanepesiň başyny başlan ýörelgesini döredijilikli ösdürip taý tapylmaz Magtymgulymyzyň goşularyny özbekçe röwüş-labyz-äheň bile ganaty goşalanmalara ýetiren Kamiljan äkäniň at-abraýa beslenen ömür ýoluny ýatladym.

«Eger gurby gaňrylmazlar oňa meňzägetdin, şuň ýaly zerurlykda bir igit, ýa dara-dire taýgaga geçit gurasa, ýa alyga alaýmaly gaýry bir öňjeýli biteligiň tekinini tutsa, şeýdibem, il-ulusynyna sahawat saýasyny salsa, onda kowumdaşlary onuň adyny asyrlardan aşyryp, hemişelik hemrasyna-da öwrerdi — diýen pikire-de gapandym.

## IT  BIÇENIŇKI ÝALY

— Aý, halypa, şu soramda senden saýhally, senden sarmakly, senden saldamly, senden görmekli, senden edermen, senden edenli kişä duşan däldiris biz-ä.

Sen, halypa, hut, «Ogul gördük, seni gördük» diýdirýän gujur-gaýratly bir merdi-merdana. Şoň üçinem, täs-mäs edägetdin, meň itimi agtalap bersene, kyn görmän.

— Oň-a, ýekeje-de kynlygy ýok welin, näme etjek o janaweri gynap.

—Ol idisiz hepderew-hepderew möjekleň ýalasyna goşul-da,  kellesiniň gyzgynyna, meselkdeşlerini yzyna tirkäp, öz ýatagyna daňaýa-da. Ana, şo zerarlam...

— Oň ýaly bolsa, men ho, ojar oduň başyndaky boz keçäň üstünde oturan sala salyp göreýin-dä. Birden-bire olar tersine towlap, gaňryşyňma gaýdaýmasyn.

— Ýa-heý, halypa! Sen nä könelemmiziň «Köpe geňeş, ýöne öz bildigiňi et» diýen tekrarlamasyny şün eşitmelimi.

— Ondan-a, çalak-çulak habarym baram welin ýaşulylaň agyz ulyňyny aňman bitirmäýin-lr, sen şu ýumşuňy — diýen kişi baryp, ýagdaýyny aýtsa, olar kes-kelläm narşy beýle bor-boolgusyzlyga.

— Be, gojalar boruň üstünden barmalydylar welin, men gyrasynda görünmäýin-le, şeýle şübheli pişäň.

— Ýa senem-ä, bu dünýäň keýiginden gork, gulanyndan gork. Näme beýdip. Onsoňam men saňa iki teňňe sowalga-da berjeg-ä, duz ýaly edip.

— Aý, oň ýaly bolsa, ýüz çark çekäýmeli bor-da, jan dogan — diýen kişi. «Gyzyl görse, hydyr azarlaryna ýüp urýar.

Güýlünen iti agtalap, elini ýuwmak üçin, ýaşulylaň ýandaky oduň gyrasynda goýlan abtaba-kündüge elini uzadybam ugraýar.

— O-ho-how! Sennä sokjarylyp gelýäň-le, bu taýyk?

— Aý, bir elimi ýuwaýjakdym-da.

— Şu haram-harsy poh-yrryhlygyň bile kündükdir beýlekiň gyrasynda görünmäge miltem edäýmegin. Eşitdiňmi şony?

— Eşitdim-ä welin, menem ýuwmaly borun-a, bi elimi?!

— Onyňy nädip ýuwjagyň-a, biljek gäl welin, o gara kündigi elletmejegim-ä, çynymdyr, saňa.

— Ýok, beýtme, jan dogan! Men bu şire-şepbikli elimi ýuwaýyn-a?

— Ýok, onyň bolmaz.

— Beýtme! Beýdip, meni ile ryswa, ile metgi etme, jan dogan! Kündügi elletmejegiň halys çynyň bolsa, onda ýaňy o iti biçemde iki teňňe aldym. Ana, şony saňa joşaýyn welin, onsoň özüň akadyp beräý meň elime.

— Nä iki teňňäň şyňňyrdysyna özüni perşanladar ýaly, sen meni bir sarsa doglan dikdüşdüdir öýdýäňmi?

— Wah, jan dogan! Şo iki teňňäň üstüne ýene şonçany goşaýyn welin, sen, gaýrat et-de, meň elime suw akdyryp beräý, şo kündükden — diýen kişi teý ýalbara-ýakara dört teňňe töläp, eline suw akytdyrýar.

Ine, şondan soňam eden işini bilmän, bähbitsiz bitelge baş goşup, çölder çykdaja galyp ýörenlere «Edil it biçeniňki ýaly» diýlip, jaýdar berlip başlanýar.

Murgap etraby,
«Birleşik» obasy.

## AŞYRBEDI KÜRTE TIRKELIP...

Öňräk aşnam Amanmuhammet Nepes bile «Annageldi Nurgeldi ýaly hakyky hemdemlemmi göreýin-le» diýen pikire gelip, Watan gazetiniň redaksiýasyna bardym welin, başy täsin telpekli, ak sakgaly torbalap giden, eli hasaly goja gabat geläýdim.

Siňe-siňe  seretsem, ol meň görmegi-gürleşmegi göwün küýsegime öwrüp ýören  satirik agam Aşyrberdi Kürt bolsa nätjek. Ol resmiligi arzylanyp, apaly alynmady, gam bolaňylmaz al bile halk ýazyjylygyna ýetenleri ýeke sözde kökenine kökermegi başarýan halypa. Onda-da tolkunly talantyna taý tapylmaz halypa.

Ine, şeýdibem Aşyrberdi akganyňbagjygyna baglandym. Oň bile egin deňişime, ahlagy arassa alym Hoja Ahmet ahunyň myhmanam boldum. «Pyragy» firmasynyň kethudasy Annageldi Öwezgeldi Mehur Magtymgulynyň hatyrasyna beren sadakasyna, herrikgalylaň Mäti Kösä bagyşlan dabarasyna-da gatnaşdyk. Durundir Hojagala, gyzylarbatdyr Nebitdag, Daşarbatdyr Ak guýy, Gözli atadyr Awlamaş, Ärsarybabadyr Tüwer, Goňurdyr Merjenli perreň ýaly ýerlerde-de, gapdalyndan galman, eline suw akytdym.

Her söze  garaşylmaýan çözgütli jaýdar jogap gaýtarmaň ussady Annaberdi akgamyň  saldamladyp siňňin söhbetiniň  tenekar täsirnema ýyl bolşuna, onuň diňe bir sesi sagdym sabirik däl, eýsem, türkmen topragynyň faunadyr flosyna ugursyz ýetik täsin tebipdigine ýene bir öwrä göz ýetirdim.

Ine, içine suw ýygnaýşyna, tulkuldap oturan görgüli. Könelemmiz öňki ýarym ýaşly erkek oglanyň inçeden, parsa geçer sarç saçyny düýe gatyga garyp içirişine, ony derdinden saplapdyr. Ýa-da çökder azar görnüşine, pilçedir oňurga ýa gaýry süňküne zeper ýeten düýe. Öňkülemmiziň oňa igelenip alnan mis külkesini atdyryp, ynjyly ýere mis kebşirini berip ony gulanalmalyga ýetirmänem başarypdyr.

Aşyrberdi akgam alwandyr geçigamak, sözendir çit-çiti dogrusynda söz açyşyna, darydyr arpa, şalydyr jöwen ýaly däneli ekinleri guşdan goraglaýan guşbanam ýatlady.

— Ümür ini, guşban, daň çyzylyp çyzylmanka diňe çykyşyna, alyň sesi ýaly eýmanç haýkylygyny tutup ugrar. Emend-ä, ujy çöpüň çyrpyly örme sapan. Ony başyndan aýlaýşyna, bir golak atyp başlar welin, hoşuň gelsin.

—Aşyrberdi akga! Edrek agaň kakas-a, jöwen garanda «Maýa-ýa-ýa!» diýip,  uly ili bile zowladyşyna, ýörite ýasalan iç-ä deşik, özem eýmenç sykylykly çaklaňja golaklary ulanypdyr. Nohurly  aşnam Rahym Öwezgelenem oglanka şeýleräk terzedäki golaklary ulanyşyna, sakmanlyk eden ekeni  ekinine.

Merhum goňşym Geldi Atda Wekil ogly bolsa, jöwmes jahylka jöwen goraglanda diňe-de çykmandyr sapanam atmandyr. Ol bir ýaşulyň ýanyna ýörite gidişine, ýarym aýlap ýaban ýatýar. Tur-otur, kersen getirine öwrülip, onuň galgaçynam gazaýar. Ahyry çaý içim salymda-da, ondan iki döwlen düýedaban ýapragynyň tirpildili bardasyna üfläp, öwrenmezmi hälkiden gyrçyň sesini çykarmany. Şeýdibem, günlükçilik edýän obasyna dolanyşyna, jöwene ýapa salyp ugran serçeler sürüsini ummandan çykarmaň ussadyna öwrülipdir.

— Görýämiň ony! Ýöne Ümür ini! Könelemmizde «guş gonsun» diiýenem bir söz bardy. Ol tekizräk ýerde dyz boýy belentlikde üýşürilen daşdyr. Oňa-da guşlar gonar. Olaň tezegine  garan awçylaram, öz etraplarynda nägeňsi guşlaň bardygyny kesgitläp, ýerli ýagdaýa görä bolup ugrara, hawa, hawa...

## GORKÝANA-A, ÖLER ÝALY.

—Eý, kebzeleri küňreli gara dagym! Heý, seňem, bu däli dünýäde gaýpynç edişiňe, çekinýän, sazanaklap sakynýan, ýöwselläp burukýan närsäň bamydyr?

—Menmi? Waý, men puldan, puluň yşgyna düşenlerden gorkýan-a, öler ýaly. Ýüzi ýalawyň duzy ýalyk galyň-galyň goradan gaýtmaazlar bar-a. Hany şolara tylla teňňäň zülmiýana zyňňyrdysyny bir eşitdirip gör. Onsoň nädersiň, meniň gerşimde kerkawlar kapär, üstüne suw serpilen synalam şat-şat gopuberse. Ýa kerkidir küdüňiniň sümerbaş tygasyny ýylan-içýanyň zäherine suwaran peläketler böwrümi hoňka deşip, her daşymy bir ýerden çykaraýsa.

—Be, şonuň-a dogr-aý, başy belenjt dagym — diýen kişi onsoň ýüzlenmezmi uly ulama.

—Pir aga, siz bir dili senaly hakdan penaly; nygtany bolýan, diiýeni gelýän ýagşyň galagy. Aýtsaňyzlaň, bu ýagty ýalançyda balup, tagsyr, siziňem gorky-ürki edýän zadyňyz.

—Bo-ho-how! Men hudaýdan gorkmaýandan gorkýan. Onda-da, gaty gorkýan. Çünki taňryny tanamaýan piriňem bilmez, şiriňem. Asyl, oň üçin ýagşy ýamandyr har-hamyr edil atyň gulagy ýal-a. Bizü kibi il-ulusa edep-ekramdyr saldam-sarmak paýlap ýören dag-a, ozaly betinde onuň din-diýanat duşmany.

—Şeýdiýsene, asyl — diýen kşi soňra ýüňli ýumrudy ýarym batman çemesi çykyp duran hyşaň gulpagy ýaly hellewli murtuna-da, syrtlaşyp münäýmeli äriň-äriniň huzurynda häzir bolmazmy.

—Agam, siz şan-şöhraty bagtyndan il gezik nazarkerde bir pyýada. Özem «At götermez azygyny» diýilýänleriň kendinden. Heý, bu jümle-jahanda tisginip, tälke tapýan zadyň bormy seniňňem?

—Hawwa-la, halypa! Men heleýikden çekinişine, oňa ýaýaplap ýaňkyny çykary bilmäm, onuň dilinden sypdyranyny hut hakyň hökmi hökmünde kabul kylýan ýylana goýundy, nekbetinden edýände howatyra. Sebäp, oňa öýlügi, ýagny, heleý hany bir ümläbildigi ýeterlik. Uklap ýatyrkaň geler-de, suhlap goýbär, salyr saplany aç bakanyňdan.

## IŞ BEHIŞTDEN ÇYKANDYR

—How, halypa! Gelip, bu dostuňy bir göreweri, hal-hözirini sorap. Buýa gardaşy gaýdyş edeli bäri, bagryny ýerden galdyrybilmän ýatandyr içurýuk bolup.

— Dostumyň oň ýaly hussamerklige dahyl gelip biline urlan ýaly bimarlyga ýeten bolsa, ony bir aýak üstüne galdyryp, täzeden janlandyrmaga synanaýyn — diýen tüýdeşi ara salyp salman barmazmy aşnasynyňka.

Ýöne, dostunyň, eýýäm, boljagy boluberen ýaly. Hudaýlykly söhbeti söklänip, dinden dil açsa-da, peýrewä gol atdyryp, sözünden dür saçsa-da, hunabirýan haldaky hemdeminiň şo bir ýasawy. Käte bir uludan dem alşyna, gep-gürüňden-ä, elli bizar, asyl, dünýe bilenem däl, gözüni tegeläp.

—Hany, jan dogan, beýdip melullyk girdabynda güýlünip ýatman, gal aýaga. Piliňi ele al-da. Ikimiz dört döwüm bolup, bitelige başlaly, hoşmy? «Hoş» bolsa, iş bähişden çykandyr. Oň gyrasyndan girdiňmi, guşgunaňy syrdap? Bilmersiň welin, «Waý daryh!» diýdirýän gambergawlyganyň gara kölçesi dessine syrylar. Şeýdibem deriň bille derdiň çykyp ugrar. Onsoň uzaga galman gussadan gutarnykly saplanarsyň-da, ýene uzaga galman gussaň ýalançа şärikligiň artar kemin-keminden. Oň üçinem, hany, bol basymjak — diýen kişi dostuny yzyna eýerdişine çetinden. Dosty bile hymmylybam, üç günläp aldygyna gämikdir ikisi iki ýerden hälki joýalara gawun-garpyzy.

Ine, şeýdip, uçmadan çykan iş bile dostumyň ýüküni ýerinden ugruşyna, onuň çökel ruhuny gaýtadan çanatlasdiribem, näme, dolandyr-da yzyna.

## GARYBYŇ ZADAM BOLMAZ, ADAM.

1857-58-nji ýylda Gowşut han öňki Janalybendiň aşak ýandaky berçawly çiginden Murgaba bent gurmagy kalbyna galyplaýar. Ilaty sala salnyp, salarlys etmek üçin doganymyz Özbegistandan Mämmetwele Mirabam çagyrylýar.

Ýöne «Eser ýerde gaý tutdy» diýleni. Garadan gaýtmaz ýigitler düýäň bili ýaly tokmagy galgadyp gazyklary kaka-kaka, hudaýy çagyryşlaryna hälki sürünleň öňüne çöp bolup ugranlarynda bolsa, gör, ahyryn. Çilşip ugran lemmerli suw ählije zady topy-tolaýy bile düýplägetdin, çykarmazmy çagandan.

Özem bir sapar däl, iki sapar däl. Onsoň, näme, paltalary daşa degen adamlaram töwregine garanjaklap ugramazmy.

Şonda Sylap gowçy (gow-ketgen külüniň omgaryna gaýnadylan eken togzasy. Öňkülemmiz ony çakmak çakanda, uçgundan ot almak üçin ýanyna götär ekeni. Gowçy-gowy taýýarlaýan, onuň bile iş salyşýan adam — diýen adam. «Bujagaz bendä bekäýse bor welin...» diýmezmi. O gepem, näme, salymyny bermän şapyladanlar Gowşut hana.

—Hany, oň ýaly bolsa, besle-dä, bu bendi?!

—Bor, han aga.

— Özüne-de, aýdyp otur nätmelidigini?

—Aýtsam, han aga, gapary gaýratlyňa ýylgyn ýygsyn, gözüne urlan ýaly bolup. Ulaglaňňam daşasyn ony elýetere. Adamlaň ep-eslisinem ýolla öýüne. Her haýsysy bir düýelik görüp tanap, ekelsin.

—Hä, başga ýüp bolmazmy?

—Ýok, han aga, ol çig-çemendir güne gaty duruşly. Şoň üçinem garry enelemmiz gara öýliň gamyşynam çöpür garylan mele ýüňi egrip, bükdürip dokalýar-a.

Onsoň, han aga, o tanaplar bile sansyz ýaly edägetdin bogup ugrarys, ýylgynlary gujak ýetmez ýogynlykda. Uzynlygynam ýigrimi bäş ädim çemesi edip. Soňam bendiň iki gyrasyna togalaşdyryp getiris-dä, bile biten ýaly bir-birine soraşdyrys olary. Edil düýe boýny bara bar beýiklikde. Olaň öňlerindenem eňaşak edägetdin elin tekizläris. Itekledigimiz tebip tapman derýa gapgarylar ýaly yzly-yzyna.

Ine, bendiň her gapdalynda şeýle äpet logalalaň otuza golaýyny ti taýýar ederis ilki. Bir sähetli günem, näme, aýlany çagyr-da, güpür-talas temmeläris, han aga, bu bendiňi.

—Bo-ho-how, gowçy dogan! Sen-ä, asyl tanalmaýan-bilinmeýän zorlaň zowandan — diýen Gowşut han Sylap gowçyny gapdalyndan goýman dikeltmezmi bendi.

Hawa, şeýderkä-şeýderkä ähli apyla-sapyla sowulýar. Bendiň bina edilmeginiň mynasybetine toý tutulyp, ak nama berlen Gowşuda seppaýam ýapylýar.

Şonda Gowşut han:

—Gowçy gardaş! Emel edip bendi baglan senem boolsaň, ahyrynda ady bize gitd-owmuň — diýip dillenmezmi.

Şonda Sylap Baba gowçy oglam:

— Aý han aga, han aga! Garybyň zadam bolmaz, adam — diýşine, buýsançly başyny belent tutupdyr.

## GEZEK-GEZEGINE DIŇLE-DE

—Molla kaka, kyn görmän, adamyma asudalyk digasyny bersene? Ýogsa ol-a, «Sen ýalta, sen hasany, sen nekbetiňem ýylana goýundysy sen massy balagynam ilde ýogy» diýip, taýagyny towlap dur, üstüme hemdella bolşuna.

Menem, näme, men-dä, «Emelsiziň dili awy, çünrek geýmiň biti awy» diýlişi ýaly dodaklygmyy edägetdin, bagryny tütedsip bir içipdirýän welin, hoşuň gelsin.

Onsoň ärçäm ýüzüni erbet egşedip, sen men ýok, herekdäki ýeke damar şallaga (gamça) ýapyşýa-da, saýgylap ugraýa. Tä julkum çykynça.

Hawa-la, molla kaka, menem, ölse «Alla» diýemz zandy kesilenlerden. Ýöne soňa-bakdan bu gyk-bakly tut-da-baslyk degnama degipn ugrady bir hili. Şoň üçinem, onym meni waý gürpli ýagdaýa ýetirip ýörmez ýaly , mamurlyk dopgasyny ýberäýseň bize.

— Oň ýaly mytdanyklyk doga bermäň-ä, gürrüňi ýok, jan gelin. Ýöne saňa ýeriň giňinde bir zat sargaýyn. Är aýalyň açmazyndaky hudaýydyr. Oň gaňryşyna gaýdyp, oň bile dikleşip, iň bile ençebiýlige ýetişiňe ömürylla el ýalaryn, bal günüme bataryn öýtmegin.

Sen aýdan ary, günden dury bolup, agzyň bile ak guş alaý. Şonda-da, äriň daşynda pelesaň kakyp, «Hä-hawa, kakasy» diýşiňe, oň göwnüni görmeseň, bahaň hyrda puldure. Seňki ýaly ekjeşikli jambylda ýetseň dag-a bar onsoň, itden bisyýak borsuň, dessine.

—Be, şeýdiýsene, molla kaka! Men bolsa, onymyň gulagyna münjek bolup gara heläk.

—Ýok, ýok! Oň ýaly şallakylygyňam, oň ýaly şermendeligiňem taşlaýyn itiň ölen ýerinede. Diňe «Hoş, hoşal aga, arka boýnuň gaşal aga» diýip, diliňe bal çalnan ýaly bolagetdin. Kirle degirmen kysmy hyrlany bermeseň daşynda, asyl, abraýyň artmaz.

Şol sebäplem, nätdiýsene, jan gelin! Ine, şu ýedi çöpi al. Birbada. Adamyň. Ony eýdipsiň, muny beýdipsiň» diýip, igenç içesini işledip ugranda, bu çöpleň birini agzyňa sal-da, bek diňle. Şeýdibem, oňa ýekeje-de gaýtargy bermän. Işiňe wakybal bol, işiňe. Nädersiň, onsoň ýanýoldaşyň çekge çylgymlaryna çenli gülümjiräp, urma-sökmeden-ä elli bizar, daşyňda hoz-hozanak boluberse.

Hawa, hawa, jan gelnim! «Dilim! Dilim! Dilim! Wah, dilim zerarly ýanyndym kilimlise» ýetmän, dişläber, şu ýedi çöpi gezek-gezegine. Ýogsam, saňa doga-da düşmez, beýlekem. Bulary dişläp, diliňi gyzylja gaalsynda saklasaň welin...

— Bor, molla kaka, oň ýaly bolsa — diýen hälki gelşi, ýedi gysymyna gysyp barşyna, ärine gaarp ugramazmy gaýymjyrap.

## ŞEÝDIP EKLEJEŇŇIZEM...

Bir zaman Täç gök, Derwüş aşakdyr Gulhan soltansyz dagy öz ýanlaryndan arzuw edip göwün ýüwürtmezmi, perişdeleň «Omyn!» diýen wagty.

Şonda Täç gök (Gaýgysyz Atabaýyň kakasy)

—Çalbaş alaşa münüp, serkerde bolşuma, görülmegik ýurtlary gezsemdim — diýse, Gulhan soltangyz (ýagny, Tülhan gara ýüz. Körmollanyň goşgularynda ýatlaýan atly mirap)

—Menem alty segsen ile nan bersem — diýende, Derwüş işan:

—Haý, sizem-ä?! Şeýdip eklejeňňizem bir bitli heleý dämi? On-a gedaý gezibem galman ýaňkylaň dilegi kabul bolup ugramazmy.

## OMRULAN ORTAGAJY GERŞINE GÖTERIP

—Tagsyr, sizem, gaty geň adam-ow! Ilk-ä, Emirligiň adyndan perman gönderip, türkmeniň o dili ýasy çopany Ýazgulyny Buhara äkeldiňiz. Soňam «Gurhan sürelerini tüýdükde hoşowaz bile okaýan Allataraplapyn adam bi diýdiňiz-de, ony asmandan asyp, köpe ymam bellediňiz. Ýöne herneneň apalasaňyzam onyňyz idili janawer-ä däl. Hut ýas-ýaňyja-da...

—Hany takalaňym tüket-de, gel, göniňden. O näme etdi ýas-ýaňyja.

—Emir agzamalry o ýas-ýaňyja namazyň bir eglimini egilmän, ony diklimligine okaýdy-da, adamlaň agzyny asdyryp.

—Baryň, oň ýaly bolsa, Taňrytagallaň dürs ýoluny terse towlan o pelit pederňe suhtuny dikilgazyk eediň gaşymda — diýensoň kiwüwkeş kişiler älemtas edip getirmezmi Ýazguly halypany emiriň gaşyna.

—Ýeri, how, sylagyny bilmez, türkmen. Sen nä, eýýäm, «Semränu sekiz gün, doýany dokuz gün» diýdirip, ýok hokga çykaryp ugradyňmy iliň gözünden düşüşiňe.

—Ýok, tagsyr, beýle biziň-ä, küý-köçämizde-de ýok, ýekeje-de.

—Onda, näme ýaňy namazyň bir eglimini söp-sömelekligiňe okap, köpçüligi kyn güne goýupsyň?

— Bagyşlaň, tagsyr! Ýaňy namaza duramyzda Idris babaň metjidiniň berkendeli orta agajy birden bire dez beren ýaly boldy-da, jatylap başlady. Soňam jorta uçdy-da, namaza duran jemagatynyň üstüne gaýtdy-da eňlip.

—Ana. Şoň üçinem, tagsyr, namazyň şo taýyny diklimligine durup okadym-da orta agajy gerdenim bile göterip, adamlary basmaz ýaly edişime.

—Be, biz ynam bildirip,ynam bellişimize, mähelläni yzyňyza eýerdip ugradyk welin, siz, eýýäm haçan, ýok ertekini otaryp, çyzykdan çykyp başladyňyzmy?

—Çyzykdan çykma däl, tagsyr!

—Çyzykdan çykma bolmasa, hany, onda, görkezdä, bir nyşana?!

—Bor, tagsyr — diýen ýazguly halypa çala eglişine, arkasyny ýalaňaçlasa, gör-ä!

Çylgymly synjyryk bile gan öýlen kebzesi gyzyl jiňžik.

—Ýeri bolýa-da, beýle alas-gopaslyga dahyl gelip, gerşiňi tutuşyňa, mugjyza kylybilmez — diýen Emir aşaklyk bile iberip barlatsa, adamlar gaýdan ortaagajy oňarmak üçin, gözüme gurt düşen ýaly bolup, jaýyň üstüni söken ekenler.

## JAMA BASAR ÜSTÜŇI.

Ýaýla garahmetli Gurban Akgylyç bir ýola Goşabutgaň gapdalyndaky Mergen Çeltegiňkä barmazmy gezmäge. Olar öter-geçerden gürrüň edip, peýrewäni uruşlaryna esli oturanlar. Ine, birdenem keserip ýatan Mergen Çeltek dikelmezmi.

—Aý, Gurban ini, sen şün ýatmakçymy-gitmekçimi?

—Men-ä, Mergen aga, sizden rugsat alyp turmakçy bolup otyrdym.

—Onda, sen, eliňdäki çaýly käsäni içägetdin, desbi-dähel ýola düş. Ýa-da ertir turanja badyňa bitirmeli-goýmaly işiň bolmasa, gyssagly. Ýatypjyk gidäý bizde.

—Maňa «Ýatyp git» diýmesene. Mergen aga. Men ýaýlaly garahmedim taýak tüwdürimde ahyryn. Bu ýakyn aralykda ýatyp ýörsem, gören-eşiden «Pylanam halys türküsini tükedipdir, öýün» diýen iren ýaly. Ol, asyl, Merjenli Perreniň aşak çetinden obasyna gitmäge gaýraty çatman, onda-munda ýatyp-turup ýören öhedi ekeni» diýmesinler maňa.

Şoň üçiribem, men gideýin, mergen aga.

—Gitseňiz, syrygynyň çetinden girip-girmänkäň-ä, jala basar üstüňi.

—Men üstümi jala basjagyna-da, seň kebzeçi bilgeligiň hatasyzlygyna-da ynanýan. Ýöne şonda-da meni ugrat jan aga.

—Görýän weli, seň gara çynyň ýaly. Onda sen nät diýsene! Ana, ho artbagyşdaky köneje agar çäkmeni goltugyňa gysyp git. Öýüňe baryp, ertirki agşam yşyklygyňy ýakyp, gaýim-gejimiňi guratmazyň ýaly.

## ÇEKGESINIŇ GYLGYMYNA SEREDIP...

Muhammetmyrat Nepesli pahyr ugursyz üşükli şahs bolup, adamyň ýüzüne garap, çekgesiniň çylgymyna ser saldygy ýylynyň nämedigini kynçylyksyz kesgitlär ekeni.

Ine, bir saparam, ol depseň yranmaz barjamlyňkyda öter-giderden söz açyşyna, töweregindäkileri gyzyl gyran gülüşdirip oturan. Edil şo halatam eli iki çäýnek çaýly täze gelin içeri girmezmi ypyldap. Ol çäýnekleri goýup, yzyna öwrülip-öwrülmänkä, egni maldaý çabytly başga bir gelnem gelmezmi goşa humy göterip. Ýaňky elindäkileri goýup, ýerinden turuberende, gör-ä, içigargalmyş, bu bolýan zatlary! Pasyrdyly keteni köýneginiň art etegi bile dört çäýnegem düňderip goýbermezmi keçäň üstüne.

Şonda öňki gelin o çaý-çanaklyga seňrigini ýygryp garyşyna, ugraberýä tasanjyrap. Şo barşyna-da, egmeli börügini şa tärime şarkyldap çykyberen daşaryk.

—Ine, bagşy aga, özüň gözüň bile gördüň, gelinlemmiziň nägeňsidigin-ä. Belki, olaň ýylynyň nämediginem aýdyp berersiň, indi.

—Çakym çak bolsa, baý aga, ilki çaý äkelip, siltenjiräp çykan gelniňä, ýyly ýylan, beýlekisiniň kem sygyr bolaýsa gerek — diýensoň, aşaklyk bile takygyna ýetseler, hakykatdanam halypa mamla ekeni.

## ŞÄKÄR DADYRYP.

—Ýah-heý, halypalar, sizem-ä! «Gowşut han eýtdi. Goşwşut han beýtdi» diýip, halys ýürege düşseňizem, tanalman duran adam däl-ä, onyňyz. Häli ölende oň döwletdir dünýäsini terekä-de salyp bolmasz. Ganybir doganyny ynjadyp, ýerdir ýurdumy eýeläni üçin.

—Sen jora, düzüwlije bol! Iliň sylap, sarpasyny saklaýan adamsy hakda agzyňa gelenini ataryp oturma-da.

—Nä ýalanmy, eýsem? Ile meňzeş giýewisem-ä ýok, oň. Ilk-ä, utanman-uýalman baryp, dulundaky gyzyny diläp. Soňam öý-öwsele. Asyl, ähli eklenjinem diläp, «Gowşut hanyň körekeni ýaly» diýdirişine.

—Be, jora, özüňden bilip lak bolaýarmykaň diýdik welin, barha bujurygyň artýar-ow. Sen Gowşut han ýaly il bähbidi üçin ýanym bişen, oda düşen kişiden kesamatly aýt agtaryp, arrygyňy gynaýşyňa «Men ony tanaýan-a» diýýäň weli. Biz seň ejeň-ä däl, asyl, mamaň mamasynam tanaýas. Oň, hakykatdanam, şeýledigini, ine, şu dürre gamçydan sora-da göräý — diýişlerine, hälki alty aýlap awusy öçmez ýaly şäkär dadyrar ekenler.

## ÖMÜR ÖLMEZLIGI BAGYŞLAP...

Atam eýýamyndanam has ozal Hydyr-Ylýas atly iki dogan bugdaý ekmezligi bir harmanlyk ýere. Bugdaýlaram güýzüň gyrasy görnenden ýere gar gyla getdin, jalkyldadyp suwaran soňlar bolmazmy başyna gören ýaly. Her haýsy bir gujak düýpleň egreýlip duran çarhanaly başlaryna dagy diýsene! Dänelkeri börügine sygmansoň, durandyr syrtaýyp. Özem gyzyllap, beýleki

edip, dänesini ujuklatmansoň, şeýle bir göze gelimli welin, ygşyldysyna diň salyp, gelýä-de, bagryňa oýkaberesiň.

Ine, bir sähetli günem hälki iki dogan hudaýy çagyryşyna salmazmy oragy ýaňky bugdaýyň bir çetinden. Şeýdip, orup, çekip, üç gorluk harmanyň öňki ýaly birini däl-de, ikisine aýak salanlar. Soňam agaç ýabak bilen elin atyp, nermeden saplasalar, ine dogaň parasy ýaly çäç-dä, gözüň ýagyny iýip gelýän.

Onsoň, näme, iki dogan deň-derman edip, paýlaşmazmy o bugdaýy. Yzyndanam agzy gara eşeklerine ýükläp, öýlerine çekmegi gepleşenler gezek-gezegine. «Uly başlar, kiçi işlär» diýlişi ýaly, ilki Hyzyr (Hydyr) bugdaýdan mas ýüklenene eşegi öňüne salyp, ygranja badyna Ylýasyň hakydasyna bir pikir gelmezmi. «Men bir syrma sallah. Heniz öýlenip-illenemok. Agyr ýüküm bagjygym. Şoň üçinem artataşa bugdaýam derkäp däl. Agam bolsa çül-çagaň eýesi. Olaram mä-de-çä. Biri iýjek. Biri-de geýjek. Bujagaz bugdaýyň dagy çeýnäp pürkeňde-de, olaň ýyrtygyna ýama bolmaz.

Şoň üzçinem, gel, men şeýdeýin-le — diýşine, tä agasynyň garasy görnümçä, goşmazmy oňka öz bugdaýyndan.

Haçanda Ylýas eşege kakma çal çalaryny taşlap, harmanyň başynda Hydyr galanda, olam, inisiniňki ýaly hyýala gelmezmi. «Men bir köp düýesi köprüden geçen oral adam. Tüweleme, ogul ýerinde oglum, gyz ýerinde gyzym bar. Şükür, öý-öwselämem ýerbe-ýer. Iň esasam, bar zadyň tährini tapyp, kirle degirmen kysmy hyrlanyp duran öýlügimem daşymda hozanok. Ýeri, onsoň maňa näme gerekmiş.

Inim bolsa, bitelik başyny tutup, indi gany açmaly. Häzirki kenderi mydarlygyndan golly-goşly kişä öwrülmeli. Şol sebäplem, men ondan goldawymy gaýgyrmaýyn, ýekeje-de» — diýşine, dännesinden guýup ugramazmy Ylýasyňkyň üstüne

Ine, gezek-gezegine,m şeýdip, duran dogallaň bugdaýyna taňry bereketi inägetdin, olar ony çekibem gutaryp bilmese nätjek.

Ana, şondan soňam Beýik Birabar Hydyr bile Ylýasa iň bir kanagatly, iň bir takwa, iň bir hudaýlykly kişi hökmünde ömür ölmezligi bagyşlap, özlerine-de, il-günüň göwni gubarsyz ogul-gyzyna goldaw ýetirme sargydyny etmezmi.

## PORSY ÇOPAN ÇÖLDEDIR

Ir eýýäm goňşy iki gelin saçaklaryny goltuklap gelýär ekeni bir ýas ýygynçasyndan. Edil şol halatam lowurdyly Kuýaşyň öňüni saýylan ýüň kibi akja bulut gabalan ýaly ädýär-de, birden-bire jala guýup ugrandyr alarladyp.

Şonda o gelinleriň serwi kamaty mähir-muhabetli ýüzüne ýaraşyp duran dal gerdenlisi:

Ýagmy, ýagyş!
Guýma, ýagyş!
Kany-manym
Ýoladyr —

— diýşine, göge garapdyr-da, alys aşyp argyşa giden ýanýoldaşyny ýatlapdyr.

Gar golça kysmy tokgajadan gelen beýleki gelin welin, bo-ho-how! Hil-hal, asyl, mar dodakly agyz-burnuňy towlanjyradyp. Şo barmana-da ol:

Ýag, ýaganagym!
Guý, guýanagym!
Porsy çopan,
Çöldedir —

— diýip, gumda çäge çeýnäp, mal bakýan adamsyny kemsidişine, öz bahasynam gara şaýa ýetiripdir.

## ÄHIDIŇ EZIZIMI.

Öňem bir kemmagaldan görgüsi ýeser garrynyň ýeke dikrary ýogalypdyr. Ana, çäge geçirişine, barmaga çatyman çynar ýaly ogul. Asyl, ony gara ýere beýlekä, dözer dagy eder ýaly däl. Kölegesinde keserip, saýasynda salkynlaýmaly ýüňi ýeten bir goç ogul welin, gördügiň bagryň-bölek bolup, ýüregiň gyýym-gyýymlyga ýetme bilen.

Enesi pahyram indi üç günüň içi, saçyny ýaýyşyna, hunabirýan halda gujaklap ýatyr-da, jana-janyny. «Indi boldy, bes et! Hany, aýryl beýläk. Biz-ä, ilde-günde görmändik seň ýaly zady. Nä öleniň yzynda ölüp bolýamy? Hany «Jan berene, jaý ber-ä» «Muny bir epläp gelsinler-ä» diýip, ölä ýalbarmazyny ýalbarsalaram eger-eger. Şo ýatyşy balaasyny bagyrtlap. Ine, şeýdip, dördülenji güne sananda hälki bagtygara:

—Waý-aý! Janlammeý eý!
Waý-eý! Jigerlem-eý! Waý-eý!
Ýetdirdin-eý! Halys-eý!
Borl-eý! Wah-wah-eý!
Ähidiň geregim-eý! Wah!

Getiriň merezligim-eý — diýşine, gyrataga çekilişine, saçaga gözüni aýlapdyr.

## NÄDERSIŇ, GÖZÜŇI TEGELEÝŞIŇE...

Iki sany kişi küreniň ýeňsesindäki ýoldan ýöräp barýarka bir biçäräň uzyn-uzyn gygyrýany gulaklaryna ilýär.

—Gel how, şo bendäni görüp geçeli-le, işimiz her neneň aldymgaç bolsa-da.

—Ýör bäri!

Ana, onsoň barsalar, ýüzüne ölüň repki ornan bir görgüsi ýeser ýatyr-da bagyryp.

—Ýeri, how, halypa! Bar-bar bagyryp, ülkäni örüzýäň welin, aýtsana näm bolýandygygyny?

—Wah, dözmez doganlam! Meň bile işiňiz bolmasyn. Görüp durşuňyz ýaly, meň bärimden aňrym ýakyn. Yza berşi şu bolsa, ertire çykaryn öýdemok, ýekeje-de.

—Ýok, beýdip, ýok tezzekzybana tutma-da, aýda bize dahyl gelen nägehanyň nämedigini?

—Aýtsam, jan doganlar! Men buşugy bilemok, indi ýedi-sekiz günden bäri.

— Buşugy bilmeýän bolsaň, ýene iki sagatjyk garaşybilermiň bize?

—Näme garaşman.

—Hany onda çaga-çolaklaň gazan ataragetdin, ýandakdyr sözeniň horjunymyzdaky şu köklerini gaýnatsynlar emenjek. Soň bizem saňa durluk ýaly şo suwdan eslijäni içiris welin, nädersiň, buşugyňy saklabilýän, gözüňi tegeläberseň.

—Aý, siz-ä, Hydyr ata bolup ýetişdiňiz-de, «Eşegi girse, tebibi ger» edäýdiňiz-ow, jan agalar — diýen derdejel pahyr ynjyly ýüzüni çytyp, çolarak ýyljyraklaýşyna, tirsegine galyp ugramazmy.

## OMARYŇ OGLY BOLSAŇAM...

Dört çary ýarlaryň ikinjisi bolan Omar halyfyň syrdamyndan salykatly, çak edişiňdenem görmegeý, uçursyz hoşzyban ogly bar ekeni. Ýöne «Wah, dost, waý, duşman», «Dost sekiz, duşman dokuz» diýleni.

Ine, bir günem Omaryň göwni gemreli garşydaşlary ýonulyp ýasalan ýaly gyzy çykaranlar hälki oglanyň öňünden.

Gör ahyryn! Öz-ä, daraýynoş. Eginlerem terezilenip dur, terliginden. Gözel bag çebşiňki ýaly. Ysy janyňy alyp gelýän kökenli käkiliniň burum-burum zülpi tarlaryny dagy diýsene!

Owsunly Nawutanyň duzagyna dahyl gelen ýigidem, näme, özüňize belli. Hajyn-huşugyna maýyl bolşuna, baglanmazmy bagjygyna.

—Aýuw, oglan! Gidäýeli-dä, biziň öýdäki kelte biçüw meýlise?

—Gözel göwnüň. Maňa, näme, sen ynjamasaň bolany — diýen nowjuwan olara barsa, bo-ho-how! Saçagy bir bezäpdirler welin, gaýry naz-nygmatlara, baýaky düýeli, kepderiden saglyp alnan guşuň süýdüne-de, edil eňegiňi basaýmaly.

Şeýleki şam-şarklyga düşen oglanam, näme, meý-mest bolýar, iýip-içişine. Ahyram, çyzykdan çykyp, öte geçişine, boýnundan sarlyp, ýüz-gözüni ýalap ýatan gyza-da ýetmezmi, ýorgan ýakynlygyny.

Şeýdip, ikigatlyga ýetişen o maşgalaň aý-güni dolýar. Top ýaly çagasam bolýar. Onam ýedi çilesinden çykyp-çykmanka «Eýelik et, bu dölüňe» diýägetdin, taşlanlar. Hazra Omaryň etegine. Omar görgülem nätsin! Aňk-taňk boolşuna, çagyrmazmy ogluny.

—Näme nikasyz maşgalany beýtdiň?

—Aý, şonda şeýle boldu-da, atamjan, ýörite arak içirip, başymy-gözümi aýlansoňlar.

—Ýok! Ýok! Beýdip sypaýaryn öýtme! Omaryň ogly bolsaňam «Eş bilen eden, egni bilen çekäýmelidir! Oň dagysy bolmaz, hawa, hawa.

Hany, muňöa geçilmez günäsi üçin, desbidähel, uruň ýüz dürräni!

Ine, şeýdip, ýetmiş bäş dürre urlan oglanyň endamy bölek bölek bolýa-da, orta harkyldysy

—Tagsyz, indi ursag-a, ogluňyz tabşyrjak amanady.

—Nä, şo soralýamy? «Uruň!» diýilýär-ä, size!

—Bor, bor — diýip, segsen dürräni suňşuran batlaryna, tebibe zat galmadyk oglanyň tökjany çykmazmy.

—Tagsyr, ogluňyza ölendir.

—Ölse üç köpsün weli, uruň ýene — diýlensoň, maslyga togsan dürräni ellänler.

—Tagsyr, indi ursag-a, suwa tutara dirinikli deregem galjak däl, ogluňyzyň.

—Be, ýoknasyz ekeniňiz-aý. Uruň-a, gepi köpeltmäň-de, şo ýüz dürräni — diýensoň saýgylana-saýgylana julky çykyp, tultuk suw bolan jesedi jaýlanlar.

Şeýlelik bile, berebekgeýligi üçin söwýar ogluny öldürip, hunabirýan hussamerklige gaplanan Hazraty Omar türge dümüp ýatyşyna düýş görmezmi. Onda ogly «Atam jan, men haramylyga hemra bolamsoň, gepe galyp ölmesem, seniň adyllygyň sebäpli, behişdi boldum-da» diýip dur, ýüzüni galdyrybilmesede.

## KÖNE KÜLEÇÄ DULANYP...

Ozalam üç sany gaňrylmaz kişi:

—Wah uzadan ýerime elim ýetip, men bir jümle-jahany görsemdim, inegana.

—Şu ýagty ýalançyňhiç zada derkaryma däl, meňňem. On-ýigrimi gün ýatyp, jyllygym çyksa bolany.

—Akgaňlar bolsa, halypalar höwesim bütinleý başga zatda.

—Aýdyp otur-da, oň ýaly bolsa...

—Aýtsam, hanymyzyň dilber çykan gyzy bar-a. Ana, şoň bile çolaşyp ýatmaň kül-külünde men-ä — diýşip, göwün ýüwürdip otyr ekenler.

Edil şo halatam hanyň köne küleçä duwlanyp pukara surraý bolan gyzy geçip barýar ekeni-dä, hälkileň duşundan ýaňky gepler gulagyna kaklyşandan, olam, näme, sowulmazmy ýanlaryna.

— Gurgunmysyňyz? Oturanmysyňyz, sag-aman? Menem haýalkeşliňňize geň galdym-da, öwrüläýdim-dä, yzyma.

— Öwrüleniňiz-ä, ýagşy welin, ozalybetinde, siz kim asyl.

—Men hanyň gyzy. Ýaňyja jemagatyň hal-ahwalyny göreýin-le» diýip çykdym-da, aşaklyk bilen.

—Baý-ba! Ond-a, biziň hajymyz kabul bolup, arzuwlarymyzyň ýek-ýarymynyň berkararlyga baraýmagam ahmal-ow.

—Dagyňyza biljek gäl welin, seň sapara gidip, syýahat edesiň gelýän bolsa, bar-da, ýatlat, kakamyň gaznasyna. Maňa ýakutdyr göwhere, laglydyr jöwhere bezelen jygadyr jüpbe almasynlar-da, oň harjylygyny beräýsinler saňa.

Göwün solnyňdan çyk, syýahat et-de. Ýöne «Mugt Buharda ýok» diýlendir. Nirede bolsa-da, gören-eşiden nepagamy zatlaňňy hakydaňa galyplagyn. Geleňsoň olary il-halka ýetirip, köpüň güzeranynyň gullugyna goýaryň ýaly. Düşdündiňmi, şoňa!

Senem bir egne on-ýigrimi gün ýatmagy ýüregiňi düwýän bolsaň, ölersiň-de, alajyň ýok ekeni. Aslyýetinde, ynsan balasy her iýjek naharyndan öň dört döwüm bolup, işlemeli, derläp. Garabokurdaklygyndan on esse zyýanam gazanaýmaly, şonda. Bilen üçin, bukuda eplenipň ýatmak, ölüme barabar ahyryn saňa. Işläp, il-ulusyma peýda getireýin» diýmän, ýataýynla, ýangara degen ýaly» diýeniň üçin, häzirlikçe kyrk dürre buýurýan. Ýogsa, seň kelläňden gowurmaň ysy gelip duram welin...

Ine, sizem, han gyzy bile, süýjeşikli döwran sürmäň pikirinde ekeniňiz. Ýöne bilip goýuň. Han gyzynyňam arta-tama ýeri ýokdur. Hanam, näme, köpüň biri, kölüň suw-a «Töreligem köllelig-ä». Galyberse-de, «Hanyň gyzam göbekli», «Han gyzy haýa tutsa, eli gabar» diýen aýrgylaram bomala-a, eždatlammyzda.

Ondan buýanam, kyrk sany ýumurtgany bişirse-de, dadyp gör, ýeke-ýekeden, barjasynyň tagamy bir meňzeşdir. Eger şolaň tagam-tagsyry her jüreden-her jüreden geliberdigi tanaý, meni. Bolmasa-da, göwnüňi çawjatman, geziber ugraňa. Barjak ýeriň müňem bolsa, ýatjak ýeriňi bir edip.

## DÜNÝÄŇ HABARYNY...

Ir eýýam pişigi towşan tuýan barjamlynyň balaryp duran garagulak düýesi ýiten. Oňa adam ýolla. Muňa adam ýolla. Eýleden sora, beýledený sora. Bary suw gysymlan ýaly. Asyl «Alan ogry, gören taňry-da» başlarynyň biri bolansoň, ony owarram edäýerli däl. Ahyry ol aýran-jöwren bir weli garaşa ala salmazmy.

—Ýaşuly, eger maldyr döwletiňe şikweli nerse gargylap, pakyr-pukaralaň gargyşyna galmadyk bolsaň, bilip goýgun. «Halal malyň tüýsüz gitmez»

Hawa, hawa, ýaşuly, o dünýäň tapylar. Özüne-de iki baş bolup. Men oň haýsy aýda otlap, haýsy oýtmakda suwlaýandygyny aýdyp bilmesemem, eždatlammyzda «Dünýäň habaryny çöldäki çopan bar. Siz kyn görmäň-de, şolara-da bir sala salyp görüň.

—Aý, jan aga, oňa-a, hiç hili ýüzlenmezmi alym ýasaw han çopana.

—Baý aga, o düýäň şundan göni demirgazyga gitseň, bir günlük ýolda saparlap ýör, tumarça ýaljak köşegini tirkäp.

— Aý, saglak bol-a, çopan jan — diýen baý adamlaryny eýerdip barsa, edil aýdylyşy ýaly.

Bu ahwalata haýran galan baý «Bä, jümle-jahanyň habaryny çyn çopandan soramalydyg-a, köpe hasa boldy welin, hany ony gerdekdäki gelinden soramalydygyny ýa däldiginem bir tagmalap goýaýyn-la» diýşine, gyzyl mahmaldan jyklyşyna gerdegi görklendirip oturan ter gelne ýüzlenmezmi.

—Gözüň aýdyň, baý aga, dünýäň tapylyp, göwrümiň giňäpdir. Şonda-da abab kelanlammyzyň hikmetli gepine pitiwa kylman, oň düýbüne düwün basjak bolup, gerdek kilimini tarpyldadyp ýör ekeniň-ow.

## TARHAN BOLAN OGRY.

Ýer ýasalyp, sangysyz ýyllar öte-öte, çygdyr suw-söli ýetikligine, aram amagtalyga aralaşan bu ýagty ýaloançyda kemin-keminden giýalar gögerip, mahlukatlar peýda bolýar. Ilki ugurlarda eglibräk ýörän ynsan balasam kaddyny diklemezmi asta-astadan. Ahyram:

Owal hanlar oglanka,
Akar suwlar şyrlanka.
Biz bir ýigit ýitirdiik.
Han ogully, beg gyzly.
Adamzatda ady bar-da,
Özi ýok —

— diýilşi ýaly, göwresindäki artyk zady aýryp, kem zady doluşyna, akyl jähtindenem kämilleşýär. Otsuz oňup bolmajakdygyna-da, göz ýetirip ugraýar. Kimde-kim ynsan üçin alawly aty elýeterli ýagdaýa ýetiräýse, ony ähli zada tagy-tarkan ätmäge boýnam bolunýar.

Ýöne arzyly ot weli, çuňdanam çuň guýyň içinde. Dur-da ýanypjyk, pessaýja labyrdyşyna. Ony äkelmäge giden köp görgüsi ýeserleň bola, diňe bokurdak dolduryjy ýatlamasy galdy. Kimi ýandy, kimi köýdi. Elini burnuna sokup, iki, ýeke gelenleňňem kimi çolak, kimi golak. Kimsi toýtuk. Kimsi goýtuk. Olaň gyzgyny ahwalatyny görenleň bolsa, «Ot äkelmäge girjek menem diýip, depinip duranam ýok, ind-ä.

Ýöne «Ýüzden ýüwrük çykar, müňden tumar» diýleni. Ine, birt gün kültemli gyl tananyny egninden aşyran okumyş leňkebut sallanmazmy guýa. «Barşyna-da «Saklandan aňtan ýerlerini» edägetdin durýa gizlenip. Haçan-da, il ýatyp, it uklaýaram welin, sakgylaň gözüne güý düşýä-de, kebzesine gaýym baglanan pakrawsy sözeniň ujuna ot degrişine, göterilibermezmi ugranyny külterläp.

Birki ýerde häkini alşyna, ahyry, ot eýelerine duýdurman, arka-boýnuny köýdürmän guýudanam çykýar. Soň bolsa, surnugan süýeklerine sähel salymlyk ýazylganlyk bermek üçin gyşaryşyna-da, galmazmy uklap.

Bir haýukdan soň gözüni açalak-ýumalak edip oýansa, gör-ä, bu bolýan pylsy-pyjurlygy, gürüm-jürüm bolupdyr-da, otly kesindisi.

Şeýdip, ýaňy agzy aşa ýetiberende aňňalak ganyşyna, ulturap galan leňkebut-düşdüş görgüli süýrenjiräp ýurt hökümdarynyň dergähine barsa, asyl, gepine gulak gerip, itmisiň diýýänem ýok.

Ol törde ýörite bejerilen syrgaly sekiçäň üstündäki tylla tabada şugla saçyp duran ada garap, her näçe jibrinse-de, aýtmyş tutam ala naýzaň dessesi bilen kemoaýyna bir düwdündirdiler welin, zamanasy jünnek bolaýdy, gözi garaňkyrap.

Leňkebut naharyň gara kösem bolup äkelen otly kesindisini gözde-ýüzlükde ogurlap. Eýýäm haçan, tarhanlyk natasyny alan siňek bolsa, hil-hal abaý toş sorap. Seretsene! Onuň göz-gaşyna sürme çekişlerine, el-aýakdyr gol ganatynam haplap çykypdyrlar. Ol gaýdyrylyp ýörşüne, oňa-muňa jürnügini degren ýaly etdi-de, hökümdaryň kümüş mejimeli nygmatyna gondy-da gönümel. Şonda-da, ony kowaýyn, kok bereýin duýýän ýok-da ýekeje-de.

Ana, onsoň gözi ýaşly, bagry başly leňkebudam buljum ýerde tor gurşuna çykmazmy o siňegiň kasbyna.

Agam Tirkiş Meretdurdy ussa oglundan eşiden bu gadymy rowaýatymy hatyraly halypam Ata Köpekmergene gürrüň beremde «Seň, Ümür ini, şu siňegäm ýöne bilmegin. Ozal dünýäni ys-kok göterip ugranda ýaradylan siňegiň bir ganaty bally, bir ganatam zäherli bora çemeli. Ol iýip oturan tagamyňa düşen halatynda, iki gaantymam elin bnatyryşyňa, zyňyp goýbereli çykaryp. Şeýle-de, tejribeli tebiplleň ýakmaz zat iýip ögese-de, gaýtarybilmän kösenip ýörenleri, siňek ýuwutdyryp ýörite gusdurandyklarynam bilip goýaýgyn diýende gelnem gep gerdişe gelende ýatlap geçmekçi.

## GARALA GÜJÜGI GÖREŇSOŇ...

Ir eýýäm bir dili senaly kişi mollalaň öňünde dur ekeni, ymamlyk edip. Ine, birdenem ol «Haý, ýit-ä, ýok bol-a!» diýşine, ber-başagaý boluberen.

— Beýdip, namazyňyzy böltäp, sizä, nä döw çaldy, ynam aga?

— Hanaýy Käbäň, ho synmaz sütüni bar-a, syrçadan. Ana, şoň düýbüne bir gorala köpek tykylyp bardy-da, gözi ýok ýaly. Soňam çep aýagyny galdyryp, buşugjak boldy-da, şoňa. Onsoň menem, kowdum-da, ogäbiazany ymamlygyma säw salyp, itiň aňsadyny etmänkä.

—Bä-ä! Şeýdiýsene, asyl.

—Hawa, hawa! Ýöne hernäçe gynansamam, halatlylygyňyz keltik kakansoň siz görüp bilmediňiz-dä, ony — diýen ynamyň abraýy artýar. «Tüf!» diýen tüýküligi ýere gaçmanam, yrsy ot alana dönýär. Onsoň näme, herkim saçagynyň başynda oturdybilse, armany ýok, ony.

Bir günem pukara surraý är-aaýl obaň ähli çorba çykar aksakgalyny çagyrmazmy nahara, şo ynam bile.

Ine, giňden ýazylan sypra. Üstünde-de, pissemi nar, hozmy enar, igdemi kak, engurmy sök, iýjanmy şäpik, zeýtunmy dänik toşapmy gowurma, nohutmy gowurga..., garasaý, bar-da, adyny tapan naz nygmatyň.

Şo barmana-da, kepgiriň şyňňyrşdygynyň sesi gelen ýaly bolýa-da, üsti üwmek etli palawly tabalary çekip ugranlar, oturanlaň öňüne ýeke-ýekeden.

Ynam-hatyba-da daşy gaýmalangy nepisden nepisden ýyldyrdyly mejimede şeş-şeýle palawy äkelenler weli, gör-ä, oň üsti boş-da, ala-böle.

—A-how! Bi işiň palawy durşuna et bolupdur welin, biziňkide oň düşnügem ýok-la. Ýa bizem bir üýtgeşik hokga çykarmamy?

—Ýok, tagsyr! Biziň-ä, oň ýaly zat ýatsak-tursak ýadymyzda-da düşenok. Onsoňam, sizi sylap, palawuňyzam aýratyn atardyk. Ýöne köpe görüzenlik etmän, oň tokga towguny tüwüň aşagynda goýaýdyk-da.

— Wah, beýtmeli däl ekeniňiz-dä?!

— Aý, tagsyr-tagsyr! Şu taýdan Mekge-Medinedäki sütüniň düýbüne baran garaýagyz güjügi görensoň, öňüňdäki tabaň tüwüsiniň teýindäki tutuş towgam aňşyrsyz öýtdük-dä.

## AT KEÇÄ DOLAŇ-DA...

— Kemine aga, siz bir özüni ötgeren şahyr. Asyl, uly ussat. Mollaçylykdanam öňüňize düşübiljek ýokdan. Bäherden-Büzmeýin sebitlerinde dogulsaňyzam, Ahaldan gaýdan göçe çörňeşip, sarahsa geldiňiz.

Kimiň öň gaýdyş etmel;i boljakdygyn-a, Perwerdigärden gowy bilýän ýokduram welin...

—Näme diýjek bolýanyňa düşündim, jan ini, ýöne ýasy ýanyň ýerde bolaýsyn «Meni Mürçäň açmazyndaky Garry Alawyň pylan ýerindäki şärikli öwülýämde ýaşan eždatlammyň ýanynda ýerläň» diýip, ömeň sargydyny sargaman. Türkmeniň göbek ganynyň gatylan ýeriniň hemmesem meň Ata Watanym. Şoň üçinem, imanym alynymda bolsa, Sarahsyň seleň sährasynda meni at keçä dolanlaň-da, at ýatakda gömäýiň, oňa wahym ýok.

## GIT-HÄ-GITLKIGIŇ BAŞY BOLAÝMAZ ÝALY.

— Baý kaka, näme gözleýäň bu çöp-çalamly ketgenligiň içiden?

— Düýn ikindinara, oglanlar, şu töwerekde şetirindir-dä, ýoluk duşagyň düwünli taýyny.

— Haý, baý kaka, baý kaka! Siz bir zamana töwir adam. Onsoň duşakdyr bildirge üçin çöp gujaklap, sermenip ýörme birhili gel şenogam-a welin...

—Aý, ininim, inim! Aýtmagyn, o gepi maňa. Aslyýetinde, isribiň haramdygyny bilýän adam uçursyz rejeli, uçursyz tygşytly, uçursyz aýawly bolmaly. Bilýäň-ä, sen suwuňam gaty ýerde durýandygyny.

—On-a, bilýänem welin, baý kaka, öte tygşytlylygam ahyrynda syrnyhlykdan husytlyga alyp barýan bolaýmasyn?

— Onyňa-da «Däl» diýere çakym ýok. Ýöne taňrydan gizlemelimi, nädeýin, bendesinden ýaşyryp. Özüm-ä, ertir irden sürä kowan mallammyzyň ýüpüniňem agşama çenli Gün hyblyny alyp durmasyn» diýip, olary şo bada kölgä geçirýän.

—Geçirýänsiňem-ä welin, baý kaka...

—Ýok, ini, zadynyň gadyryny bilmeýän, warzir kişi mydama aýran dilişine, okarasyny somlar ýörer, uzadan ýerine eli ýetmän.

Şoň üçin duşagym beýlekim ýitäýse, «Ol git-hä-gitligiň başy bolup, birden yrsym göteriläýmesin» diýşine, ony gözläp ýörin-dä, şuň ýaly.

## DÜNÝÄNIŇ DURKY DOSTLYKDA

«Iki dogan işlemelije nan ýaly, iki çykan daşlamalyja don ýaly», «Iki dogan uruşar, akmak oňa ynanar», «Men ölsem, dogan aglar, özgesi ýalan

aglar», «Dogana toba bolmaz, ýamana oba bolmaz», «Ýagly günüň ýat ýagşy, ganly günüň garyndaş» ýaly onlarça halk aýtgysynda gany bir garyndaşa nägeňsi gadyr goýulýandygy köpe hasa.

Ýöne baba-kelanlarymyzyň dostluga hem apaly arzy, mizemez mähir, sönmez sarpa bille garap, ony bar zatdan ileri tutýandygynam hakydaňa galyplaýmaly.

Gojalaryň gep salgyna görä, kyýamatda perzendi hemaýat hantama bolşuna, ata-enesiniň huzuryna bararmyş. Olaram «Bo-ho-how! Birden sogapdyr beýlekimden diläýmebilseýdir» diýşine, göze sap atyp, gaçarmyş umma. Onsoň hälki görgüsiýeser bar-a, gözläp tapyşyna, gysmyljyrap ugramazmy dostuna.

Emma dosty daryganogam, düýrügenogam. Gözüni güldüren, şol öňküje bolşy. Gaýta, so0gabyndan berip, hemdeminiň ýüküni ýeňletmek bile.

Bu ahwalaty synlan Perwerdigärem jenneti etmezmi olaň ikisinem. Birin-ä, eýýäm, sogaby ýetikligi, beýlekisinem, fostuna dözmezligi üçin.

Umuman, çyn dost syr alşyp syrberşiňe, hakyky bagry girýanlyga ýetmedik doganyňdan has ileri. Ýöne ol aş dost, galamdaş dost däl-de, baş dost bolan halatynda.

Ir eýýäm Emir Temir bir ýeri urup-uşatmaga baranda, iki dost dünýäden bigapyl halda peýrewä gol atdyryp oturan ekeni.

Edil şo halatam, göz-ä daraýy ýaly, ýüzem ýalawuň duzy ýaly, her murtundanam suwluk torba asaýmaly bir esger girmezmi urdurap. Onda bir dosty, «ony öldürme, meni öldür» diýşine, özüni gylyjyň öňüne taşlap ugran, gezek-gezegine.

Olaň habaram, näme, dem salymda ýetmezmi Emir Temire. Emir Temirem, bilşiňiz ýaly, gaýduwsyzyň sahawatlysy. Ýaňkylaň şepagaty üçin togtadypdyr-da gyrlyşygy.

Hawa, dünýäň görkem, dünýäň berkem, dünýäň durkam dostlykda. Adamlary ekleýänem, saklaýana, göwne ganat bekleýbänem dostluk.

Eger ynsan balalary bir-birini nanyň owuntygy, gözüň garasy, üzümiň dänesi ýaly görähetdin, bir-birine daýanyp, bir-birine söýenip, ömür sürseler, dünýäm diňe güllälelige beslenerdi. Dünýäde ajam bolmazdy, ýalaňajam.

Aslyýetinde, Adam atamyzyň ujasyndan uzap, ýanyndan ýaýrap, goly-ganaty, döli-damary bolan ynsan balasynyň ýekeje-de öweýiýa salyndysy ýok. Olaň barynyň bu dünýäden bir suwluk haky bolup, ahyrynda, bu dünýäden gidende çaganyň suwuna ýuwlup, kirine çenli alnyp galynýar ahyryn.

## ÇARLAGYŇ TAZYSY ÝALY

Öňem çarlak tireli bir awçy gerimli gola çykmazmy tazysyny eýerdip. Aýagyna ýel daňlan ýaly, süňksüz daýaw adamyň ýanda ýol gaýgymy diýsene! Her ýerden bir dürtüşine, barýa-da, ätleer-sätler edip.

Şonda oň tazysy yzyna ýaraman başlamazmy çyňsap. Ýöne çarlakly awçam köpi gören gaňrylmazlardan ekeni. Ol ilk-ä, türkmenleň pyýadalkap haja barýarka, halys esbarlan halaty arkalaryna iki put çemesi daş alyp,

loňkudyklap  ugryşyna, süllümbaý derlänsoň, gerşindäkini zyňagetdin, ýükü ýeňläniň ýörgürligine ýetendigini ýatlaýar.

Soňam Nedir şanyň Hindistana ýöriş edende «Wah, indi gaýrat galmady, gurbatlaram gutardy» diýip, ezmiljiränleň atynyň öňüne baş batman daş ýükläp ýol ýöredendigini, haçanda, daşy taşladan-da bolsa, ýigitleň tereň tüweleýe dönendigini hyýalynda saldarlaýar.

Yzyndanam «Dogru-da, walla, eşegem ýüki ýeňil bolsa sojaýar-a» diýşine, gapdalyndakyja gaba iki goşawuç ýaly gum salýar.  Onam tazysyna taýlaýar, horjun kysmy edipjik. Essinden hemaýat tantamaha gerdenine gum ýüklenen tazy janawerem çyňsamadyr beýlekiden-ä, elli bizar, gaýta, kyna galmazmy gerjip.

Şeýdip, esli aralygy geçensoňlaram, eýesi hälki gumy silkip goýberýä welin, tazy görgüli seňkildäberýä-de, gara görküm öňden.

## HER NENEŇ ÝYLANA GOÝUNDY BOLSAŇAM

— Halypalar, hammamyňyza hezillik sizem däl ekeni welin, maňa-da ýuwunar ýaly sabyndyr beýleki beriň-dä?

— Haý, halypa! Geregiň galçagyňa gazar ýaly zat bolsun — diýişlerine, hälkiň eline ýumruk ýaly zat bolsun — diýişlerine, hälkiň eline ýumruk ýaly laýşykly bölegini tutdyranlar. — Ana, şoň bile ýuwnyber, aldygyna. Kir-kimiriň düşnüginem goýmaz sypba-sypyryşyna.

— Be, bujagaz çaganyň suwy bile ýagdan gaýnadylan sabyn dälem welin, gör-ä, janyma ýarap barýa-la, kem-kemirden.

—Ýöne häzirjek bolgun. Gyl-gymyrdyr çöp-çöpürli eýle-beýläňe ony kän oýkaberseň, taýnardyp taşlar ähli tüý-tümürli ýeriňi.

— Be, munyňyz-a, syry ýetik — bir hikmetli nerse ekeni welin, aýtsaňyzlaň, mundan janyna-jan salyp barýan üýtgeşik bir ysam gelýän ýaly-la?

— Onçasyndan-a, habarymyz ýok, halypa. Ony özünden sorap göräýmeseň — diýlensoň, ol elindäkä güýzlenmezmi.

—Senden bir hoşboý zadyň ysy burkurap dur welin, onuň nämedigini aýdaýsaňyz.

— Ol-a, müşki anbarynyň ysydyr.

— Nä, seň aslyňam şolardanmy?

— Ýok, men olar bile diňe ýanaşyk ýaşadym.

— Be, olar şonda-da saňa şeýle tereňli täsirlenme salybildi — diýsene?

— Hawa-la, süýümiň nägadar irimçik gelse-de, kalby kesapatsyz zülmiýanalaň süňk sypaýçylgyna köňül berdigiň biläýgin. Şonda herneneň ýylana goýundy ýaly görünseňe, adam çakly bolmaň ýoluna düşdügiňdir.

## ÖZI BOLAN ÝIGIDE

Uly  ýygynçakda bir barjamly Keýmir kör kakasy kemsitmek pygly bile «Haý, şikesteli  pelit! Sen bar zady bilermenden bolup, asyl, gürrüňe gonaltga

bermediň welin, hany, aýdyp otur. Seň kimleň kökenindendigiňem bilip goýa-la?» diýip, ösek gürrüň tapmazmy.

Emma kän-kän kesapatly külpetleri gerdeninden geçire-geçire eze-beze bolan. Keýmir kör kaka-da oň üçin ýazaýyn-ýaňylaýyn, demigip=daňylaýyn diýäýse nädersiň.

At üç ýaşa baranda,
Ýol gamyny iýen it.
Özi bolan ýigide,
«Aslyň nedir» diýen it —

— diýşine garşydaşynyň petigulusyny beripdir.

Ýüzüni gördüm diýsem-ä, ýalançy.

— A, gyz «Seň ýoluganyň diýseň takwa, uçursyz okuwly, özem iliň apaly ahuny Adam Töremyrat Rahmanguly» diýip, tarypyny tükedenoklar welin, aýtsana, jan jora, ozalybetinde, seň o ýanýoldaşyň nägeňsi kişi?

— Ol-a, dogan jan, uzyndan inçemik daýanykly bir pyýada edep-ekramdyr tälim terbiýesem meň çak edişimden-ä ýokary bora çemeli.

Ýöne mydama alymdyr emtil-magrubyň wagzy-nesihatyna mübtela bolansoň, oýsuran gerdegime-de, garaňky gatlyşansoň gelip, daň agaryp-agarmanka çykyp gidýä-dä.

Şoň üçinem, men-ä gelin bolup, gyzyl mahmaldan jiklan bir aýymda, oň «Ýüzüni gördüm» diýsem-ä ýalançy.

URBALYGYMDA DADANSOŇ...

— Haý, il-gün-u-u!!!

Ýeteweriň!

Tutaweriň! Ho barýan ýelemýüwledi! O enesi ýalamadyk göterendir meň düwünçegime düwüp ýörenje gök gyranlammy.

Wah! Meýdi yrynmyş diýsänim!

Heý, günortanyň garaňkysynda göze güldüşip, öýe sümüşiňe, şeýdip, adamyny ank badaýmak bor oguşýan. «Meň ýaly ýer urup, ýerde galan nitigaraly ulturadýan o myrryh gaýdyp ýagşylyk ýüzün-ä görmez welin, ogurlyk edäýeni, ozalybetinde, kümsük ganjyk guzlaýandyr. Eger o agzybimazaka ogurlyk edip, ýüregini sowadyşyna, döremän geçenniň tekinini tutmadyk bolsa, dogmasy eli egri bomydy diýseene!»

Wah! Wah! Gözden ýitmänkä garnyndyryň-a, o ogram döşine — diýen haýkylyga basyp çykan çoňşulary görse, inçe uzyndan ziňňirt bir pyýada barýa-da zyrmyrylyp.

— Sypdyrmalyň, how ony!

— Beýdip, süýr günortan duluňy dörübilýän bimaýa zaly watzyh etdirmi saňa diýsene!

— Onda, baryň aýdyň-da, Garaýyndama! Iki dürtüp, bir basyşyna, tutsun-da çalyp.

— Dogrudanam, ol işigaýdan näme üçin Garaýyndam ýalakyň küzrenine kürsäp, pyssy-pyjurlyga baş goşýaka?

— Aý, gönezligi garjawlydan garaşaýmalydyr bar zada — diýen obadaşlarynyň gowruna daş çykan Garaýyndanam akga bir bada durmazmy äm-säm bolup.

Aslyýetinde, ol eýe nazar eden ýüwrük, özem taý tapylmaz ýüwrük. Oglanlykda dyzçanagy owkalanyp,atyrlyga ýetirilmedigem bola, o keýpi guşdan ürkekläp durka, keýgi kowlap tutubilýän ers-mersden nazarkerde bir kişi. Ol nämäň-nämedigine göz ýetiribilmän esli duransoň, çala ýorgalama bilen kemin-keminden bat alşyna, birden-bire sapandan sypan ýaly bolýa-da, eýýäm haçan obaň çetine çykyberen ogryň depesinden atylyp geçmezmi ýol ýaly. Şonda oňa:

— Näme, how! Omyrryhyň gapdalyndan geçip gidiberdiň-le, ony gabyr-gubur basaýman — diýip, gep gatanlar gygyryp.

— Män-ä, oň bile ýaryşdyrýansyňyz öýdüpdim özümi.

— Ýok, tut ony! Ol osalyň ahmalyny aňtaýan ýakasy gaýyşly ogry ahyryn — diýlensoň. Garaýyndam akgam howala bolmazmy hälkiň üstüne.

— Asyl, sen pisit pişeli ogry ekeniň-ow!

— Ogram bolsam, ýere ýazyşyňa, zeberdest jahyllaň eline bir berme. Ýogsa olar waýgury edişine, tebibe zat goýmaz menden.

— Şony bilýän bolsaň, gysmaly ýeriňi üç oňurgadan ýummaly ekeniň-dä.

— Wah, zannymdaky galdyr-basdyrlyk urbalygymda dadansoň, men nirä gideýin, ogurlyk etmän.

— Onda gymtan gyranlaňňy goý-da, güm bol, bu jelegaýlardan. Eger gaýdyp, eýle pohiýjiligiň gyrasynda görnäýseň, eşitmedim diýme. Eldir aýagyňy jontartmasagam, ähli ilen-çalanlaň arasynda çyp-ýalaňaç edägetdin, gyzgana doladyşyma, arkaňy oda çoýmak meň bile.

## KALBY KESAPATLY BOLANSOŇ...

Barpa atam eýýämindenem ir tokwadan hudaýlykly bar kişi «Gel, galan ömrüme Möwlama gullugy has çynlakaý edeýin-le» diýşine, gitmezmi keremli daga. Barybam buljumly gowaça özüni atyşyna, edil ulamalyň çillehana girişleri ýaly, hunabirýan halda başlamazmy tagat çekip. Şeýdip, gije-gündize tutuşyna, ertesi dagyň ümüş-tamyşykda daşary çyksa, ine, gözüňe söweýin, goşýumruk ýaly nar. «Bo-how! Biribara bizi gözden saljakgäl-ow!» diýen kişi güne bir nar bile owkat edinişine ep-eslem gezýär.

Ine, bir gün iki ýassynlar çybşylda çyksa, gör-ä. Epeý pyýada. Görüşmek üçin elini uzadyp gelýär.

— Aý, menem, halypa, ýolymy ýalňardym-da, hürrüt goçak geläýdim-dä üstüňden. Indem gowagyňa goýberseň-ä, taň hümürdi bordum saňa.

— Ýa-heý, «Gelen döwletdir» halypa — diýen kişi gümür-takyrly peýrewä gol atdyryp, ertesi daňdanlar daşary çyksa, hudaýjanyň sahabatyna, sered-ä! Gol götermez goşa nary eçiläýipdir-dä.

Ýöne hudaýa ynansa-da, kesapatly kalby gurum baglan hälki peläket o narlaň birini belaý-kalaý ýygşyryşyna, beýlekisini paýlaşmazmy gopagy bile. Emma ertesi «Owlak tapanja depäm, ýeke-de «Tege-Tege» diýip, nar alýanja ýerini sermelese, asyl, düşnügi bolaýsyn-da, ýekeje naryň dagyň.

Ol kellesini ýaýkap, kiçi sakgalyny dişleýşine. Be, beýik Biribarym näm üçin beýdäýdikä?» diýip, oýlanypo-oýlanmanka «Sen bendäm maňa kiçi dilden bärde ynanýan «Daşy jäjek, içi möjek» netikazalardan ekeniň. Ýogsa, gelen gonagyňa aňyrdan ýollan yrsymy ýoklamazdyň-a, gyp basyp. Şoň üçinem estagrurulla çekip, tä tobaňa daýanýançaň, daş gemirmeli borsuň bu gowagyňda» diýen seda gelmezmi gulagyna.

## AÝTSANA, DAG EJE...

— Dag eje! Aý, Dag eje! Käte käbir kişilere käýinenlerinde «Haý, ulalyp oňalmadyk idisiz. Sen-ä, asyl, enesiniň emjegini kesenlerden ekeniň» diýip, syhlama kemini goýanoklar welin, aýdyp bersene, Dag eje? «Enesiniň emjegini kesen» diýmäň, ozaly betinde, nämedigini?

— Ýa, ýymsy guzym! Oň ýaly mojuk kepiň kyssasyny külterläp, many aljak bolubam ýörmegin, känbir.

— Aý, Dag eje, bilýän bolsaň, şeýle-şeýle diýdejik düşündiräýsene, at oýnatman.

— Aýtsam, men-ä «Dogry sözüm, doňuz ýüzüm bardyr», çakja baş balam.

— Ýa, Dag eje, senem-ä! Onça-munça zada gaňňamy gyşardardan, gaýzara-ga, meň ýüzüm.

— Onda, diň sal. Hawa, hawa... dört döwüme dönüp, derläp, çörek çeýnäninden her pohuny iýenini gowy görşüne, goýmadygyny göterip, serilgi tammandyry, ýa toýa baranyň kirjikmedik köwşüni ogurlap ýören, özüň ýaly ýelem ýüwlede, enesiniň emjegini kesen diýilýä-dä.

## MÜŇ RABATDAN...

Özbek-türkmen dostlugynyň serwerli sahypalary dogrusynda oýlanamda:

Daşy gam dek,  
Içi un dek.  
Oturyşy  
Abdylla han dek —

— diýen igde hakdaky matalda ady agzalan Abdylla Han hyýalymda janlanýar.

Geçmişimiziň gözli gaznasy bolan gojalarymyz ony diňe ýagşylykda ýatlap, bir ýola Abdylla hanyň «Ömrümde bogaz baýtala münüp harmanyň düýbünde ýatmadym-da, hemem adamyň eline suw akydyp «Taňryýalkasynyny» almadym-da» diýendiginem nygtaýarlar.

Ýöne görseň gözüňi dokundyrýan abaýtoş pyýada perzentsiz öten bora çemeli. Bir gezek, Han aga, türkmen topragynda-da köp bitgilikleri bitirdiň. Köne Merwde öz adyňa gala gurduryp, Hoja Ýusup babaň aramçäginde aşhana-da saldyrdyň. Gadymy ýüpek ýoluň ugrunda Daşrabat (Dendanakan) deýin desgalaram dikeltdiňä» diýenlerinde, ol sowuk dem alşyna esli oturypdyr.

Soňam:

Wah, Daşrabat!
Daşrabat!
Müň rabatdan
Bir zürýat —

— diýşine, ahmyrly öwhüldi bile başyny ýaýkanam bolsa umytly ulusymyz Abdylla aganyň adyny asyrlardan aşyryp, biziň günlerimize getirdi. Nesilleriniň hemrasyna-da öwürdi. Oňa zürýatlar ulgamynyň hem haçan berip bilmejek baky berkararlygynan bagyşlady.

## MELE ÝORGA JYLAWLATMAN...

— Ýazweli kary, şu ýanaşyksyz käriňiz bolanok. Beýdip, köpe görüzenlik edip ýörmäň-de, goýuň şo nämeňizi.

— Ýa, heý, Molla Töre Ahun (1839-1895) siziň o zalywada agzyňyzyň degmäýenem bir gowy zat. Muň bir tagamyny alaýsaňyz, onda bu haýran meň ýaly gäbi azan ýeňi-ýolugyň agzyna-da ýetmez.

— Ýok, Ýazweli Kary, munyň pasyklyk bolýa. Iliň seň ýaly dogumy dodagyndaky çorba çykarlary özüni mele ýorga jylawladyp, tüsse sora-sora köýen kakmaja dönse, şeýdibem, nesil ulgamyny ownatmaň ýörite ugruna çyksa, ol uly işi gaýtgynçylyg-a...

## SARGYSYNY DEŇEŞDIRIP...

— Näme, jan balam! Düýnki böke baýrandan geleliň bäri, soral görünýäň-le, bir hili? Ýa gaňryşyňagaýdyp, hyrçly döş direşen tapylaýdymy, onda?

— Wah, janym, käbäm! O göreşde gara gulla gyrylyp, itden bisyýak bolduňmy diýsene maňa!

— Bä, mürdi-melamaty hökümdaryň boýnuna bolan seň ýaly tapyşalyk pälwany ýykybilýän garadan gaýtmazlaram bar eken-ow, bu jelegaýlarda.

— Hawa, o bar, jan käbäm.

— Şeýdiýsene! Onda men çütesi senden gorçumsy gelýän o pälwany guzlan gyrnagy göräýmeli hökman — diýen ejesi egninde adam oturybermeli pälwan perzendiniň aňyna-maňyna bakman ýola çykýar. Sorap-idäp, ahyry ölümiň öýünde ogluny çybyt çalan ýaly eden kebzesi küňre kysmy daýhan ýigidiň öýünem tapýar.

Ine, ýerden örülen ýaly jortmagrak pyýada. Goşlar-a, owlak ýatan ýaly. Burny dagam öwhäçiň tirsegi deýin bolup, her haýsysy ýeňli gola kybapdaş

murtundanam asyber, teke ysyny almadyk çebişleňňi. Çygyn-çygyn bileklerine muwanyk barmaklarynam, degirmene süýbek edip kakybermeli-dä, bir ýandan.

Onsoň, näme, o ýigidiň enesi bilen on gün çemesi olaň myhmany bolubam yzyna dolanan.

— Jan oglum, o gün göreşeňde seni ýykan ýigit bar-a. Men gözläp, tapyp, bir hepde gowrak olaň duzuny içdim. Dogan okaşdym, ejesi bilenem. Indi ol oglan märekede synyny silkip seň garşyňa göreşe turmaz.

— Ýok, eje garşyma çyksyn-çykmasyn o meň üçin edil atyň gulagy ýaly. Men ony agtaryp tapyşyma, bulap ugraýmaly ýeriň ýüzüne. Oň başga dagysy ýok ýekeje-de. Ýogsa, men ölsemem ynjalman, özüme tara tapyp.

— Ýok, oglum, «Güýçlüni güýçli bilmediik, taňrymy bir bilmez» diýipdirler. Özi tanapyna towsup, pitjiň atmasa, sen gaýdyp oň bile bil tutaýmaly dälsiň. Çünki oň öz-ä senden, enesim menden artykmaç döräpdir-ä doglanda.

— Aý, gaty bir beýle-de däldir-le, jan eje.

— Beterem şeýle şol-a, onsoňam men o pälwanyň ejesiniňki bile syrtymy deňeşdirdim welin, oň sagrysy meňkiden bir ýarym garyş köwlümli geldi.

Aýtmagam-a, bir hilegräk welin, ol ikimiz buşugyşdygam. Şonda oň peýşabynyň otlukly çüwdürimi meňkini tozana gardy ötägitdi. Şoň üçinem, oň oglunyň ýele ýanyndanam geçäýmegin galan ömrüňde.

— Şonda-da, jan eje, men-ä, göreşjekdirin oň bile.

— Her zat etseňem, şondan döwüň agsakly geljekdigini aýny hata bilýän men. Sebäp diýseň, jar ýaly abzaldan ner ýaly är döreýär-ä, jan oglum.

## GÖZÜŇ BILE SYHLAP...

— Haý, halypa, habardarrak bolaweri! Ýaňky agzyňa salan dogramaly lukmaň bar-a? Ana, şoň gyrajygynda gyl görnäýdi öýdýän, gyldyrgan kysmy.

— Be, şeýdiýsene? — diýen myhman öý eýesiniň ýüzüne geňirgenme bile garyşyna, gaýry süýşmezmi saçagyň başyndan.

— Näme beý diýdim welin, birden agzyňy çalyň çüküläýdiň-le arkan?

— Ýok, men garyn otumy alyberdimem welin...

— Onyň bolmaz. Beýtme-de, iý-ä, halypa!

— Ýa, sakgaldaş, senem-ä! Her ýuwdumly terezide tellişiňe, özüň-ä, ötürenini kän görüp otyrsyň. Gözüň beýle syhlap. Onsoňam ýene «Al, ahyryn!» diýen bolýaň, kiçi dilden bärde.

Aslyýetinde, sen ýaly bitini iýiýp, sirkesini satýan, göriplik eden nekbetiň dulunda düşläp, duzuny datmagam uly namartlyg-a, bilene.

## KÜNDIGI GOLDAN GOÝMAŇ-DA.

— Aý, agam! Öýlenip, kör düýämiň köprüden geçenine indi dört ýylyň ýüzi. Ýöne şonda-da, biziň bagtmyzy baran baglap, ýekeje-de dişimiz agyranok.

— O näme üçin, jan ini?

— Näme üçini, gelnim önmedi. Ol üzümiň suwy ýaly, edil ezip içäýmeli menikli maşgala. Oturyş-a, edaly. Owazasam sedaly. Iş edende-de «Sölite suwda belli, manjy hamyrda» diýdirenok. Eli-eline gelşip barýa. Şeýle-de, ol sizi selki, gepi gülkülerden däl. Asyl, ýolup-ýolup alýa. Güýç gorabasydyr mähir-muhabbetinem hut sygyryp suwa ýakybermeli. Şonda-da, göwresi göze gelimlenip, toýly bolşuna, bäbek bökjänok-da, gujagynda.

— Edensiň-ä, aladasyny, senem gelniň. Oňa-muňa görkezip.

— Wah, jan aga! «Işanmy-molla, palçymy porhan» diýip, barylmadyk tümlük galan däldir täleýkeşdeleňkä aýlanyp, öwülýä bilen gepleşýänlerem gününe goýmadyk. Keramatlydan kyýamatly, goçakdan goçak gonamçylyklary ýykylyp, gara towuk kesişimize, başymyzdan janlam aýtdyk. Hudaý ýoluna sadaka berip, öten-geçenlemmizem ýatladyk.

Çile düşendir öýdüp, görüstanlygyň gum-şekerine-de ýuwundyk. Pyşbagaň ýokarky çakyr çanagyny süýr depämizde goýup, gezek-gezegine suwa-da düşdük. Emma onda-da «Taňry bermese nädeli, baý alyp kaýga gideli?» diýleni alynymyza gelip, gelnim umytlylyga ýetmedi-de.

Ýogsa meň özümem gujura gaýnagly gara gerişleň biri. Ýekeje zatdanam gaýpynç etmäm ýok. Biriniň duran ýerinde durubilmesem, pagta bile barmagyna çap galyberjeklerden. Onda-da, näme, bolmajak bolsa...

Soňky döwürde, gelnim görgülem bir hili göwnüçökgünlige düşüp, uçursyz kem-köşe bolýa. Hawa-la, «Öl agaja bakarlar, gury agajy ýakarlar» diýenleri-dä.

— Tebibe beýlekä-de, görkezensiňiz-ä. Özüňizi?

— Aýak ýeten ýerdäki tebiplere-de tutundyk. Olaňňam etmedik emi galmady. Gulanyň bagryna sersepil seredägetdin, duýgymyzam daşdyrdylar. Gögerip oturan adrasman-ýüzärligiň üstüne buşukdyryp, belaý-halaý üstüni ýapyşlaryna, är-aýal ikimiziň tohum-tijimizem barladylar.

Wah! Janym agam! Janym agam! Görülmedik görgi, içilmedik sürgi, edilmediik sargy, çekilmedik bergi ýokdur.

— Onsa, siz, şeýdiň! «Toý-ýas» diýmäň-de, agyr ypgançaklarda gelniň-ä zenan olaň, özüňem merdananalaň eline suw akytmaly . Kündügi goldan goýman. Ahyry il-halk gize pata berer. «Ýagşylyga ýaran bolup, myradyňyza ýetiň» diýer-de.

Il-halkam, näme, bilen üçin, ýerdäki taňry tagalladyr. Şeýdibem, görner-görünmez, kireň kesapatyňyz, günertli günäňiz, ajygly aýplyňňyz aýrylar, süňňüňiz ýeňläp, soňam size şatlyk-şadymanlyk hemra bar-da, oguldyr gyza ýüzüňiz düşüp ugrar.

## «HASSA BOLMAK EDÄHET...»

Adamlaram hil-hil. Olaň biri töweregindäkilere sähelçejik ýagşylyk edibildigi dikuza düzüwlenip, depesi gök dirär.

Beýlekisi bolsa, kimdir-birine ýamanlyk etmedik güni, edil hanyny gury iýýän ýaly, içini it ýyrtyp barýandyr. Ana, kalby kireňli şeýle kişileň bir ýörite

ýoluna çykyşyna Muhammet resulylla görgi kököni görkezen ekeni. Üstüne köne kül peşäp, öňüne çetenekli çöp-çalam taşlyşyna.

Emma pygamberiň gaşyny gerjeşdiriň, çykarmadan-a, geçen, gaýta, zat atynyp salam berşine, mähir-muhabbet bildir ekeni oňa.

Ine, bir günem Resul Alla sallallahy aleýki wesellem şo magallakly ýol bile barýarka. Gör-ä, küdelengije kül. Tikenekli aran-daranlar. Ähli si ýerli-ýerinde, welin, olaň gözi daraýy kysmy kütüwlem eýesi ýok-da.

— Hany, aýtsaňyzlaň? Şu taýda biziň depämizden küş-kümür peşeleýän bende bolýady welin, hemişe...

— Ol-a, tagsyr, indi iki günüň iýi, öýünde ýatandyr nähoşlap.

— Oň ýaly bolsa, baryp, hal-ahwalyny göreýin, o görgüliň. Aslyýetinde, «Hassa bolmak edähet, sorap barmak bir medet» ahyryn — diýen pygamberimiz hälki hassaň ýanyna barýar. Şonda ol pahyr ilk-ä, iki elli bile ýüzüni tutýar. Soňam sojam,asyny hykgyldyly horkulda ýazdyragetdin, ugramazmy uly ili bile möňňürip.

## GYLLY TABAŇ HIKMETI

Öňem bir hökümdar pähim-paýhasydyr pikir-päkligi, edep-ekramydyr göwün aklygy, sabyr saýhalydyr saldam sarmagy, girim-çykymydyr muňly görmegi bile at-owazasyny çawuklyga ýetiren çopany çagyrmazmy myhmançylyga.

Ýekelige per bermän, mal-garasy bile hymmyldaşyp, çiňňelere çykyp ýören çopana-da, näme, özüniň belet. Başynd-a, şypyrma. Egninde-de, göwşüldäberen agaç çäkmen. Aýagynda-da çöp-çalam tüýtmeläp alty gulaç dolak. Gaýnag taňkany tutaçsyz beýlekisisiz otdan alybilýän elem edil odun kysmy. «Et-ete gider, çorba pete gider, ýag ýilige» diýen ýörelgä ýykgyn edip, günaşa-ikiaşa çüňkli çemçäni ýedi-sekiz ýola ýagdan dolduryp başyna çekibilýän pälipäkize pyýadaň ýekidyz oturagetdin, çanaga elýeterlem çümmül-sümmül däl. Edil iner otlan ýaly.

Nekbetinden iňre, batnyksyzdan ýaňra, nakysdan kiňre köşk emeldarlarynyň biri-birine göz gypyp, kelpeň kikirdemeleriniň, ýuwan sakyrdamalarynyň dagy puty bir apbasy oň ýanda. Emma kerlige salşyna, äwenogam, alňysanogam. Şo bir kakuwy.

Oňynça-da, patyşanyň buýrugy boýunça äkelmezlermi bir bally tabany. Şo barmana-da hökümdaryň:

— Ine adamlar! Baryňyza bir sowal. Şu syrgaly jamda bal bar. Oň gyrasynda-da gyl bar. Ýörite goýlan. Ana, şoň sebäbini sökläýseňiz? — diýen ozan sesi ýaňlanýar welin, içeri suw sepilene dönýär.

Häliden bäri çopana pitjiň atyşyna, dilini-başyny çeýnänleň ýekejesi dagy mydyrt etsin-dä. «Oň üçin o eýle, muň üçin bu beýle» diýere tuwalary bolmansoň, otyrlar-da, hinlerine suw giden ýaly sortduryşyp.

— Il-gün ekdi guş kibi eliniň aýagynda götergiläp ýörse-de, siz-ä, asyl. Hiç zadyň alynyndan däl ekeniňiz. Göwnüýetmezçilik edip, her neneň üstünden gülseňizem, ony şu sadawar kişi aýyl-saýyllyga ýetiräýer, eki-köki bile,

mandysyny goýman. Onsoňam, ýeriň giňinde sargap goýdugym bolsun. «Adam bir-ä, ölende deňdir, birem geplände». Galyberse-de «Güýçlüni güýçli bilmedik, taňryny bir bilmerz», hawa, hawa. Ondan buýanam, näme, hany, aýdyp oturyň, çopan jan!

— Aýtsam, asally okaraňa dahylly ýaňky hikmetli-syrly zatlaň ählijesem, kyblaýy älem, myhman bile bagly. Ozalybetinde, myhman kimem bolsa, öý eýesi üçin, ol seň lowurdyly jamyň deý tämiz. Uçursyz arassa. Şeýle çanaga gadyr-gymmat besläp, hezzet-hormat etmegem edil bal ýalak süýji. Diýseň datly. Ýöne her neneň çytraşsaňam, gapyňdan göni geleniň göwnüni göräýmek, çäksiz çetin mesele, edil bally tabaň gyrasyndaky gyl ýalam inçe.

## KELLÄŇI BIJEBAŞY EDÄÝMELEM BOLSA...

— Bä, halypa! Ýapyň ýüzünde togalanyp ýatsa-da, edil bijebaşy edäýmeli, täsinden nazarkerde kelläň-ä bar ekeni welin, aýtsana, näme üçin oň bir gulagyndan ýylan-içýan girip, beýleki taýyndan çykyp dur-la?

— Haý, Alişir huda senem-ä?! Ozal meň güne Kyrk köpri saldyrybilýän, depseň yranmaz yrsgal döwletim bordy. Emma men namaz okamadym. Oraza-da tutmadym. Ile ezmaýyş etmişime, sadakaň sahawat saçagynam ýazmadym.

Ana, şol zerarlam, ölemsoň göwräm görde galman, gazan kysmy kellämem, ýylan-içýandyr kyrkaýak kibi mahlukatlaň mesgenine öwrüldi-dä.

## «DEPEGENDEN DAŞRAK»

— Balam, sargydymdyr! Ite ýagşylyk et. Guşa ýagşylyk et. Oňa wahym ýok. Ýöne ogrygyn ot ýapyşma zerarly bidin gargylanan nikasyz çaga welin, golaý duraýmagyn, ömürylla.

Sen meň damar ugrumsyň. Oňa nebsiňem agyr. Gyýylarsyňam. Emma şonda-da, «Depe çenden daşrak» diýlenidir. Oňa hemaýatyňy ýetirip, ezmaýyş edäýseň welin, çalyp tutar ýakaňdan, erteki gün. Şoň üçiribem, «Ýetim owlak sakladym, agzym-burnum ýag boldy, ýetim oglan sakladym, agzym-burnum gan boldy» diýlen aýtga ygrarly bolgun. Eşitdiňmi? Onsoňam, «Ýaşulym gaýa-gopuz ýok ýerden sakyra-sakyra gulak etimi guk etdi» diýme Hergiz-hergiz binika-benezzynadan, çöpdüýbi ograşdölüden, düşekbasmaç gyzyl tüýlüden sowa düşürmäge çalyşgyn ýoluňy. Çünki «Gazana ýanaşsaň garasy, ýamana ýanaşsaň ýarasy ýokýandyr», jan balam! Şulary bekje belläp, taşlabergin torbaňa. Uzagyndan arman çekip, kiçi sakgalyňy dişlemeziň ýaly.

— Näme, däde, beýle bela ýazgaryp, puçege çykardyň-la, binika bolanlary? Nä olar hunaba ýuwutmalymy ata-enesiniň baş byjlygyna?

— Balam, binikalar dogryn däl-de, egrin öýlemiň önümi. Ataşly aýgyrlyk kişňedip, ýyldyza toýnak saldyransoň, täret-teýimsiz taslanany üçin, olar öte dogumly. Edil ganjyk gurt ýaly. Eçileniňkini ýoljak özäm goç gaçdylyk bile tekini tutulansoň, bar-a, «Ununda bolsa, urbalygynda dadyr» diýişi ýaly, ýekeje-de ýagşylyk çykmaz ondan. Gönezligi garjawly, saman astyndan suw

goýberenlerden bolansoň, binikaň gözem galdyr-basdyrlykda. Şunça mysapyrsyrasa-da, bir gün görkezer oturyber, it-eşek ýaly ar-warsyzlygyny.

Şoň üçinem... ana, şoň üçinem örän çeke durgun-a, o tetelli ýaramaz ýasawlardan, jan balam.

— Bor, däde, bor — diýen ýetginjek atasynyň pendini tutuşyna, gaňrylmazlyga ýetýär. Döwleti-dünýäsi daşybam tanymallyga gol goýýar.

Ine, bir ýola-da başga ýurda sapara barýarka, ol jülgeden çykyşyna, özge jylga düşýär. Ana, şonda seretse, gözleri şäkäse ýaly şamar ýykylyşyna, keseligine keseren kerkawyň astynda ýatyr ekeni-dä, towlanjyrap. Kalby kesapatsyz kişem, nä özüňe belli, eline b ir agaç aşyna, dessine, halas etmezmi o ýylany.

Şeýsdip, ýoluny dowam edip barşyna-da, hälkiň gözi düşmezmi ýatan algyr jüýjejigine.

— Bo-how! Görsene, bu eýjejigi! Asyl, gaçaýdyňmy, sen, ýokardan kelemekläp. Ine, men seni edinnäýer — diýşine, ony höwürtgesinde ornaşdyrybam, barmaly ýurduna ýetýär.

O taýda bir oba aralaşýaram welin, eşigi sal-sal bolsa-da, gözi ýanyp duran ýortmança oglanyň üsti gyzyl el ekeni.

— Ýeri how! Inibatyrlar! Näme ýüň saýan ýaly edip dursuňyz-la, o görgüsiýeseri. Nävereniňizi iýmedimi, o petigara?

— Berseg-ä, ýalmabam ýuwutjak welin, ölse zat dadyrjakmy biz bi bipika bolan, wenezzypa.

— Ýok, ýigitler! Onyňyz bolmaz. Beýdip «Hudaý ugrany pygamber hasasy bilen dürtelige ýetirseňiz-ä, ony men äkidäýerin ilime, ogullyk edinip.

— Wah, alyp gidäýseň jan-da. Gözümize garalga bolmaz ýaly.

Ine, şeýdip, öýüne gelen hälki kişä halas eden ýylany bir tylla, goldaw ýetiren algynam pudarlanan towgy getirip ugramazmy günde. Şeýlelik bile, dädesiniň pendine pitiwa kylman, ogully alan binika perzendine-de bagryny badaşdyrýan. Dillenmänkäň duýýan üşükli molla tutuşyna, ony aňrybaş bilimlem edýär.

Bir günem il ýatyp, iti uklaberende ýaňkyň öýüne gelmezmi iki sany nätanyş pyýada.

— Sen, sakgaldaş, jadygöými?

— Ýok, meň-ä maňa düşenok, oň ýaly pisitçilikli pişe.

— Onda näme bize baran bu hatda «Öl görülmedik jadygöý. Tersokanlaňňam tersokany. Şo zerarlam oň öýüne ýylan-a gyzyl-tylla, bir guşamti taýýar towuk getirip dur, gün yrman. Bu pelidiň tüýi tersin sypalap şahyna kakylmasa, entek kändir etjek galdyr-baldyrlygy» diýip ýazlypdyr-la?

— Men jadygöý-dogagöý bolmasamam, şamardyr algyryň öýüme, zat getirýänlig-ä dogry. Çünki ozal ýarymymy ýetirensoň, olar menden goldawyny gaýgyranok. Ine, jowurdyly şu tylla teňňelerem, size buglap beren bu towgumyzam olaň sahawatly azmaýyşyndan.

— Beý-bä! Şeýdiýsene, asyl. Ýöne ýene bir zat. Şu hatyň kimiň elinden çykandygynam tagmalap beräýseňiz?

— Hatdan beýlekiden öňürti öz kimdigiňizem aýdaýsaňyz. «Tanamaz sylamazlaryny» edip oturan bolaýmaly biz birden?

— Aýtsak, men-ä, şu ýurduň patyşasy. Biýem, meň iň wepaly wezirim. Ikimiz ýaňy «Içimizden urup ýören jadygöý bar bolsa, oň bir ýeriň giňinde merkini bereli. Şägirtlerine gol atdyrmanka» diýip, üstüňe gaýdyşymyz, çalşyrynyp, ýanymyz bile seni peşwaýlaýan o hatam alyp gaýdyberendiris biz-ä, ser salyp görseň.

— Be, buýa meň binika ogullygymyň galam ýöredişiniň agynjak özi bolup dur-la — diýip, ähli ahwalatyň süňňüni sökläp başlandanam gaşy gamaşyp ugramazmy hökümdaryň.

## ÖLI DOÝMAN, DIRI DOÝMAZ.

Ir eýýam bir ýagşyzada geçip barýar ekeni-dä, gopançylygyň gapdalyndan. Şonda siňe seretse, garaňky görleň biriniň üstünden çykyp dur-da, ala burugaý bolup, ýaşyl tütün.

Bu ahwalata geň galan ýagşyzada ýene bir aýlawda şo taýdan içse, gör-ä, ýagdaý bütinleý başgaça.

Depesinde tamdyr ot goýberlen ýaly bolup duran şol öňki mazar bar-a. Ana, şoň ýokarsyndan indi bir lowurdyly nur ýagýar welin, hany, aýrybilseň aýyr-da, gözüňi.

Şonda bu taýda uly bir hikmetiň bardygyny aňynda aýlan ýagşyzada tutnmazmy biribara.

— O bendämiň gäbrinden ýaşyl ýalyn göge galýaka, «Öli diýman, diri doýmaz, ýer doýman, är doýmaz» diýen ýörelgä eýerýän hudaýlykly kişisi ýokdy oň, ýagty ýalançymda. Haçanda oň yzynda doglan ogly ýedisini tegeläp, mekdebe baranja güni «Bissimilla!» diýip, ylma ýapyşandanam, ýaňkyň depesinden nur sepeläp ugradym-da.

## ELINIŇ KIRINI ÇIMESEŇ

— Aý, azyz agam! Halys basylandyryn, men-ä, şu galçak gazamaly gara günden.

— Beýdip, zeýren hanlyga urman, duryarlar dogruja.

— Sen şu adamlar dogry durman, nä alasamsykdyr öýdýämiň? Meňem bar-a, bir kişiňkä kybapdaş namysym?

— Bir adamlyk işleýän bolsaň, ötdür örkendäň, bagyrdyr berkendäňsi myjylman ýerli-ýerinde bolsa, ond-a, diňe gün-güzerandyr eklenç äbtiň-ä däl, eýesim, at-abraýyňam saýasy gaýry bolmaly seň.

— Be, erteki atarýaň-aý. Gara çynyň bile, jan agam?

— Ýok, ertekili gürrüňi goý-da, aýt! Kesekilere kitüwli kast eden dag-a dälsiň?

— Ýok, oň ýaly bisuwatlygyň gyrasynda görünmäm bolmaz, öme-duma meň.

— Nä, onda, eneňi eňredip, ataňy aglatdyňmy?

— Be, aýtsaň-aýtmasaň-aý, basan ýerim çaý-çanak bolup, edenim-edenime ýetmän, belim-berekedime şeýtan siýen ýaly welin, asyl, ejem görgüş maňa ýer ýumruklap gargand-ow. Gaňryşyna gaýdyp, gününi gök esgä düwemsoň.

— Onda, sen öz käbäň öňünde ýülüneriň ýaly, nät diýsene? Ilk-ä, bar-da, aýagyna ýykylagetdin ötünç sora soňam daşynda hoz-hozanak bol-da, göwnüni gör «Ata ýüregi ýeke, ene ýüregi iki», «Enemisiň ýanamysyň», «Özüňden önen balaýa, kaýga gider sen nalaýa» diýlenidir. Ol geçer günäňi.

Yzyndanam, goluna suw akydagetdin, iç eliniň kirini, hany onsoň işleň şowlamanam bir görsün.

## ENESINI EŇREDENSOŇ

Bir ýaňa ugran Muhammet pygamberiň ýoly düşmezmi gonamçylygyň üstünden. Şonda onuň gulagyna çirkinden eýmenç, zaryndan elhenç ses gelen.

— Baý-ba! Baý-ba! Bu ne belady, how?!

— Bu, resululylla, eňreden enesiniň gargyşyna galansoň, terkajal degen oglanyň haýkylygy. Özem gabrynda ganyp, göz görkezensoňlar, pyganly nalasam, depe saçyňy düýrükdirip gelýändir, asyl.

— Beýle, boilsa, bizi elteweriň, oň käbesiniň ýann. Aýagyna ýykylyp, oglunyň günäsini dilärim ýaly.

## GULPAGYMY GYS-DA...

Ine, bir günem:

«Garyp öldi» diýdiler,
Üç günden soň duýdular.
Haýyr üçin ýuwdular,
Sogap üçin gömdüler.

— diýleni bolýa-da, ýer-urup, ýerde galan pahyr-pukara ýogalýar. Ite bir sümekk bergi edişine.

Şeýdibem, ýetde-ýütdelik biole ýedisi sowlan görgüliň ruhy göge galýar. Şo taýda «Be, panyda bergi köküni edip, üzübilmänem şeýle boldum-ow! Indi, walla, algydarlammyň kyýamat eşegine dönüp galybermikäm?» diýşine, ökünçli oýurganyp ýörkä-de, ýanyna uçmaň ak guşy ýaly, ýüzi ak makraç oglan gelmezmi gaýypdan.

— Aý, eýýäm! Aý, söýäm! Beýdip gussaň girdabyna gaplanyp oturmagyn birjigem.

— Bor-a welin, hany aýdyp otur! Men nädip seň eýäň bolýan-a?

— Aýtsam, obaň kyblasyndaky bugdaý ekelýän ýer-ä bilýäň. Ana, şo taýdaky seleň saýaly balhy tut bar-a? Şony sen ýetişdirdiň-ä «Daşyna çöp-çalam aýlap, mal-garadan goraglyşyňa.

— Onyň dogry.

— Dogry bolsa, şo tuduň-da men.

— Tudum bolaňda näme? Sen nämeň kyýamatlyk bergidarlygyma töte taparyn öýdýärmiň?

— Ýok, eýýäm! Beýdip, ýersiz ýyglama-da, diň sal, maňa. Sen tarakgasyndan gaçman elin etdiň meni. Salmalar teými takarlyga ýetende, arkaň bile suw daşap, ese-boýa-da galdyrdyň guratman.

Onsoň menem, näme, gerdenlemmi gere-gere, saýa saldym ýasy-ýaýman ýere. Ilem sapaly kölgämde oturdy.

Dem-dynjyny aldy. Hezil edinip, tudanamdanam indi. Käte bolsa, gyrak-gujagyma garpçaryly orak aýlama bile, ýüpek gurçugynam naharlady. Şeýderkä-şeýderkä, olar maňa alkyş aýdyşlaryna, saňa-da Alladan rähmet diledä, ençeme ýola.

Şoň üçinem, sen hiç zady piňiňe alma-da, meň depämdäki sag gyraky gulpagymy gys, hany!

— Ýa-heý! Ine gysdymam-da, oň näme pazylaty bar diýsene?!

— Sen eýýäm, gürrüňi köpeltme-de, gys şony.

— Bor, oň ýaly bolsa — diýen görgüli zer suwuna ýatyrylan ýaly gulpagaça el ýetirendenem, gör-ä, bi biribaryň gudratyna! Şagrap döküliberýäde, şeş-şeýle-şeş şeýle, tylla teňňeler.

— Indem, çep tarapky gulpagymy gys!

— Haý, sahawatyňdan aýlanaýynym-a! Sen-ä, tudum, tüweleme, «Eken daragtyň sogaby öleňsoň ogul-gyzyňkydan has ileri bolup yzyňdan bararmyş» diýen gepi çyna öwrüp, meni bergidarlyk derdeserinden dyndaryp oturyberdiň.

## «WATANPERWER BOLSUN» DIÝIP...

Syrma gylyç atadan ogla geçişine, kemin-keminden igläp ugrar. Ahyry bir günem baljamy parlap. Şo barmana-da, özünde çassy gorla dahyl gelagetdin gädilmezmi ýüzi. Onda-da näme, ederini bilýän edenli kişi ony nebsinden çykaryp, başym aýlaç edäýmez.

Hälki gylyjy Hozdur Ürki, Kiçidir Täçmuhammet Mämmetdir Meretdurdy ýaly ezber ussalaň eline berşine, ondan gezlikdir kösse taýarladar.

Gezlig-ä, näme, hemmä belli çawukly dembermez. Gyny gaýym ýanpyçak. Kösse bilenem adaty gylyçdan garşa golaý gysga gelensoň, gidişiber guýupdyr oragyň, bagdyr beýlekiň içindäki daga-direlikde.

Şeýdip, asyrdan-asyra aşyşyna, inelme kemi galmadyk o kösse ahyry aýran-jöwren eneleň garamagyna geçer-de, göbek kesip ugrar, ýalyna tutulansoň. Şeýle gadymy gylyç bile göbegi kesilen körpä-de, watanperwer bolsun diýip, dakylmazmy gylyç bilen baglanyşykly.

## DIRENIP DURAN DOGANLAM BOLSA...

— Sen bir täsin galaýmaly adam ekeniň-ow, halypa! Gasykdyr garnyňa, ýüz gözdür burnuňa elleri ýetişdiginden düküledip dursalaram «Waý waý! Arkam-eý!» diýip gygyrýaň-la?

— Haý, jan jora! Arkamda syk ýaly direnip duran doganlam bolsa, golaýyma gelip, maňa el garyp biljek bormudy diýsene!

## UZYNA GAÝTARAÝMADYKMY, OŇ ÝALY BOLSA

— Ohow, bagşy aga, ýaňy töwir galdyraňda, iliňi ýüzüňe iki öwrä artyk sylaýdyňmy?
— Aý, oň ýaly däldir-le, sakgaldaş?
— Ol-a, beterem şeýle, bagşy aga!
— Onda, seň ýaly müňkür Nekiriň göwnüne güman gidirmezlik üçin, ine, şeýdip, azyna gaýtaraýmadykmy, olary — diýen kişi elleriniň ýarym bükük başam barmagyny süýeminiň ortasyna ýetirişine, aýasyny aşakdan ýokarylygyna syryp ugramazmy.

## OL-A, ONDANAM GOWY, BIBI EJEŇIZ ÜÇIN.

— Bibi ejeňiz-ä gelendir, oglanlar «Öňküleňňiz ýaly huruşlyk et beräýseňiz» diýip.
— Geleniňiz-ä, köp ýagşy welin, bibi eje, bün sizem, siziň ýanýoldaşyňyz hojam akganam goýaýdyk öýdýän.
— O näm üçin, jan oglum?
— Üçüni, bib eje, oglanlar birden yssyda ynjap, göşümiz şirawy bolaýmasyn» diýip, gowraýypdyr-da baryny.
— Wah, jan guzym! Ol-a, bibi ejeňiz üçin hasam gowy. Çenkli çanagyny dolduryp gidişine, emin-erkin iýer otyr ýaly.

## OL ÖWÜLÝÄLERI ULTURADAN SOŇ...

— Ýa, gurbany boldugym, Ymam Ryza jan, şu gezek bir gutar, bu bela-beterden. Öýe bardygym ýoluňa bir berre guzy.! Bermesemem bolmadygym.
— Be, jan aga, Ymam Ryja jandan başga-da bir topar gerçek-gerçek öwlälemmiz bara öz töweregimizde-de.
— Aý, jan ini, öň ençan gezek howpdur hatara ugramda ulturadym aldamsoň olaň ýanynda ýüzüm bolman, indi Ymama Ryza jana tutnýan-da.

## ESSALAWMALEÝKIM! ALTY OGULLY BAÝ AGA!

Öňem diýseň naýly, uzyn boýly, nätik näzli, göwsi tözli, mahy ýüzli, ala gözli, jady sözli... edil eziup içäýmeli bir natuwan bar ekeni. Emma adamsy awytök-öne;lgesiz bolansoň, agzy bimazalyga ýetip, dogup-döşemändir-dä görgüli.
Ýöne ady bile girip, küli bilen çykýan berkeli öýüniň gazygynda garramagy kalbyna galyplan o maşgala birden-bire ýaňylyp ýazýar. Aýagyny gyşyk basyşyna, göze çöp atyrybam, gysmyljyrap ugramazmy boýny howurt ýaly talabanyna. Her ýyl igdäň gülleri burkuryp başlanda oňa ýorgan

ýakynlygyny edibem, alty sany ogul ýetginjeklige gol ghoýuberende-de «Bulammy öz nikalymdan däl-de, gapymdaky tur, otur, kersen getirden galdyr-basdyrlyk bile alandygymy aňaýmasynlar, gözlerine garap» diýşine, azaşdyryp goýbermezmi öýden çep guluny syňsyradykladyp.

Ine, şeýderkä-şeýderkä-de, aý-gün geçip, ýyl dolanýar. Bir günem ygbar tüweleýi aşaklyk bile alty ogluň tikenini tutsa-da, barara ilsiz, batara kölsüz galan hälki täleýi ters talabany getirmezmi ýene öňki agzy tagam tapanja gapysyna.

Hawa-la, «Bir gün duza müň gün salam, ele edene elmydam diýleni-dä. Ana, şonda, öňki sagrysyny sypalatmakçy bolanda hazanak kakýan maşgal-a, indi, apana heleý. Başatgyjyny çümre bürenişine, «Tapama-myz bolmaz bendänilige» salyp, ýüzünem galdyranok, asyl.

Guduza «Gaýra dur» diýdirjek alty oglam, tüweleme, ars-mers bolupdyr, bir eýýäm. Ärem işikdäki goç buýnuzly iki gat keçäň üstünde, bagana possuny ýasgy pyçak alşyna, otur-da, bir mysgal bolşuna, abaýt oşsyrap.

Şonda ora bile öý eýesini içikdirmegi ýüregine düwen bagty gara biçäre birden ugramazmy ilini gowkardyp.

— Essalawmaleýkim!

Alty oglly baý aga!

— Waleýkim essalam!

Emgegi peýgan aga! —

— diýen baýam, bar pyssy-pyjyrlykdan habardaram bolsa, «Döwletli arsyz gerek» diýen ýörelgä ten berişine, ýokma kerlige salandygyny ýaňzydypdyr.

## SOWGUŇ OGLY

— Däde, däde! Menem ýetişmiş boluberipdirin, indi.

— Ýok, entek galaňňyrap, guýrugyňy hekgertmän gaty ugruňajyk gezgin. Herneneň özüni ötgeren sowguň ogly bolsaňam.

— Eý, diýme, däde! Güýjüme girip, gaňrylmazlyga ýetipdirin men. Seret, ho, ýapňyň ýüzündäki gatap galan egni bogana possunly baýa. Ýaňy buzlaňňa buýruk beriň durkaň, men bildirmän, Aýazly agyldan çykdym-da, şo baýyň ilki ýeňine girdim. Yzyndan gerdenlerini gysymlap, kebzelerini jümşüldetdim. Soň oňurgasyna ornaşyma, süňňüne siňägetdin, taşladym-da, gök daş edip.

— «Çala başy gowşan bir bitewüntsiz barjamlyny saň gaty doňduryşyma. Sowguň hakyky ogly boldum men» diýip pazylabermegin. Entek uçursyz kän wawy-säkin bardyr öňünde. Şony ýadyňdan çykaragetdin, gaýdyp görnäýmegin beýle kelkövserligiň töwereginde.

— Ýa, däde, senem-ä?! Beýdip, oglansyratm-a, meni. Indi, menem çigni çygyn-çygyn murtuny palta kesmese öwrüldim-ä. Eger beýdip ynam etmän, kemsidip kyhlasaň-a, ömürem sana geçmen men.

— Haý, eneňe dartan damaryň bar bol-a?! Eger ýüregiň tüýläp, özüňe göwnüň ýetýäniň çynyň bolsa, çolaýmaş-da, garadan gaýtmaz, ho, çopanyň ýanna.

— Onda ojagaz hekgildili kişiň enter-pelegini öwrüp, çammalagyny çatyrşyma bir seret bakaly — diýen sowguň ogly çopanyň çekgesine çalan ýaly adişine, ýapyşmazmy ýaňagyndan. Emma essiňi aýyşyna, depäňden gan alýan dik yssa, damagyňy çalyp gelýän aldajy aýaza ýüz gözüni çawladyp-zawladyp eze-beze bolan çopanyň o zatlar piňi nemi diýsene! Göni bir ýaly-da, betjigaryň agasynyň. Aýagnyyň astyndaky jygyldyly gardan ep-eslini alagetdin, iňrikdir eňegine, dodakdyr ýaňagyna, patallakdyr temegine, burundyr gulagyna, patallakdyr temegine, burundyr gulagyna şeýle bir sydyrdap oýkadar welin, jany çykara gelmezmi sowguň ognunyň. Ol lem-tas bolşuna kürsäp ugramazmy tüýi bir garyş içmegiň aşagyna. Ýöne aýran-jöwren çopan şonda-da, gaýpynç edäýenok. Sowguň ogly kebzelerine syh sokulan ýaly ýagdaýa ýetirip, içinden geçiriberende bolsa, egnindäkini çykaragetdin, garyň üstüne taşlyşyna, almazmy depgiň astyna.

Ana. Şonda haýaty göçürişine, gözi hanasyndan çykara gelen sowguň ogly ýazzyny berşine, götermezmi ökjäni.

— Hany, ballar zadym, bolan ekeniňmi ýetişmiş?

— Waý! Janym dädem-eý! Ogara geriş çopanyň tas tihum mürt edipdi-le, meni! Gaçyp ölümiň öýünde sypdym-da, deminden. Gör-ä, jan däde! Gaty bakan garadan gaýtmaz bile janderdi willigiň aratapawuduny.

## BIGELEŇLIK BAŞYŇY TÖZLENDIRIP...

— Halypa, halys ýetdirdim welin, kyn görmän maňa karz pul bersene, durumlyrak?

— Wah, oň-a gürrüňi bolmazdy welin, şu pille meň elimde-ujumda kör köpügim ýok-da, oňa-muňa ülşdirem soň.

— Beýtmesene, jan dogan?! Hernäçe ülemdirenem bolsaň, men edil aýnada gören ýaly bilip durun-a, seň garaça-kowara maýyň bardgyny.

— Gaty dogry şonyň. Men «Harjym baýatdy» diýip, her neneň süňk sypaýçylygyny etmesem, pulum ýokdan däl.

— Onda, eçil-dä, az-owlak?

— Ýok, men karz pul berip, seň ýaly dözmez dostymy ýitirip bilmen-ä?

— Men-ä, saňa karz berip, senem bigeleňlik başyňy tözlendirip, wagtynda üzmersiň bergiňi. Ahyry menem zadymyň hatyrasyny saklap, «Hany, halypa, beýdip ýörme-de, äkel algymy» diýerin. Ine, şeýdibem, ikimiz bir-birimizden ynjarys. Ara sowuklyk düwni düşübem, dostlugymyz dargap. Ana, şoň üçinem, karz-kowla batyşyp ýörmän, öňki süýjüligimizi saklaberili-le.

## Takally «welin» däl-de...

— Nähili, bünler, halypa, hi, çolnyňa bir zat ilýämi?

— Aý, ilip-ilmän...

— Ýok, ilip-ilmän däl, suwdan salkyn edilip, awçylygyň ugruna çykaryldyň, atly ýaragly «Dirinikli erkek göbeklileň bary urşa gidensoň, seni

yzda galan aýal-ebtatdyr oglan-uşaklaň ölmez-ödüligine, nepaga bor ýaly aw awla. Keýik beýleki ur» diýip, ýörite goýanmdyrgymyzy özüň bilýäň...

— Bilýän-ä welin...

— Ana, şony bilýän bolsaň, guşgunyňy syrda-da, pugta bol örän, üç oňurgadan ýom-da. Eşidensiň-ä, inim, könelemmizde «Nanyň azalsa hurşa ber» diýen aýtgyň bardygyny.

— Eşitdim özün-ä wein...

— Eşiden bolsaň, iliň özüň ýaly hyrly süýräri düýelere ýükläp garnalan keýik äkelişine, obasynyň gemrigini galdyrýa.

— Meňem şeýdesim gelýä welin, meňk-ä, hiç jüpüne düşenok. Ýogsa, menem-ä, çyr-çytyr şoň ugrunda welin...

düýn däl, öňin maýajyna getirip, birb topar keýigi pürreläýmeli boldy welin, arman, därim çyg çekäýen ekeni. Dek düýnem üç sany teke keýik bile iki tekenegi didiwana müdirdimeme welin, men bir hudaý okdurmadyk, how! Alabuludyň kölgesinden tebil tapdy-da, birden bary güwwe göterildi-de, ötägitdi gözden gaýyp boldy-da.

Ýogsa ýüklenämelidim welin...

— Sen, sakgaldaş, «Beşer mergen et getir, muňly mergen gep getir» diýen sözi ýadyňdan ykarma-da, gök içege bolan obadaşlaňňa takally welin däl-de, aw edip elin getir.

## ÖZ TEREZIŇDE TELLEMÄN...

— Aý, sakgaldaş! Birden palç edip, ýokardan gaçyşyňa, özüňi bilmän, ýarym salkyn ýaly ýatdyň welin, aslyýyetinde, sen niräň gurbaga-sa?

— Halypa, men köl gurbagasy.

— Ona sen nädip, bu jelagaýlara düşüp ýörsüň?

— Men, halypa, heniz kyrk çilämdenem çykmankam, oýuna düşüpdirin. Nowadyr gowaň yzgaryna eýregimi galdyraberemde-de, birden-bire bazary sowuldy bu töweregiň. Onsoň , «Gel, ýakyn-ýandyryp barýan bu temmi-takyrlykdan dynaýynl-a» diýibem, bökdüm-dä, ýanyňa.

— Hawa-la, bökeniň gowy. Maňöa höwürlik. Onsoňam bu taýym, ugursyz salkyn. Koh berjegem ýokdan. Ýat suwuň ýüzünde galkyjaklap, hezil et-de. Aýaklaňňy uzyn salşyňa. Özem, gör, nähili, giň diýsene!

— Hawa, şeýle özün-ä.

— Ýok, beýdip, gümansyradan bolma. Onsoňam aýtsana? Seň şo kölüňem şuň ýaly ýasy-ýaýman giňmidi?

— Haý, senem-ä?! Bujagazzaň dagy nämejik oň ýanda köl bile guýyny deňeşdirmegem gülkünj-ä.

— Aý, her näçe giň, her näçe uly diýseňem, ol şuň iki essesinden-ä, artyk däldir hijem.

— Wah, jan dogan, guýy gurbagasy! Beýdip, bar zady öz tereziňde telläp, bagrymy ýakm-a meň.

— Halys bomasa, seň şonyň üç essesin-ä zyýat däldir, her zat etseňem. Şony-ha, men aýnyhata bilýän.

— Haý, halypa, halypa! Beýdip, bir zady çäkli çöwlügiň bile ölçeseň-ä. Bilmedim welin, aňňalak gopan ýeriň kän bolup, mundanam beter daşyň çolaraýmasa.

## ÝEKE GOLY SAÝALAP...

Türkmen aga «Ýaly gür ýaryşa bolmaz, sakgaly gür çekeşe» diýenem bolsa, öte geçmeden soň, kesel başlanýany çyn bora çemeli, «Kyrha çenli köse ýagşy, kyrkdan soň öme ýagşy» diýen enedatlammyz bilmersiň nämesindendigini welin, seldireňňi sahgal kak çekgäni seniňmi halap baraýanok.

Meşhur Magtymguly hem «Dost tutma köp ýaşan adam kökesin, baryn «Ýok» diýip, boş görkezer kisesin» diýşine, olar bile iş salşanyňda, waka balrak bolmaň pylan zeýilli zelele goýmajakdygyny geçýär-dä tekrarlap.

Aslyýetinde, ol süýdüne eýlenen soň, ala gargany ahmal görýän käbir ýedi gyl köseler edil erteki gahrymany ýaly. Ahmalyňy aňtap, juluňy bir tere salar welin, içiň ötüp depäň ýere degendigini alty aýdan soň bilip galarsyň.

Azapkon yşkalam Hydyr – Ylýas Amangeldiýewleriň dilinden diňlän rowaýatynda hem gözi guş gaçyranyňky ýaly elek-çelekli şo kysmy bir aldar hakda söz açylsa nätjek.

Ýöne o görgüsi ýeseriň eňeginde welin, sanaýmaly sakgaly däl-de, ýeke gyl bar ekeni ygyldyly. Olam eňeginde ösňän şojagaz meý sefini sypalyşyna metjide gatnar ekeni, gün yrman.

Piri welin, çalarak başyny ýaýkyşyna, her gün garşylkar ekeni-dä, ony ýylgyryp. Onsoň hälki ýekegyl pahyram üstümden gülünýändir öýdüp, göwnüne melal getirişine, gitmezmi uly iňkise.

Ine, bir günem, ýüregine daş baglagetdin, hälki ýalňyz gylynyň düýbünden ýalaw ýaly päkini salşyna, metjide barmazmy eňegini taýpardyp.

— Haý, garazalywat! Bu durkuňa bir aýagyňy silkeweri metjide!

— O näme üçin pirim?

— Eňegiňdäki ojagaz hellewli daragtyň soňuna sogan ekip, ýalňyz ýapyşagaňdan dynanyň üçin!

— Wah, Tagsyr her gezek meni göreňde ýylgyrýanlygyň zerarly üstünden gülýänsiň öýdüp, gargap taşladym-da ony.

— Ana, şo sebäplem saljakgä-dä, seni metjide, çillehanada, ile-güne görünmän, gije-gündiz tagat çekişiňe, tärek sakgalyň öňki ýasawyna ýetinçä.

— Bä, şeýdäýjekmi, halypa?

— Hawa, şeýtmekçi, çünki, seň şo ýekeje gylyň düýbünde perişdeler käni mekan tutuşyna oturdylar-da, il aladasyna berlip, onda ol, munda bul diýişlerine, ebe-de-jüýje bolşup. Onsoň menem, näme, olaň şo ber-başmaý ahwalatyna ýylgyrdym-da geň galyp.

## «ÝA EZIP IÝ»...

1967-nji ýyl bolaýsa gerek. Aşgabat uniwersitetinde gaýybana okap edil öý-öwzarsyz goňurja ýaly, muňsulykly mydar bile oňşuk edip ýörkäk, gör-ä, işimiň şowlap, «Oktýabr» myhmanhanasynda düşledik. Söwer inim, merhum Agamyrat jan yzyma tirkişime.

Şonda moskwaly žurnalistiň dogduk Diýarymyzda ösňeýän yrgaýdyr göwen, üçgatdyr jöwen, domalandyr sogan, çüýjükdir ýegen hakdaky söhbetlerine diň salşymyza «Ordenli Türkmenistanyň ordenli habarçysy» Amangeldi Myjy bilenem tanyşdyk.

Garagum çölünde synag uçuşlaryny geçirip ýörkä reaktiw samalýoty ýanyp, katapultirlenen harby lýotçik bilenem duz-emek bolduk.

Şonda ol «Ýere düşemde ýagdaýym hiç neneň däldem welin, soňa-bakdan suwsuzlyk halys hyblymy aldy. Niräňe seretseň, soňy gelmez, şo sargyt ýapylar. Olaň üstündäki ýakyp-ýandyryp barýan howur...

Ahyry ölümiň öýünde bir ojaryň aşagyna baryp, oň bir tutan kölgesine bagrymy berenimi bilýän.

Ine, biredenem suwuň ysyny alşyma, gözümi açsam, bir garry başujymy alyp otyr, sakgalyny selkildedip. Elinde-de, içine uşajyk edilip nan dogralan bir käse suw. Onsundan birki ýuwdum owurtlap, özümi dürsämsoň, birden-bire tirsegine galdym-da, ýapyşdym goşaryna. Käsäni aljak bolup. Şonda o ýaşuly nätdi diýsene! Gapdalynda ýaşap egri taýagy bir tarpyldatdy welin, ana, onsoň men hakyky hossaryma duşandygyma düşünip galdym.

Şeýdip, özüme gelşime, o taýda esli boldum. Goja kişä goýnam bakyşdym. Ditdän aşyp görkezişime, ony eşegi zady bile goltugyma alagetdin, dört-bäş öwrä golunyň töweregine-de aýl;aýadym. Şeýdibem, meni wertolýot bile gözleý-gözleý tapman giden ýoldaşlam, ferma müdiri ýörite habar ýetiren soň, gaýtadan gelinçäler, ýaşuly bile goşluşyp gezdim-dä, hezil edinip, ataly-ogul bolşuma.

Asyl, goja kişi, meň haýsy ýerr äk gaçanymy görüp ähli işini goýşuna, çykypdyr-da idegime. Ol üstümden baranda man mejalym gaçyp, edil ölen ýaly bolup ýatyr ekenim. Şonda ölümiň öýünde meni eşegiň öňüne alşyna eýdip-beýdip äkelipdir-dä goşuna soňam göbegimiň hamyr aýlaýşyna, oňa suw guýagetdin, tä diriligiň alamaty aňdyrynça ýüzüme seredip oturmazmy. Haçanda öliň reňki uran kaddym bir soraplyga ýetip ugran badyna-da gör-ä, o gojaň doaga tebipdigini. Içine nanyň müňzy dogralan tülpeli suwa assajykdan agzyma guýşuma, ýetipdir-dä dadyma.

An, şonda bäräm türkmen görsem, edil gany bir garyndaşyma duşan ýaly, tolgunyşyma, ýüzüne seredip oturýan-da ep-esli» diýip, gürrüň beripdi.

Dogrudan-da, içine nan dogralan suwda özboluşly bir hikmet bar bora çemeli. Taý tapylmaz halynam edrek akga bolsa, nan hakda söz açdygy «Ýa ezip iý, ýa gezip iý» diýen ýörelgä ýykgyn eden eždatlammyzyň heniz eýikmedik bäbegine dogrulan nanyň suwuny bire-bire, ony top ýaly edýändiklerini tekrarlaýar.

Hawa ýesirliginden gelýärkä, öljek bolan Nedirgulynam (ýagny, Nedir şany) Keýmir körüň şeýdip, aýak üstüne galdyrandygyny nygtaýşyna, bir rowaýatam ýatlaýar.

Onda iki hemdemiň egin deňişine, uzak ýola ugrandygy aýdylýar. Şeýdip, pyýada-suwara ýöräp oturyşlaryna, ýetmeli ýerlerine iki-günlük ýol galanda seretseler, gör-ä.

— Halypa, görşüň ýaly, çöregimiz-ä baýap-doluberipdir. Şoň üçinem, muny maýda-maýda edägetdin dograly emenjek. Soňam üstüne suw guýaly. Nan suwa ýumşap, mantaşa bolup mazaly myjlama ýeterem welin, halanyny iý, hala-da, suwuny iç.

— Men-ä, jan dogan, oň ýaly, muň ýaly maýda-çuýdäň myzaýygyna gelmäni bşarýanlardan däl, şoň üçinem...

— Onda, men-ä, nany iýäýjek.

— Aý, gözel göwnüň, jan agam — diýen kişi ýoldaşynyň süzgüläp nanyny iýen bulanymtyl suwuny başyna çeken.

Ine, şeýdip, bir ýarym gün çemesi ýol ýöränsoňlar hälki nan iýeniň elkemi alty bolşuna, essi aýylýar, gözi garaňkyrap. Onsoň näme, nanyň suwuny içen aýnasy ony egnine alşyna, aşyrmazmy menziline.

## BIRIBARA ŞEKLI GARAP...

Öňem bir ýagşyzada salam berip girýär welin, içeri tüm-garaňkylyk.

— Ýeri biriwaryň bendeleri, bu nä boluş?

— Aý, şütük çyraglyk ýagymyz doldy-da-baýady-da, otyrys-da, şeýdişip. Iş alada bile agşam yşyklygymyzam, näme, alaýmandyrys-da, önjeýli.

— Oň ýaly bolsa, hany, äberiň bäri şo çyraňyzy — diýen ýagşyzada dolduryp gelmezmi ony beýleräkdäki akardan.

— Ýakaýyň, indi çyraňyzy!

— Bä, ýag ýerine ýabyň suwuny guýupsyňam welin, gör-ä, ýanyberdi-dä lybardap. Biz şeýden bolsag-a, ömürilla-da ýanmazdy bi.

— Ýok, ýok! Küpür gepläp, pasyk bolmaň! Hany, süňňü-süýegiňiz bile Biribara baglanyp, duruň, şoň gullugyna. Onsoň, nädersiň, çyraňyz ýanyberse.

— Be, biý-ä, mundan çykd-ow — diýen öýdäýesi asbagpyrylla çeke-çeke, tobasyna daýanýar. Hudaýa sydkyny baglyşyna, ap-alla näme çyralam bolýar.

Ine, bir günem daşary çyksa, dünýäni böreň-böreň suw edişine, guýup durmuş-da, mele jala.

— Haý-haý-eý! Hudaýjanym! Gudratyňdan aýlanaýyn! Ýöne beýdip, bu ak alaňlaň üstüne ýagyp durman, barja buijagazyňdakyny eňterseň bolmyýamy, ho, pesetdäki çürşüp oturan gawun-garpyzlaň üstüne — diýşiune, agşam çyrasyny ýakjak bolsa, eger-eger, ýatyrmyş-da garalyp.

Şeýdip, birki hepde garakösem bolansoňam, şol öňki zada gelmezmi gapysyndan.

— Nä, ýene otyrsyňyz-la, çyrasyz? Ýa onyňyzyň peltesi çyg çekäýdimi?

— Biz-ä, bilmedik, oň nämesindendigini? Ho günki erbet jaladan bär-ä, şunymyz pyglyny pozzy bir hili.

— Be, onda Taňrytagallaň barça zada çyragly  gözbaşdygyna şekli garap, oňa sapak salgyberjek dag-a boan  dälsiňiz-dä? — diýen ýagşyzada ynamyň berkendeli akawudyna düşürensoň, olaň çyrasy ömürem öçmändir.

## MAÝDA   MALLYŇ...

Wah, hawwa-la, jan doganlar! «Goýnuň ýüze ýetinçä, posteçi (derisi) müňe ýeter» diýleni. Inne, birden garaşman otyrkaň «Türkmeniň dagy işi bolmasa, düýesi ýaban çökeri» alnyňa ger-de, malyňa möjek alar, ýa şagal uşlar. Ýa emgek ýanap ýolda ýatar, ýa ýerde duşup, batga batar. Ind-ä, eli myltykdyr jysmykly gyşyk guzlananlaň demine düşmesem käpeli berdi mal janawerleň.

Alty-ýedi ýyllykda bolaýsa gerek. Ikindin aralar Guşgy Golaýmorynyň desgaly klubynda çykyş edip durkam, bir duşdaşym sözümi böldi.

— Ümür aga! Kyn görme-de, diňe ogrular, onda-da, tüý kesme ogullar hakda gür bersene? Olar biziň ýarym müň gowrak gara malymyzyň soňuna suw çaýkady.

Hawa, hawa. Ýarym müň gowrak. Şoň üçinem, ozalybetinde, ogryň kimdigini olar eşider, şeýle-de, ömür gulagyndan gitmez derejede huşunda saklar ýaly, üstlerinden bir  kese ýöresene? — diýensoň ogrular dünýäsiniň gyrasyndan girdim.

Agzy bimazaka eli egrilik eden hepbesiz heleýden dogan dogmaň ogruja bolup, gözüge-gözüge ýakasy gaýyşlylyga ýetensoň, töweregini ot uşladýandygyny nygtadym. Maryly Orazdyr Alty, lebaply Gurbandyr Hemra ýaly taý tapylmaz ogrulaň ömür beýanlaryny yzlap, rowaýat eňterişime, onlarça nakyly ýatladym.

Ine, birdenem, adamlar meň bile däl, asyl. Klubyň kybla tarapyna gaňrylyşyp. Seretsem, iki sany däkenek pyýada, gelýä-de, elini ýüzüne tutuşyna, sahna gandalky çykalga.

Birdenem, bar kişi çykuwly pahyrdyny göge galdyryşyna, ugradyp göýberdi-dä, tenesi püre-pür söhbeti süňňüne siňdiribilýän, özüni tagmaladan oba ogrularyny.

— Hawa, malyň ýagysy ýetik. Ýöne arzyly agam Ata Köpekmergen pahyryň aýdyşy ýaly, goýupdyr beýleki içegesi ugursyz uzyn jandar bolansoň, tüketdirmän ýör-dä, tohumyny. Ýöne gep gerdişine gelende, «Mal ajygynyň jan ajygydygyny» bilip goýşuňa «Malym-janym», «Maly bolmadygyň, haly bolmaz», «Maýda mallyň ýasy gutarmaz», «Öňümden malymy alynçaň, içimden janymy al», «Mally bomak bir ýaman, malsyz bolmak iki ýaman», «Mallyň ýüzi garyk, malsyzyň ýüzi ýaryk» ýaly aýtgylaryň bardygynam hakydaňa galyplamaly.

Akgam görgüli talabançylyk ýyllaryndan dil  ýaranda önelgesiz bir barjamlyň öýüne möjek dil ýaranda önelgesiz bir barjamlyň öýüne möjek bokurdaklan sürübaşysynyň derisini eltendigini nygtardy. Şonda titrekläp, gözi hanasyndan çykara gelen baý «Alyň gaharyny Ahmetden çykarlaryny» edägetdin hamyr ýugrup oturan keýwanysyndan salmazmy, gol boýy salyr

syplany her näme-de bolsa, aýaly bende çalawuntlydan ýetişikli ekeni. Ol otda duran doly kündügi öňüne tutanja badyna-da, eýlesine pyýagyň ujy iki barmak ornan aptabadan ugrapdyr-da, suw joralanyp.

Bu ýerden «eý gözi em dälmi, sypalasa iým dälmi» diýen garaýşa ten berenler üçin malyň nägeňsi gadyr gymmatynyň bardygy köre hasa. Hakykatdanam ýartyny bitin edişine, barça beşer (ynsan) balasyny iýindirip-geýindirýän hydyr gören malyň hut sadagasy bolaýmaly. Ýöne bir herneneň ýagşy görsegem, hemme babatlarda onuň daşyna direg, göwresine gorag bolmany başaryp baramzok.

Ine, geleňsizligiň zerarly, gözüň ýagyny iýip gelýän malyň ölendir gölerip. Sen başyňa ýaýkyşyňa, eýýäm, o janaweri çykaransyň nebsiňden. Soňam haýsydyr bir ulaga daklyşdyrybam, zyňyp gersiň, itiň ölen ýerine. Gömmän beýleki etmän. Onsoň ony it çekelär, gum çokalar. Şeýdip, eýesiniň adyna lagnat ýagdyryp, onuň yrs binýadynyň düýbüne palta urşuna o janawerem ýatandyr göz-gülban bolup.

Aslyýetinde welin, meýdanda haram ölüp galan malam «Eýýäm gelse-di, bir ser salsa-dy, damagymy çalsa-dy, hamymy alsady. Soňam ýag urgymy beýlesine geçirin, göwrämem görene göz bolmaz ýaly ýere duwlasa-dy» diýip, eýesine üç günläp garaşarmyş, irikgä halda.

Saryjalaň saýlatgydan göze gelimli, haly halar ýüpek ýüňli goýny hakda mungusyz kän zady gürrüň beren salyr akga pahyram agryňa buýurman, haram gatan maly başyn aýlag edip, çagandan çykaraýmaly däldigini baý, sakyr-da.

— Hawa, jan ini! Mal ölensoňam, ölinçä-de seňki. Şol sebäplem, yrsyňdan daşgyn gelen, sydky halal härsäňi it gülkünç ýagdaýa ýetirip, ýedi ýolup ýakasyna zyňaýmaly däl, güberdip. Umuman, ynsaby täretli könelemmiziňki kibi çemeleşmeli oňa.

Oň üçinem, gepem bardyr-la «Haram soýan ýaly» diýip. Ilk-ä, dilip derisini sypyrmaly. Soňam ýag düşnügi bolsa almaly. Üzüm ýaljagynam yrýa etmän. Öňkülemmize öýkünip, sabynçydyr beýlekä berip, derde ýaradybilseň dag-a, oňa ýetesi zat ýok. Juda bolmasa, gowurga goýaý, bir gopda. Köwüşdir gaýratyňy ýaglaryň ýaly.

Galan läşem «Garnyny ýazsyn-la, şu görgülem» diýip, süýräýmeli däldir itiň öňüne. Könelemmizä ony çuňdan çuň çukur gazyşyna gömerdi bagdyr beýlekiň aşagyna, dökün hasabynda.

Çölde-gyrda haram ölen malynam, aladasyndan gaçman, alla owarradan bolsa-da, getir goşuna. Soňam hamdyr ýagyny alşyna, şakgala getdin, ähli laby-lubusy bile basar gazana. Ony ýedi ýola lasyrdadybam «It guş iýsin» diýşine, goýuşdyr aýak ýetirden açygrakda, bir çöpüň üstünde.

Eger sen, haram öleniňi görmez arkasy güýçlülige salyp, diýeli, epberipsiň-dä, hopda. Onsoň näme «enäň enesi bar» diýleni alnyňa ger-de, hälkiden geregini edinen it-guş ýaman öwrener uzagyndan. Ahmal-delil, göwni bölek ýatanyňa bidin agyz urşuna. Ana, şol zerarlam «Iş aňsadyn ýalta tanarlyga» salyp, agzyňa buýurmadyk malyňam elem-tas biarzylyga ýetirmän, oňa diýseň ynsan perwerlik bile çemeleşmeli. Geljekde berkendeli döwlet tapyp, diýseň yranmaz yrsgallyga ýeteriň ýaly...

Hawa, sylar akga mamla. Dogrudan-da, ynsan balasy gözünden suwam içirmeli. Şeýdip, maly güzerana goşantly gözli çeşmä öwrüp, hat-da onuň haram ölenine hem hudaýlykly hojalykçynyň nazaryýeti bile garamany endigiňe girizmeli.

## TÖWEKGEL TOPULYP...

— Aý, sakgaldaş saňa «Gul daňmaga garyp ökde» diýdiler welin...

— Ýa senem-ä, tüýdeş, diýseler diýer ýörerler-dä, kä ilde agzy boş gytmy?

— Meň gulagyma kaklyşyna görär-ä, o ypytdyň ýalan ýabşyrmaly şow-şowam däl ýaly.

— Dogry. Olaň bir ýandan eltýän bomagam ahmal. Ýöne menem köpüň biri, kölüň suw-a. Göze dürtülişi duran üýtgeşikligimi, özüm-ä, oňyp baramok.

— Ýok, how, halypa, men gaty wakybal ýerden eşitdim-ä «Guşaga gysdyryp gidibermeli hyrlandy ýalydyr daşyndan göräýmäge. Ýöne müçesine seremegin. Ol adyň bölegidir. Reňk ýaly bolup. Galyň-galyň zeberdest gullary dagy öňyna maňyna garaman, birden läw-läş edägetdin, şeýle bir daňar welin, hoşuň gelsin. Diňe başyňy ýaýkaýmalydyr. Özem ele-aýaga urulýan gapdaldyr işligem, ýa iki başam barmaga jüpläp geýdirilýän gyzgandyça gysýan ýasmyk oýmagam derkar däl oňa. Diňe çöpür garylan işebir tanap bolsa bolýa. Ol iş edende-de, kemini-kösüni goýanok. Edil gul daňşy ýaly gözüňi dokundyryp durandyr» diýenlerini.

— Diýenlerinde näme?...

— Ýok, «Näme» diýme-de, in-ä, men, ine-desen, Hany nädip täs-mäs edişiňe, görkez-dä, gul daňşyňy maňa, beýdip, eliňdäki gol boýy gandym bile çaşaryň otly gorsawyny dörüp oturman.

— Aý, jan dogan, daňlyşyp, beýleki edip durmala, gaýa-gopuz ýok ýerden.

— Be, saňa «Gul daňmaň ezberi» diýselerem, gury samahyllama ekeni-dä, onda o aýdylýan zatlar mahyllama ekeni-dä, onda o aýdylýan zatlar.

— Aý, çynma-çyna gelende, o diýilýänleň ugry ýogam däldir — diýen kişi birden-bire elindäki gorsaw oýnap oturan taýagy bile beriukdirmezmi hälkiň seňrigine. Olam, näme, çiň arkan gaýdyşyna, gidýä-de özünden.

Ine, şeýdip, hälkini kere-mara sansyz ýaly sarap boluberende-de, gul daňlyşyny görjek görgüli açmazmy gözüni.

— Gördüňmi, halypa, guluň nädip daňylýandygyny?

— Aý, muň ýaly etmeli bolsa-a, onda menem...

— Ýa, senem-ä?! Jygba-jyga gelende töwekgel topulyp göz görkezmeseň bogan sübsäň bolmaz-a. Ana, şol sebäplem, meň biteligiň bähbidi üçin — nädemde näme!

## DOWZAH DÜKANDA OTURYP...

— Hany pirimiz?

— Ol-a, indi alty aýyň ýüzi ýatandyr, ho, ýykylmyş meýhanada.

— Be, walla, onda men dolanaýsammykam yzyma, at münüp, atan gomap (atan-agtalanan erkek), oňa gol bermäge gelenem bolsam.

— Onçasyny biljek gäl welin, baýa minnet, gelipsiň özüň-ä?

— Hawa-la, aýagym bilke ýöräp, ýörite üstüne gaýdamsoň görüp gideýin-le, ýapy-ýagdaýyny elinjek — diýen kişi barsa, meýhanaň gyk-bakly ybagat-gybagaýlygy däl-de, bi görleniň. Demige-demige geçiren ajy ýaljygyna seri sämäp, boljagy bolan bedi-berrew pyýadalaň, gözler-ä, burç oýkalan ýaly. Badak urlan dillerem wazzy-wuzzuly. Elleri dagam durşuna saňňyldy. Şo boluşlaryna, özlerem çille mesi kibi hil-hal, asyl biri-birine heserli pitjiň atyşyna. Sähel gaňryşyna gaýdyp, tüýüni tersine sypolaýdygyňam, bekje belläýgin, gözüni gan guýma ýagdaýa ýetirişine, ýarar depäňi.

— Eý-ho! Pirimiz! Sizem düşäsi ekeniňiz-ow! Gör-lähetli bu ýykan-ýumranlyga?

— Hawa, Biribar boýnuma uransoň, otyryn-da, menem, munşarylyp, bu lülgamlar bendeleň arasynda. Olaň içh-ä-içli, gusha-gusly kesbine şärik bolmasamam, ýüzlerine seredip.

— Şeýledir özün-ä welin, ýanyňyza pata almaga gelemsoň, menem boldum-da, bir hili bulanyp urlan ýaly.

— Oň ýaly böwrüňe diň salyp, şübheli garyşyňa. Maňa ynanmaýan bolsaň, gidibereli ekeniň-dä yzyňa. Ýaňy oba girip, meň şu taýdadygymy eşidip, ikirjiňläp ugran badyňa.

— Bä, pirim, şu erew-berewli poh-yrryhlygyň içinde-de, meň göwnüme güman getirendigimi bilen bolsaň, halatlylygyňy saklap. Aýtsana, nämeüçin, bu dowzah dükanda oturyp gün geçirýänligiň sebäbini.

— Aýtsam, arak içip, döwtaalplyk bile döwletimize barýan adam akylyndan azaşyp, şeýtana şägirtlige durýa., ony gaty giňželemän, sypag-sermegdir «Hanym-janym» bile paýyndan gaýtarmaly. Kelesi çaý beýni bolmanka, ynsan gylykly ýörelgä ýetirmeli. O mesele-de hemmeleň borjy. Ana, şo zerarly, menem, gije-gündiz otyryn-da irikgäligime «Iň bolmanda bulaň birini bir hapa weýranlykdan kele-küta daşlaşdyryp, dogry ýola salyp bolmazmyka?» diýşime.

— Oý-ho-how, pirim! Oň ýaly hoş manzaralyk bile bu ýerde goş toşlan bolsaň, ine, menem çökdüm gapdalyňda.

## ELIŇI GOWHARDAP...

Ir eýýam bir dili senaly Haja barýar ekeni, pyýadalap. Ol «Gel, şulaň metjidiniň saýasynda geleňläp, dürsäýin-le, demimi» diýip, aglagrak oba sowulsa gör-ä! Bedeser bir düýe depip-gapyp köşegini alşyna, asyl, ýanyna adam tohumyny sekdiräýse nädersiň, gözüňi höwlendirip.

Onsoň hälki mollaçar ýaşuly, sen-men ýok, talagar;lyk edişine, gögüni gözläp duran düýäň dykylyp barmazmy açmazyna. Çöküne düşüşine, agzyny ak köpük edip, aldygyna okabam, kele-küta goýdurmazmy o janaweriň beresligini.

Ine, şeýdip, göz görtele göz görkezişine, adamlary aňk eden kişinem engamlap hezzet-hormatyny ýetirenler.

Şol günüň ertesi ýola düşen pyýadaň haýdaşlap oturyşyna ahyry baran ýerem Käbe däl-de, gyk-bagy ýetik, galdyr-basdyrly bazar bolup çyksa nätjek. Şonda o bende «Be, bu näme üçin beýlek-ä?» diýip, içini gepledişine, gaýtadan harp alýar. Salgy ala-ala jyllygy çykyp, maňlaýyny dirän derwezesem, sered-ä, şo tuta-kesmi bazar-da, artyp galmyş, öňküsi ýaly. Onsoň ol «Gör-de duraý, meň gäbim azandyr. Ýogsa, beýle kösenmeli däl-ä, men, bu dara-direlikde» diýip, her näçe urunsa-da her näçe jebrinse-de, ýene şo bazar. Ýene şo şowurganly alam-ajamlyk.

Şeýdibem, ol kejal bolşuna, ýatmazmy başyny basyrynyp. Ertesi turup, günüň doguşyny synlap durka-da, bir haçdan gelýäne bile hal-hödir soraşýar.,

— Şeý-de-şeý-de, görgi köküni gördüm-dä, sakgaldaş.

— Wah! Saňa üç öwrä şeýtan bazaryna barsa-da, olara gatyş-gara bolmadyk görgüsiýeser diýerler, halypa.

— Oň ýaly bolsa, jan dogan, meň, nämeüçin ala-böle şeýtan bazaryna idirdäp durmagymyň, sebäbinem düşündiräýseň?

— Ýolda-yzda eliňi süýreldip, ony-muny alan dag-a dälsiň-dä, uzadanlarynda/

— Wah, eldirgän ýaly bir düýäni okap, burny deşilen ýaly edemde, berlen aklygy gysaýdym-da goltugyma.

— Ondan başga saňa nä merh gerekmi? Aslyýetinde, adamyň eli kümüş kysmy arassa bolmaly. Ol öz derine ýurumy ýetmedik haram zadyň ýa lola, ýa ölä gidýändigini hakydasynda saklamaly. «Her kim her zat diýse-de, maňa-ha ýokýa şu garp-çyrply gazanjym» diýen, oňamytdanykly «hä-hawa-da» bermeli däl.

Uzak süresi bar ýaly görünse-de, haram zat aňyrsy bir garyndan, ýagny, otuz ýedi ýyldan gaty toýnak bolup, böwrüňi böwsüp çykyşyna, nesil daragtyňy omrup-jomurýar.

Özüň ýaly haç sogabyny gazanjaklar-a, hasam wakybal bolmaly. Eger olar ömründe ýeke ýola musulmançylygyň gyldan inçe, gylyçdan ýiti ýörelgesinden ýalňaram bolsa, umydam etmegin, hatyraly hajylyga ýetip, kyýamat harjylygymy gazanandyryn öýdüp. Her näçe «Hajy boldum» diýip, göwnüni aldasa-da.

Şoň üçinem, yzyňa gitdejik şol düýeli obadan aryp gaýdan sowgat-serpaýyňy gowşur eýesine ötünç soryşyňa.

Ana, onsoň sen, häzirkiň ýaly, şeýtanlaň şepagatsyz bazaryna dahyl gelmän, gönümel gujagyna gysylarsyň sahawatly Mekge-Medinäň.

## PORSATLYGY HEMDEKDE

Idris babadan tälim alşyna, ganatyny goşalandyran Ýazguly halypa Emir çagyransoň Buhara barýar. Gyzyl aýakdaky metjidini şägirtlerine galdyryp (?)

Ýöne gohdur gowry, hiledir howry ýetik, jygba-jygly Buhara-da, näme, özüňe belli. Çopantaklygyna garamazdan, Gurhanyň sürülerini tüýdükde

çalşyna, emiragzamy aňk edenem bolsa, abaýtaşsyrap ýören käbir kalby külpetli molla-murtulaň göwni ýetäýenoik Ýazguly halypa.

Onda-da uly ussat o zatlary piňine alaýarly däl. Özüne damdyr duzak gurýanlaň gününi gök esgä düwşüne.

Ine, bir günem ol «Tagsyr, bizem, hüjrejiik gurnaýsak nädýä», siziň saýaňyzdaky Buharany şerifde?» diýip, emire ýüz tutýar. Bir babapitiwa kylynmasa-da, irmez awçylyga salan halypa ahyry şäheriň içindäki çukur kölüň daşyny bermezlermi gazyklap. «Hany, göreli bakaly dili ýasy çakjabaşyň şu porsatgyly höndekde matjit-medrese dikeldişini. Nädersiň, peşä etden ot bolşuna, bina bitirmeden elli bizar, gülkä galyp, gaçyp gitmäge ýuwnaýsa» diýişlerine.

Ýazguly halypaň bolsa, şol bir kakuwy hikmetli hemdemi Aşyr Döwman bile medresäň tekini tutuljak gurbagaly köle käte bir pil gum oklyşyna. Ine, bir günem ol Buhara emirine «Ertir däl birigün, ýary gijeden soň kimde-kim jaýyndaän jyklap ýa çykyp, zeper tapynsa, özünden görsün» diýip, perman berdirişine, başlamazmy gurluşyga. Pesedi şakyrdy, asmany güwwüldi bile dolduryp.

Ana, şonda çolajyk bir döw «Hezreti işanlaň metjidine eýetmelidir» diýilse-de, öte edişine, göterip gaýdan tam ýaly dört gyraň daşyny Buhara däl-de, Ýazguly halypaň Halaçdaky metjidiniň beýle ýapragyna taşlamazmy gütüledip.

Şeýdip, ertire çyksalar, ine gözüňe söweýin. «Çarminar». Ýöne «Döwletiň bir tekini göwre» diýleni. Oň örümi abşaksy gelen bir gapdalynam, näme Ýazguly akga egni bile çalaja galtagetdin, siltenjirän ýaly edýär welin, duruberýär-de düzelip.

Ine, şeýdip, Buharada desgasyny düzüwlän Ýazguly halypa bir gün ýetişmezmi bitakatlyk. «Be, möwlanam, gysyljak bolaýýam-aý birhili» diýşine, ýanyna bäş gadak göş, bir sanaç un alybam, ugraberen galkyjaklap. Ýolda «Gel-aý, gujak-goltuk jagrama-da çöpläýin-le» diýşine, Beşirdir Mekan aralygyndan ýüküni tutup barsa, hakykatdanam, hasynasynyň Halaçdaky hüjreliginiň daşy uly hümer. Kyrk sany galandar Idris babaň huzuryna gelensoň.

Şonda ussadynyň göwnüni gören Ýazguly piriň keramaty çawukly magaryflandyryjy bolup, onuň meşhur Magtymguly bile baglanyşykly sahypalarynyň diňe bir özüniň hem uly gadyr goýulmalara mynasypdygyny bellemeli.

Idris baba barada söz açylanda ýerligi horezmli bolsa-da, onuň Halaçda ymykly orun tutandygyny bilip goýmaly. Halypa muňşarylyp oglan okadyşyna, bagbançylygam edipdir. Il-gün bile mamurly gatyş-garalyga ýýetişenine, özüne sala salnar mertejä göterilip, Magtymguly ýaly welitarapyň seždegähine-de öwrülýär. Haçanda ýerli halkyň bir bölegi täze ýurt tutuyp, günorta gapdala göçmeli bolanda, o taýda süre-sykma tut ekmegi tabşyansoňam, ol oba Tutlygyzyl aýak atlandyrylyp ugraýar.

Hawa, biziň terbiýeçiden täsin taryhymyz uçursyz kän süre-sykmalygy gursagynda göterýär.

Eger olary käbir çapraz düşmeleriň bardygyna garamazdan ilki irgöz, soňam uşak göz elekden geçirişimize, il gullugyna goýmagy başaryp bilsedik,onda biz gör nähili, oňyn ilerlemelere ýetirdik.

## DOST SOGABYNYŇ UJUNDAN

— Aý, söwer dostum, näme üçin sazanaklap dursuň-la, bu taýda? Behide barýan ýola düşübermän?

— Men-ä, dogan jan, sähel sogabym kemtik kakansoň, Irikgä edip goýaýdylar-da, indi esli wagtdan bäri bu ýerde.

— Be, tanyş-bilişdir kowmy-hyşlaňdan, hi, hemaýatyny ýetiren bolmadymy saňa?

— Wah, öz günä-sogaplary gyrba-gyrat gelensoň, olar menden elli bizar. Hatda atamdyr enemiňem gaçgyny men. Gözümi tegeläp, her aňýetenden hantama halda sary dşsadylla dönüp duramsoň. «Özüň başyňy çara. Bu ýerde bir bize hossa aýak baga öwrülme-de» diýişlerine.

— Oň ýaly bolsa, jan dogan, hiç zady gaýgy etme-de, meň sogabymyň bir bölegini alagetdin, arkaýyn baraý jennede.

— O diýýäniňem-ä, bolman durmaz welin, birden seň sogabyň bärden gaýdaýsa...

— Aý, janym-jigerim, sen oň gaýgysyny etmegin ýekeje-de — diýen kişi öz jogabynyň uly ülüşini nana-düwün hemdemine bagyşlaýar. Ony jennetil baka ýollabam özi galybermezmi daşarky köwüş bazarda.

Ýöne öz dostuny behişdi etmek üçin dowzaha kaýyl gelen bendänem Biribar namut goýanok. Sahawat saýasyny salşyna. Onam desbidähel ýetirýär jennetilige.

## OTUŇY ORDAJYK...

— Aý, oglum, oglum! Indi köpi ötüp azy galan soň, ataňam lagar düşüberdi. Çagarygy çaşyp. Akylym, heýbe-heýräk gelse-de, huşum gaçan ýaly. Asyl, goýanymy göterenimem bilmejek bolýan-da birhili.

— Be, biz-ä, jan ata, «Agzyna seretseň, entejik dikgirdiýen bar, bi gojamyzyň» diýip, gaty arkäaýyndyrys senden.

— Arkaýynsyňam-a, welin, jan oglum. Ota gitsem, oragymy tapamok. Ýygyp otumy ýüpe çykyşyma, eşege ýüklämsoňam, it masgarasy bolýan-da, çykaran donumy nirde goýandygymy bilmän.

— Oň ýaly aňkaň aşyberen bolsa, atam jan ş, otuňy ordajyk, aragyňy biliňe gysdyr. Donuňam tutuwbaşdan örklengi eşegiň ýanrajygynda goý. Onsoň, asyl, kösenip jöwlan urmarsyň ýekeje-de.

— Haý, derdeser, oglum! Ýata paý, oglum! Ýarym paý, oglum! Yrsy, waý, oglum! Her zat öwretjek welin, «Ata, otdan galaý! Oň azaryny saňa ýetirmen indi» diýäýjek däl-de.

## ŞEÝTAN GOWAGA GOLAÝLANDA

Indi, gör, niçeme ýylyň içidir. Şeýtan bile beşer balasynyň ekjeşikli gatnaşyklary dogrusynda jotsdarajygam bolsa, käbir zatlary ýazmagy ýüregime besläp ýörenime.

Ýöne onda-da, o diýdi, bu diýdi. Asyl, sähedim sazlanyp, gurram duşmady. Ýogsa biziň milli mirasymyzyň talhatanbabaň suwy sowdurmaz jürdegi ýaly gary gowzamaz gaznasynda mungusyz zat jemlengem-le, o pygly pis Peläket barasynda.

Aslyýetinde, şeýtan uly alym, Emma älemiň ýakasy gaýyşly baş byjy bolany üçin, behiştdir beýlekiden gyrahladylan bora çemeli. Adama ýap gazmadyr däri ýasamagy öwredip, dutara şeýtan perde, suw degirmene şeýtan agaç, dokdyrmasy, gargy-naý tüýdüge şeýtan agaç, dakdyrmasy, gargy-naý üýdüge şeýtan deşik deşdirmesem, onuň hakykatdanam, uçursyz köpbilmişliginiň kesgin kepil namasy.

Berekedine şeýtan siýen ýaly, şeýtanyň yşygy ýaly şeýtanyň okarasy ýaly, şeýtanyň şeri ýaly, şeýtanyň şepbighi ýaly, şeýtanyň siýdigi ýaly, şeýtanyň şägirdi ýaly, ala şeýtan ýaly, şeýtana sapak beren, şeýtanyň dürt-dürtüne gidip, şeýtanyň ylmyny okan, «Şeýtandan», «Köpbilmişiň başyna töwki» ýaly halk aýtgylarynyň onlarçasy bolsa, onuň, ozaly betinde, çig süýt emen ynsanýet üçin keramatly bir towky-togandygynyň siňňin subutnamasy.

Ana, şol zerarlam, bir dogaýy ýagşyzada «Adamlar remezanda bir şepagatsyz şeýtanyň gižže-gižželi alys-gypaslygyndan daşrakda durup, ine-gana tursun-la orazyny» diýşine, gabamazmy garaňky gowaça, olaň çarbaýly gyk-bagyna bakman.

Şeýdip, şeýtanyň pyssy-pyjurlykly was-wasasyndan at gaýtarym gyrada galan jemagat bir bada hezil edinen ýaýnap. Bäsdeşlik beýleki ýitip, birek-birege misilsiz mähir-muhabbetem oýanan. Ýöne sähel-salym geçip geçmän hä-de, iýki basdaşlygy ýitip, hujuwlary söneň onsoň guşaklary gowşap göwreleri salparan-halkaran köpçüligi içikdiriji sussy peslik basmarlaýar. Olaň şatlykdyr şagalaňy ýetik bu ýagty ýalança şärikligi peselip, alyp ugramazmy ezenegi. Onsoň «Bo-bow! Beýdip şeýtanlary bendiwanlyga ýetirseg-ä, boljak gäl oguşýap. Asyl, şeýtan dürt-dürt edip, adamlary gylawlandyryp durmasa, bu däli-dünýäň gyzygy gaçaýjak eken-ow» diýip, ýene saýdyryp goýberenler, ähli şerti şeýtany .

## TAMDYRA BUŞUGYP

— Maňa-da, halypa, öwretsene, özüňki ýaly ters okanlygy?

— Bor, Onda, ho, tamdyra buşugyp gel.

— Bor — diýen kişi gitse-de, gelmezmi edil öwülýä ýaly, keramatly tamdyra buşugybilmän.

— Siýdiňmi, Tamdyra?

— Hawa!

— Näme gördüň onsoň?

— Hiç zadam göremok, men-ä!

— Onda, sen siýmänsiň tamdyra. Bar, git-de aýdylany et. Zat öwrenjegiň çynyň bolsa!

— Bor — diýen pemedem ýüzüne çarh çekişine buşugmazmy tamdyra.

— Indi bir, siýdiňmi?

— Hawa

— Näme gördüň, onsoň?

— Bir melemtil zat göge galşyna, towlam-towlam bolup gitdi-dä, oň içinden.

— Hä. Hä, indi sen okarsyň.

— Näme üçin.

— Sebäp diýseň, ol mele zat seň imanyň.

— Wah, eýdiýsene, asyl!

Onda indi men imansyz-da.

— Hawa, indi sen imansyz. Aslyýetinde-de il-ulusynyň zeleline çapýan ters töwürleň ählijesem imansyz-a

## «IŞ AŇSADYN ÝALTA TAPAR» ETMÄN...

— aý, sallah akga! Tüweleme, seň ýeriň-ä, gül-de-pürçük. Gawunmy-garpyz, hyýarmy-narpyz, käşirdir kelemmi, sogandyr şalgamly, asyl, adyny tapan ekensiň bar. Gyrasanjak edişine, otyr-a, diň gögüni gözläp.

— Gözüňi bir degräýmeweri, mülki hojam! Ýene tüwelemesini ýetirip, «Tüf-tüf!» Kyrk kişiň tüýküligi diýeweri...

— Onsoiňam, Salyh akga, meň ýaly kalbyndaky diline gelip duran göwni gatlaksyzyň hiç zada gözi degmez öme-duma. Tiňkesini diken zadyny serpmeden gaýdan ýaly edýänler, goňşy jan, içigaradyr görüipleň bahyldyr beýlekileňö kowmundandyr.

— Ona çalarak aňýan, Mülki Hojam.

— Aňsaň, Salyh akga, meň ýerim edil tohum berlen ýaly, çolaşym-çolaşym çaýyr. Hany, şoň ýoguna ýanyp, maňa-da, özüňki ýaly ýerden gyzyl öndürmäni öwretsene?

— Oň ýaly bolsa, ertir irden ýazylmaga ugraňda-da, eliňden piliňi goýma. Asyl, gydyrdanyp içinden çykma atyzlaň. Eger «Ýerim jymyz çaýyr. Ony agdaryp eýelemegem gaty mydyrdyk iş, başyňy gözüňi aýlap gelýän» diýen pikirde bolsaňam, Mülki Hojam.

— Aý, saglaklar bol-a, Salyh akga — diýip, giden goňşusy ertesi däl, biri gün ýene gelmezmi ýaşulyň ýanyna.

— Aý, Salyh akga, ol öwreden emeliňi edip, iki öwrä agdardym welin, meň ýerim-ä durşuna suwa maý çaýyr boldy-da ýatyberdi.

— Beýle bolsa, ýör gidip göreli-le, seň şo çaýyrly kölçejikleňňi — diýen Salyh akga Mülki Hojam bile barşyna, oňa alty ganat öýüň içi ýaly ýeriň çaýyrly ýüzüni zyňdyrýar, täze pil bile depdirägetdin bir gapdala. Soň çaýyr-çamyrsyz yzynam pilgerdan etdirişine, okladýar beýle tarapyna.

— Ine, indem, Mülki Hojam, ho, çaýyrly guşaňňy tapyrdyt-da, taşla, ýüzüniň iki depigini aýran çukur ýeriňe. Çünki çaýryň köki depinden aşak

geçenok. Eger ony iki depik çukurlyga taşlabildigiň tepbediniň okaldygy. Aslyýetinde, oň galşyňky ýaly bir gulaççuňukdan çykýan sahymtyl köki ýog-a.

Ana, şoň üçinem Mülki Hojamdan, sen çaýyr çöplemäni irlik bir hysyrdy hasaplasaň, ýeriňi iki dep-de, o Pelidi şoň aşagyny düşüräý. Eger, «Iş aňsadyny ýalta tapar» etmän, hasyl alyp, gözüňi dokundyrmak.

## TEZEKLI BAHANA BUKULYP...

— Aý, eşek aga, beýlesiň tamam ýokdy welin, sen birhili. «Mellekçä ýer berseň, ýer eýesini ýerden çykarlaryny» edip barýaň-la. Meni atamdan galan agylymdan çetleşdirip.

— Ýa Ýaby ýegen, senem-ä. Eşdensiň-ä «Elinden gelen gül eder» diýip. Öňküň ýaly agylda läwjerip, çöp yklaryn tamaň tala daňman ýaly bolaýsyn, indi.

— Beýdip «Hezzet etseň eşege, hyzzyn urar duşaga» diýmeklerini etseň, kaza baraýmaly borus-da, aňňyr hajy aga.

— «Kazylaşandan garyndaş bolmaz» diýen gepem-ä bardyr welin, ýör, kazar-a däl, ýer ujyn Garadenä gitmelem bolsa — diýen eşek ters dawwa tutuşyna, ýaby bile goşluşyp, barmazmy kazyň huzuryna.

— Kazy aga! Ine, ýaby! Ynha-da men. Ýöne bu meni saýanok. «Seň aslyň daş. Özüňem ýakawuntsyz  şeýtan däli. Meň bolsa, aslym döwem bolsa, halal hyzmat ede-ede «Behişdi bedew adyny aldym, şoň üçinem garaňy saýly açyldan» diýip.

— Dogrymy, şuň diýýänleri, ýaby ýaşuly?

— Ýok, kazy aga? Eşek goňşym her neneňpş eşekligini etse-de, açylda hilem ýokdur ýekeje-de.

— Oňa, ynanma, kazy kaka! Ondan bu ýanam, «Hemedan daş bolsa, kädibaş ýakyn» diýleni. Eşekli gidip, görüp geläýsin, elinjek, açylda kimiň tezeginiň kändigini — diýen eşek aýak ýoluna görä has ýygy-ýygydan oturýanlygynyň bahanamasyna bukulybam, gyrahlatmazmy, ýaby görgülini miras geçen agylyndan.

## ASLYMA DÄL-DE, PASLYMA.

— Bendäm, dogaby seň aslyňa bereýinmi, paslyňa.

— Taňrym, sogaby meň paslyma bereweri!

Ýogsa birden aňňalak ganyp galybermäýin, iki dünýädenem elimi ýuwşuma.

— O näm üçin, boýny boş bendäm?

— Sebäp diýseň, Biribarym,, ömür ulgamymyň külpetli kökeni çak edişimden çökder çykyp, birden-bire men säwligedahyl geläýmäýin.

Ana, şo sebäplem, sahawatly seredegähim! Sogaby meň paslyma beräý. Çünki saňa sygnyp, bir saňa gulluk edişime, iň bolmanda ýek-ýarym ýalkanma duşup bilmezmikäm.

## ŞIRBÜRINÇ IÝERDIM...

— Hudaýym! Eger siz ynsan bolaýsaňyz, nämr iýersiňiz?
— Süýtli aş — şirbürünç iýerdim.
— Näme giýerdiňiz?
— Düýe ýüň çäkmen.
— O näme üçin?
— Sebäp malyň etini iýen adamyň edil geçidir goýun, sygyrdyr ýylky ýaly kanagady gidýär. Uzagyndan doýup-dolanybam bilenok.

Dünýäň ýüzüniňem häsiýetli hikmetleri bolup, egnine geeni müň bir derdi — nägehandan goraýandyr.

## KEBZESININŇ DERI KEPMÄNKÄ

Ine, bir günem Mäne baba şägirtler känini yzyna eýerdişine, barmazmy bazara. Gohdur şowurgyny ýetik bazaram, näme, şam-şarklyk. Alýanam bar, satýanam. Kimsi ýassyksyz gözüni oýnakladyp, gabat geleniň ýagyrny igligini tütetse, kimsi «Näden, nä bolýarka?» diýip, saňsyraklaýşyna, sandan galan köneküşülini eýermäň aladasynda.

Bo-how! Bu bazarlarmy? Ondadiňe atań-eneň bile adamyň jany sabylanok. Akjan kekirdekden bolsa dag-a, on öýleneýin diýseňem koh berjek ýok, ýekeje-de.

Şol barmana-da boldy birgyn-bakly garma-gürmelik.

Onynça-da, sered-ä «Ogruda-ogry!!!» bolşup, heşelle kakyşlaryna, gözi elek-çelekligine, eýýäm kaçan, aňkasy aşyberen bir pahyrymy äkeldiler idirdedip, mähelläň ortasyna.

— Beýdip, it masgarasy bolanyňdan «Jan aga!» diýdi-de, dogrul-da, diläp alaý-da, ajyň dip ölüp barýan bolsaň.

— Görsene, bu pelidiň şu gözde-ýüzlükde eli egrilik edişine.

— Sen, halypa! «Eli egrilik-beýleki» diýip, ýuwmarlajak bolmasana beýdip!

— Ýuwmarlap-ýuwmarlamaň, ejesi agzybimazaka elini süýreldip, ogurlyk edip, gönezligini gargylansoň, o bagtygara nätsin, goýmadygyny götermän.

— Ýa, senem-ä, sakgaldaş! Şeýdip, hamyrturşysyna har hamyrlyk goşulmadyk bolsa, akyly ýerindäki adam ömür edermi ogurlygy — diýip, her haýsy bir gürrüň tapýan jemagata diň salyp duran Mäne baba siňe seretse, gör-ä, hälden bäri peýwaşlap duranlary oň şägirdi, onda-da, iň wepaly şägirdi bolsa nätjek.

— O-how! Biribaryň bendeleri! Siziň «Ogry-biri» diýip, it alan sanaja dönderip duran o kişiňiz iliň gyzyly çaşyp ýatsa-da, oňa gabygyny galdyrmajak meň şägirdim ýaly-la?!

— Dagyň-a, biljek däl welin, tagsyr, oň ogurlyk edip, bizi ulturatjak bolandyg-a, aldyran närsämiziňem oň goltugyndan çykjanlyg-a, köpe hasa.

— Her halam bolsa, çyn ogry size al salyp gaçandyr, sizem pukara surraýlykdan başga aýdybo9madyk bu tüntaw şägirdimem şoň ýerine gopjaksyňyz şapyladyp.

— Ýa, ýaşuly! Beýdip gürrüň guzladyp, kellämizi agyrtma-da, işiň bil bol. Bizem, onynça, ogryň haýsy eli malymyza uzan bolsa, şony jontardyp, jadyrdyly maýa, ýagny, ýaga sokmaga taýýatlaly.

— Ýok, beýtmäň byradyrlar! Ol ogry däl. Ol gözi gara düşeli bäri ýör-ä meň synymdan aslyşyp. Men oň ogry däldigini aýny hata bilýän. Ynanaýyň şoňa. Ol edeýin diýse-de, galdyr-bassyrlygy başarmaz. Çünki ol eli egrilik üçin ýaradylanlaň kowmundan däl. Şoň üçinem, Taňryň adyndan towakga edýän. Boşadyň, bony boş o şägirdimi?!

— Ony etmeris, aga! Ýöne ogra halys nebsiň agyryp,sabryň suw bolup barýan bolsa, onda aýry gep. Saňa beräýmedikmi bu ogryň jeza paýyny.

— Ol öz işiňiz. Ýöne men müň ogryýa egri damar däldigine kepil geçip biljek — diýen Mäne babaň kesmezlermi sag eline, hä;lki şägirdiniňkiň döwegine.

Şeýdip, Ebul Hatyr Aktag (ýagny, Mäne Çopan (?) adyny alan welitaraş aksakgal ahyry dillenmezmi bir ýbygynçakda.

— Eý, Hudaýa hudawende! Müň mertebe minnetdardyryn saňa. Özümi şu ýagdaýa ýetireniň üçin. Ozalybetinde, men guraýyn! Bir garawsyz görgülini Çökder işletdim. Bigeleňligim zerarly, kebzesiniň deri gaýmanka azan hakynam beribilmedim. Şo sebäplem kyýamatda küpämden injek adalat gürzeýiniň hunabasyndan howatyrlanyp ýördüm, ýatsam-tursam ünjä galşyma. Ýöne beýik Biribarym! Siz ony eýum-kaýuma goýmadyňyz. Sebini jebislägetdin, o jezany bu ýagty ýalançyňda synladyň başymdan. Şeýdibem, öz asyguluňyza ýalkadyňyz. Oňa hiç hili oýurganman, ahyrýet talabyna berilmäge-de ýolk açdyňyz.

## GALANLARY GORKUSYNDAN GALDYRAP...

— Aý, janym agam! «Hydyr» diýsem Hydyr däl, «Nedir» diýsem, Nedir däl, bir geňsi aksak gol ekeniň welin, aýdyp otur-a, kimdigiňi?

— Aýtsam, keserdeş, maňa Mergi goja diýýändirler.

— Be, jan agam, garaňy görenimden jüýşüldäp, süňňüme sandyraklama aralaşdy welin, asyl, adyň özüňdenem ýürek ýargynç, düşse girginç eken-ow!

— Aý, tüýdeş! Kim näme diýse-de, men Taňry Tagallaň gadyrlanyň bitinçidi. Näme diýse, şoň aýdany bile, tigirlenip ýörendiris biz-ä. Ine, häzirem, Biribaryň buýrugy bile, hoşerki uly oba göz görkezmäge barýan.

— O görgüsiýesere göz görkezmek nämä gerek bolduk-a, jan agam?

— O zatlar her öňýeten çöp öýliň çaklyşyndan çökderrägem-ä welin, onda-da aýdaýaýyn, çalaja ýerde özli-özümizkäk.

Aslyýetinde, keremli allam, çyzykdan çykyp, eýerenji bolanlary tobasyna daýandyrýar-a, bilşiň ýaly. Ine, bir ýerde adamlaň nähili azsa, ýa ynsan tüýtmelenip, sabyr-kanagatlaň pälki azsa, ýa ynsan tüýtmelenip, sabyr-kanagat gitse, ýa köpçülik it-eşek ýaly ar-warsyzepga ýetip, zyna könelse, ýa bege bozlyk

artsa, bekje belläýgin, Hudaý jan, o taýyk bir topyk taýagyny belläýgin Hudaý jan, o taýyň bir towpuk taýagyny aýlap goýbär welin, o-ho-how! Onsoň hälki pisitçiligiň möwjän oýtagyny ýa ýer ýuwdar, ony-oýmagy bile. Edil Badhyz Baba çöňňesiniň ýeroýlanduza döşi ýaly. Ýa o toýda ýer ýykylar, ýa ýeldir jala edrenjiligine tutagetdin, tupandyr gaý soňuny sile sapyp goýbär.

— Onyň-a, şekim ýok, jan aga.

— Şekiň bolmasa, onda gitdim men-ä — diýen Mergi goja ýene ýarym aýdan dahyl gelmezmi şo öňki ugraşanyna.

— Be, jan agam «Ol obaň üçden birini tohumürt edip, galanlarymy mugyra götermekçi» diýen ýalydyň o gün welin... Nämeüçin namaňy pozup, o hudaý tutanlaň baryny düzäýdiň-le, mergi syhyňa?

— Ýok, beýdip, öte düşme. Men mergi degrip, diňe almalymy aldym, gözi peýrep, süňňi titräp, öz-özünden ölüp gitdi. Sytdyny saklap bilmişine.

— Bä, şeýdiýsene, asyl?!

— Şeýdiýip diýmän, sen nä habarsyzmy? Ozalybetinde, saglykdyr bagtyň, nesýetiň nagtyň adamyň öz elinde bolup, olaň diňe gujur-gaýratdyr taý tapylmaz erjele hemralygyndan.

## UK EDEMEN

Adamlaram hil-hil.

Olaň biri missisiz müti. Daryny deşip, bugdaý ötürişine, keşdiňňäň gözünden, emin-erkin, ýükli dünýäni geçir otyr. Ol garynja gadyrdanmasyny goldan bermän, elmydama, ýokdan bar, ýonuşgadan don etmäň aladasyna mübteladyr. Hawa-la, ol çygyr mal ýaly, daşa daňsaňam hor bolmajak ýaly, ýok ýerden güýmenje tapynşyna göz dokunarly biteligi bile waýa başyny çatyp ýörendir.

Oň tersine ýene biri badyr. Iňirdili igäňi şiwildat-da, müň syhyrlaý. Eger-eger. Gep batmaz, taýak ötmez peläketiň etjegi içindedir. Göwnüň üçinem, ýatan çöpi galdyraýmaz. Hawa-la, ol eden işin ozdurmaz, oturan ýerin gyzdyrmaz ýakasy gaýyşlylaň ýatlasyndan. Özem aran-jynlyň ba-da. Bir zadyň dokuzyny düzüwläp, eline ber-de göräý. Sähel-salymdan hälkiň enter-pelegini öwrüp, petine gar ýagdyr.

Ir eýýam şeýle jandyndarmazyň ýanyna barmazmy bir obadaşy.

— Aý, ussa aga, bu boýunturuk kysmy agajyň daşyna geçipsiň welin, näme ýasamakçy sen, mundan.

— Men muny uk edemen!

— Be, ussa aga, henizem şo ýonup durşuň ekeni welin, sen indi bu başam barmak ýaly bolup galan ol agaçdan indi näme gurnamakçy?

— Men muny ik edemen.

— O-ho-how! Ussa aga, o agajy gyrdaý-gyrdaý ene dereginden zat goýmansoň welin, indi ondan näme taslamakçy?

— Men muny ýok edemen.

## DERWÜŞ DILEGÇILIGINE ÝÜZ URUP...

Ozalam üç sany derwüş attegini guratman barar ekeni-dä, Nowşirwan Adylyňka dilege. Olam, näme, äleme çawy ýeten edil patyşa. Şol eli açyklyga. Asyl, ýalandan-çyndan gytaýsa nädersiň ýüzüni.

Ine, bir günem hälki üç derwüş Howşirwan Adylyňkydan çykyşyna, barýar ekeni-dä ýol bile, öter-geçerden söz açyşyna, gürrüň towuny ýetirip.

Şo halatam olaň biri egninden garasa, ana, edil özleri ýaly bir derwüş. Gapdaly betbagt kädili.

— O-how! Tüýdeşler! Yzymyzdanam-a, bize gatylyp ötäýgitmeli bir derwüş gelýär-aý.

— Be, oň ýaly bolsa garaşyp, soraşalyň-da, hal-hözir diýip, o derwüş deňlerine gelinçä aýak çekseler, olam, gör-ä, gel-gel, Nowşirban Adyl bolup çykaýar.

— Ýeri, how, kyblaýy älem! Sen nire, derwüş jindesini geýşiňe, gapy gezip gedaýçylyk etme nire?

— Ýa, sizem-ä, doganlar! Beýle talhandökerl;ik eder ýaly, patyşalykda-da, arta-taşa zat ýog-a, çalyp-çaýkaber ýaly.

Eger men, şeýdip, derwüş dilegçiligine ýüz urmasam, ertir size berer ýalaky zady nirden alaýyn.

## ÝUWDAŇDA «JYMYLT» ETSIN

— Haý, lepgeçim-how!

— Lepbeý, Hanberdi akga!

— Ine, bir gaçar bile bir uçar. Bulary ho ýabaradan urduk ýaňyja.

— Tüweleme! Tüweleme! Sen-ä, asyl, atan oky ýere düşmez awanlardan ekeniň. Şujagaz itgardan diňe taýak aýlama arkaly towşandyr towgy tutubilýän bolsaň.

— Aý, bu zatlar nesibe işi-dä, lepgeçim.

— Onyňam-a, dogry, Hanberdi akga.

— Dogry bolsa, şulardan bir myssyk palaw taýarla, bu oturanlar üçin. Özem onyň şeýle datly bolup, agzyňa galanyňda «Ýusup» diýşine, ýuwdaňda «jymylt» etsin.

Bizem, näme, «Ýol ogly ýagşy» edip, kän aglenmäm bu taýda.

— O nä gep? O nä gürrüň? Sen nä nebiseli lukmaňy taşlap, düşlejekgämi biziň lepede.

— Ýok, janym doganym! Biz Gowşutbendiň Guşlygaýasyndaky üç üç ahyraly gaza ýetişip, çägimizi almal-a.

— Onda, göterip gidiň-dä, bu towşandyr towugyňyzy.

— Ýa, lepgegim, senem-ä! Nä eşitmänmidiň «Atyň yrsy alnyndamm düýäň yrsy bilinde» diýip.

— Onda, Hanberdi akga! Eli açyklygyň yrsyňy artdyryp, gadamyňa gül bitirsin. Aýagyňa-da, ylahym, ýörme çolaşmasyn.

## «HATYNDYR-DA JANAWER»

Görsene, bu ýanyna gylly kelle gelenleri. Olaryň biri öýlenip, kör düýesi köprüden geçse-de «Aýaly ýüzüne öwerler, ölse çuňdan gömerler» diýen ýörelgeden ugur alar. Herneneň gyňryltyl gelne, ugrasa-da, ata-enedir dogan-garyndaşyny gözden salaýmaz. Natuwany bile mamurly mytdapyklyga ýetişişine, süňk synamçylygydyr omçaly synag-sermeg bile ony külli küreniň gullugyna goýýar. Abraýynam artdyrdyr.

Başga bir ýardyksyz Ýazmämedem bardyr. Mahmal jyklap, iki gözi dört bolanja badyna, edil gany çalşyrylana dönýer. «Emjik beren aňry ýat, ýumjun beren bäri ýat» diýen aýtgy edil oň özi üçin sünnäli syntgylanma ýetirilen ýalydyr. Zagypasy gaşyny gerjeşdirip, çalaja çytyldygy, zamanasy jünnek bor-da, gyýgy ajap ugrar. Onsoň oň golaýynda görnen özüň bolma. Jyzaly erkek kibi, gözüni agdaryşyna, agzyny ak köpük etme bilendir.

Ine, bir gezegem şeýle nekbetiň bir ýola düşmezmi. Dagyň narasy ýaly gyzyl erkege ýumrugym ýaly garajürjende gyrnagy jaýlaşdyryp. Oň yzyna-da, oda salsaň tütemez tüňçe ýaly garry enesini tirkişine.

Ana, şeýdip, bir mysgal bolup barýarka-da, oňa dahyl gelmezmi huny hemdemi.

— Ýberi, how halypa! Bu nä boluş? Şu laýykatlymy öz göwnüňe. Halys heleýgulylyga gol goýup, tülküňi tükedeňde-de beýdäýmeli däl-ä?

— Haý, senem-ä?! Peşwaýlar ýaly näm bar diýsene bu taýda. Sered-ä:

Hatyndyrdyr-da janadyr,
Gaýkyldaşyp geledir.
Enedir-de beladyr,
Türkemeseň galadyr —

— diýşine, tutmazmy nakys kükürdä.

## EJEM AŞYMY SAÝLANDA

— Essalawmaleýkim, janym agam!

— Waleýkim essalam-a welin, näme daşdan keseklişip gitjek bolýaň-la, iç işikden. Çala garaňy görklezip.

— Onyňam-a, dogry welin, jan agam...

— Dogry bolsa, geç-dä, törden otur. Häkiňi al-da, çaý-paý iç. Topbak-gurbagam edin.

— Wah, jan agam! Toşap satan kibi şu sallam-sajaklygyma, nä tuwam bile seň duluňda dyz epeýin. Wah! Arkamda ötülmez ýazygym-ogurlan goýnum bar-a, meň.

— O, nä, gürrüň? Ogurlan goýnym?

— Wah, janym agam! Taňrydan gizlemedigimi nädip ýaşyraýyn bendesinden. Ozalybetinde, asyl, dogabitdi diýseňem boljak-la, meň elim egriräkdi. Şeýdip, goýmadygymy — götere, ýanasy gaýytly ogry bolup ýetişdim ahyry. Onsoň, edil Oraz ogry, ýaly, birini ulturatmasam, uktm tutman ugrady. Käýelene-sokrylana pitiwa kylmanam, egri agaç ýaly, gitdim-dä ýatgynyma.

Ýogsa, meni ogurlykda tutup, gyzgana-da daladylar, çüw ýalaňaçlygyma. Arkamy oda çoýuşlaryna, görene göz, eşidene gulak edip, sangysyz sapar, ýedi

ýoluň üstünde, sütüne sarabam goýdular. Ýöne, onda-da, jan agam, «Öwrenilen gylyk örkleseňem durmaz» diýleni dogry ekeni-dä.

— Ýeri onsoň?

— Onsoňy. Düýn däl, öňňin, ýer ururp, ýerde galan gara geriş görgüliň gözüni dikip oturan ýekeje bag goýnuny kesdim. Buljum ýerde damagyny çalyp, ýaňy garnap ugran halatymam, iki sany dähenek pyýada üstüme abanyp dur, bir görsem. Onsoň olar içime çöwüp depşine. Meni waýgurt edägetdin, ýençdi öldir ýaly. Yzyndanam, hälki goýnuň kyrksakanagyny kelläme geýdirip. Her halam bolsa, bu gezeklikçe, biz seň eliňi jotdardyp durman, tobaňa daýanjakdygyňy-daýanmajkakdygyňy, barlap göreli. Ana, şoň üçinem gymtanja goýnuňy arkaňa daňaly, şyjagaz guýma zynjyr bile aýlampaç edägetdin. Onsoň senem onyş u töwerekdäki ýeter obalaň ähli tümlügine aýlap çyk. Gapy-gapy gir-de. «Ine, adamlar, tüýkesme ogry bolsaň, ahyry juluňy ters salagetdin, şeýdip, hakyňdan çykýan ekenler. Şol sebäplem meň bu masgaraçylykly toba getirilmäm, goý, diňe maňa däl, eýsem bu gülbasanlygymy synlanlaň ähli tohum-tijine-de ömürlik sapak bolsun» diý özüne-de. «Ýogsa, keziliňi alarys» diýensoňlar, ýörün-dä, şeýdip.

— Onyňa ynanýan. Ýöne, seň beýle pisitçilikli pişä ulaşmagyňa näme sebäp bolandyr öýdýäň, jan ini, aslyýetinde?

— Wah, jan agam! «Ununda bolsa, urbalygynda dadar» diýlen-ä. Ejem görgüli agzy bomaza bolup, meň aşymy saýlanda, saklanybilmän, eli egrilik edeni üçinem, men ogruja bolup doglupdyryn-da.

## GUMUNY DAŞDAN ZYŇAN BOLSAŇ

— Indi maňa-da çak boldy. Gideýin. Uzak eglenmän. Ýogsa birden basan böwedim gidäýmesin, aňňalak gapdyryp.

— Bä, ynjalyksyz, bir töwra oglan ekeniň-ow. Seň gözi ýolda galan gaýtarmaň ynyndan at münüp, atan gomap giýewlemäge gekleniň haçan. Bir tutam gijege. Şo köne salma basan böwediňi iki-üç gezek çäkiligiňde getireniň haçan? Ýat-da bizowuk bolman, güşenli gujakda, goşarymy ýassanyp.

—Wah, sen ony aýdýaň?! Men kakamdyr doganlammyň gözüne gül düşip, bildirmän gaýtdym-a, ýanyňa. Gaçyp diýen ýaly. Onsoňam o böwedime ugragetdin, birden býüň sakgal edäýse, meni.

— Hany dursana, oglan! Sen o böwedine basaňda guluny nirden aldyň? Şony bir aý-da ilki?

— Gum-a, gaty daşdan alyp zyňdym. Ýaňy ýüzi açylyp uçran täze pil bile.

— Aşagynda çöpdür beýlek-ä galdyran dälsiň-dä?

— Be, sen nägeňsi gürrüň edýäň-aý?! Heý, meň meňzeşikli adam böwet basanda, oň teýinde çöp-çalam düşnügini goýarmy diýsene?

— Oň ýaly bolda, o böwediň mizemezem, ýatyber, emin-erkin.

— Özüň çarwa gyzy bolsaňam, nädip bilýäň, aşagynda ol-bi galdyrylman, gumy sdaşdan zyňlan böwediň deşmän durjakdygyny bbilýäň.

— Men çarwadar çopanyň çagasy bollsamam, kakam ygal-yslaňyň suwuny sowmadyr jolka, oýtakdyr käle ýygnap, taba gelensoň ekin ekişine, bir

gapdalyndan goýanog-a, daýhyançylygam. Şonda yzyna tirkäp, ol maňa-da kemzis öwret-dä, elim pilli daýhançylyk etmäni.

— Bo-ho-how! Görkli-gülüm! Sen-ä, her zatdanam bir suwluk hakyny alyberen üsti basyrylgybir ygşyldyly ýaýla ekeniň, asyl.

— Wiý, bi, oglany! Her zatdan bir suwluk hakyny almadyk uzyn etekliň apanasyrap gap böwre geçende bitirjek goşy näme diýsene?!.

## ÖZ TAMDYRYMYZY BILMESEM...

— Hany, Ata Köpek, sen, beýdip ýegşerilip oturma-da, öňe-tagta geç. Eliňe, ho, çybyjagy alybam, Amrikany görkez, kartadan.

— Bor weli, ependim, sen onda ilki maňa kartadan görkez-dä, öz tamdyrymyzy?

— Eý-ho-o! Köpek Mergen! Sen nä därlediňmi? Ýa gyzgynyň galdymy? Ýa sallançagyň ters öwrülensoň, gyzamykdan galan dogabitdi derdiň bamy?

— Ýok! Türk ependim! Çäge çeýnäp,ers-merslige ýetensoň men-ä, ähli türkmene muwapyk bilmi bärl;ikden başga derdeserim ýok, ýekeje-de.

— Onda, nämeüçirip, sen, bu jümle-jahan kartasyndan Tamdyramyzy görkez!» diýip, dyzytdyryp dursuň-la?!

— Üçüribi, ependim! Eger man atamyň ojagy, ejemiň gujagy bile bagry badaşan öz tamdyrymyzyň nirdedigini takyk bilmesem, o kartada, Amrika maňa ne derkardy? Çünki man ilki tamdyrymyzdan başlanýan dogduk Diýarymyzy bäş barmagym ýaly bilmeli. Sebäp diýseň, Ependim, özge ýurtlara söýgem, öz ojagyňa bolan misilsiz gadyr goýmadan başlanýar ahyryn.

## HYWA ÝALY ÝERDEN ÝABAK ÝATYP...

— Edil şu pille meň Hywadan gelip durşum. Arada Buhara baýramda «Bu töwereklerden ylmy köp teke (Molla Töre ahyn), keramaty gär teke (Hojamýar pir) göterdi» diýen gep gulagyma kaklyşdy-da, ynjalygym gaçaýdy bir hili. Onsoň tumarymy dakynagetdin, guşgunymy syrdadym «Nirdesiň Maru-şahu-jahan?» diýibem, Hywaň Mary derwezesinden çykdym-da, jünäberdim bärligine sorap-idäp gelsem, eýgörmüş, sizem obada ekeniňiz, Mola Tors aga.

— Hawa-la, bizem aglaba şu syrçynda. Aslyýetinde-de aýal öýüniň, ahun-molla metjit-medresesiniň altyn gazygy bolyp, känbir kaňkap ýörmeli däldir. Gaşynandan han tama bolup.

— Onyňyz dogry, Tagsyr! Ýöne eliňiz kepje pilli bu bolup ýörşüň welin, maňzyma batman, geňräk göründi-dä, maňa.

Siz nire, ekinmi atyzyň içinde sogan otap ýörme nire?

— Ony diýmäň, gadyrly gopak? Ozalybetinde okuw bile iş bar-birinden aýry başgalandyryp bolmajak närseler ahyryn. Eger wagtal-wagtal dört döwüm bolşuňa, ýeriň gara göpesini gazap, ajy ýagyňy çykarmasaň, ýa şo kysmyrak bir pişä mübtellalyga ýetip, ýagyrnyňy ýumşatmasaň, her neneň bagry girýan boluber. Asyl, ylym, ýüküňi taýlap, bilim çalmaryna girerin öýtmegin.

Şoň üçinem, biz-ä, diňe öz işlänimiz bile oňman, ynsabyna salaly talyplarymyzam okuw bile gara zähmeti deňdeşdirmekde ýöretmäge endik etdirýändiris.

— Aperip, Molla Töre aga! Ýöne soganyň içindäki temen kibi otlary beýdip bir çöplän ýaly edip ýeke-ýekeden sogrup, azara galman, alan ylmyň keramaty bilen, ine şeýdägetdin, baryny birden hüwwe göteriler edäýmezlermi bulaň.

— Haý, tüweleme! Tüweleme! Sizem-ä, ylym ganatyňyzy goşalandyryberen ekeniňiz. Gördüňizmi? Soganlaň düýbündäki jymyz otlaň ätmiýetini ýelmik sogan ýaly edägetdin, ýom-ýoga ýetirişiňizi!

— Wah, Tagsyr, semagallakly güýç-gorabasyz halyňa, Hywa ýaly ýerden ýaban ýatyp, siz bile garpyşykly döş direşmä gaýdyp bolmaz-a?

— Onyňa şekim ýok, gadyrly gonak! Ýöne indi şo goparan gyýalaňňyzy gaýtdan ozalky oturym ýerinde orun tuturybam beräýseňiz.

— Be, tagsyr, her neneň ýetişmiş bolsagam, häli-häzirlikçe, şo biziň elimizden gelmez-ow.

— Onda, gadyrly gopak, beýdip, adamlary syn-deramata goýjagam bolmaly däl ekeniňiz — diýen Molla Töre akga kyblasyna garyşyna, bir gögüni gözlän ýaly edýärem welin, o-ý-ho-how! Suw içim salym ozal nisnamutlyga ugran hälki ene etmezmi öňki ülpüldili heňňamyna.

## OGURJADY-LA GÖRGÜLI.

Il-gün ýaly gowy zat ýok. Ol edil geçirimli öwülýä kibi, sähel-mähel pitjiň atmaly göz çykgynlygyňy dagy piňine-de alyp duranok «Ýa heý» genç geçireniňk-ä okysmy puşdupisit bile agyz deňap ýörme-de, kişilikden däl-ä, Hudaý towpuk berip, özi tobasyna daýanmasa, aýdanyn — diýeniň ýokmaz bu enesi ýalamadyklara diýer-de gidiber, elini salgap.

Ýöne ýaňky ýelemýüwlet has ýakasy gaýyşlylyga ýüz urup, iliň müdrüni iýşine, çykyberdimi çyzykdan. Ana, şonda bar-a, bilersiň nämedendigini welin, hälki hekgildili myrryhy, dessine, taňrysyndan topdyrlar. Onsoň abraýy agtalanan o pelit, böwrüne doňuz diňini salşyna, tüneginden çykybilmän öter-gider iç urnuk bolşuna.

Ir eýýam şo ýasowrak bir ogry ýatagyna çapyşyna, töweregini ot uşladan. Dogumlydan dyzmanak ýigitler käte kakyş kukuşyny ýetirin, bulamak içmeli etse-de, aşy saýlananda gönezligine ogulyk gowurgaý gatdylyga gargylanan gyzyl tüýlä çärä bamy diýsene!

Ony görene göz, eşidene gulak hökmünde ýedi-ýoluň üstünde sütüne sarap goýanlar. Ençeme günläp, aç-suwsyz syryjadyp Annasyny ojar oda çoýuşlaryna, güp-ýalaňaçlygyna, syppyňguduz ýagdaýa ýetirip gyzgana-da dolanlar. Onda-da, näme «Gan bile giren, jan bile çykar» diýenleri.

Ine, bir günem taňrydan perwazly perman gelägetdin, şumroý tabşyrmazmy amanady. Şoň ýaly ýagdaý ýüze çykanda il-gün «Sen ogry sen dogry» diýşine, duraýanok tykyrap. «Bo-how! Bu ýas indegsiz gonaklakdyr» diýer-de, negabir alaşeý tiklisi bolaýmasa, bary çuýrygyşar ýuwup-ardyşyna, hatda jynaza düşmeýänine çenli apalap, egnine alar, egele guraýşyna.

Haçanda içki öýde kellesi demir gazyga goýlup, hossarlaryndan ejaza alnansoňam bar-a. «Görgüli gowy adamdy» diýlip, il beýikligi bile amaň öňünde kepil geçibem, üstüne gum sürler.

Biziň hälki ogrymyz üçinem, merhuma laýykatly ähli kada-ýakullyklar berjaý edilýär. Haçanda hemmeler jemlenip «Ýagşy adam-da» gezek gelende bar gölegçi öňki endigine eýerse-de, sered-ä. Ondan öte örtenenleň biri «Her näçe diýseňizem, ogrujady-la görgüli» diýip ýüzüni kese sowmazmy, Hudaýyň öňünde ikilik etmäge bogny ysman.

## DOKMA BILEN ŞAGLAŇ ARASY

Gawunly dostum Durdy Nepesden

— Aý, jan ini! Göwnüme bolmasa, birhili gatyrak gidäýýäňmi? «Garagumy bäş barmagym ýaly bilýän. Bokurdakdyr kekirdek, Narlydyr Şorly, Gamakly, Eleçdir Gulaç, Çalçadyr Kölçe, Göbeklidir Gabakly, Çandyrdyr Çendir ýaly ýerlerde-de aýak basmadyk oýtagym ýokdur» diýip.

— Öte geçen bolsam, ötünç soraýan, jan agam. Bagyşla, badyhowadan parlaňküş gören bolsaň, meni.

— Bu taýda bagyşlap bagyşlamaz ýaly zat ýog-a. Ýöne menem sozanamy süýräp, çöp yklyşyma, aw etdim uçursyz köp ýerde. Ana, şol sebäplem, ýurdumyň dagdyr damaryna çöldür çemenine çalarak ýetik bolamsoň aýdaýdym ony.

Hawa, ondan buýanam, näme, käbir zatlary sorap göräýmek hyýalymam ýok däl, senden.

— Oň ýaly bolsa, baş üstüne, jan agam.

— Aýdyp ber-dä, onda, tüm gumuň nirräkde ýerleşýändigini?

— Marydan çykyşyňa, demirgazyga gaýybrak Hanguýa barýaň.

Onuň açmazyndaky Aýtoýnakdan segsen sekiz kilometr gaýra gapdalda-da. Amyderýaň 1578-nji ýyldan ozalky akym ugry-Uzboý bardyr. Uzboýyň sag-a gyr. Ondan ilerem, näme, Tüle hasaplanýar. Towşany tokar aýgyr çägeli Tüý hakda «Gumum bar, çümüm bar, Tümüm bar, Humum bar» diýeni aýtgam bolmaly, jan agam.

— Munça bolanyna görä, göwnüňde güman galmaz ýaly ýene zatjagaz soraýýaýyn, jan ini?

— Gözel göwnüň.

— Onda aýtsana, Seýitliň ajysynyň nirededigini?

— Ol-a, ýalňyş,aýan bolsam, jan agam. Dokma bile Şagglaň arasyndadyr.

— Haý, berekella, balam! Eger biziň çorba çapar nökerlemmiziň ýerden ýöräri şeýle zehin zülmiýanalygyna eýe bolsa-dy, onda biz, gör, nähili ilerlemelere ýeterdi. Çünki dogduk Diýaryňa bäş barmagyň ýaly belet bolmagyň özäm , eýýäm, seň watanperwerligiň gyrasyndan girdigiň-ä.

## «SOKUR-GÖZLI» — DIÝIŞMÄN

Meger atam möwritinde bolaýsa gerek. Özüne göwni ýetýän iki sany dähenek pyýada gabatlaşmazmy dagyň depesinde.

— Asly ýerligim, meň-ä türkmen bolmaly, halypa.

— Menem gelip çykyşym boýunça gazak kabylasyndan.

— Bä, ond-a ikimiz damarynda gany bir, jigerinde jany bir, depreninde üýni bir, togap eden dini bir, kenderikde uny bir syprasynda nany bir, almaşanda dony bir, düýp düwünji hany bir, berkendeli käni bir, dogan ekenig-ow.

— Dagy näme?! Ozalybetinde Aýyl handyr, Süleýman han atly atalammyzyň arkajygy çatyk eken-ä, eneden doglanda.

— Rast şonyň. Ýöne kim näme diýse-de, olaň arasyna gylyja girmändir. Salyhy enemiz göwsünden süýt sagşyna, eli bile süýkeý-süýkeý ahyry azarsyz aýran ekizleri bir-birinden. Ana, şeýdibem, olar ösüp-örňeýär. Köpelip köl, ulalyp il bolýar.

— Haý, berekella, aklyňdan aýlanaýynym-a!

— Berekelladyram-a welin, aýtsana sen kimlerdendigiňi? Ine, men-ä, aňrym ata türkmenlerinden. Özümem Gözli-Hasan ataň dözmezi. Olam näme boljagy-geljegi bilýän weli taraşlaň kowmundan.

— Men bolsa şol Gözli ataň gaýyny Janybegiň damar ugry.

— Gör, ahyry! Onda sen meň gazak gelnejem Aksuluwyň jigisi bolýaň-da.

— Bardyň üstünden. Hakykatdanam, Aksuluw siňlim meň. Onsoňam, ýene bir zat. Sen Hasan ataňy gözli ata diýip, tüweleme ýerde-gökde goýanoklar. Oňa sözüm ýok. Ýöne meň Aksuluw uýamam bihal bilmän. Onuň halatlylyk jähtinem peslär ýaly däldir hiç kimkiden.

— Ynanýan onyň-a. Onsoňam «Deň etmän, duş etmez, göz etmän, gaş etmez» diýen çenem bar-a, öňkülemmizde.

Ine, bular, şeýdip hoşlassalaram, sered-ä! «Tamda gulak bar» diýleni. Hälki gürrüň tüweleýli terse towlanma bile ýetmezmi Aksuluw enedir Gözli ata.

Edil şo günlerem, Aksuluw ene şirbürünç bişirişine, ýaşulysynyň süýtliaşyna atyp berýär ekeni-dä, esliräk sary ýagy.

Ine, bir gezegem ol «Seň Hasan ataň sokurmy-gözli?» diýip, ýeleden-ykdan çekeleme kemini goýanoklar.

«Dogrudanam, atasynyň halatlylygy henizem öňki terzimikä?» diýen ala gümmüldili hyýala atlanýar. Soňam seçelenip ýatan kümüş kysmy saryýagy naharyň aşagyna salşyna, ysy burk urup duran tabany süýşürmezmi adamsynyň öňüne.

— Aý, enesi! Näme saryýagy goýmansyň-la, bün tagamyň üstüne?

— Wiý, sen gözlüsiň-ä atasy! Şoň üçüribem, görüber-dä, özüň ony nirde ýerläpdigimi?

— Ýa, senem-ä, enesi! Beýdip, gowurly gürrüňe guk berip, birek birege syn-deramata goýman, ýöräbermeli, Taňry Tagalla tagatly öňki ýodamyz bile. Şonda biziň halatlylygymyzam bor, ul-ulusa nepagamyzaäm.

## MEŇKINI SIL APARDY

Çoluk akgamdan

— Durdy atam! Sizem-ä, güýji Soltan Hüpbi akgamyňky ýalyrak adam. Gulagyma degşine görä, dagyň gowagyna girip, goşgy barynam goşupsyňyz. Hany

o şygyrlaňňyz. Aslyýetinde, siz öz atalammyzyň geçen ugry bolan meşhur Magtymguly Pyragy bilenem ýüzbe-ýüz aýdyşan ekeniňiz.

— Dogrudyr şonyňyz.

— Dogry bolsa, onda hany siziň goş gulaňňyzyň diwany?

— Wah, jan ini! Özüm Öwlat ýaýlasynda bolsamam, täleýim tersinräk geldi meň. Şoň üçinem men goşgulammy ýol apardy, sil apardy. Magtymgulyňkyny bolsa il apardy.

## «ALDA» DIÝDIGIM

— Oglum! Men ýadap geldim. Sen ýabymy daňdajyk, gözüni satyp durmaz ýaly, aladasyna ony.

— Bor, däde! — diýen ýetginjek ýabyny ýerinde iltişine, oň ýüz-gözünden sypalap, ellerini her neneň kelemenletse-de, eger-eger. Janaweriň şol bir sortduryp durşy.

— Däde! Doňsamam, men-ä, munymy aldamaň takadasyny tapýan däldirin.

— Wah, tüptaw dürtmäm! «Alda» diýsemem, «Oň gaşynda gözbagçylyk gaýyrman, iým berip, göwnüni gör» diýdim ahyryn.

## ÝÜKÜŇI TERSIN TAÝLAP...

— Be, halypa, saňa-da beren ekenler-ow, bu serpaýdan?

— Mundan, sakgaldaş, saglyk bolsa, saňa-da ýetirer, paýyňy.

— Ýok, maňa muň gasrasynam görkezmezler.

— Ony diýme, türkmen kyrk ýylky öýkäňi bir günde ýazýandyr. Eger sen ol saryňy garaňka balap «Garyndaşym gara gazanym, doganym doly çuwanym» etmän, il-ulus üçin çalganaklasaň, onda ýasy ýanyň ýerde bolsun. Bu serpaýyň özem seni tapyp, arkaňa ýapylar.

— Ýa, senem-ä, aýtdym-a, ýaňy! Onuň meň golaýymdanam geçirmezler diýip.

— Onda, sen ýüküňi tersin paýlap, götin ýöreýänsiň-dä. Ýogsa, halka bagyşlanan halal hyzmat ýerde ýatmal-a däl.

## TALLYMERJEN, ELEK GETIR-U!

Atam eýýamyndanam has öňräk bolaýsa gerek. Ine, eli işe gelşip barýan bir kyblaroý ussa. Şägirtler känini kelte türkmen ýaly edişine, başlaýa-da, guýy gazyp.

Ozalky guýularyny aňyrsy dört-bäş aýda jüňňürdili suwa ýetiräýenem bolsa, bu gezek gör-ä! Edil pir dogasy siňen ýaly. Ýyl ýüzi gözlerine gurt düşen dek, gyrdahyl. Onda-da sanjak kibi halypa şeýtana guk berip, birata boljaklardan däl. Şol bir ýelkildäp ýörişi, çöwürmesini tagaläp.

Hawa, onsoň bir sähetli günem bar-a. Ýüz elli gulaja golaýlan guýa giren ussa, ugramazmy samra torba gum gapbaryp. Edil şo halatam, aýagynyň aşagy tegelenip hopagetdin, seretse, eý-ho!!!

Onuň gaza-gaza depesini deşen ýeriniň teýini bir görseňizläň! Olam edil bu ýagty ýalançymyz ýaly. Üst-ä, açyk asmanly. Aşagam duzdur dagly, Güni çogly, Gara bagly. Mally hally. Egrem ýolly. Küren illi.

Ana-ana, gör-ä! Keltepaýçarak gybyrdyly adam-garalaram ýör-dä, loňkuldaşyp. Otyrýerleriniň ýokary ýandan ýalpyldyly ýaglyk guşanyşlaryna.

Şol mahalam bir oral aýalyň:

— Aýuw-w! Tallymerjen-u! Elek getir-ä?! — diýen sesi gulagyna çala ilteşen ussa çykmazmy hikmetli guýusyndan.

Şeýdibem, «Asyl, aýagymyzyň aşagy Tallymerjenleň mülkdür mekany eken-ow!» diýlibem.

Gyzyl gumuň (sandyklyň) günorta gapdalyndaky bir sahawatly künjege galmazmy tallymerjen ady.

## KÄTE KÄDÄ-DE SAGAÝARLAR

Hawal-la, gelin-gyzlaram hil-hil. Olaň biri mürewwetli mamalara meňzänsoň, edil ýonulyp ýasalan ýaly. Maňyzly-meňzeşikli. Kelç-külçi ýok. Adamsynada ötmez igesini däl-de, mahmal tarapyny öwir.

Haçan görseň, tigirlenip ýörendir, öz aladajygy bile «Bakysy-ýakysy daş-töweregi bolansoň, öý-öwzaryny gördügiňem, düzüwleniber köşäň.

Beýlekisi welin, dogumyna bäs gelibilmän, ýylan ýasaw darsdabanlyga ýetensoň, sen bir zat diýdigiňem, dilini-başyny çeýnäp, bäş dodaklyga barar welin, nädersiň, gaçyp gitmäge uwnaýsaň.

Iş edende alyp ýolupň barsa-da, birhili deri aşyny içen ýaly. Niçikmi görnümmeräk erkek göbeklä nazary kaklyşdyg-a, bar onsoň. Albadaňňylyk tapyp, el-aýagyny ýitirişine, barha tüýserlenme bilendir.

Ir eýýbam eden işi nusgalyk, geplän gepi güwälik sahawatly bir ýaşulyň alagöşräk ogluna duşmazmyn şo ýasawrak gelin. Goja kişem, näme, sepini bildirjeklerden däl. Süňk sypaýçylygyny edip, hälki gantarma gaşly maşgalaň daşyny dolaýşyna. Ýöne «Ununda boilsa, urbalygynda dadar» diýenleri-dä.

Ine, bir günem geçi gaçyp oturan o gelniň gabadyndan geçip gitmazmi üç-dört sany gyzyl eňek jahyl. Ana, şonda hälki bedibagt birden-bire gäwüşini iýp ters çalyp, özüni ýitirýär. Asyl, ber-başagaý, olaň yzyndan boýnuny süýndürip, sagýan süýdüniň tersin çüwdürilme bile nireleri tozudýanlygyndanam habarsyz.

Şonda kiçi sakgalyny dişläp gaýyny görgüli:

— Wah, gelnim jan! Käte kädä-de sagaýarlar ahyryn, beýdip bendiwan bolup geçene aňalman — diýip, başyny ýaýkamazmy.

## ÖZÜNE HÜPIÝE SAKLASA-DA...

— Siziň içiňizde, haýsyňyz pirlige mynasyp, molla beçeler?

— Tagsyr! Şo pirlige Kerim jan laýykatly, häli-häzir-ä.

— Sen ylym tarazynda tarap goblüçiň däl-de, hirrewtsiz halal hakykatyň ýatlamalydygyny ýatdan çykaran dag-a dälsiň-dä, ýagşy ýigit?

—Hakydamda saklamsoň aýdýan-da «Pirlige mynasyp diňe şol Kerim jan» diýip.

— Sen «Kerim jan» diýýäniň, ho emedekläp ýören Kerim jan dag-a däldir-dä?

— Biziň-ä, emedekläp ýören Kerim janymyz ýokdur, halypa!

— Onda, hany, zähmet görme-de, şu gapyny aç.

— Bor, tagsyr — diýen kişi tark edip işigi itse, hälki Kerim jan gelmezmi, gözgülban bolşuna emedekläp.

— Gördüňizmi? Hergiz oýlanyp geplegin. Halatdyr hikmetiň bolsa-da. Onsoňam Pirlige donuňy başyna bürenip, tagam çekişine, ýagyş ýagdyryp bilýän Ýahýa (pir) jan mynasyba, ýaşlygyndan özüni, hüpiýe saklasa-da.

## TEKEJIDIR BEGARSLAN...ÝERINDEKÄ

Hatyraly Hemdemim Hemra Ýusuba.

— O-how, janym agam, essalawmaleýkim!

— Gurgunmysyň, gumly garyndaş! Nähili halaýyk mytdapyk, il-ulus mamurlykmy?

— Şükür, janym agam! Tüweleme tükelçilik biziňkilerem. Ýöne garabysurdaklyk gysby gelenmsoň:

Ilerde bir agaç bar, köki uzyn
Tejeniň gawunynyň kaky uzyn,
Huýaýym bir ogul bersin, beki uzyn
Muhammet Mustapa, ýaramezan. —

— ýatlap, bärik gaýdyberendiris. Size weýran dilegini salyň, az-owlak arpa-bugdaý tamakinçiligi bile, «Nirdesiň Tejen?» diýip.

— «Gelen döwletdir» gumly garyndaş. Aslyýetinde, beter balasy ýalňyz agajy ýeliň ýykýandygyny ýadyndan çykarman birek-birege goldamaly. Birek-birege daýanmaly. Birek-birtege söýenmeli. Birek-biregiň eý gününe guwanmaly. Şatlygyna şärik bolup begenmeli. Hawa, hawa gumly garyndaş. Adamlar bir-birini edil nanyň owuntygy, gözüň garasy, üzümiň dänesi ýaly apalamaly.

Ana, şoň üçinem, gapdygymyzdan bitiris möhümüňizi.

— Aý, saglanlar bola, janym agam!

— Onsoň, bi, gumly garyndaş ozalybetinde, oturym ýeriňiz nirdedir-ä, siziň?

— Gazanjygyň gaýra gapdalyndsaky tekejik dagy bar-a. Ana, biz şo jelegaýlardan janym agam.

— Onda sen-ä, ýashadyr Burgun, Dikjedir, Kelje ýaly ýerlerede beletsiň?

— Diňe bir olarý däl, Degarslandyr, Gökdepede biziň şygrymyzyň çäginde, janym agam.

— Eger şeýle bolsa, siziň etraplardan üstünden dört ýüz ýyl çemesi geçiberen, bir gadymy gonamçylygam-a bolmaly. Oň gonambaşysynyň baş ujundaky dikme daşda-da öte geçmäýin-ä welin «Biz salyr-saryk, bizi gyran galmyk»

— Dogry şonyň, jan agam! Men birki öwrä düýnäbem ýatdym, şo gerçek öwülýäni, hemaýat edendir-dä. Hantama bolşuma.

Hawa-la, siziň o ýerleriňiz ir eýýäm öten könekilemmiziň küren-kendi. Özäm eý göreni eşret çeşmesi. Birküç öwrä duz-çörek nesibäm çekensoň bilýändä, gyr-gytyzrak o taýlary.

— Baý-ba! Sen soramagyn. Biziň töwerekleň taý tapylmaz jennetdigine jan agam! Ýagar ýagyş. Geler dola. Biter otlar. Ýuwar jala. Onsoň eliňe taýagyňy alşyňa sykylyk çalagetdin, düşüber, musaň mallarynyň yzyna.

— Gumly garyndaş siziň o soramlaňňyzda öňkülemmiziň örän irki düme ekerançylygyna-da dahyl geläýdim öýdýän engan ýerde.

— Hawa, edenli eždatlammyz eklenje orna, güzerana ýarpa diýip, çarwaçylygyň bir gapdalyndan ýylanlyk arpa-bugdaýdyr, gawun-garpyzam goýmadyk bora çemeli.

— Ana, bardyň üstümden ynsan balasynyň nesil bergidarlygy öz ata-babasynyň ýoda-ýörelgesini ýitirmeg-ä däl, eýsem, ony has ökjeýle ilerlemä ýetirmekden ybarat. Eger ol «Iş aňsadyn ýalta taparlyga» salyp, owarrama ursa, owarra gider. Asyl, dessine deregi dargap ugrar.

Şol sebäpli, sizem ulgamly üýşmeleňde göwrümiňize geňeşip, bir çukura tüýkürmeli. Şeýdip, öz najadyňyzy iýmäň birkendeli ýoluna düşen.

Tekejigiň Begarslandyr Gökdäpäň degreleri ýerindek-ä, sähel gaşaň-guşaňa boldumly bugdaýyny bitirýärkä, ony ekin dikmäň tanadasyny tapybilmän ýörmäňiz bolanok. Siziň aslynda mizany mamla çarwa diňe bir maluyny ýere, ýeriň ot çöpüni ýapyşdyrman, özem dört döwüm bolşuna, ygbaryny topraga baglamaly. Pili bile taýagyny deňdeşräk saklyşyna, ýeriň gara gönesini gazamany endiogine girizmeli.

Hawa, hawa, şeýdip, ýatym-ýagdaýyna görä, ýeriň dilini tapyň, oýlanyşyklylyk bile ondan geregini almaly. Şonda ol at münüp atan (agbalanan erkek) goltyşyna, at heläk syrt heläkligede3 ýetmez. Siziň häzirki zir-zöwra bolup ýörşüňiz ýaly aýran diläp okarasynam somlamazmy. Öz göbeginem kesip ugrar, öňünden gaçyşyna.

## GARA ÝERE ÝARAN BOLSAŇ...

— Haý, duraweri, daýhan dogan?!

— O how! Ahun aga! Görsene, meň albadaňňy keleçaýlygymy! Seň bu jelegaýlara düşendigiňdenem habarym ýok-da. Edil böwedim giden ýaly. Ýegdekläp barýan-da, basymjak behişdiň gaspysyndan girjek bolup.

— Panyda okan namazyn, tutan orazam, il-ulusyň derdine ýaran olaň kalbyna beýik Biribara bolan mizemez mähri girizenligim üçin menem uçmahy kylyp iberdiler-dä şu taýy.

— Oň ýaly bolsa dag-a, ahun aga, seň bagtyň getirip, gurduň gündiz seň ýanyňa ýollan perişdeler-ä «Ho bende-de, siziň kabylaňyzdan. Şonam yzyňa tirkäp, geçip gidersiňdä, uçmakda diýdiler maňa.

— Bä, panyda «Ulusy ekleýänem-saklaýanam sen. Barçaň iýýän nanam, giýýän donam seň daban deriňe eýlenen azabyň besse-bessesi. Seň şöwket şanyň ýurdy ýowuz ýagydan dyndaran serkerdäň şöhratyna barabardyr» diýip, mazaly

magtasaňam, gel-gel, saryga-saryga, düýp toýnakdan geçmeli bolanda ýene men yza galyp girmelidä, jennete.

— Gatyrgansaňam, daýhan dogan sargyşlara şo maňa.

— Ahun aga, sargasalaram, sakyrsalaram, yzyňyzdan ýöretjek bolmaz meni — diýen daýhan eginlerine siltenjiren salyp ugran. Edil şo halatam gelmezmi uçma ulamalaryň biri.

— Bo-how! Daýhan aga! Gara ýere ýaran bolup, oňa eýe çykan özüň ýaly berkendeli bekdeleň bary behişdidir. Ol ykaratsyz hakykat. Ýöne maňlaýyňy seždä goýmak üçin keseklerini iki baka süýräp, sapňa atyzyň içinde namaz okamaň tärlerini öwrede-öwrede öňki sogabyň üstüne sogap goşan ynsaby täretli ahun pirlerem öňe düşmese-de, iň bolmanda, seň bile egin deňäp gitmäg-ä mynasypdyr.

## GOŇURSY GARYBAM BOLSA...

— Söýün Hojam aga! Indem meni iberdiler. Siziň yzyňyzdan «Dessine äkel, ýagşyň galagyny. Özäm beýdip, arkan gaýyşyp durmasyn» diýip.

— Ýaňky gelip gide-ne-de, aýtdym-a öz obamda ýogalan şo diýselerem, ilki baryp, ugradyp gaýdyň Garga baýy. Ol mähetdel bolup, saňa galmasyn-a, ýeriň ýurduň bir goňursy garybyndan.

— Beýdibem, kän kekeýletmäň, meni. Aýdylsa-aýdylmasa ýeňsiz-ýansyz öz obadaşymyň sadakasyny ilki sowmal-a men.

— Siz Söýüp Hojam aga Garga baý ýaly depseň yranmaz, döwletli adamy garaşdyryp goýmaň. Ine, öň jynazasyny çykyp, ýola saldygyňyz, esli gök garany düwüp geçe düwüp, ýanynyň päkize hywa dony bile getirip giderler öýüňize.

— Gürrüňi köpeldip, ýürege düşmäň. Oň ýaly ölüp ýatan Garga meň bagymda-da kän. Men-ä, olary gömjegem bolamok. Galyberse-de, «Men jynazasyny çykyp, ataňy atardym» diýip, goltugyny galňaldýan molla-mugtuň, göre bile öz ýagyrnysyny ýalaňaçlaýandygynam bilip goýaýgyn.

## DAŞ BILEN URANY

Öňem özüni ötgeren bir pir şägirtler känini eýerdip, Hanaýy Käbä giden. «Mollabeçelet köpi görsün. Ylma özüni ursun» diýip. Olýerde azap allalykdan gaçman, talyplaryna dünýä derejesinde tälim-terbiýe berip ýörkä-de, gör-ä bi tapylýan zatlary. Oňa awy bermezmiň apaly şägirdiniň biri, bilinmez öýdüp.

Onda-da, nämäň-nämedigin ilik-düwme göz ýetiren pir daş-diş. Asyl, syr bererli däl. Sebäbi «Ýat il. Gulagyny ýapyran ýaly bolup ýörse-de, bar kişi syn-da deramat. Şo zerarlam, itiňkini iki kesitip, çäk-çäklige ýetäýmeli däl. Goýazy gaýratyňa gullyk edişiňe, sepiňi açaýman, merdi-merdana saklamaly özüňi. «Baý ba! bulara» Haç-haç!!! Diýip, suw söküp gelselerem, içlerine ala möý giren ýaly. Biribara gulluk etmeden-ä, elli bizar.

Basybilmez ýagysy biri-biri. Kütüwkeş göhert ýaly» diýdirmän, örän wakybal, uggursyz pugtumal bolmaly.

Ine, şeýle pikirleri serinde saldyrlan piriň gözi garaňkyrap, gar-gar gaýtaryp ugranda, üýşmezmi ähli oglanlary daşyna. Onynça-da eli abtabaly hälki şägirdi gelen.

— Näme, halypa, iýeniň batmajak boldumy ýüregiňe?

— Şeýleräk öýdýän.

— Onda, içäý, ine, ýörite äkelen, şujagaz çeşme suwumdan.

— Bor, jan ini — diýen bir goşhaltasyndaky hikmetli daşyň üstünden suw bakydyp, içe-içe, ölümiň öýünde bäriý bakýar.

Soňam talyplkaryny topy tomaýy bilen yzyna ýollaýar. Özem yra-dara gezişine, bir ýyl alty aýdan obasyna dolanan, tepesini düzedip. Gelşine-de, uly toý tutýar. Sangysyz gazan aşaryşyna. Şonda köpüň gözüniň alynynda, aşyna awy gatan ýylanýasaw şägirdin-ä ýüpek, beýlekilerem garma don bile serpaýlaýar.

— Halypa! Bu nätdigiňiz boldy? Men nä artykmy ilden?

— Hawa! Siz ilden artyk. Sebäp diýseň, ilden saýlanyp, ölmän, aman galdym. Ana, şonuň üçinem, daş bile urany, aş bile uraýyn diýdim-dä.

## MEN-Ä IKI ÝARADÝAN

— Rüstem Zal aga! Siz bir eýe nazar eden kişi. Dagy dargatsaňyzam güýç-gorabaňyzyň egsiljekl gümany ýok. Ýöne aýtsaňyzlaň, aryp-açyp, sizem ýadam-ýorulýaňyzmy käte?

— Hawa, ýadaýan! Heý, ýadamanmy käte?

— Be, siz nirde oň ýaly kyn güne galýaňyz, Rüstem Zal aga?

— Ýanymda bir içýakgyç kejemalah otursa, oň bile düşünişjek, oň bile ugurdaş gopjak bolup, hut iki ýadaýan-da men.

## ÝOK GUÝYŇ OÝUNDA

— Aý, agam! Ugursyz abaýtoş görünýäň welin, bardyr-a, bir küç süri mal-garaň?

— Meňem-ä, jan ini, ýok guýuda iki bölek goýnum-a bolmaly.

— Tüweleme, Tüweleme! Ol-a gaty gowy. Çopanlaňňa kim diýýändirler?

— Aý, olary ogul-gyzsyz bendeleň agtyklary bakyp ýörendir. Atdyr beýlekisinem, näme baraňda sorarsyň-da.

## TAÝAGYŇ DILI BILEN...

— Eje jan, men-ä, ýene geläýendirin, gezmäge bir hepdelik.

— A gyz, sorap bir gaýtdyňmy gaýynlaňdan?

— Enelerin-ä, çalarak bir syzdyrdym welin, oam, aşaky dodagyny dişleýşine, ýaýkaýdy başyny. Şonda-da, ýüregime düwemsoň, ýomlugaýdym-da Zärligine.

— Gyzym, beýdip, atasy öýçi bolup, zygyr-zygyr gaýnap ýörmäňi bes et, indi «Çykan gyz çygdan daşdyr» baran ýeriň bile bolup, oň ody bilen girip, küli bile çyk. At tezegini guratman, adamlaň ýüregine düşseň, hiç kim halamaz. Asyl,

itden beter ýigrenerler. Şoň üçüribem, ýüregiň herneneň atygsap dursa-da. Tagapyl edip, köwlenäýgin seýregräk. Şonda arzyň artar. Ataň öýüň gadyrly grşylap, gaýyn gapdalyňam sarpaňy saklar. Ulagly äkelip, ulaglam äkiderler.

— Be, eje jan, senem, beý diýäýdiň-ow, maňa?!

— Häzirlikçe, gyzym, saňa diýen zadym ýok! Şoň üçüribem, öýe girme-de, dolan yzyňa ýol çalmanka. Ýogsa, ataňa aýdaýyn. Onsoň ol iniňi-boýuňy des-deň edişiňe, meň şo diýmeli sözümi taýagyň dili bilen düşündir saňa

SAKGALYMDAN UTANDYM-DA...

Öňkülemmiziň:

Nowruzdan soň
Gyş bolmaz.
Mizandan soň,
Ýaz.
Ülker dogdy
Tomus
Ýaşdy
Gyş.
Ülker dessäň
Astynda ýatmaz.
Ülkerli aýyň
Ýary gyş.
Ýaldyragyň ýangyny,
Üçýyldyzyň galgyny.
Mizan çalyp,
Hazan uran.
Mizandan soň
Hazan.
Hazandan soň
Tozan.
Mizanda urmasam,
Hazanda uraryn.
Hazanda urmasam,
Akrapda uraryn.
Akrapda urmasam,
Ahyratda-da urman —

— ýaly aýtgylarynda ýylyň pasyl üýtgeşmelerine belli bir häsiýetlendirme berilýänem bolsa, «Aýdylmadyk zat ýok-da, eşidilmedik zat bar» diýleni.

Entek-entekler biziň mekga ýaly gojalaň, gonambaşy edäýmeli ejeleň huş humundan alyp, il emlägine öwürmeli milli miras nemunalarymyz, meger, müňlerçe. Onuň, hakykatdanam hem, şeýledigine Edrek Atajandyr Durdy Nepes, Öwez Şalardyr, Hommat Atda, Ýaýlym Şükürylladyr Gul Jumuk kibi göwni gorly danyşmentler bile gürleşeňde ýene bir öwrä göz ýetirýärsiň. Olar ilki nowruzdyr

ülker, aralykdyr üç ýyldyz, ýaldyrakdyr mizan, akrapdyr garagyş hakda ähli jikme-jikligi bilen söz açdy.

Soňam uly çilläň kiçi çillä «Inim, sary (ýagny saryja gyş hasaplap)! Men-ä, uly diýensoňlar, sakgalymdan utandym. Ýöne, sen saknyk-tutnuk heleýde hamyrturşy, gara goýunda guýruk, gomly gyzyl erkekde örkünç goýmaweri» diýip, sokurandygyny ýatlady.

Ana, şol saryja gyşdan, ýagny, kiçi çilleden soň, çarwa hasabyna syn atýan aksakgallaň salgyna görä, sazak ýaran. Çünki o günleň çapgynly ýelleri aýazly yrandyrmasy arkaly sazaklary-ojarlara ýaryp, olary pyntyklamaga alyp barypdyr.

Ondan soň bolsa, daz zarkeliň gaýy. Şol dşöwürdäki sowuklyk onuň ýumurtgasyny ýaryp, onuň jüýjelerine jümle-jahany jykladyp ugrar ekeni.

Sarahsly Weli Taraş Çoluk akga Gurban ogly bolsa, uludyr kiçi çilläň hersinden bäş gün alyp, on güne çekýän düwleniň (týuleniň) gaýynyň bardygynam belledi. Onuň aldajy aňzagynda doglan düwleniň, dessine, ers-mersligiň ýoluna düýşärdiginem nygtady.

Özüne-de, indi şeýle gaýraly ekedi-nokady bile alyklap biljek, ýyldyza ýaran bolşuna, gar ýassanan ýaşulylaň saýpal tapyberendigini tekrarlady. Şeýle-de bolsa, uzagyndan has anygyna aralaşylar, tamakinçiligi bile ýene käbir zatlar babatynda söz açmakçy.

Dazzarkeliň gaýynyň yz ýanyndan nowruz gelip, dumly-duşuň läle reýhana gaplanýar. Çisňili asmandan bähra tapan derýalar sypanyp akyşyna, adamlarda umyt uçgunyny oýarýar. Nowruzyň jylawy gowşap, gylawy ýatyp-ýatmanka-da, ikatýok ýüzüňi görkezer. Onsoň tä ikatýogyň-hüýpünigiň sesi galynça, sanjy ber-taşlaber ýere gawundyr beýlekiň tohumyny.

Ýöne kädini bar ekinden ir ekip, gün gyzmanka telpegini tegeledip, gol gerdirmelidiginem ýatdan çykarmagyn. Ýogsa onuň epgekli yssa paraman, egnini gysaýmagy gaty ähtimaldyr.

Gojalar, howa öwzaýyny bozan halatynda, hüýrünigiň hindir beýlekä gidip, mydar edýändigini nikartlap, şol ugurlarda geçi guşuň hem öz gaýy bile malyň ugraýandygynyň söhbetini yzladylar.

Oraz akga Muhammet ogly bolsa, geçi guşuň pysyrdysynyň çyn daýhanyň göwnüne ganatlanmalar girizip, berekediň berkendegi dünýäsine düşürýändiginiň gürrüňini berdi. Geçiguşyň durkunyň çalaja ganatlarynyň ujunyň garajadygy belläp, onuň tersine goýunguşuň göwresiniň saryjadygyny düşündirdi. Soň bolsa, keýik garamygy ger. Görsem howa garamyklan, jybarly gisňeme bile ussa pürküşini etmäge taýynlanyp durandyr. Ana, şol çyglamykly günlerem, şahyr şepäm Guldurdy janyň gulagyma guýşy ýaly, keýikleň döli düşüp, olar owlagyny eýerdip ugrady. Şeýle-de, şo pillerem keýikokaralar ese-boýa galyp keýik garamygynyň terigen şahalarynyň has heserlenendiginde nazaryň eglener.

Ondan soň, howa howurlanyp bir hili töweregiňi garanjaklyşyňa, kölge küýsäp ugrarsyň welin, gör-ä! Birden-bire baglar şuwwuldyly helewleme bile alabadaňlylyk garyşyna, büklümli bulutlara gol bular. Onynça-da pat-put edip başlan ýagyş damjalary güreler-de, egniňi gysanyňy duýman galarsyň. Şonda moýsenitler. Oglanlar bu ýolbarsyň gatydyr. O janawer «Eý, Hudaýa bar, Hudaýyň. Men güjüklämde howa çakdan aşa yssy bolýa-da, çagajyklarymyň emen

süýdi içinde uýagetdin, olar, deýebidir Allam, maňa-da bir kite kakuw gaýja gaz ber. Örgençegim aýaklanyp, olary yzyna tirkärim ýaly diýşine, şirinden-şeker peýrswesine tutup ugrar.

Hawa, gojalaň datly dünýäsine düşüp, «Bermez Taňrydan girmez awçy alar» ýörelgesine ten berdiňmi? Onda sen işiň oňdygy «Dama-dama köl bolşuna, sen milli mirasa dahylly jemläp materiýallaryň, dessine, süreklikden sürülige aralaşar» «Süri agsaksyz bolmaz» diýlişi ýaly olaryň hemmesi hoz kibi şatylaň durmasa-da, özüňi saklap ýörme-de haýdaşlaber.

Sebäbi soňky ösdürimler onuň üstüni boluşyna, bitmezini bitir, asyrlara ýetir ahynym.

## «INDEGSIZ GANATLYKDA»

köpi gören gojalaň gep salgyna görä, ýogalanyň üçi sowlynça, bütin oba ýasda bolýar. Şoňa çenli «Gözmez arkasy güýçlülige» salyp, aýdym aýtdyryp, taňňy-taňňuly toý tutmak, il-günüňi sylamaň eşşeklik etdigiň ýatdan çykaryp. «Ody özüňe bas, ötmese kesekä» diýen aýtgyny unuitdygyň.

Merhumyň ýedisine çenli onuň goňşy-golamlary ýasdy. Olar işikde ägele gurap, üýşüp oturyşyna, öter-giderdir emril-magrupdyr söz açyp gelen-gideniň öňünde durdumy? Ol sarpa saklaamaň, bimöçber bahaly sylaşygyň alamaty. Küren-kendiň, asyl, uly iliň abraýy.

Gaýdyş edeniň kyrkynyň birildigi, onuň ogul-gyzynyň ýasdan çykdygy. Ýyly ötüp, sadakasynyň sowuldygy bolsa, ýanýoldaşynyň efganly günleriniň geçip, gara çeýmeli matamynyň soňlandygy.

Hawa, ýas bir «Indegsiz gopaklyk» Oňa  üçi geçinçä, idelmeseňem barmaly. Aýat-töwir edip, görnüp gaýtmaly, ýasyma gelmedik ýagym» diýen ýörelgeden ugur alşyňa. Soň bolsa, degerli hoslar  hökmünde, ýas düşeginde ýeriň gädilip durmasa, öz aladaň bile gydyrdanybermeli.

Özüne-de, ýasa baranlar, öň-ä, aradan çykanyň tä ýidisini sowynçalar, elleşip görşüp hal-ýagdaý seraşmaz ekenler. «Biz bu taýyk matama ýygnanadyg-a» diýip. Indi bolsa, ýas ýygynçagynda ýaý berip oturanlar bile elleşip çykmak edähede öwrüliberdi. «Hany bir al-da, gaýdyber» diýmeseler ilki ýagşyň galany, yzyndanam, ýerli mollalar bile  görşüp, sagdan çepe aýlanşyňa, ahyry, baryp bir ýerde otursyň, çöke düşüp.

Çöke düşüp oturmak, diňe ýas ýeriň edähedi. Biriniň öýüne baraňda ýa toý-romguda ýas ýasawlyga geçip, çöküňe düşüp otursaň, göwünlerine alaýmaklary mümkin. Ana, şonam ýeriň giňinde bilip goýan ýagşy.

Ýeke duz oturma bolsa,  könelemmiziň iň oňlan usuly. Çünki onda adam islendik pursatda gaýym galmaga taýýar hala ýetirilgi. Asyl, diňe bir gaýym-galjaňlar däl, üns eden bolmasaň, jyns atlar hem, «Nä wagt, nä zamana» diýýän ýaly, mydama dik aýagyň üstünde, eýesi  haçan «Ýör-hä-ýör» etse, gerşine keserdip durandyr.

«Aýbogdaş gurma» diýibem bir oturyşymyz bardyr. Emma ol seniňmi begellenip barlanok. Eger sen hil-hylsyrap, aýbogdaş gurşuňa, abaýtyşsyrap oturan bolsaň «Hany-how! Ini batyr! Ili açlykdan çykaryp, ýagydan goramadyk, bolsaň,

senem, köpüň iri, kölüň suwy boldajyk, ýeke dyzlyga geç» diýäýmekleri gaty ahmaldyr.

Kinde-kim iki dyzyna dikeldipm syrtyny ýerde goýup oturan bolsa, on-a hijem halamazlar. «Beýdip, it oturyşyny etmäweri, jan hanym!» diýip, dessine, duýdyrlar, sypaýyçylyk bile.

Şeýle-de, elleň barmaklaryny bir-biriniň içinden geçirtişiňe, çalşandyryp oturanam o diýen makullap barýan däldir öňkülemmiz.

Hawa-la, eždatlammyz uçursyz dana! Olar nämeň dürs, nämäň terezidigini tylla terezide telläp, gelip gidipdir-dä, iň bir oňyn çözgütlere. Şol mynasybetlem, bize könelemmiziň ýörelgesine eýerip, olaryň şan-şöhradyny has ilerledibermek galýar.

## HAMYRY TÜÝNÜK ÝÜPDEN ASYP...

Soňky ýigrimi ýyllykda maňa Türkmen aganyň terbiýetli taryhyna dahylly alty ýüze ýakyn rowaýaty jemläp, serhan suwuny berşime, olary hakyky hyrydarlaryna ýetirmek bagty miýesser etdi. Olaryň bir bölegi Göroglydyr Keýmir kör! Nedir şadyr Baýramaly han, Azadydyr Pyragy, Keminedir Molanepes, seýdidir Zelili, Mätäjidir Gymmat gyz, Ussa Käsindir Uzan ene, Ýazguly Halypadyr Molla Töre Ahun, Ýahýa pirdir Ak işan, Gyjak gyrykdyr Hojamberdi Kesik, Garaýüzdir Hallypar, Nurberdidir Güljemal han, Gowşut handyr, Ussa Haýty ýaly şanly sahslara degişli bolsa, başga bir toplumynda ýagyrnyçydyr ýuwhalar, gara garnyndyr aýuwlar, görkendir Gulak ata babatynda söz açylýar.

Ine, bir gün bolsa, öz obadaşym, çyn çopan Oraz akgamdan eşiden günler galaýmaly gürüňlemmiň käbiriniň beýanyny bermekçi.

— Sen, Ümür inin, mydama gözlegdäki adam. Asyl, obaňa myhman, sumkaňa süýräp. Şonda-da, ýadadym ýoruldymyň, dynuw-daýanaryň, gaty görme welin, doýdum-doldumly jan ýok. Meň goýun hakda saňa aýdyp beren zatlammyň özem-ä, ýassyk ýaly kitap boljak, hötdesinden gelibilseň.

Häzirem bir zaman eşitsemem, heniz niç ýerde dil ýarmaga milt edip bilmedik ýok-ýarym zatlammy aýdyp bereýin. Dogry «Bulara «Öte eşiden öý ýykar, çala eşiden çatma» edip, aýazyna gelenini urup otyr-ow» diýip, ikimize tene taýakly topuljaklaram tapylar. Ýöne her halam bolsa, biz, töwekgelçilige salyp «Ýatyp galndan, atyp gal» etmeli. Goý, soňkular säwliklerimizi düzedip, has takyky ilerlemelere ýetibersin. Oňa wahymyz ýok.

Ir eýýäm bir garry aýal müňedekli gara öýde hamyr edip otyr ekeni. Şonda birden-bire ony daşynda arwahlar pelesaň kakýan ýaly, howsala basmalarlap ugramzmy. «Be, bu nämäň alamatyka?» Hemişe beýle bolanokdy-la» diýip, diňşirgense, gözüniň öňünde gara kölgeler gaýmalap. Hany, sen, ho, otagymy tüýdük ýüpden özüňi assana?! Saňa hoşroý, has hikmetli jana-janlaň garaşýar-a?’ diýşine, alyp barýar asyl, gyssap.

Şonda ol aýal «Bor, balalam., oň ýaly bolsa, siz azaajyk tagapyl ediň. Men şu töwrekdäki üzlem-saplam aladalammy siltemdirinçäm, özüme derek, ýugrumy ýeten hamyry asaýaýyn bu tüýnük ýüpden» dibýip, daşary çykýar.

Esli wagtdan «Be, ojagaz tokgalanjam almadymyka?» diýip, ortarada asyl-asyl bolup duran tebse çapagyna ýapyşsa, eý-ho!!! Öňki mesge mysally hamyry lagta-lagta gara gana öwrüläýse nätjek!

— Bu rowaýatyň üçin, sag bol, Oraz akga! Was-wasaly gepbasma ugrap, özüni heläkläsi gelýän käbir görgüsi ýeserleň dogan-garyndaşlary bar-a. Ana, şolar bujagaz hekaýatyňy hakydasynda saklasa. Ýeri gelnede-de, hawa, hawa, ýeri gelende-de, ony örtenmäň ölümli girdabyna düşüp, ot-elek bolup ugran dözmeziniň aňyna ýetirse, eýdip-beýdip, biz, gör, nähili nepagalar gazanardyk, janym agam!

— Oň ýaly bolsa, ýene käbir zatlaň kökenini sökläýin, Ümür inin. Bu berjek gürrüňimi bolsa meň Murgaply guşlaryň goýnuny bakýakam eşitdim çölde guýuň oýunda puhara surraý bir pahyrym adamdan.

Olaň obasynda birden bire ölýän adamlaň sany göz-görtele artyp, agyl, yzy kesilmese nädersiň. Biriniň-ä üçi. Beýlekisiniňem ýedisi. Olary sowup-sowmankaňam, eýýäm ýene bir çäge geçirilip, barmagy çatylanyň janazasyny okap, göl;egçisini ugradaýmalysyň. Ine, şeýde-şeýde bez boolanlaň iki sanagy ahyry bir aýran-jöwrene salmazmy salany.

— Bo-how! Agalar, oň ýaly bolsa, siziň öwülýäňizde, ölüp göründe dik oturan bardyr. Özem bir ujuny agzyna alşyna, kepenini çeýnäýendir aldygyna, gözüni ligirdedip. Ol şeýdip, tä daşyndaky çeýimligini gäwşäp gutarynça, ýanyna ýoldaş dartmagyny goýmaz. Siz bilmeseňizem, ol güne bir täleý ters gelip, erte öljegiň düýşüme giryändir. Eline bir kesemen nan berip, yzyna düşürişine.

— Munça bolanyna görä, dogan, göründe dik oturan o meýdi yranannyň nädip, soň aşyny biýmelidigiňem tährini tapyp beräýseňiz?

— Oň üçin posly gyr at tapyň. Onam aýsyz garaňky gijede, gonamçylygyňyzdaky gabyrlaň o myrryh bar bolsa, hälki bedew zagyrdaklap çarnaýa gaşyna, böküp bilmez, oň tümmeginiň üstünden. Ana, onsoň, şo gubury agtaryp, dişini döwşüňize, kepenini agzyndan alyň hälkiň yzyndanam ony kellesini darka ýaryp, beýnisini pytradyşyňyza, gaýtadan jaýlaň.

Ine, şeýdenje günüňiziň ertesem, obaňyzdaky ölüm-ýitimleň arasy kesiler. Ýogsa ol gäbiňizi azdyryp, baryňyzy dagdy eder.

— Aý, agam! Ömrüň uzap, gursagyňa ak tüý bitsin — diýen pyýadalany edip, dessine, obasyny sowulmaz tatamdan gutarmazmy.

— Oraz akga baba-kelanlammyz hannas husatlygydyr bahyl bitini iýmeligi zerarly, ölensoňam göri tütäp, obasyny ýas elem-çetrekligine ýetirýän göwni gara göribe könelemmiz görken diýar ekeni. Kakaly dözmezim Ahmet Halmyratdan diňlän çürrüňim esasynda ol bir mokalajygam ýazypdym alty-ýedi ýyllykda.

— Ine, Ümür ini, bu ýatlajak ahwalatymy bolsa, 1920-nji ýylda doglan, maljanly aşnam Oraz Sopy gürrüň beripdi.

Bir ýola olar gartaşan merhuny ýerläp, ugramazmy turup. Gölkegçilerem, näme, bilşiň ýaly, gaty-gaty ýöräp gaýtmak bile. Onynça-da bir gürpüldi çykan ýaly bolýa-da, gaňrylyp seretseler, sör sene, how, bu bolýan zatlary! Ýaňky, jaýlan kişileri çalam-çaş bolup ýatyr-da, ho beýlede.

Bo-how! Ata-baba asyl, ölme-duma görülmedik zat. Hany, tam-da jogabyny! Ene ýeriň iň adyl närsedir welin, gör-ä, oňam götermän, bu pelidi göründen zyňyp goýberişini» diýen pikire gaplanan ähli ghölegçi dyna egele

gurasa-da, wah-wah-eý! Öli görgüli göz-gülban halda ýatyr-da läw-läş bolup. Ýöne mazara bolan zat ýok, ýekeje-de. Pilsap sokaýmaly deşikden başga.

Onsoň näme, bulanyp urlan ýaly bolan jemagat ahyry ýüzlenmezmi öwülýäniň müjewürine.

— Baradyrlar, bu bolýan zatdyr ozalybetinde-de. Şoň üçinem, bu bendäň ilen-çalanlary eşek tezek çöpläp gelsin, etegini dolduryp.

Çalawuntly oglanlaram, onynça, haýdaşlap, göri agtarsyn — diýen şyh sähel-salymda ölüni öňküsi ýaly, ýygnaşykly ýagdaýa ýetirýär. Oňa çenli köpçülgem jaýy taýynlan, ele-ele berip, tem-täs edişine.

— Indem, şol ýeşek tezekleri elin owradyp äberiň maňa. Şeýdip, olary ilki üçki öýüň düýbüne ýazyp çykaýyn. Gördüňizmi? Öz-özi bolup barýandyr. Hany, indem, köplägetdin, ony ornaşdyralyň, ýüzüni demir gazyga bakdyryp. Soňam köpeniniň ýekeje-de görünýän ýerini goýman, üstüne owradylan eşek tezegi sepip çykarys welin, bu görgüli gymyldamazam.

Eger muň eden etmişi eşek tezek örteden çökder gelip, ýene şeýle kowma tagmaly ýagdaý gaýtalandymy? Onda hernäçe gynansagam, bu işigaýdanyň garnyndan gazyk kakyp, ýamaşgandan gömmeli borus — diýen şyh uly ili bile estapurulla çekişine, süllelebaý derlişine, hälki bagtygarany ýerledipdir-dä, öňküsi ýaly.

Hawa, mährem doganlar, il taryhylygy gorly gazna. Özem ol başyňy ýaýkap diň salaýmaly uçursyz kän täsinlikleri gursagynda göterýär. Ýöne olary gep-gürrüňinden gaçman, töwekgelçilige salagetdin, talapkär okyjylara ýetirmeli.

Şeýdibem, ýetmezini ýetirip, üstüni doluşymyza olary kemin-keminden il hakydasynyň kanuny ýapyşalgasyna öwürmeli. Onuň, hakykatdanam, şeýle boljagyna, özüm-ä, belaý-kelaý ynanýaryn. Çünki «Görülmedik illerden eşidilmedik gep çyka-çyka» bu dünýämiziň eriş-argaçlygy barha baýlaşýar ahyryn.

## WAH!!! NENEŇLER EDIP SAÝLAÝYN.

Magtymguly agamyň «Dostlar-a, dostum meniň, jandan şirin söýgülidir» diýşi ýaly, köňli kesapatsyz hemdemlemden aýlanaýyn. Olaň biri meni bagjygyna baglap, esengula eltse, beýlekisi, Bötendaga gyrmaşdyrdy. Biri sanyndan aslyşdyryp Çarşaňňydan çykarsa, beýlekisi Awlamyşdyr Tüwere ýetirdi. Ärsary babaň gyryna çykaryp, Gözli atyny görkezdi.

Ine, bu gün bolsa, dözmez dostum Amanmuhammet Nepes meni Çaljaburkazdyr Mollakörüň deňinden geçirişine Ata obasyna aralaşdyrdy. Şeýdibem, biz Sarahs sebtiniň iň suhnagöý gojasy Çoluk akga Guirban oglunyň myhmany bolduk.

Çoluk akga aýtjagy agzyna gelip barýan adyl aksakgal. Biz ondan halkymyzyň gowgaly geçmişiniň gamly parçasy bolan Ýomytgyrlanyň ganly taryhyny ýazga geçirdik. Ol şonda (1932) «Ýolda-yzda gaçyp galaýmasyn» diýip, düýäň üstündäki ýürekde daňyp goýlan ýedi ýaşly oglanjyk ekekni.

Indi bolsa, ol çekgelerine çal sepen «Bo-how, Ümür jan, indi biziň barmaly şährimiziň yşyklary görnüp ugrady» diýýän, süňňi göw ýaly galdaw goja. «Ynsan balasy diňe işläp iýmelidir, onuň başga dogasy bolmaz» diýen ýörelgä bagryny

badaşdyran halal hon kişi. Garynja gydyrdanmasy bile el degirmeni ýaly hojalygyny dokuzy düzüwlige ýetirip, etdir gögi, miwedir agy bile özüni bel-telki üpjünläbilýän bir jandurmaz jepakeş. Onda-da, göreldesini götermeli jepakeş.

Galyberse-de, Çoluk akgaň süňňüňe siňip barýan saryýag kysmy gürrüňlerini diýsene! Olary diňlände, «Eger Çoluk akgaň ähli bilýänlerini ýazyp alagetdin, hakyky hyrydarlaryna ýetiräýjek, gör, biz nähili ruhy hezillenmelere ýeterdik» diýşiňe, başyňy ýaýkaň-da, ahmyr bile. O bolsa, göwni bir ýaly şo gürrüň berip ýatyr.

— O wagtlar man oglantagrakdym. Ine bir günem oba aksakgalymyz, kakaly Işangula tirkelip, hal üstünde goňşymyzy soramamga bardyk. Görsek, bende halys egbarlan ekeni. Gözüni höwlendirip, asyl, tarasy ýok. Iki sanjak agtygy bile, oda salsaň tütemez, çüýr-çüprek gelnem gapdalynda. Giremizde başy ýassykda-dy bendäň. Biz bilenem agzyny gymyldadyp, çala salamlaşdy.

Ýöne birden-bire ýrpy göwresini galdyrdy-da «Waý, waý! Aýtsaňyzlaň, adamlar! Indi men neneňler edip, saýlaýyn olary?» diýip, elhençden edrenji sesi bile gygyrdy aldygygna.

Menem, näme, gögele oglan. Gözümi tegeleýşime, howsala bile ýanymdaky ýaşulyň ýüzüne seretdim. Onynça-da, hälki öňküdenem eýmenjine tutdy.

— Wah, jan doganlar! Aýtsaňyzlaň?! Neneňler edip, saýlaýyn iondi men olary?!

Ana. Şondan soň biz turarman bolduk. Hassa soramaga barlyşynyň ýygy bar, tiz tur — diýen edähedine eýerip. Ýolda men gojaň näme üçin uzyn-uzyn gygyrýandygynyň sebäbini soradym.

— Wah, Çoluk jan, sen bigapyl bolýaň-da! Bu ýalançyň ýolarynyň giňligi Tallybutgadan daşam bolsa, oň iki derwezesi bardyr. Oň bir derwezesinden girip, ýüküňi taýlap-taýlamankaň, eýýäm haçan, çykmaly bolýaň beýleki derwezesinden. Emma çig süýt sokjan beşer balasy şol bir tutuş aralykda-da, goýanok-da, galdyr-basdyrly gözboýagçylygyny.

Ýaňky ýaşulam, daşyndan göräýmäge, ýagşyň galagy ýaly görünse-de, soňky dört-bäş ýylyň içinde uly, asyl, ummata sygmaz ýaramazlyk etdi...

Gelni görgüli «Näden nä bolýarka?» diýip, iki göleli sygyr saklady. Ýer gaty-da, gök yraklyga garamazdan, olaň süýdüni satybam, günemasyny aýlady. Ol gara daňdandan turar. Soňam maljagazlarynyň öňüne tapdygyndan ot döker-de, «Höwlüm-höwlümini» ýetirip, olara sagar, yzyndanam şatyr-şallak äkider sygyrlaryny goşmaga. Edil şo halatam, bir ýerden ýaňky gaýyn atasy tapylar göz agyrysy ýaly bolup. Elindäki aralyk bedrede-de, esli suwdur. Ony gelniniň satmaga äkitjek süýdüniň üstüne eňterer-de, symyltarabar, ýeriň pesti bilen murdaryny aşyryp.

Indem, özüň görddüň. Ezraýylyň ganatynyň şuwwuldysy gulagyna gelensoň, nägeňsi haýkylyk turzup, ot-elek bolşuny, gör, bak ony o dünýäde näderler. Gygyr. Dat ät. Asyl, soňky tüýküligiň sakgal ezmez. Şoň üçiribem, Çoluk jan, galdyr-basdyrlygyň lüýgüne bulanman dek gezmeli. Hawa, hawa, diňe dek gezmeli.

## AÝATLY DÜWÜNÇEK ÝOLLANANAN SOŇ...

Öňem bir mysapyr bende arkasy goş-golaňly Haja barýar ekeni pyýadalap. Şo gidip oturyşyna, ýoluny ýalňaran soň, düşlemeli bolýa-da, Basranyň gonamçylygynda. Ol çaň siňen hokgasyny aýagyndan çykarýar. Soňam öwülýä tarap ýedi ädim ätloeýşine.

Essalamäleýkum, eý, ähli gubur!
Essalamäleýkum, eý, säbehi nur!
Essalamäleýkum, eý, sabehu nam!
Eý, kerweni eýýam, kätibi kelam!

— diýip dilleňýär. Yzyndanam, gury gurakdan garbak-gurbak edinip seretse, bo-how, ähli gubur halky şam-şarylyk, bir gyradaky giňişlige gugragaşyp. Ýöne biri welin, dünýä biolel däl. Çetde egnini gysyp, gysyma alaýmaly bolşuna, muňşarylyp.

— O-how! Jan dogan! Saňa nä döwä çaldy? Gürrüňe goşulman otyrsyň-la, beýdip, egniňden basylan ýaly.

— Hakykatdanam, halypa, meň bu zatlara şärikligim ýok ýekeje-de. Görüp durşuň ýaly, biz bir öli. Bularam, olaň ruhlaryny yzyndan aýat-töwirdir degsin-sadaka gelýänleň-lä, seret, murtuny palta kesmez. Gurul-çurullaryny çawlandyryp, demleri ýer ýatýar.

— Nä, jan dogan, seň yzyňdan ys-koh edip ýollanoklarmy aýatdyr beýleki?

— Ony edenlerinde, nä men şeýdip ýörjekmi, gara kösem bolup?

— Nä, hossaryň beýlekiniň ýokmudy yzyňda?

— Bir enem-ä bolmalydy welin, olam kakam gaýdyş edensoň, ojagyny başgalaýdy öýdýän. «Är öldi, hatyn talak» diýlenni edip.

— Onda-da, maňa salgy ber, öňki ýeriňi-ýurduňy? Sorap-idäp taparyn, garry eneň niräk duz nesibisiniň çekendigini — diýen kişi ertesi daňyňy gyraasy görnenden hälki merhumyň enesiniň gözlegine çykýar. Gören kişisinden salgy alşyna, ahyry tapýaram ony.

— Aslyýetinde, meň şeýle bir oglum bolmaly. Ýöne adamym pahyr ýogalyp, başyma bulamak çalnana döndüm-dä. Aýat-töwir däl hatda oglumyň özem ýadymdan çykyberdi.

— Ana, şonuň welin, bolman ekeniň-dä, jan dogan. Her neneň çaýbaýgylyga düşüp, köşeleň kesilere gelse-de, demiňe degilmese, degsin — töwiriňi goýmaly däl ekeniň, amanadyňy azdyryp. Bilýäň-ä, öli doýmasa, diriň doýmaýanyny. Şoň üçinem, ýogalyp Basraň goýuumçasynda namut ýatan şo ogluňa aýat oka, tapdygyňdan sadaka ber-de — diýen kişi yzyna dolanýar. Gelip görse, ahwalatlar bütinleý başgaça. Öňki ezilen towuk ýaly oglan hep-herseňňi ýüzüne şatlyk şuglasy çaýylyp, gerdenleri gerimlenensoň.

— Sag bolgun-a, jan agam ters yzymy alyp, ýörite agymy aglanyň üçin. Indi menem sana goşuldym. Yzymdan ys edilip, aýatly düwünçek ýollanansoň.

## UMMANYŇ ÖWEZINE

Meşrep diwana bir gün şägirtlerini daşyna çugrukdyryşyna, otyr ekeni-dä, gürrüň towuny ýetirip. Edil şo halatam, kebzeleri jümşüldeşip, bolmazmy süňňi syzap ýaly. Şonda ol gözüni süzgekledip, görgüni garasa, sered-ä, samarkantly

halypasy hal üstünde. Şeýtanam başujynda pelesaň kakýa-da, niýetikaza, gözüni elek-çelek edişine. «Gör-ä, herneneň pylankessirän bolsaňam, çynma-çyna gelende, asyl, halyňdan habar alýan ýokdur, bagryny paralap.

Ana, şoň üçinem, saňa bir pyýala sowuk bereýin. Ýöne oň öwezine, sen maňa imanyňy goýup gitmeli borsuň» diýip, pirem näme, dodaklary tebsiräp, bokurdagy kesildi sokulana depse-de, per bererli däl, ýüzüni sapajak-supajak edip.

Ine, şeýdip, aljyraňňylyk tapyp ugran Meşrep diwana ýanyndaky ýigitlere ýüzlenmezmi.

— Jana-janlam! Häzir meň samyrkantly ussadym demini sanap ýatyr, ölüm ýassygynda. Ýöne şon-da, ol imanyny aljak bolýan şeýtan bile darkaşly söweşe girilgi.

Belki, siziň içiňizde hupiýalykda ganatyny goşalandyryp ýöreniňiz bardyr. Desbidähel, kömege ýetişip, ony şeýtanyň şerinden halas edere?

Emma bar kişi agzyna suwlanan ýaly «Ýer synçgap oturyşyna»

— Be, men-ä «Düýe garrasa, köşegine eýär», edäýjekdim welin, siz-ä, ýarytmadyňyz-ow!

— Hezreti halypamyz! Beýle kyn gysgaça bar biz-ä bir baýaky diýeli. Siziň bir güýç-gorabaňyz kemtik kakman durarmyka oň ýaly pelpelläp inmeli hemaýata.

— Dorudanam-aý!? — diýen Meşrep diwana nagraly nazatyny ýaz otlarynyň ýüzi gaýdaňkyrlan ýalpa gönükdirip, ah çeken ýaly edýärem welin, töwerek tutuşlygyna ýalna gaplanýar.

Şeýdip, ýeňil ýorgalama bile gaýdyrylyp ugran Meşrep diwana halypasynyň huzuryna girse, henizem, şeýtanyň öňküje heňňamy.

Şonda Meşrep diwana Allany çagyryşyna, bir käsäni suwdan doldurýar. Ony jan deri gelip ýatan görgüli görer terzde ýokarrak galdyryp saklyşyna, dodagyny ölläp, pagta bile suw damdyryp ugraýar, onuň agzyna.

Bu ahwalaty synlap şeýtanam «Bo-how! Bu beşir balasy nbärem, demini sanap ýatan pahyryň-bendäň bokurdagyny öllemäge gezek gelende suwly tabagy, oň gözüniň öňünde saklap ugranlar.

## OND-A, ARPA EKÄÝMELI EKENIM

Öňem «Işlemenem, iýmenem, ölsem Alla» diýmenemlige» ýykgyn edýän ýakasy gaýyşly bir ýalta bar ekeni. Öz-ä, ýüzi jozman kibi, tumşugy toplaberen epeý pyýada. Ýöne ýatan çöpi galdyryp, bitelik başyny çataýsa nädersiň.

Iňirde, käýin, sokran. Edil eşşegiň gulagyna kyrk ýasyny okan ýaly. Gaýta içýakgyç gürrüňiň kökenini kültüşine, tutuş hepdeläp, kelläň gurşugy aýrylmaz ýaly edip goýbär.

Ine, onsoňam, bir gün, näme, halys paltasy daşa degendir-dä. «Aý, bu öter dünýedir-le» diýşine, ondan-mundan karz-kowal alşyna, ýumurtga börek iýip ugaýar. Şeýdibem, ite bir sümek bergi edip çykmazmy, alty aýa galyp-galman.

Algydarlaram, näme, ahyry, zatlarynyň hatyrasy üçin, bimahal-nämahal gelip ugramazmy hälki bilmesrebiň üstüne.

— Be, sizem, walla, halys ynjalyk berjek gäl-ow, indi, maňa?!

— Näme, jan jora? Alaň-da süýji-de, bermeli bolaňda ajy görnäýýämi saňa?

— Aý, «Öter-geçerli dünýä» diýlensoň, beýle bolaram öýtmändim welin, halys gaçyp gitmäge-de, uwnudyberdim, men-ä.

— Sen bu dünýäde gaçyp gutulsaňam, o taýda sypdyrmarys seni kyýamat eşegi münşümize.

— Be, şeýdiýseňizläň?! Oň ýaly bolsa, halypa, sen algyňa arpa bermesem alarmyň?

— Alman beterem ederin. Näme arpa zat dälmi?

— Oň ýaly bols-a, jan dogan, indiki ýyl, men birinden kärende ýer, birindenem tohum alşyma, arpa ekäýmeli ekenim.

## «IDEG BILE EÝEREN ITIŇ...»

— Kaka, aý, kaka!

— Näme, jan oglum?

— Bu düýäň diýenime diň salman, ýöne arkanjaklap dur-la?

— Oň ýaly bolsa, ilki owsaryny silkele. Soňam, ur eliňdäki ýylgyn taýak bile.

— Onsoň oň niresine uraýyn, kaka jan?

— Wah, mölegöz mönüm, sölite sakym, ýakdyň-la, janym. Indi ata sakgaly eňegiňe dürterensoň, boýnatmaç bugurçyň niresine urmalydygyny bilmeseň, neneňler ederkäm, men.

— Beýdip, käýinmesene, kaka jan?!

— Heý, ädiň ýana-ýana, tüntaw bolaňdan bagryň bergaw bolansoňam käýinmezmiň? Özüňden bilmeseň, men niçesar saňa bar zady sakyryp duraýyn.

Aslyýetinde-de, «Ideg bile eýeren itiň goýna peýdasy ýog-a».

Ana, şoň üçüribem... Wah...!!!

## MISGÄR LYBASYŇY ÇALŞYRYP...

— Gowşut han aga! Bir arz bile ýanyňa geläýendiris biz-ä?

— Oň ýaly bolsa, syratsyz summatyňy üýtgetmäň, öňki durkuňajyk geläýmeli ekeniň-dä. Seň külli türkmeniň nogtabaşysy bolan salyrlaň Teke hanylygyň haçan? Özüňi tanatmazlyk üçin meň ýanyma misgäriň şokurdyk lybasynda gireniň haçan?

— Onyň-a, dogry, janym agam! — diýen Teke han öýden çykyşyna, sagry edipdir zerrin kemerine laýykatly geýimlerini geýip gelen.

Ana, şondan soňam Gowşutdyr Taka han Zirewedäki salyrlary Sarahsa göçürip getirmäň has oňyn çözgütlerini agtarmaň aladasyna berilmezmi.

## GOWURLY GEPE GUK BERMÄN...

— Türkmen aga, sen nä mazarlaň başdyr aýak ujuna agaç, aglaba-da, daş tikşiňe, ýörüň-li ber-başygaý bolup.

— Aý, garyndaş! Zerur bolanda men haýsy ogul-gyzymyň nirräkde ýer düşnäp ýatandygyny azarsyz anyklarym ýaly, tire taýpasyny basýan-da, şol daşdyr agaçlara.

— Munça bolanyna görä, Türkmen aga, Amyderýaň ýakasyndaky bir öwülýäňe näm üçin, ýüpli ýaly, Çemmerli baba (çemmer-çeki: «Düýe çökerip, çemmer işme») atlandyrylandygynam aýdyp beräýseň?

— Ýa sakgaldaş, senem-ä! Beýdip gowurly gürrüňe gol atdyrmaňy endigiňe girizmegin. Aslyýetinde, biz o goýumçamyzy bagdan boşatsak, ol topulybermikä diýip gorky etdik-dä, gaýry gonamçylyklara.

## ON SEKIZ OGLY ÖSŇEDIP...

Aýrylmaz @@ Seýitli Söýünden.

Öňem demi ýer ýarýan barjamly uragetdin, gözüni çykarmazmy boýny boş bir garybyň. Ýöräre ýoly, batara köli bolmadyk görgülem, nätsin. Geziberýä-de, egnini gysyşyna «Meni urany, hudaý ursunlyga» salyp.

Emma onuň gözi ýanyp duran, garaýagyzdan gelen aýaly welin, tara-tapaýsa nädersiň.

— Kakasy, men-ä, gaty namys edýändirin. Şo myrryhyň gözüni çykaranna.

— Ýa, ejesi senem-ä? «Kasas kyýamata galýan däldir. Ine, görsüň welin, alypber, hudaý jan, hakymyzy.

— «Hudaýa-da ynansaň ynan welin, eşegiňi berk duşagyn» kakasy. Şoň üçinem, alsaň, bir maslahat bermekçi saňa.

— Aýdyň oň ýaly bolsa, enesi.

— Eger göwneseň, men seni öz elim bile emen öýlendirmekçi.

— O näme üçin, enesi? Adam ata bile How ene-de geçipdir-ä, bir-birine kaýyl bolup.

— Onyň-a, sözüm ýok, kakasy. Ýöne seň aryňy ýerine sarymyz ýaly, köpelip köl bolmagymyz gerek. Düşünýämiň şoňa?

— Düşünýän-ä, welin...

— Oň welini bolmaz. Ine, meň-ä, häli-häzirlikçe, dört oglum bar, kakasy. Indiki aljakdyr soňky öýlenjekleňdenem ýene şondarak ogul bor welin, hudaý berse, onsoň baýyň baýam durubilmez depäňde — diýen at agyzly, orak dişli maşgala ara alty aýdan sekil sala-sala üç öwrä öýlendirýär-dä adamsyny.

Olardanam, Alla jan «Al gulum» edip, bolmazmy bir süri ogul. Iki aýakly günde» diýilşi ýaly, hälkilerem sähel-salymda ers-merslige ýetip, ýaramazmy taý münüp, taýak tut ara.

Ine, bir günem, syh ýaly on sekiz ogly beýlesine geçiren aýaly ýanýoldaşyna ýüzlenen.

— Ind-ä, bir çen boluberdi öýdýän, kakasy, araňy alaryn diýseň?

— Bor, enesi, oň ýaly bolsa — diýen ärem, näme, baran-da baýyň üstüne.

— Ýaşuly, sizde meň bir köýüm ýatan göz algym bardy welin, nähili barka, ony yzyma dolap beräýseňiz?

— Üsti-üstüne aýal alyp, ogul ösňedişiňdenem aňyp ýördüm, onuň üçin bünerte döwjella boljakdygyňy. Şol sebäplem, haçan diýseň, men taýýar o haklaşygyňa.

— Be, baý aga, sen-ä, oň ýüreginden towşan turanam bolsa, beýle ekeniňow?!

— Beýle bolup bolman, aljak bolsaň alyp dyn how, jan ini, şol algyňy, beýdip bükgüldedip ýörmän.

— Be, baý aga, bilýär ekeniň-ow, uzakdan kowgulap gaçaryňy alanymyzy.

— Onam bilýän. Ar köýen ýerde är döreýändiginem bilýän.

— Beýle bolsa, geçýän seň günäňi. Aslyýetinde-de, seň gözüňi çykaranym bile, men gözli bolamog-a.

Onsoňam «Deňleşen dep aşanok» ahyryn. Galyberse-de, «Genç geçireniňkä, baý aga.

## ATAMDAN GEÇEN GYLYK-DA...

— Be, halypa, egniňhorjunly haýdaşlap barýaň-ow, bu tüp yssyň içinde, ala tozan turzup. Onsoň bolup gelşiňe gözümi gyýman «Alyp gideýin, bu boýny boş neressäni» diýip atlandyrdym-da.

— Aý, Komma kaka! Ýaňy ýoldaşym «Bar, senem bir öýüňe görnüp gaýt. Beýdip, kebzäňi torladyp ýörme-de» diýşine, oba ugratdy. Onsoň gaýdyberdim-dä, menem, ulagfa beýlekä garaşyp, wagt ýitirmän.

— Goýun eşegiňizi münüp gaýdyberseňem-ä, bordy welin...

— Aý,olam indi halys garrady. Ýetidirip lagar düşdi. Ytdyldap ugraýar welin, ur, syhla. Böwrüne depgile. Şo bir bolşy. Asyl, göwnüň üçinem, artykmaç başyny ataýanok.

— Aý, sen-ä, şonça goýnuň ýanyndan örläp, ýaban ýatyşyňa, eşek beýleki münüp ýörmeli ýigidem däl welin, bir hili goram-gowşakdan ýardyksyzrak-da özüň.

Nädersiň, şo mollaň aşaklyk bile elli-altmyş sanagyny ýoklagetdin, meň şujagaz bozdumanym ýaly, ligirdili bir maşynjyk edinäýseň.

— Onyňam-a, jany barsa bardyr welin, Komma kaka, bu doga dogry bolmak maňa atamdan geçen gylyk-da. O pahyr «Oglum, sen, diňe adyllykly ýörelgä ten bergin. Şonda özüňçe bar-ýoguň öňünde ýöwselemeli bolmarsyň.

Eger sen bir galdyr-basdyrlyk etseň, meň şärikli öwülýäňde3 ýatan tümmegim titräp. Eger sen ýene pyssyny jurlygyň gyrasynda görünseň, onda meň görümdäki süňklem şakyrdar. Eger sen ondan soňam bir mojuklyk gaýyrdyňmy? O-ho-how! Onda meň şo şakyrdan süňklemme beze çykar, gaýtadan. Eger sen ondan soňam tobaňa daýanman, etdiňmi, pis pygyllygyňy! Men tä kyýamat magşara çenli görümde dik oturyşyma, saňa gargap geçmeli borun» diýip, baý, sakrawaçlygyna tutard-a.

— Ana, şoň üçinem, Komma kaka, men pyýada — suwara bolsamam, gezibereýin-le, öňküje pukara ymam-kowullygym bile.

# «OGRY ÖLSÜN...»

Öňem bir p-ahyrym kişi otursa-tursa «Ogry ölsün! Ogry ölsün!» diýip, düşmezmi adamlaň ýürek-bagryna.

Şeýderkä-şeýderkä aýlar aýlanyp, ýyllar täzelenýär. Döwürler dolanyp, är ölerem geçiberýär.

Ine, bir günem hälki bende namasyny üýtgedişine, «Dogry ölsün!» diýip ugramazmy.

— Saňa nä döw çald-ow, halypa? Birden-bire «Ogry ölsün!» diýmäňi kesip, «Dogry ölsünme» käkelemäňe başladyň-la.

— Aý, üpdeş! Meň «Ogry ölsün!» diýýän ugurlamda ogry azdy. Asyl, tak-tukdy. Ýöne soňa-bakdan olar edil ititň güjügi ýaly köneldi. Şeýdibem, işläp iýýän göwnügatlaksyz görgüsi ýeserleň güni gök esgä düwüldi. Güzerany gysbylanyp, ýüzüni görüp, halyny soraý maly ýagdaýa-da ýetdi. Onsoň näme! Bulara beýdip, oda gaçan içege ýaly örtenip, gara kösem bolup ýörmesin-de, dynsyn-da, dünýä azabyndan» diýşime, başladym-da, «Dogry ölsünime».